

# WURMBRANDLAR

## MESIH UGRUNDA GYNALANLAR DOLY TARYH

"Ejir çekenleriň sesi"

# WURMBRANDLAR

MESIH UGRUNDA GYNALANLAR
DOLY TARYH

# WURMBRANDLARYŇ

## durmuş taryhy hakda näme diýýär...

“Men 1967-nji ýylda boýnuma şikes ýetirip, maýyplar arabasyna oturmaly bolanymda, Mesihiň görgüleri baradaky garaýyşlaryma täsirini ýetirip biljek, ýaňy-ýakynda çap edilen mesihilik kitaby elime düşer diýip pikir hem etmedim. Kollejdäki dostlarym meniň “*Mesih ugrunda gynalanlar*” atly kitaby okamalydygymy nygtap aýtdylar. Şol kitabyň çuň ejirler we ýitgiler içinde meniň Hudaýa bolan ynamymy ýitirmezligime kömek etjekdigine ynanýardylar.

Suw asty ýüzüş wagtynda mende bolup geçen betbagtçylykly ýagdaýa çenli Hudaý Öz çagalarynyň bagtly, sagdyn we durmuşyň kynçylyklaryndan azat bolup ýaşamagyny isleýändir diýip pikir edýärdim. Ýöne diňe “*Mesih ugrunda gynalanlar*” okanymda, Hudaý üçin biziň halas bolmamyzyň maksadynyň durmuşymyza ajaýyp bägüllerden doly bag etmekde däl-de, eýsem bizi Isa köpräk meňzeş etmekde jemlenendigine akyl ýetirdim. Ýitgi, hasrat, agyry we görgüler — Onuň şol maksada ýetmekdäki iň gowy gurallarydy.

Indi elli ýyly maýyplar arabasynda geçirmek bilen we “*Mesih ugrunda gynalanlar*” kitabyny şonça ýyllap Reb ulananyndan soň men mesihiniň durmuşyndaky çuň ejirleriň Hoş Habaryň has üstünlikli amala aşmagyna ýardam edýän zatdygyny ynam bilen aýdyp biljek. Ine, näme üçin men bu ajaýyp kitap we onuň hemme wagtlarda aktual bolan habary üçin Hudaýa minnetdar ekenim”.

**Joni Irekson Tada**,
“Joni we dostlary” guramasyny esaslandyryjy

“Riçard hem Sabina Wurmbrandlaryň durmuşynda tükeniksiz rehimdarlyk hem merhemet görkezendigi üçin men Rebbi şöhratlandyrýaryn. Olaryň aýdan zatlary meniň ýüregimden parran

geçdi. “Operation Mobilization” missiýasy döredileli bäri biz Wurmbrandlaryň köp kitaplaryny ýaýratdyk we olary, aýratynam, Sabinanyň “*Ruhy çopanyň aýaly*” kitabyny Hudaýyň ulanmagy üçin doga etdik, sebäbi aýallar üçin materiallaryň zerurdygyny gördük. Biz, şeýle hem, “*Mesih ugrunda gynalanlar*” kitaby üçin hem Hudaýa minnetdar. Biz onuň müňlerçe sanysyny bütin dünýä ýaýratdyk.

Hudaý Öz öňünde tabynlykda hem pesgöwünlilikde ýören we Isanyň aýaklarynyň astynda täze sapaklary özleşdirmäge taýýar bolan Riçardy köp ulanýar. Riçardyň şaýatlygy imandaky doganlary görgi görýändir diýip pikir hem etmän irkilip oturan mesihileriň ýüreklerine aralaşdy. Onuň alyp barýan “Ejir çekenleriň sesiniň” şaýatlygy we mirasy şu wagta çenli-de yzarlanylýan mesihi maşgalamyzyň ýagdaýyna mesihileriň gözlerini açýar. Hudaýyň Riçarda dünýäniň iň uzakdaky künjeklerine aralaşmaga ukyp berendigine we geçen elli ýylyň dowamynda gulluga barýan şol ýoluň üýtgemändigine ynanýaryn”.

**Jorj Werwer**, biziň döwrümizde Russiýada “Dünýä berlen wada”, Ukrainada “Обітниця миру” diýen at bilen tanyş bolan “Mobilizasiýa operasiýasyny” (“MO”) esaslandyryjy

“Gadyrly doganym Wurmbrandyň göreldesi biziň göni ýüregimize baryp degýär. Hut onuň kömegi bilen YWAM missiýasy gizlin usulda “demir tutynyň” aňyrsynda oturan ýurtlara Mukaddes Kitaby ýetirip başlady. Hudaýyň hasyl meýdanynda “Ejir çekenleriň sesi” bilen hyzmatdaşlyk etmek biziň üçin ak pata boldy, şonuň üçin biz bilelikdäki zähmetiň öz ýüreklerimiz üçin gymmatly bolup galmagyny isleýäris, sebäbi biziň ýüreklerimizdäki birlik — bu Hudaýyň Öz maşgalasyna guýýan söýgüsidir. YWAM-yň maksady — Rebbiň Sözüne berk ýapyşmakdyr, bu işde Riçard bilen Sabinanyň göreldesi bizi ruhlandyrýar.

**Loren Kanningem**, “Missiýaly ýaşlar” guramasyny esaslandyryjy

“Men, ruhy çopanyň on iki ýaşly gyzy, “*Mesih ugrunda gynalanlar*” atly kitaby okanymda, nebsagyryjylykdan ýüregim gyýyldy. Şonda Injil ugrunda şunuň ýaly görgüleri görmäge Wurmbrandyňky ýaly batyrlygymyň barmydygy hakda pikir edipdim. Meniň özüm ýesirlikde bolan bolsam-da, barybir Wurmbrandlaryň ýerdäki bar bolan emläginden mahrum edilip, türme tussaglygy wagtynda Mesih ugrunda gören görgülerini we gynalmalaryny hiç haçan çekip görmedim. Köp on ýyllyklar geçenden soň, bu kitap duşmanda biziň janymyza hiç hili rehiminiň ýokdugyny ýatladýar. Ol häzirem şol wagtkysy ýaly, ýuwdar ýaly birini gözleýän ýolbars kimin bolup ýör. Emma Wurmbrandlaryň durmuşynda duşman ýeňiş gazanmady! Bu batyr halas edilenler, ýerde ýigrenilenler indi göklerdäki ajaýyp aýdymlary aýtmaga gatnaşýarlar: “Bizi söýen, Öz Gany bilen günälerimizi ýuwan Rebbe asyrlar boýy şöhrat hem öwgi. Omyn”. Gökdäki ajaýyp hora goşulýançak, geliň, bu kitabyň sahypalaryndan, Riçard bilen Sabina ýaly, gahrymanlarça ýaşamaga batyrlyk alalyň!”

**Grasiýa Bernham**, New Tribes Mission
(“Täze taýpalar missiýasy”),
“*Duşmanlarymyň ýanynda*” atly kitabyň awtory

“Riçard we Sabina Wurmbrandlar ýüz ýyldan-da gowrak wagt mundan ozal doglan bolsalar-da, olaryň aktuallygyny ýitirmeýän taryhynda terlik we öz wagtyndalyk bar, bu zatlar olaryň kitaplarynyň sahypalarynda anyk görünýär. Hawa, olar Günbatar kommunistik ekspansiýa bilen göreşen wagtyndaky sowuk uruş döwründe Injiliň gahrymanlary boldular. Şeýle-de bolsa, olar — biziň günlerimiziň hem gahrymanlary. Olar özleriniň durmuşy bilen Mesihe bolan söýgini we wepalylygy görkezdiler, yzarlanmalar we agyrylar basyşynyň astynda ýykylmadylar.

Bir at astynda ilkinji gezek Riçardyň hem Sabinanyň ýatlamalaryny ýygnaýan bu kitap iki iman gahrymanynyň durmuşyna düşünmäge we baha bermäge okyja kömek edýär.

Olaryň göreldeleri biziň hemmämizi gidip, Isa bolan imanymyz hakda batyrlyk bilen şaýatlyk etmäge ruhlandyrýar”.

**Todd Nettlton**, “Ejir çekenleriň sesi” missiýasynyň “Ejir çekenleriň sesi Radiosynyň” alyp baryjysy

“Yzarlanylýan mesihiler bilen berk baglanyşykly bolanym üçin, olara we olar bilen dünýäniň elliden gowrak ýurdunda has agyr hem howply missionerçilik gullugyny alyp baranymda, men Riçard bilen Sabinanyň şaýatlygynyň güýçlüdigininiň şaýady boldum. Mukaddes Ýazgynyň kanunyndan daşda bolan şaýatlyklaryň az sanlysy köpleri hakyky gulluga şeýle netijeli ruhlandyrýar. Wurmbrandlaryň taryhynyň mesihileri özüni Mesihe, Onuň ýygnagyna we Onuň Beýik tabşyrygyna höweslendirişini göreniňde, munuň taryhdaky iň wajyp mesihilik terjimehallarynyň biridigine aňsat düşünýärsiň. Wurmbrandlar baradaky kitap — bu ýöne bir taryhy ýazgy bolmakdan has ýokary zatdyr. Onda rumyn kommunistleriniň eden erbetliklerini başdan geçiren iki mesihiniň durmuşy jikme-jik suratlandyrylýar. Olaryň taryhy — bu Hudaýa wepalylygyň we türme tussaglygyndan, gynamalardan we ölümden gorkman, Onuň mukaddeslerine gulluk etmäniň nusgasydyr. Hudaý olaryň taryhyny bütin dünýädäki millionlarça adamlaryň durmuşyny üýtgetmek üçin ulandy. Her bir mesihi bu kitaby okamalydyr”.

**Koul Riçards**, “Ejir çekenleriň sesi” missiýasynyň prezidenti

Originally published in English by David C Cook as
“WURMBRAND. Tortured for Christ: The Complete Story”
ISBN 978-1-4347-1117-5
eISBN 978-1-4347-1233-2
© 2018 The Voice of the Martyrs, Inc

Awtorlyk hukugy goralan. Neşirçiden hat üsti bilen rugsat almazdan, tankydy we syn makalalaryndaky gysgajyk salgylanmalardan başga materiallary ulanmak ýa-da köpeltmek gadagandyr. Mukaddes Kitap salgylanmalary, eger başga terjime görkezilmedik bolsa, Sinodal terjimeden alyndy.

Kitap mesihileriň zekatyna çap edildi we satuwa degişli däldir. Ol satylan ýagdaýynda aşakda görkezilen salga habar bermegi haýyş edýäris.

Biziň materiallarymyza şu salgy boýunça ýazylmak bolar: a/ýa 6, 33024, Rowno, Ukraina ýa-da info@vom-ru.org

Biziň rus dilindäki saýtlarymyza giriň:
Çagalar üçin — deti-otvagi.org
Ulular üçin — www.vom-ru.org

“The David C Cook” neşirýatynyň bu kitabyň üstünde işlän kollektiwi: Ebbi DeBennedittis, Kit Uol, Nik Li, Reýçel Stiwenson, Jenifer Lonas, Kaýla Fenstermarker, Sýuzen Merdok.
“Ejir çekenleriň sesiniň” bu kitabyň üstünde işlän kollektiwi: Merw Naýt, Koul Riçards, Şeril Odden, Todd Netltton, Oliw Swan.
Daşky sahypanyň dizaýny: Emi Konyndyk.
Daşky sahypadaky surat: “Ejir çekenleriň sesi”
Baş ýazyjy hem derňeýji: Rebeka P. Jorj

# OKYJA BELLIK

Biziň döwrümizde okyjylar hem tomaşaçylar hakyky wakalara esaslanan gürrüňlere öwrenişipdirler, olar haýsy hem bolsa bir wakada näçe artdyryp aýtmalaryň we toslamalaryň bardygy hakda pikir edýärler. Aşakdaky tekst — takyk hem dogrudyr, Riçard bilen Sabinanyň ýatlamalar ýazgylaryndaky dokumentlere we taryhy maglumatlara esaslanandyr.

Okyjy bu kitabyň taryhy taýdan hakykydygyna we takyklygyna ynanyp biler. Wurmbrandlaryň mirasyna wepalylygy saklap, biz bu kitapda ýekeje-de dialogy oýlap tapmadyk. Aýdylan sözleriň hemmesi — bu Riçard bilen Sabinanyň özleriniň hakyky aýdan sözleridir. Zerur bolan ýerinde, sözüň manysy has gowy bermek üçin, olar diňe ujypsyzja ýagdaýda korrektirlendi.

# GIRIŞ

*1948-nji ýylyň 29-njy fewraly*
*Buharest, Rumyniýa*

Gara awtomobil Buharestiň garly köçelerinde okdurylyp ýördi. Sürüji birden tormoza basdy welin, onuň tekerleri ýekşenbe ertiriniň ümsümligini bozup çirkin ses etdi. Riçard Wurmbrand özüniň kommunistik ýurdunda döwletiň güýç strukturalarynda edilýän adam ogurlamalaryň adaty hadysadygyny bilýärdi. Ozal ol tussag edilipdi, şonuň üçin, başga-da köpler ýaly, ýene tussag edilerinden howatyr edip ýörýärdi. Ýöne ol eýýäm şu ertirde, ýygnaga barýan ýolda, onuň pidasy bolaryna asla garaşmandy.

Onuň ine diýmän etmeli bolan wagzynyň üstünde pikirlenmesini onuň ýanyndan okdurylyp geçip, bordýuryň üstünde duran "gara gargajyk" kesdi. Ondan iki sany gara penjekli adam çykdy. Olar ýokardan, garaşylmadyk ýagdaýdan ýaňa büdräp, trotuara ýykylan otuz dokuz ýaşly ruhy çopana gorkuzyjy sowuk nazaryny aýladylar.

Boýunyň uzyndygyna, bir metr togsan sm-dygyna garamazdan Riçard özüni ogurlaýanlara garşylyk görkezip durmady. Onuň syryk ýaly boýy hüjümleri yzyna serpikdirjege meňzemeýärdi. Ol adamlar onuň üstüne hüjüm etdiler. Olaryň biri onuň ellerini tutdy, beýlekisi bolsa, gapyrgalaryna güýçli urdy. Riçardyň demi tutuldy, şonuň üçin ol gygyrmaga we kömege çagyrmaga bolan islendik umydyny ýitirdi. Ol demini alyp bilmän, ýene doňan ýere ýykyldy.

Riçardy gara "forduň" yzky oturgyjyna itip salanlarynda, onuň kellesine täsin pikir geldi. Mundan iki gün öň ol Ýeşuwanyň kitabyny

okanda, “Gorkma!” diýen buýrugyň gaty kän gaýtalanýanyny gördi. Bu sözleriň näme sebäpden beýle köp gaýtalanýandygy Riçarda täsin zat bolup görnüpdi. Näçe gezek? Ol bu sözleri sanamakçy bolanda, onuň 366 gezek duş gelýändigini gördi. Riçard mesihä ýylyň her gününde, şol sanda fewral 29 günli bolan ýylda-da, gorkmagyň gerek däldigine düşündi. Hudaýyň wadasy hatda 29-njy fewralda-da — Riçardyň ogurlanan gününde-de amala aşdy.

Awtomobil entek gapysy ýapylmanka, duran ýerinden atylyp gitdi. Riçard ýylgyrdy. Aýaly ikisi bu günüň hökman geljekdigini bilýärdi. Olar özleriniň mesihilik işiniň bahasynyň näderejede ýokarydygyny bilýärdiler. Hatda häzirem, Riçardy ogurlanlarynda-da, Hudaýyň Sözi oňa gorkmazlygy buýurýardy.

Öňdäki oturgyçda oturan üçünji adam Riçarda sapançany çenedi, onuň her tarapynda oturanlar bolsa, aýaklaryna hem ellerine gandal dakdylar.

Riçard uludan ýylgyrdy, ony ogurlanlar bolsa, biri-birine haýran galma bilen seretdiler. Tutulan adam tussag edilen wagtynda ýylgyrdy. Ol şeýle basym däliräýdimikä? Olara maglumat gerekdi, däliniň bolsa, peýda getirjegi gümanady.

— Näme üçin ýylgyrýarsyň? — diýip, adamlaryň biri gyzyklandy.

— Sebäbi 366 gezek ýazylypdyr, — diýip, Riçard aýtdy.

Indi olar aklyndan azaşan bilen iş salyşýandyklaryna doly ynamly boldular.

— Näme 366 gezek ýazylypdyr?

— Hut maňa gerek zat.

— Saňa näme gerek? — diýip, ol adam gaharly sorady.

— Adam diňe çörek bilen ýaşamaz, ol Hudaýyň her bir sözi bilen hem ýaşar. Mende özüme gorkmagyň gerek däldigi hakda Hudaýdan gelen söz bar — diýip, Riçard jogap berdi.

Hatda şu wagt hem, kommunistik Rumyniýanyň howpsuzlyk gullugynyň işgärleriniň elindekä-de, özüniň gudratygüýçli Hudaýyň elindedigini ol bildi, bu hem ony köşeşdirýärdi.

# GIRIŞ

Furgon ýuwaşja köçeden okdurylyp barýardy. Riçard gözlerini ýumdy. Hudaý ony bolmaly zatlara taýýarlady, şonuň üçin ol Oňa wepaly bolup galmagy üçin doga etdi.

# 1

Riçard garaly içgisiniň ikinji bulgurynda duýgularynyň ýitiligini ýitirdi. Onuň Buharestdäki broker firmasyndaky uzyn iş güni tamamlandy, şonuň üçin indi ol has ýakymly bir zada – bardaky gyzyl ýelekli köýnekdäki tansçy gyza ünsüni sowup bilýärdi. Ol eýýäm Riçardy tanaýan ýalydy we uzakly agşam oňa sahnadan gözüni gyrpdy durdy.

Tomaşa gutaryp, tansçy Riçardyň ýanyna baranda, ol oňa ýylgyryp seretdi. Riçardyň haýran ediji daşky keşbi we uzyn boýy köp zenanlaryň ünsüni özüne çekýärdi, we ahyrsoňy özüne dözüp satyn alan penjegi bolsa, onuň buz ýaly mawy gözlerine gelşip durdy.

Bu aýalyň näme isleýänini Riçard bilýärdi. Ol ähli aýallaryň isleýän zadyny — gaçmak isleýärdi. Birwagtlar Riçard hem garyplykdan gaçmak isleýärdi. XX asyryň 30-njy ýyllarynyň başlary onuň üçin şowly bolupdy. Indi, 1934-nji ýylda, 25 ýaşynda, Riçarda puluň aladasyny etmek gerek bolmandy. Gullugynda her gezek ýokary galanda, ten isleglerini kanagatlandyrmak üçin onda täze mümkinçilikler peýda bolupdy. Ol pleýboýçynyň abraýyny hakykatdan gazanypdy, şeýle-de bolsa, onuň toplan serişdeleri bilen aýallar çagalygy hakdaky ajy ýatlamalaryň üstüni basyryp bilmeýärdi. Ýöne serhoşluk ýeňilligi wada berýärdi, şonuň üçin brendiniň her gezekki owurdy bilen Riçardyň geçmişi gitdigiçe gaýyp bolýardy we çydar ýaly bolýardy.

Birinji jahan urşunyň güýjän wagtynda Riçardyň kakasy, diş lukmany, has gowy durmuşy gözläp, maşgalany Buharestden

Stambula göçürip äkitdi. Bu başda şowly ädim ýaly bolup göründi, ýöne tizara hemme zat üýtgedi. Onuň maşgalasyny üpjün etmäge çalşan gurply ýaşaýşy, ol 1918-1919-njy ýyllardaky global dümew epidemiýasyna uçranynda gutardy. Kakasy soňky demini goýbereninde Riçard ýaňy dokuz ýaşyndady.

Bir pikirden saplanmak başga bir pikirlerden saplanmakdan aňsatdy. Bir ýyl geçenden soň, adamsyny ýitireni sebäpli hasrat çekýän aýal dört çagasyny yzyna Buhareste alyp bardy. Birinji jahan urşy maşgalany diňe bir iýmitden däl-de, eýsem eşikden hem mahrum etdi. Riçardyň geýimleri uly gyz doganynyň könelip giden birnäçe geýimlerinden ybaratdy, olar oglany gazaply rumyn gyşynda ýyladyp bilmeýärdi.

Bir gezek kimdir biri Riçarda täze penjek satyn almagy teklip etdi. Ol şol gowy adam bilen erkek eşikleri dükanyna gitdi, şonda tikinçi özünde bar bolan iň gowy gymmat eşikleri saýlap, dürli görnüşleri teklip edip başlady. Ol deňäp görmek üçin geými onuň üstüne goýanda, ýüzüni çytdy. Riçard onuň aýdan sözlerini hiç haçan ýatdan çykarmady: “Munuň ýaly oglan geýerden bu juda gowy zat”. Şol tikinçi ony şu wagt gören bolsady!

Indi üstünlikli birža makleri Riçard dünýewi keýplere berlendi. Eger ol ofisde işlemese, onda ýarym ýalaňaç aýallar, gaty saz sesi we derýa bolup akýan alkogolly ýerde wagtyny geçirýändir. Emma hatda bu göwün açmalar hem, onuň içindäki boşlugy doldurmady. Her gezek kafe ýapylanda, Riçardyň nämädir bir zada, has ýokary bir zada bolan mätäçligi öňküligine galdy.

Şol aşgam kafeniň ýiti ýagtysyna gözlerini ýumup oturşyna, ol öňler Hudaýa nähili garşy çykandygy hakda pikir etdi. Wurmbrandlar ýewreýdiler, şeýle-de bolsa, olaryň imany gündelik durmuşda gaty seýrek ýüze çykýardy. Maşgala sinagogadan gaça durýardy we Sabat gününi berjaý etmeýärdi. Riçard çagalykdan ýetginjeklige geçende-de, maşgalasy oglanyň doly derejede jogapkärçilikli bolmasyny — *bar-miswini* — bellemedi. Ýetginjek wagty ol töwereginde görýän görgülerine dinden jogap tapjak

bolup dyrjaşdy we özüniň sinagoga gidesiniň gelýändgini duýdy. Bir gezek ol şol ýerde syrkaw gyzyna şypa bermegini diläp, çyn ýürekden doga edýän bir adamy gördi. Ertesi gün gyzjagaz öldi.

“Munuň ýaly ýürekden çykýan dogalara jogap berip bilmeýän nähili Hudaýmyşyn ol?” — diýip, Riçard ruhanydan sorady, emma ol näme jogap berjegini bilmedi. Dünýäde şeýle köp adamlaryň açdygyny bilibem, sesini çykarmaýan Hudaýa Riçard mundan beýläk ynanmak islemedi, Oňa sežde etmek ýa-da gulluk etmek hakda gürrüňem ýok...

Biriniň eliniň degmesi Riçardy hakykata gaýtaryp getirdi. Gyzyl köýnekli tansçy gyz onuň penjeginiň hiline haýran galyp, epimlerine elini aýlady. Gyzyň gözleri uçganaklady, dodaklary bolsa, azdyryjy ýylgyryş bilen ýylgyrdy. Riçard oňa jogap edip ýylgyrdy-da, içgisini soňuna çenli içdi. Şol agşam aýal oňa isleýän gijeki keýpleriniň islendigini teklip etdi. Riçard ýerinden turup, tansçynyň elinden tutup, ony kafeden Kiçijik Parižiň gijeki arassa howasyna alyp çykdy.

# 2

30-njy ýyllaryň başlarydy. Sabina Oster Parižiň ýyly güneşine ýüzüni tutup, başyny egdi. Güneşiň şöhleleri onuň inçejik göwresine düşüp, gür gara saçlaryny ýylatdy. Soňky leksiýa, ahyrsoňy, gutardy, soň gyza hyryn-dykyn kafede ýer tapma bagty miýesser etdi. Ýaňy-ýakynda alan ene-atasyndan garaşsyz bolmasy onuň başyny aýlady.

Sabina himiýany, fizikany we matematikany Parižiň Sorbonnasynda arkaýyn öwrenip biljek ýeke-täk aýal maşgala däldi. Kyrk ýyl mundan ozal Mariýa Sklodowskaýa atly başga bir aýal, alym Pýer Kýuri bilen tanşyp, oňa durmuşa çykmazyndan we bu ýokary derejeli mekdebiň birinji aýal mygallymy bolmazyndan öň, şu uniwersitetde okapdy. Belki, Sabina-da, Mariýa Kýuri ýaly, haçan hem bolsa bir wagt Nobel baýragyny alar. Bu şöhratlanan zallar dünýä sansyz-sajaksyz alymlary berdi... Bu ýerde on ýedi ýaşly gyza talyp haky we ýaş kursdaşlarynyň yzyna düşmeleri garaşýardy.

Sabinanyň rumyn serhet uniwersitetiniň golaýyndaky Çernowsy şäherçesinde geçen çagalygy sadajady, ýöne bagtly hem hezil boldy. Uly hem kiçi doganlarynyň içinde baý ýewreý medeniýetinden lezzet alyp, ol nämedir bir zada bolan mätäçligi seýrek duýýardy. Emma onuň ene-atasynyň ortodoksal ýewreý terbiýesi berkdi, şelýe-de bolsa, daşyna haýat aýlanan ýaly bolup duran gazaply gadagan etmelere bu gyz sabyrlylyk bilen çydaýardy.

Indi bolsa, ömründe ilkinji gezek Sabina azat hem özbaşdakdy. Bu ýagdaý gyza diýseň ýaraýardy, şonuň üçin ol özüni erkin

duýýardy. Sabina agşama meýilleşdirilen uly wakasyny göz öňüne getirip, arkasyny oturgyjyň arkasyna berdi.

*****

Sabinanyň inçejik aýaklary belent ökjeli gara köwşüň içine typyp girdi. Diwardaky sagat uzak garaşylan waka çenli galan sekundlary sanaýardy. Jaň jyňňyrdady, şondan soň durmuşynda birinji gezek gyzy ýigit duşuşyga alyp gitdi.

Sabina muňa uly doganlarynyň nähili garajakdygy hakda pikir edende kikirdedi. Ýigidi ony nirä alyp giderkä? Olar näme hakda gürrüň ederler? Tolgunmalar bilen göreşip oturşyna ol kellesinde iki baka at salýan pikirleri ýatdan çykarmaga çalyşdy. *Eger ol onuň elinden tutjak bolsa näme?* Ýigit onuň ýaňaklarynyň gyzýanyny duýdy.

Ýigit wagtynda geldi — hakyky ýigit-dä. Sabina ýanyndaky gyz bilen hoşlaşyp, ony gujaklady-da, köçä, özüni duşuşyga alyp barýan ilkinji ýigide tarap ylgady. Ömründe birinji gezek ene-atasynyň berk düzgünlerini unutsa-da bolýar!

Agşamlyk naharyndan soň ýigit Sabinany gohly restorandan alyp çykyp, Aý şöhlesi düşüp duran asfaltly ýola alyp bardy. Nahar tagamlydy, Sabina özleriniň sözleriniň şeýle aňsat alşanyna haýran galdy. Häzirlikçe agşam onuň tama edişinden has gowudy.

Ýigit Sabinanyň aýasyna elini goýdy, şeýdip, olaryň barmaklary biri-biriniň içinden geçdi. Olar Parižiň köçelerine aýlandylar, Lýuksemburg bagynyň we täze gurlan mesopotam aždarhasynyň stilindäki sungat we arheologiýa institutynyň, sungaty we arheologiýany öwrenýän talyplaryň leksiýa gatnaýan ýeriniň ýanynda gezelenç etdiler. Jübütler ýaňy-ýakynda daşary ýurtly talyplar üçin açylan umumy ýaşaýyş jaýyna tarap, ýagny Sabinanyň ýaşaýan ýerine ugradylar. Olar Birinji jahan urşy gutaranyndan soň okuwa giren talyplaryň bu uniwersitet şäherçesinde işjeňlikleriniň möwç urýandygyna haýran galýardylar.

Agşam gutaranda, Sabina ýigidine duşuşyk üçin minnetdarlyk bildirmek üçin öwrüldi. Olaryň gözleri sataşdy, soňra ýigit birden ony ogşamak üçin egildi. Sabinanyň muňa gözleri tegelendi we ol derrew yza çekildi.

Sabina daş diwara ýaplanyp, garşy çykmanyň alamaty hökmünde elini galdyrdy. Ene-atasy beýle zady makullamazdy. Ol ýigide özüniň nähili terbiýelenendigini we öz öňünde ene-atasynyň nähili çäklendirmeleri goýandygyny düşündirmäge çalyşdy.

— Sen Hudaýa ynanýarsyň ahyry! — diýip, ýigit gülüp aýtdy. — Eýsem, elleri-de, dodaklary-da şol bir Hudaý ýaratmadymy?

Sabina jogap berere söz tapman gyzardy.

— Eger men seniň eliňden tutup bilýän bolsam, onda näme üçin dodagyňa degip bilmeýärmişim? — diýip, ýigit sözüni dowam etdirdi.

Ol Sabinanyň bilinden gujaklap, ony özüne çekdi. Sabina güýjünde baryny edip, nämedir bir jogap berjek boldy.

— Näme üçin seni gujaklamaly dälmişim?

Sabina onuň teniniň özüne gysylanyny duýdy.

Uniwersitetiň auditoriýasynda Sabina ýigidiň logikasyna rasional jogaby garşy goýup bilerdi. Ýöne indi dumanly kellesi bilen oňa ýeňip bolmajak çekilmäni duýup durşuna ol gerek sözleri tapyp bilmedi. Gyzy kim ýazgaryp biljekdi? Ene-atasyndan ol iki müň km. uzakdady. Belki-de, bu hakyky azatlykdyr?

Sabina onuň delillerine eglişik etdi. Ýigit onuň alkymyndan tutup, dodagyny onuň dodagyna degirdi.

*****

Indi hepdelerde we aýlarda Sabina pariž durmuşynyň aladasyzlygyndan lezzet aldy. Rumyniýadaky gadagan edilmeler we çäklendirmeler ýaly, ahlak, arassalyk we ene-atasynyň çäklendirmeleri geçmişde galdy. Sabina öňki garaýyşlaryny şatlyk

bilen pida etdi-de, olary pariž keýpiniň gurbanlyk sypasyna goýdy. Indi onuň teni hususy zadydy, şonuň üçin ol ony ýeňillik bilen öz ýigidine berýärdi.

Galyberse-de, ol ateist islän zatlarynyň hemmesini edýär diýip pikir edýärdi.

# 3

Iki ýyl geçenden soň Sabina Parižden Buharestdäki öýüne dynç alşa geldi. Ol özüniň täze durmuş ýörelgesini gizläp, maşgalasy hem garyndaşlary bilen baýramçylyklary geçirdi.

Bir gün Sabinanyň mydama gowy gören daýysy ony öz dostunyň maşgalasyna baryp görmäge çagyrdy. Maşyn jaýyň öňüne baryp duranda, Sabina başyny ýokary galdyrdy we şonda balkonda duran bir ýigidi gördi. Ol gowuja seredende, onuň gaharlydygyny, ýüzüniň bulut ýaly tutuksydyny gördi. Ol onuň gaharyny özünde bolup geçen ýaly duýdy we maşyndan düşeniňe degýänmidigi hakda pikirlendi.

Ýigit Sabinanyň daýysyny görende, ýüzi açylyp, oňa elini bulady. Birnäçe sekuntdan soň ol girelgede myhmanlary garşy aldy. Daýysy ýegenini, Paribždäki tanyşlaryna meňzäp duran, Riçard Wurmbrand, owadan ýaş ýigit bilen tanyşdyrdy. Onuň boýuna we özüni alyp barşyna haýran galan Sabina emosiýalaryň akymyny duýdy.

Riçard olary myhman otaga alyp bardy-da, mylakatlylyk bilen oturmagy teklip etdi. Özüniň ajaýyp myhmanynda ilkinji ters pikiriň dörändigine gynanan Riçard şeýle düşündirdi:

— Meniň ejem öýlenmegimi isleýär. Ol, hatda maňa gelinlik — iki öýli we milliony hem ýany bilen berilýän maşgala telekeçiliginiň mirasdaryny saýlady.

— Erbed-ä däl eken — diýip, Sabina jogap berdi.

— Hawa — diýip, Riçard gülüp ylalaşdy, — men aslynda telekeçiligiň we mirasyň bolmagyna garşy däl. Emma gyz maňa asla ýaranok. Ejem bu biziň baýamagymyz üçin iň gowy usul diýip

hasap edýär. — Riçard Sabina seredip ýylgyrdy. — Ýöne soň men balkona çykanymda seni gördüm...

Sabina munuň ýaly gönümellige garaşmandy, şonuň üçin onda gyzyklanma döredi.

— Şonda men, eger mende sen ýaly gyz bolsa, onda pula-da tüýkürerin diýip pikir etdim!

*****

Bu duşuşykdan soň Riçard bilen Sabina üçin güýçli duşuşmalaryň döwri geldi. Olar Sabinanyň dynç alşynyň her bir boş pursatyny bile geçirdiler. Riçardyň köp zady wada berýän birža makleridigini, gowy gazanç edýändigini bilmek ýakymly boldy. Riçard, elbetde, öz gazanjyny Sabina sarp etmäge garşy däldi. Her gün agşam olar gijeki klublara, teatrlara, agşamlyklara, barlara, kazino we kafelere gitdiler.

Olar köp duşuşdyklaryça, aýratynam, Riçard ikisinde umumy gyzyklanmalaryň we güýmenjeleriň köpdügini, ikisiniňem baýlyk, owadan durmuş we azat ýaşaýyş üçin öz dininden ýüz öwren ýewreýdiklerini bilende, Sabina parižli oglanlary az ýatlady.

Bir gün Riçard Sabinany haýran galdyrdy. “Men — agyr häsiýetli adam — diýip, ol goýy garamtyl içgini içip oturşyna aýtdy. — Meniň bilen saňa ýaşamak aňsat düşmez”.

Belki. Ýöne Sabina oňa aşyk bolupdy. Üstesine-de, eger özleriniň geljeginde görgüler bolsa, olaryň öwezini dolmak üçin lezzetleriň ýeterlik boljakdygyna ol ynanýardy.

# 4

Sabina şeýdip, Parižе gaýdyp gitmedi. Buharestde ol Riçardyň ýanynda gowy durmuşa ýetdi we tizara ýerli ätiýaçlandyryş agentliginde işe başlady. Olaryň duşuşyklary 1936-njy ýylyň 23-nji oktýabryna, ýagny ruhanynyň öýünde şagalaňly toý bolan gününe çenli dowam etdi. Ýewreýleriň däbi boýunça "hupoý" atly ýapgynyň aşagynda duranda, öýlenýän ýigit, biziň eramyzdan öňki 586-njy ýylda babyllaryň Iýerusalimi weýran edenini ýatlama hökmünde, aýagy bilen bokaly mynjyradýar. Ateistler üçin dini nyşananyň hiç hili ähmiýeti ýokdy, ýöne ene-atasynyň göwünlerinden turmak üçin Riçard bilen Sabina däbi ýerine ýetirmäge garşy däldi.

Ýaş är-aýalyň öňünde çaga dogurma meselesi duranokdy. Olar nämedir bir zadyň — aýratynam, bäbegiň özleriniň asuda durmuşyny kynlaşdyrmagyna ýol berip biljek däldiler. Olaryň maksady ýönekeýdi we ýetip bolýandy: olar tapyp boljak ýerleriniň hemmesinde lezzet gözleýärdiler.

Riçardyň başga aýallar bilen azat gatnaşygy, hatda toýdan soň hem, uzak wagtlap dowam etdi we agyr ýagdaýda ýok boldy. Ýaş çatynjalarda esaslanmasy gerek bolan ahlak kodeksi ýokdy. Şonuň üçin adamsynyň gözleri, köplenç hem ýüregi, başga aýallara seredende, Sabina ýygy-ýygydan gözlerini ýummaly bolýardy. Ýalan olaryň är-aýallyk durmuşynyň bir bölegi boldy. Şeýle-de bolsa, Riçard bilen onuň ýaş aýaly nikasynyň ilkinji günlerini aladasyz hezillikde geçirdiler.

*****

# 4-NJI BAP

Wurmbrandlar maşgala durmuşynyň ilkinji ýylynyň aglaba böleginde bagtdan lezzet aldylar. Emma azat ýaşaýyş ýörelgesiniň netijeleri Riçardyň başyndan inende, hemme zat üýtgedi duruberdi. Hemme zat ýüregedüşgünç dowamly üsgülewüklerden başlandy. Riçard esli wagtyň dowamynda oňa ähmiýet bermän ýöredi, ýöne ahyr netijesinde aýalynyň tutanýerli haýyşlaryna tabyn bolup, lukmanyň kabul etmesine ýazyldy.

Şol gün ol lukmanyň ýanyndan öýüne gaýdyp gelende, reňki gaty erbet solgundy.

1930-njy ýyllarda inçekesel ölüme höküm edilmedi. Dünýädäki iň agyr keselleriň biri bolany üçin ol Ýewropa gorkuzyjy tizlikde ýaýrady. Lukmanlar oňa garşy göreşmek üçin güýçlerinde baryny edip dyrjaşýardylar, ýöne inçekesele garşy waksinany işläp çykarmak we yzygiderli sanjym etmek üçin olara onlarça ýyllar gerekdi.

Alkogoly çendenaşa ulanmaklyk Riçardyň immun sistemasyny şeýle bir gowşadypdy welin, onuň organizmi, dem alyş sistemasyna aralaşan inçekesel mikroblaryny kabul edýärdi. Onuň öýkenindäki howply tegmil çalt ulalýardy-da, gijelerine ony derledýärdi we kem-kemden onuň gowşak bedenini weýran edýän ysytmalary döredýärdi. Onuň suwdan dolan öýkenleri güýjünde baryny edip, beýnä kislorod berjek bolýardy-da, ganly üsgülewük döredýärdi. Sabinanyň ýigrimi ýedi ýaşly adamsynyň öz suwuklygyna düwnükmegi-de mümkindi.

Riçard üçin ýeke-täk çykalga Karpatyň jümmüşindäki aýra edilip gurlan şypahana gidip, ol ýerde arassa howadan dem almakdy we ultramelewşe çyralaryň ýagtysy astynda oturmakdy. Düşekde ýatma režimini berk berjaý etmekligiň onuň sagalmagyna ýardam etmegi mümkindi. Şeýle-de bolsa, çykarylan netije beýle bir umyt beriji däldi. Onda ýaşama mümkinçiligi elli göterimdi.

Sabina ýaş adamsynyň ölüm hökümininiň agysyny aglady. Olaryň maşgala durmuşy bagtlydy, emma Riçardyň diagnozy çekip bolmajak ýük bolupdy. Är-aýalyň pikirleri, öz gatnaşyklaryna

başlanlary bäri, ilkinji gezek geljege we Sabinanyň tizara dul galjakdygynyň mümkindigi baradaky gorkuzyjy zada gönükdi.

Riçard otla münüp, ýaşyl depeleriň we onuň üstüne ýaýrap duran rumyn obalarynyň üstünden geçip, şypahana gidende, Sabina ejesiniň ýanyna ýaşamaga gitdi. Her iki hepdeden ol syrkaw adamsyny baryp görmek üçin uzak menzilleri sökmeli bolýardy. Ýöne hatda bu saparlar hem oňa ukusyny ýitirmeklige we mydamalyk howsalalyga garşy göreşmäge kömek etmeýärdi. Sabinadan başga-da Riçard üçin köp aýallar — ejesi, hatda onuň öňler aldawa salan aýallary-da agladylar.

Riaçardyň özi üçin şypahananyň asudalygy Buharestden gowy dynç alma bolupdy. “Ömrümde birinji gezek men dynç alýaryn” — diýip, ol bir gezek aýalyna aýtdy.

Şeýle-de bolsa, daglaryň ümsümligi ony öz geçmişi hakda pikirlenmäge meýillendirdi — barlarda, teatrlarda we gijeki klublarda, şeýle hem, ýüreklerini ýaralan aýallary hakda pikirlenmäge mejbur etdi.

Agyryly ýatlamalaryň tolkuny onuň üstüne indi, olaryň her biri inçekeselden az gynamady. Ol aldan işewür partnýorlarynyň hersiniň ýüzüni gördi, aýdan her bir ýalan sözüni, edil aýdan wagtyndakysy ýaly anyk eşitdi. Dagyň howasy her bir pikiri, sözi we edilen hereketi ýüze göterip çykardy. “*Olar meniň ýanyma, edil gynaýjy pýesanyň bölekleri ýaly bolup gaýdyp gelýär*” — diýip, Riçard pikir etdi. Riçard bar ömrüni töhmede, aldawa we başgalaryň göwünlerine degmeklige sarp edipdi — bu zatlaryň hemmesi näme üçin edildikä? Indi onuň öňünde öz durmuşynyň peýzažy — akmaklyk çöli ýaýbaňlandy. Ol özi üçin ýaşady, indi hem, ýekelikde öler.

Bu daş ýerdäki aýra saklanylma hem, Riçarda mynasyp bolan zady ýaly bolup göründi. Tizara onuň akly ateistiň Hudaýa eden ilkinji kejir dogasyny emele getirdi, onuň peýda bolmasy Riçardyň özi üçin garaşylmadyk zat bolupdy. Teni hem fiziki güýji Riçarddan

ýüz öwürýärdi, ýöne ýüregi welin, özüniň ynanmadyk Hudaýyna doga edip, içini dökmäge taýýardy.

# 5

Riçardyň çagalygy agyr geçipdi, şonuň üçin ol ejirlerini azaltmak üçin kitaplara köp ýüz tutupdy. Onunjy doglan gününe çenli ol öýünde bar bolan edebi eserleriň hemmesini okap çykypdy. Oglanjyk özüni, aýratyn hem, fransuz dini inkär edijisi we inkär edijiligine diýseň buýsanýan Woltere özüni köp deňeýärdi. Ýaşynyň entek kiçidigine garamazdan, Riçardyň özi dine ynanmazak boldy. “Eger gudratygüýçli Hudaý gowy hem söýýän bolsa, onda näme üçin Ol kakamyň ölmegine ýol berdi?” — diýip, ol pikir edýärdi.

Bir gezek katolik gullugyna baranda, Riçard Merýemiň diýseň kaşaň bezelen heýkeliniň ýanyna baryp, oňa doga edýän beýlekileriň edenini etmek kararyna geldi.

“Şatlan, merhemetden doly Merýem” — diýip, ol doga edip başlady, ýöne hatda bu mähirli sözler hem, onuň içki boşlugyny doldurmady. Ol doga etmesini goýup, Merýeme gaharly nazaryny dikip: “Aslynda sen — daşlaý. Şeýle köp adamlar saňa ýalbarýarlar, sen bolsa, olaryň dogalaryna jogap bermeýärsiň” — diýdi. Merýemem, latyn dilinde geçirilýän katolik çäre-de Riçardy Hudaýa ynanmaga höweslendirip bilmedi. Doksologiýanyň sözlerini okanda, ol güýjünde baryny edip, olara düşünjek boldy:

*Domine Deus, Rex caelestis,*
*Deus Pater Omnipotens.*
*Domine Fili unigenite Jesu Christe.*
*Domine Deus, Agnus Dei,*
*Filius Patris.*

# 5-NJI BAP

Rim-katolik ybadathanasynda gutarnykly göwni sowan Riçard gündogar prawoslaw dinine göwni ýetmedi. Şonuň üçin ýetginjek ýaşyna ýetip ýetmänkä, Riçard Wurmbrand barypýatan ateist boldy. Ol ybadathana bilen hiç hili iş salyşmak islemedi. Ýewreý üçin prawoslaw ybadathananyň antisemitizmini aklamak mümkin däldi. Üstesine-de din oňa, durmuşynda orun tapardan, dessurlara juda ýykgyn edýän we ýasama ýaly bolup görünýärdi.

Köne Ähtde Ýahwe ysraýyllary müsür gulçulygyndan halas etdi, hatda olar çölde iýer ýaly, olara çörege meňzeş manna hem berdi. Ýöne Rumyniýada çörek ýetmezçilik edýärdi. Riçard mydama açlyk duýgusyny, gapyrgaň astyny gemirýän agyryny eşitmiş boýunça bilmeýärdi. Wurmbrandlaryň puly azdy, onuň maşgalasynyň gazanyp bilýän şol az serişdesi diňe güzeranyny dolandyrmaga ýetýärdi.

Riçardyň gudratygüýçli söýýän Hudaýdan ýüz öwürmesi ony manysyz materializme alyp bardy. Şol mäterializme laýyklykda, tebigatyň dünýäsiniň çäklerinden aňyrda hiç zat ýok diýen pikir bardy. Ol adatdan daşary ideýalardan gaça durýardy we mydama özüniň düşündirip bilmejek tapmaçalarynyň üstünde oýlanýardy. Adamlar atomlardan we minerallardan uly zatmy? Ölümden soň näme bolýar? Jan diýen ýaly düşünje barmy? Riçard indi onuň bardygyna ynanmaýardy. Şeýle-de bolsa, kakasynyň ölümi ony yzarlaýardy, şoňa görä-de, akly eýýäm Hudaýdan ýüz öwren bolsa-da, ýüregi entegem Onuň bardygyna umyt baglaýardy.

Gyşyna Riçard köplenç Buharestdäki gonamçylyklaryndaky mazarlaryň arasynda aýlanyp ýörýärdi. Ol gabyrlaryň üstündäki ýalpyldap duran ýazgylara guwançly seredýärdi we özüniňem bir gün öljekdigi hakda pikir edýärdi. Onuň mazaryna-da gar ýagar, diriler bolsa, onsuz şatlanarlar, gujaklaşarlar we begenip ýaşarlar. Ol şondan soň bolmaz, birazrajyk wagtdan soň bolsa, ony hiç kim ýada-da salmaz. “*Beýle bolsa, adam näme üçin dünýä inýärkä?*” — diýip, ol öz-özüne sorag berdi. Özüniň hiç hili Hudaýyň

bolmaýşy ýaly, ölümden soň hem hiç hili ýaşaýşyň ýokdugyna ynanýandygyna garamazdan,

— Riçard hemme zadyň başgaça bolmagyny gizlin isleýärdi. Onuň dünýäde ýaşaýandygynyň sebäbi bolmaly dälmi näme?

Ateizm Riçardy özüne çekdi, şol sebäpden hem, on dört ýaşly ýetginjek Hudaýyň bardygyna garşy bolan islendik edebiýaty özüne siňdirýärdi. Ol XIX asyryň filosofy Karl Marksyň işlerine aýratyn gyzyklanýardy. Olarda Hudaýyň bardygyna ynanmagyň özüniň adamyň aňyny zäherleýändigine ynandyrylýardy. Riçarda toslamalar däl-de, faktlar gerekdi. Ol dine meňzedilýän mifologiki toslamalara däl-de, hakykaty bilmäge teşnedi. Karl Marks bir gezek: "Din — halk üçin *zäherdir*"[1] diýdi, Riçard hem, bu sözler bilen ylalaşdy.

Dilleri öwrenmekde ýiti akla, düşünjelilige we güýçli ukyba eýe bolany üçin Riçard tizara kommunistik ýaşlar hereketiniň işjeň agzasy boldy. Öz bilimini ýokarlandyrmak üçin ol Moskwa marksizmi öwrenmäge gitdi. Dokuz dili suwara bilýän Riçard rus medeniýetine kynçylyksyz düşündi we Rumyniýa gaýdyp gelende, eýýäm Kominterniň — dürli ýurtlardaky kommunistik partiýalary özünde birikdirýän, Leniniň düşündirişleri boýunça buržuaziýany agdarmak ugrunda göreşen, "ähli ýurtlarda Sowet häkimligini gurmaga dyrjaşan" halkara guramanyň agenti boldy[2].

Kommunizm Riçardyň çagalykda başdan geçiren we häzirem bütin Rumyniýada duýulýan garyplyk meselesini çözmäge söz berýärdi. El degirmesiz zatlara we emläklere bile eýe bolma ideýasy ýaş ateiste özüni çekiji bolup görünýär. Ol, şeýle hem, pikirdeşleriň ýoldaşlygyna — ybadathanada hiç haçan duýmadyk *ýoldaşlygyna* teşne boldy. Şeýdip, Riçard gatnaşanyňa we göreşeniňe degýän işi

---

1 Karl Marks we Fridrih Engels. "Din hakda" (Mineola, Nýu-Ýork: "Dover", 2008), s. 42.

2 Lenin W.I. III, Kommunistik Internasional : [Grammofon plastinkasyna ýazylan çykyş]/ / Doly ýygyndylar toplumy: 55 t. / W. I. Lenin; SSKP MK ýanyndaky marksizm-leninizm instituty — 5-nji neşir. — M.: Döwlet syýasy edebiýat neşirýaty, 1969. — T. 38: Mart —1919 iýuny. — S. 230–231.

tapdy. Ol, kommunistik partiýa öz ýurdunda adalaty dikelder diýen umyt bilen, bar güýjüni ýokary gatlaga degişli bolan korrupsiýa batan rumyn döwletini agdarmaga gönükdirdi.

Şeýle-de bolsa, Riçard garşydaşlyga duçar boldy. Çepçileriň programmasyny ruhuňy göteriji hasap edýän bolsa-da, ony ýüregi saklap bolmaz derejede Hudaýa tarap çekýärdi. Riçard saklanyp, wagyz diňlemejek bolup, ýygnak binasynyň ýanyndan seýrek geçýärdi. Ýerdäki atasynyň ýoklugy onuň kalbynda gökdäki Atasyna, ýagny ummasyz söýýän ýüreginde özi üçin hem ýer tapylaýjak Hudaýa bolan çuň ymtylyşy döretdi. Bu ymtylyşy, hatda, birligi we umumylygy yglan edýän marksizm hem kanagatlandyryp bilmedi.

*****

Häzir dagdaky şypahanada aýratyn özi oturanda, Riçard özüniň birinji dogasynyň gowşajyk sözlerini pyşyrdap aýtdy. “Hudaý, Seniň ýokdugyňa men doly ynanýaryn. Ýöne Sen haýsydyr bir tötänlige görä hakykatdan hem *bar* bolsaň-da, men Saňa ynanmaýaryn. *Sen maňa* Özüňi açmalysyň” — diýip, ol pyşyrdady.

Görüp otursa, Riçard Rumyniýanyň obasyndaky depelerde doga edýän ýeke-täk adam däl eken. Dagyň ýokarsyndaky kiçijik obada Kristian Wýolfeks atly garry nemes agaç ussasy aýaly bilen şu wagtjyk uzakly gijesini dyza çöküp doga edip geçiripdiler. Bu är-aýal köp ýyllaryň dowamynda iň bolmanda ýekeje ýewreýi Isa Mesihe bolan halas ediji imana getirme mümkinçiliginiň berilmegi üçin ýalbaryp doga edipdirler. Olar birnäçe sagatlap, Mukaddes Kitabyň üstünde doga edip we ýewreý halkynyň ýekeje wekiline-de şu wagta çenli hijisi gabat gelip görmedik bolsa-da, ýewreýiň halas bolmagyny gözýaşlar bilen diläp, Ýaradanyň öňünde ýüreklerini dökdüler.

“Hudaýym, — diýip, Kristian sesli doga etdi. — men Saňa gulluk etdim, şonuň üçin ýerde hem gökde baýrak almak isleýärin. Goý, meniň baýragym, ölýänçäm Mesihe ýewreýi getirmegim bolsun,

sebäbi Isanyň Özi ýewreý halkyndandy. — Ol uludan demini aldy. — Ýöne men garyp, garry hem syrkaw. Men ýewreýiň gözlegine gidip bilmeýärin. Meniň obamda bolsa, ýewreý ýok. Meniň obama ýewreý alyp gel, men bolsa, ony Mesihe getirmek üçin elimden gelen zatlaryň hemmesini ederin".

*****

Sabina nobatdaky gezek Riçardy görmäge şypahana gelende, ol oýa batyp otyrdy.

— Men diňe geçmişim hakda pikirlenýärin — diýip, ol Sabina aýtdy. — Göwünlerine degenlerimiň hemmesi hakda... Ejem hakda... seniň tanamaýan gyzlaryň hemmesi hakda... pikir edýärin. Ol uludan demini aldy-da, birden garaşylmadyk zady boýun aldy:

— Men bütin ömrüme diňe özüm hakda pikir etdim!

— Bu zatlaryň aladasyny etme — diýip, Sabina perwaýsyz jogap berdi. — Meniň durmuşymam seniňkiden az tapawutlanýardy. Biz ýaşdyk, ýaşlykda bolsa, köp adamlar şonuň ýaly edýärler.

Sabina Riçard Buhareste gaýdyp baranda özlerine garaşýan gowy döwürler hakdaky arzuwlar bilen adamsyny ruhlandyrmaga çalyşdy. Riçard ýüreginiň jümmüşinde özüniň ol ýere gaýdandakysy ýaly gaýdyp barjakmydygy hakdaky soragy özüne berdi. Onuň ýokary derejeli ýürek gözlegleri garaşylmadyk netijelere alyp bardy, muňa onuň aýaly düşünip biljek däldi. Onuň öňki durmuşyndaky günäler birwagtlar pikir edişi ýaly, özüne beýle bir çekiji bolup çykmady. Nähilidir bir ýol bilen ten isleglerinden we egoizmden doly durmuş öz öwüşgünini ýitirdi duruberdi. Aýallara bolan manysyz ymtylyşyň we gijeki klublara gitmäniň bar manysyny ýitirenine indi ol göz ýetirdi.

*****

# 5-NJI BAP

Riçardyň saglygynyň gowulaşyşy ýaly, kalby-da sagalyp başlady. Sabinanyň özleriniň nurly geljegi we Riçardy özüne çekmäge synanyşmakçy bolýan göwün açmalaryna gaýdyp barmak baradaky arzuwlary indi Riçardda onuň pikir eden hereketini döretmedi. Aýaly adamsynyň täze adaty bolmadyk kitaby okaýandygyny bilende, gaty erbet boldy. Bu mesihileriň Mukaddes Kitaby ahyry! Onuň ýewreý hem ateist bolan adamsy palatadaşynyň beren Täze Ähtini okaýar!

Adaty ýewreý maşgalasynda ulalan Sabina atasy öýünde Isa Mesihiň adyny tutmak hem rugsat edilmeýärdi. Olar hristian ybadathanasynyň deňinden geçenlerinde, ejesi bilen kakasy oňa we doganlaryna başga tarapa seretmegi buýruk berýärdiler. Başga näme etsinler? Hristianlaryň ýewreý halkyna görkezen güzaplaryny we kemsitmelerini hasaba alsaň, Sabinanyň maşgalasynyň öýkesine düşünmek bolar. Bu halkyň taryhy, Mesihiň yzyna eýerijileriň döken ganyna boýalan, mejbury suwda çokundyrmalar we katoliki ybadatlar hakda gürrüňem ýok. Sabina hristianlyga geçmekden we özüni biabraý etmekden gaça durmak üçin çagalaryny öldürme, soň hem özlerini öldürme kararyna gelen ýewreýleri ýada saldy.

Ol çagalykda mekdepden öýe gelýärkä, köçäniň burçundan öwrülmäge gorkýandygyny, sebäbi ol ýerde oňa uly hristian gyzlaryň garaşýandygyny ýatdan çykaryp bilmeýärdi. Olar: "Kiçijik kirli ýewreý!" — diýip gygyrýardylar. Gyzlar Sabinanyň üstünden gülýärdiler, saçyndan we elinden çekýärdiler.

Has abraýly antisemit guramalar hem hristian guramalardy — prawoslaw ybadathanady, lýuteran ybadathanasy we hristian goragynyň Milli ligasy — bularyň esasy maksady ýewreý talyplaryny urmakdan we bu halkyň wekillerine degişli kärhanalary ýok etmekden ybaratdy. Eger mesihilik hem şonuň ýaly bolsa, onda Sabina onuň bilen iş salyşmak islemeýärdi!

Indi adamsynyň Täze Ähtde okan Isasyny suratlandyryşyny eşidende, Sabina şok ýagdaýa düşendigini we gaharlanýandygyny gizläp bilmedi. Hristianlyk taryha tegmil basypdy, indi bolsa ol onuň

nikasyny weýran etjek bolýar. Toýdan öň är-aýal çaga edinmezlik hakda gürleşipdiler, indi bolsa adamsy çagalary mesihilik ahlagynda nädip terbiýelemelidigi hakda pikirlenip başlapdyr. Ol öz elleri bilen Sabinanyň bagtyny ýatyrdy!

Riçard başga-da täsin kitaplary okap başlady. Ol Sabina şypahanadaky syrkawlaryň birinden alan kitabyny berdi. Onda ýewreýleri gaty gowy gören we olara kömek etmek üçin janlaryny beren mesihiler hakda gürrüň berilýärdi. “Gürrüň doganlar Ratisbonlar hakda barýar. Olar ýewreýleriň Mesihe gelmegi üçin monah ordenini döredýärler” — diýip düşündirdi.

Sabina birwagtlar ýewreýlere gulluk eden bu mesihileri Riçardyň suratlandyryşyny diňläp oturşyna, lapykeçlik bilen başga tarapa seretdi. “Görüp otursam bu adamlar meniň üçin doga edipdirler, men bolsa, ömrümi boş geçiripdirin” — diýip, ol ýuwaşja aýtdy.

*****

Birnäçe aýdan soň öýkeniniň ýagdaýy şeýle gowulaşany üçin Riçardy inçekesel şypahanasyndan çykardylar-da, gowulaşýan döwründe daga golaý asuda obajyga göçmegi maslahat berdiler.

Bir gün Riçard bilen Sabina obanyň asfalt düşelen köçelerinde aýlanyp ýörkäler, olar garry goja duş geldiler, ol olary öz öýüne çagyrdy. Onuň ady Kristian Wýofeksdi. Kristian Riçardyň ýewreýdigini bilende, onuň gözlerine ýaş aýlandy. “Men Hudaýdan ömrümiň ahyrynda maňa rehim etmegini soradym — diýip, ol Riçardyň elini özüniň gabarçakly eli bilen tutup boýun aldy. — Mesih ýewreýdi, şonuň üçin men, iň bolmanda, ýekeje ýewreýi imana getirmek isledim. Ýöne bu ýerde ýewreýiň ýoklugy, meniň hem obadan gidip bilmeýändigim üçin Hudaýyň ýewreýi şu ýere ýanyma getirjekdigini men bilýärdim. Ine-de, sen bu ýerde! Sen — meniň dogama berlen jogapsyň!”

Riçard doganlar Ratisbonlary ýatlady ... şunuň ýaly garaşylmadyk, şol bir wagtyň özünde-de, uzak garaşylan myhmanlary ugradanynda,

# 5-NJI BAP

Kristian Riçarda özüniň köp ýyllap okalmadan ýaňa könelip giden Mukaddes Kitabyny uzatdy. Riçard tegmillenen sahypalary agdaranda, Kristian: "Aýalym ikimiz bu pursat üçin sagatlap doga etdik we siziň Oňa iman etmegiňizi soradyk" — diýdi.

Riçard täze dostunyň päk ýürekliliginiň we sahylygynyň öz ýüregini ýyladanyna haýran galdy, emma ol Sabinanyň şeýle gaharlanýanyny gördi. Onuň gözleri özüne dönük edilen ýaly duýýandygyny gygyryp aýdýardy.

# 6

Indiki günlerde we hepdelerde Riçard Kristianyň Mukaddes Kitabyny ünsli öwrendi. Ol kiçijik öýdäki diwanyň üstünde Täze Ähtiň kitaplaryna gümra bolup, günlerini geçirýärdi. Ol ýaşrakka Mukaddes Kitaby perwaýsyz, esasan hem bilesigelijilikden okapdy. Indi ol Isa bolan imany üçin türmede tussaglykdaka: "Çünki men Hoş Habara utanmaýaryn, sebäbi ol her bir iman edene, ilki bilen ýehudylara we soňra greklere Hudaýyň gutulma güýjüdir" (Rimliler 1:16) — diýýän Pawlus hakda okaýardy. Riçard Isa Mesihiň *ilki bolup*, *ýewreýlere* gutulyşy teklip edeniniň hakykatmydygy hakda pikir etdi.

Täze Ähtiň her bir sözi onda okamagy dowam etdirme islegini oýardy. Hatda sözlemlerdäki punktuasiýa hem, özüniň ozal hiç haçan görmedik hakykaty bilen şöhle saçýan ýaly bolup göründi. Ol çagaka mesihilik ony geňirgendirýärdi, emma indi bolsa, geçmişde teşne bolan lezzetler islegini ondan köki bilen aýyrdy. Riçard Isanyň tymsallaryny öwrenende, Onuň sözleri hakda pikirlendi: "Men welin size diýýärin, Gökdäki Ataňyzyň ogullary bolar ýaly, duşmanlaryňyzy söýüň, özüňize gargaýanlara alkyş okaň, ýigrenýänlere ýagşylyk ediň, size zulum edýänler, sizi yzarlaýanlar üçin doga ediň. Çünki Gökdäki Ataňyz Öz Gününi ýamanlaryň hem, ýagşylaryň hem üstüne dogurýar, ýagmyryny dogrularyň hem, egrileriň hem üstüne" (Matta 5:44-45). Ýewreýleri bütin taryhyň dowamynda yzarladylar. Ol özüne ýamanlyk edenleri we özüni ýigrenenleri ýürekden bagyşlap bilermikä? Riçard edil öz jany Täze Ähte bagly ýaly, ony şeýle yhlas bilen okady.

## 6-NJY BAP

Tiz wagtdan Isa Riçard üçin özüne nahar getirýän aýal ýaly hakyky boldy. Her gije ol Isa hakda köpräk bilme islegi bilen uka gitdi. Riçardyň içinde garşydaş ymtylyşlar göreşdi. Onuň ýüregi Hudaýa ýüzlenmek isleýärdi, emma akly Oňa garşy delilleri öňe sürýärdi. "Men hiç haçan Seniň şägirdiň bolmaryn — diýip, Riçard doga etdi. — Men köp pulumyň bolmagyny, syýahat etmegi isleýärin. Men keýp isleýärin. Men ýeterlik ejir çekdim. — Riçard ýumrugyny düwdi. — Seniň ýoluň — bu haçyň ýoly, ýöne ol hakyky ýol bolanda-da, men oňa eýermerin!"

Jogap Isanyň çagyryşynyň özi ýaly, duýdansyz geldi-de, Riçardyň öňki pikirleriniň hemmesini kesdi. "*Meniň ýanyma gel! Haçdan gorkma! Şonda sen Meniň ýolumyň — dünýädäki iň uly şatlykdygyny bilersiň!*"

Riçard şatlyk tapma hakda pikir edende horkuldap aglady. Ol ten isleginiň nämedigini bilýärdi, ýöne şatlyk oňa täze hem nätanyş duýgy boldy. Isa onuň öňki, günä hem egoizm bilen tegmillenen durmuşyny bagyşlap bildimikä? Mesih Öz merhemeti bilen Riçardyň ýazygyny ýapyp bildimikä? Isanyň: "*Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin*" (Matta 11:28) — diýen sözleri göni onuň ýüregine aýdylýardy. Wah, Riçard dynçlyk berilmegine nähili mätäçdi! Hut şonuň üçin hem, ol şypahana gaçyp gaýdypdy. Ýöne Isanyň wada berýän dynçlygy diňe bir fiziki däldi-de, eýsem, ruhudy hem.

Riçard bir gadymy hytaý taryhyny ýatlady. Bu çydardan agyr gelýän ýakyp barýan günüň astynda tapdan düşen bir adam hakdady. Ol başy göge ýetip duran bir dubuň aşagynda oturýarda: "Meniň seni tapmagym nähili bagtly gabat gelme!" — diýýär.

Dub şeýle jogap berýär: "Bu tötänlik däl. Men saňa dört ýüz ýyllap garaşdym".

Birden Riçardyň gözleri açyldy. Gutulyşa barýan ýol indi diýseň aýan boldy. Isa Mesih oňa garaşýar — Ol oňa Öz söýgüsinde dynçlyk bermek üçin garaşypdyr. Belki, inçekesel hem, Riçardy dünýäniň

ýakyp barýan Gününiň aşagyndan alyp çykyp, haçyň kölegesinde gizlemegi üçin, Hudaýyň meýilnamasynyň bir bölegi bolandyr.

Edil şol ýerde, Karpatyň arasynda gizlenip duran sadaja öýde, Riçard Isa Mesihiň söýgüsini kabul etdi, ol söýgi ony gaýdyp hiç haçan terk etmedi.

“Hudaý, — diýip, Riçard doga etdi, — men ateist boldum. Indi ateistleriň arasynda missioner bolarym ýaly, maňa Russiýa gitmäge rugsat et. Eger galan ömrümiň hemmesini türmede geçirmeli bolsam-da, men zeýrenmerin”.

*****

Gadagan edilen “Isa” sözüniň özi Sabinany guduzlan ýaly etdi. Riçardyň durmuşyna şeýle duýdansyz hem yza gaýtmazak bolup giren üýtgeşmeler onuň üçin çydar ýaly däldi. Galyberse-de ol mesihä däl-de, ateiste durmuşa çykypdy ahyry.

“Maňa Ol gerek däl! — diýip, Sabina kejine tutdy. Ol *saňa-da* gerek däl. Bu biziň üçin tebigy zat däl! — Ol obadaky öýüň agaç polunda aýaklaryny tarpyldatdy. — Biz — *ýewreý*!” Emma Sabinanyň mesihilige garşy duran otrisatel garaýşy-da, onuň öz adamsynda döreden üýtgeşmelerine garşy çykyp bilmedi. Täze tapan ynamy ony çürt-kesik üýtgetdi.

Şonda Sabina Riçardyň öňünde haýbatly talap goýdy. Eger oňa din gerek bolsa, onda ol öz dinini, ýewreý dinini wagyz edip biler. Ýöne Riçard suwda çokundyrma isleginiň bardygyny aýdanda, Sabina tas däliräpdi. Suwda çokundyrylma düýbünden bolanokdy!

Haýbatly talap birnäçe wagtlap täsir eden ýaly boldy. Riçard sinagoga baryp, ol ýerde edilýän däplere gatnaşdy. Ýöne ol şol ýerde-de Isa hakda köp gürledi. Bir gezek Buhareste öýüne gaýdyp gelende, Riçard Sabinany ýygnanyşyga baryp görmäge yrdy. Gorkýan bolsa-da, bilesigeliji bolan Sabina agyr agaç gapylardan geçip, adamsynyň yzyna düşdi. Ol Riçardyň paltosyna berk ýapyşyp, onuň arkasynda durup, diwardaky mukaddesleriň suratlaryna gyzyklanma bilen

seretdi. Olar mesihi mukaddesleridiler. Riçard aýalyna olaryň her biri hakda gürrüň berdi we olaryň ýarymynyň, şol sanda Isanyň Özi bilen ejesiniň hem ýewreý bolandyklaryny ýatlady.

Sabinanyň gözleri öçügsi ýagta öwrenişeninden soň, ol gümmez görnüşli potologa seretdi. Riçard oňa on tabşyrygyň manysyny düşündirdi. Ol Musanyň ýewreý kitabynda ýazylan bu tabşyryklary öz kakasynyň nähili eziz görendigini ýada saldy. Mesihileriň Köne Ähtiň, Dawut patyşanyň mezmurlaryny edil ýewreý ýygyndysy ýaly ýazgylaryny nähili kabul edendiklerini düşündirdi. Aslynda, tutuş Köne Äht — ýewreýleriň Mukaddes Kitaby — geljek Mesih, Isa Mesih hakdaky pygamberliklerden doly.

"Gep mesihilik dini — bu biziň ýewreý ynamymyz, ýöne ol ýerdäki ähli halklar üçin açykdyr" — diýip, Riçard düşündirdi. Soň ol Sabina tarap öwrülip: "Kimiň arkasyndan ýewreý gymmatlyklary, ahlagy we akyldarlygy bütin dünýä ýaýrady? Kimiň arkasyndan iki müň ýylyň dowamynda olar şeýle köp ýüzlerçe adamlary öz içine aldy?" — diýip sorady.

Sabina adamsynyň joşgunly gürrüňini haýran galma bilen diňledi.

"Muny diňe Mesih edip bildi! — diýip, ol dowam etdirdi. — Onuň arkasyndan ýewreýleriň mukaddes kitaby iwritden ýüzlerçe dillere terjime edildi". Ol tolgunmadan ýaňa sesini gataltdy. "Şonuň üçin Mukaddes Kitaby indi sowatsyz daýhanlar ýaly, Paster hem Eýnşteýn ýaly atly alymlar hem okap bilýär".

"Ýöne hristianlaryň ýewreýlere eden ýamanlyklaryny näme etmeli? Eýsem, Mesihiň yzyna eýerijileriň özleri hristianlyga garşy aýyplama bolmadylarmy?" Sabina hepdeleriň dowamynda bu soraglaryň üstünde pikirlendi. Ol günleriň birinde: "Maňa siziň Mesihiňiz ýaraýar, ýöne hristianlaryňyz ýaramaýar..."1 diýen Mahatma Gandi bilen ylalaşdy. Belki, ol Mesihi kabul edip biler, ýöne mesihiligi däl?

Riçard başyny ýaýkady. "Sen şägirtlerini kabul etmeseň, Isany-da kabul edip bilmeýärsiň. Ol seniň ýanyňa gelmek üçin şägirtlerini

taşlap bilmeýär. Sen hatda, Isanyň Özüniň edişi ýaly, Ýudasa “dost” diýmän hem, Onuň şägirtlerini kabul edip bilmersiň”.

Riçardyň täze tapan ynamyndaky ruhubelentligini Sabinanyň hem paýlaşmagyny isleýändigini bilýärdi. Ol Sabina Injiliň gözelligini we Hudaýyň ony bagyşlaýşy ýaly, başgalary bagyşlamaga çagyrşyny sabyrlylyk bilen düşündirdi. Ahyrsoňy Sabina Täze Ähti okamaga razy bolanda, Riçardyň ýüzi şatlykdan ýaňa ýagtyldy. Wurmbrandlar üçin täze döwür geldi. Sabina özüniň hatda adamsynyň Halasgärine guwanýanyny we Ony gowy görüp başlanyny duýdy.

*****

Sabinanyň mesihilik ynamyna garşy bolan aňyndaky garşy çykmalar köşeşdi, emma onuň iudaizm bilen bolan emosional baglanyşygy we ýewreýleriň müňýyllyklaryň dowamynda yzarlanandygy hakdaky ýatlamalary kalbynda çuň kök urupdy.

*“Ol mamla”*, — diýip, Sabinanyň ýüregi pyşyrdady, ýöne şol bir wagtyň özünde-de, içinde mesihilere bolan ýigrenç möwç urmagyny dowam etdirýärdi.

Bir gezek giç agşam anglikan “Ýewreýlere kömek missiýasynyň” doga-dileg ýygnanyşygyndan öýüne gaýdyp gelende, Riçard gapydan giren badyna aýalynyň ýanyna bardy, onuň elinden tutup, uly tolgunma bilen ýaňyja içinde ýüregini Mesihe bagyş edendigini ylgan etdi. Indiki ädim suwda çokundyrylmaklyk bolýar.

Emma Sabina bu täzelige çydam edip bilmedi. Ol muny bilenlerinde, ene-atasynyň ýüzlerinde peýda boljak lapykeçligi göz öňüne getirdi. Oňa mesihi ýygnagyna, hatda seretmäge-de rugsat etmeýärdiler, adamsyna suwda çokundyrylmaga ak pata bermek hakda gürrüňem ýok. Adatça güýçli bolan we hiç bir ýagdaýda-da ruhdan düşmeýän Sabina muňa döz gelip bilmedi. Ol aglady-da, aşhana stolunyň üstüne süpürgiji taşlap, ýatylýan otagyň gapysyny ýapdy. Ol şol ýerde krowadyň üstüne özüni oklap, birnäçe

sagatlap aglady. Eger Riçard munuň ýaly aýylganç karara gelen bolsa, onda ol...

Ol gutarnykly karara geldi: Riçard suwda çokundyrylan güni, ol öz janyna kast etdi.

# 7

1938-nji ýylda suwda çokundyrylma güni gelip ýetdi. Riçard wokzala ugrady, sebäbi bu gulluk başga şäherde geçirilýärdi. Sabina adamsynyň birnäçe sagatlyk giderine garaşdy. Bu bolsa, oňa öz meýilnamasyny ýerine ýetirmäge ýeterlik wagt berjekdi. Çykgynsyzlykda bolany üçin ol gapyny ýapdy-da, pola özüni oklady. Aglamakdan ýaňa tapdan düşen göwresi uzak ejir çekmeli däldi.

"Isa, men Seniň ýanyňa baryp bilmeýärin! Riçardyňam Seniňki bolmagyny islämok. Men mundan artyk çydamok!" — diýip arz etdi.

Özüni öldürme onuň soňky delili bolar. Sabina Riçard ikisiniň bilelikde ýaşap bilmedik — derejeli, mümkinçilikli, baýlykly durmuşynyň agysyny aglady. Onuň düşünjesinde mesihilik — ýaşaýşa däl-de, ölüme çagyryşdy. Eger ol isleýän durmuşynda ýaşap bilmese, onda ölenini gowrak görýär ahyry. Riçard öýüne gelende, onuň jesedini görer-de, öz imanynyň nähili weýran ediji bolandygyna düşüner. Ol ömrüniň ahyryna çenli suwda çokundyrylan gününi ýüregi gussaly ýatlar. Sabina otagyň burçunda ýumak ýaly bolup ýatdy-da, wariantlar hakda pikirlenip başlady.

Ol birnäçe sagadyň dowamynda ölmegiň nähili bolýandygy hakda pikirlendi. Ol kommunizmiň we ateizmiň aýdyşy ýaly, ölüm diňe ýaşaýşyň soňy bolýar, ölümden soňky durmuş, geljekde has gowy kysmata umyt baglaýan betbagtlaryň ýaýradýan mifidir diýip umyt etdi. Galyberse-de, Sabinanyň teni minerallardan we atomlardan durýar, şonuň üçin ol ölenden soň, tenini jaýlaýarlar, soň hem ol çüýreýär.

# 7-NJI BAP

Ýöne Riçard mamla bolsa näme? Gözleri ýumulanyndan soň ol ýene-de gözlerini häzirki görýän hakykatyndan has eýmenç bolan hakykatda açsa näme? Onuň adamsy Hudaýdan ebedi aýralykda bolmanyň, Mesihiň söýgüsini kabul etmedikler üçin niýetlenilen dowzahyň bardygyna ynanýar. Ebedi otda gynalmalar hakdaky pikir Sabinany howsala salýardy, öz jesedini gören wagty Riçardyň çekjek ýürek nalasy hem ony şeýle howsala salýardy. Soň näme bolar? Ol özüne täze aýal, mesihi aýal tapar, şol aýal mydama onuň bilen ýygnaga bile gider we olar çagalaryny mesihilik ynamynda terbiýelärler!

Sabina köp pikirlendigiçe asudalaşdy. Ölüm oňa juda uly pida ýaly bolup göründi. Belki, başga ýol bardyr. Şeýdip, onuň kalbynda islegsiz we haýaljakdan bolsa-da, duýulýan üýtgeşmeler bolup başlady. Onuň ertir bilen ýok etmek islän jany oňa gaýdyp gelip başlady. Eger Hudaý dogrudanam bar bolsa, onda Ol, belki, ony-da söýýändir...

Sabina pikirlerini jemledi-de, poldan turdy we köýnegini düzetdi. Aglamakdan ýaňa çişen gözleri derrew sagada seretdi. Eger ol howluksa, onda ýaňyja suwda çokundyrylan adamsyny garşy almak üçin wokzala barmaga ýetişer.

Mesihilik däbinde suwda çokundyrylmanyň yza gaýtmazlyk nokady bolup durýandygyny bilýärdi. Bu gutulyş nyşany: köne durmuş üçin ölmekdir we täze durmuş üçin direlmekdir. Ol Riçardyň irden öýden gidende nähili tolgunýandygyny we nähili gowy keýpde bolandygyny ýada saldy. Ýol ugruna bir desse çemen alyp, Sabina adamsyny garşy almak üçin wokzala ugrady.

Geçen günüň wakalary hakda gürrüň edenlerinden soň, Wurmbrandlar ir ertire çenli gözlerinem ýummadylar. Riçard aýalynyň agyr ýagdaýa düşenini bilende, gaty güýçli gynandy. Şeýle-de bolsa, ony diňlände, indi onuň öňküsi ýaly däl-de, başgaça bolanyny duýdy. Ondaky gören tapawudy, Riçardyň özi Karpatdaky oba ýerinde ýekelikde Hudaýa ýüregini açmazynyň öň ýanynda duýan ýagdaýyna meňzeşdi.

*****

Indiki aýlarda Sabinanyň ýüreginde kem-kemden umyt sümmüljigi ýetişip başlady. Onuň entegem özüne mesihi diýdiresi gelmeýärdi, ýöne Hudaý bilen gitdigiçe köp gyzyklanyp we güýjünde baryny edip, öz endiklerini üýtgetmäge çalşyp başlady. Gije ol gözlerini ýumanda, özi üçin ölmek isledi. Gündiz bolsa, geçmişiň şatlygyna bolan höwesi ony täze güýç bilen janlandyrdy. Ol barlarda we gijeki klublarda wagtyny geçirmegi dowam etdirýärdi, teatr bolsa, onuň ünsüni ýygnakda eşiden wagyzlaryndan köpräk özüne çekýärdi. Ol özüni çäklendirmek we arzuw eden geljeginden el çekmek islemeýärdi. Ýaş hem owadan bolan Sabina goýberlen pursatlaryň öwezini doldurmagyň usulyny barybir tapar...

Birazrajyk wagtlap Riçard özüniň köne endiklerini saklady, ýöne aýaly onuň muny, esasan hem, oňa eglişik edip edýändigini bilýärdi. Bir gün agşam Riçard aýalyna ýygnagyň ýygnanyşygyna gitmegi teklip etdi. Keýpi bozulan Sabina aglady-da, ýygnaga gitmegiň deregine kino gitmegi talap etdi.

“Bolýar, kino gidýäris, sebäbi men seni söýýärin” — diýip ylalaşdy.

Olar gyzykly film gözläp, bir kinoteatrdan beýlekisine aýlandylar. Ahyrsoňy Riçard, her neneň täsin bolsa-da, tapyp bilen iň haýasyz filmine petek satyn aldy. Sabina haýran galdy. “Belki, onuň ynamy geçip gidiji güýmenje bolandyr” — diýip, gözlerinde umyt uçganaklady.

Film gutaranyndan soň olar golaýdaky kafe desert üçin gitdiler. Tortuň soňky bölejigini iýip bolandan soň Sabina adamsynyň agzyndan çykan sözleri eşideninde, gulaklaryna ynanyp bilmedi.

— Indi öýe git-de ýat. Men bolsa, gyz tapjak-da, onuň bilen myhmanhana gitjek — diýip, Riçard aýtdy.

Garaşylmadyk sözlerden ýaňa Sabina tisginip gitdi, onuň gözleri ýaldyrady.

— Sen näme diýdiň?!

# 7-NJI BAP

Riçard aýalynyň nazaryna ynamly döz geldi.

— Gaty ýönekeý zat — diýip, Riçard gaýtalady. — Sen öýe gidýärsiň, men bolsa, gyz tapyp, onuň bilen myhmanhana gidýärin.

— Sen nädip beýle diýip bilýärsiň?! — diýip, ol elindäki ýabagyny oklap goýberdi.

— Ýöne meni seniň özüň kino alyp geldiň ahyry — diýip, Riçard aljyraman jogap berdi. — Sen baş gahrymanyň özüni nähili alyp baranyny gördüň. Näme üçin men şeýle etmeli dälmişim?

Sabina gaşlaryny çytdy, adamsy bolsa, sözüni dowam etdirdi:

— Eger ertir biz indiki şunuň ýaly kino gitsek...

Adamsynyň näme diýjek bolýanyna Sabina gaty gowy düşündi: ol özüni özleriniň görjek filmindäki gahrymanlar ýaly alyp barmaga çalyşýar!

— Her bir adam görýän zadyna meňzeş bolýar — diýip, Riçard düşündirdi. — Eger sen meniň gowy är bolmagymy isleýän bolsaň, iň bolmanda käwagt, meniň bilen ýygnaga git.

Riçard Sabina öz nukdaýnazaryny subut etdi. Sabina onuň gowy är bolmagyny isleýärdi, ýöne özüniňem gowrak aýal bolmalydygynyda bilýärdi. Imana gelmezden öň Riçard köp gezek oňa biwepalyk edipdi we nika kasamyny bozupdy. Onuň täze tapan Hudaýa wepalylygy yzy bilen nikasyna wepalylygy hem alyp gelipdi. Riçard indi hiç haçan başga aýal bilen ýatmaýar, şonuň üçin özüniňem, öz egoistik durmuşynda el çekip biljekmidigi Sabina gyzykly boldy. Dünýäde onuň etmäge synanyşyp görjek zatlary entek kän ahyry.

Bir gezek ýekşenbe agşamynda Sabina Riçardy gijeki kluba gitmäge yrdy. Adatça edişi ýaly, ýygnaga gitmegiň deregine, adamsy aýalynyň islegine eglişik etdi. Är-aýal jaýa giren batlaryna, tüssäniň buludy olary gurşap aldy. Brendiler we araklar köp adamly zalda, edil gelşiksiz gürrüňler ýaly, derýa kimin akdy. Jübütler aç-açan söýgi bilen meşgullanýardylar. Riçard derlän tenleriň labirinti bilen aýalynyň yzyna düşüp barýardy. Serhoş bolan bir erkek kişi Sabinanyň köwşüne içgisini serpip goýberdi welin, ol yza çekileninde, yzyndan gelýän jübütiň üstüne ýykyldy.

Riçard aýalyny dostlarynyň oturan stolunyň başyna alyp bardy. Olar gürleşip hem gülşüp otyrkalar, Sabina içgisini sessiz owurtlap oturdy. Gürrüň derrew gutardy, soň ol agşamky oturlyşyklaryň özüne lezzet bermeýändigine haýran galma bilen düşündi. Ol indi munuň ýaly göwün açmalardan öňküsi ýaly lezzet almaýardy.

— Ýör, bu ýerden gideli — diýip, Sabina Riçardyň gulagyna gygyrdy. — Ýör gideli, bolýarmy?

— Näme üçin? — diýip, Riçard ýasama garşy çykdy. — Biz şu wagtjyk geldik ahyry!

Ol beýle basym gitmegiň gödeklik bolýandygyny aýalyna aýtdy. Öňde bütin gije dur, näme üçin ondan lezzet almaly dälmişin?!

Ýarygijä golaý Sabina ýene gitmegi haýyş etdi, emma Riçard ýene garşy boldy. Bir sagatdan soň Sabina ýene haýyş etdi, ýöne Riçard ýene öňküsi ýaly, galmalydygyny nygtady.

Sabina ömründe birinji gezek munuň ýaly ýürekbulandyryjy göwün açmalara ýigrenç duýdy. Agşam oňa azajygam lezzet bermedi. Ahyrsoňy Riçard aýalynyň haýyşyna boýun boldy, soň är-aýal dymyk jaýdan çykalga tarap ýörediler. Gapyny açanlarynda olar gijeki sergin şemalyň öwüsýänini duýdular. Ýokarda asmanda ýagtyly Aý nur saçyp durdy we onuň ýagtysy şeýle ajaýyp ýagty bilen gijäni ýagtyldýardy, munuň ýaly zady Sabina hiç haçan görmändi.

— Riçard! — diýip, ol çyny bilen gürledi. — Men göni ruhy çopanyň öýüne gitjek-de, ony edil şu wagt meni çokundyrmaga mejbur etjek. Bu meniň üçin bu hapaçylyklaryň hemmesinden soň suwa düşen ýaly bir zat bolar!

Riçard güldi.

— Sen şeýle uzak garaşdyň, ertire çenli-de garaşyp bilersiň. Görgüli ruhy çopany ýatmaga goý.

Ol Sabinanyň elinden mylaýymlyk bilen tutdy-da, ony öýüne alyp gitdi.

*****

## 7-NJI BAP

Ertesi gün Riçard aýalyny ruhy çopanlar Ademsom we Ellison bilen tanyşdyrmak üçin Buharestdäki anglikan missiýasyna alyp bardy. Olaryň ikisi Sabina behişdi zatlar ýaly bolup göründi. Olaryň ikisem, Isanyň yzyna eýermek üçin hemme zatdan ýüz öwrüpdiler, olarda-da Sabinanyň edil Riçardda gören ýalynly imany bardy. Sabina olara öňki durmuşyndan aýrylmagyň nädip başardandygy hakdaky soragy özüne berdi.

Olar Mukaddes Kitaby açdylar-da, Sabina imanda ýaşamak isleýänleriň hemmesine Hudaýyň teklip edýän dolulygy hakda gürrüň berdiler. Bu onuň ýüregini ýylatdy. Olar Mesihiň Sabinanyň *bir bölegini* däl-de, ony *tutuşlygyna* isleýändigini aýtdylar. Isa geçmişini özüne mahsus bolan günäleri, ökünçleri we öýkeleri bilen bile arassalamak isleýär. Sabina özüniň özüni öldürmeklige şeýle golaý barandygyny ýatlady... ruhy çopanlary diňläp otursyna ol durmuşyndaky boşluklaryň hakykatdan dolýanyny duýdy.

Gullukçylar Isa bilen çuň şahsy gatnaşyklaryň öz içindäki çözülmedik gapma-garşylyklary aýryp bilýändigini oňa düşündirdiler. Hudaý oňa täze ýürek bilen täze islegleri berip bilýär. Mesih ondaky hapalyklaryň hemmesini ýuwup, oňa Öz dogrulygyny geýdirmegi teklip edýär. Isa onuň bar güýji bilen materializme ýapyşyp duran ýumrugyny gowşadyp, nikasyna täze, geçip gitmeýän many berip bilýär.

Sabina bu zatlaryň hemmesini edip bilýän Hudaýa we özüni üýtgedip hem azat etmäge güýji ýetýän Mesihe ynanmak isledi. Ol, ahyrsoňy, özüni şertsiz hem üýtgewsiz söýýän Hudaýa ynanmak isledi. Injil onuň duýgularyna köp garşy bolýardy, ýöne indi ol gijeki klubda duýan biynjalygyna perwaýsyz bolup bilmedi. Ahyrsoňy ol egoistik durmuşyň boşlukdan başga hiç zat däldigine düşündi.

Günä Sabina üçin özüne çekiji güýjüni ýitirdi we indi ol oňa agalyk edip bilmeýärdi. Ol özüni Isa Mesihe hemişelik, hiç hili manysyz eglişik etmezden, serhoşlukly agşamsyz, özüni öldürmek baradaky pikirsiz, bagyş etmäge taýýar boldy. Sabina Mesihi kabul etdi we ertesi gün suwda çokundyryldy.

Şondan soňky aýlarda Sabina öz bagtyny gizläp saklap bilmedi. Ol öz tanaýanlarynyň hemmesine täze tapan imany hakda gürrüň berdi. Ahyrsoňy, oňa ýaşaýşyň we ölümiň manysy açyldy. Indiki ädim — geçmişi bilen arasyny kesmekdi. Ol indi hiç haçan şol ýola düşmez ýaly, öňki durmuşyndan çürt-kesik ýüz öwürdi.

Riçard Mesihiň yzyna eýermekligiň gymmat düşýän, hatda howply bolýandygyny düşündirdi. Şeýle-de bolsa, Sabina töwekgelçilik etmäge taýýardy. Iş ýerinde ol özüniň gowy görýän jorasyny, ýewreý aýaly, bir gyra çekip, oňa Injili gürrüň berdi. Öz durmuşyny Hudaýyň nähili üýtgedendigi hakda gürrüň berende, Sabinanyň gözleri uçganaklady. Ol aýal Sabinadan yza çekilip başyny ýazgaryjy äheňde ýaýkap: “Diýmek, men indi seni doly ýitirdim-dä!” — diýdi.

Jorasynyň sözleri Sabinanyň göwnüni gaty agyrtdy, ýöne ol jorasynyň kabul etmezligine düşündi. Sebäbi onuň özi-de ozal iudaizmiň ýerine ýetirmesi oňaýsyz bolan esassyz talaplary bilen haçyň ýaşaýyş beriji hakykatynyň arasynda ýaşapdy. Ýöne indi ony hiç zat öz imany hakda şaýatlyk etmekden saklap bilmez. Her hepde Sabina Riçard bilen bile ýygnaga gitdi we täze doganlyk gatnaşyklaryndn lezzet aldy. Wagyzlar onuň ýüregine täsir etdi we ony bimaza edýän ynjalyksyzlygyna şypa berdi. Riçardam imanda berkedi. Onuň Mesih bilen gatnaşyklary has çuňlaşdy we işjeňleşdi. Sabina onuň yhlasyna guwandy we munuň özlerini nämä alyp barjakdygy hakdaky soragy özüne berdi.

Bir gün Riçard işden guwançly öwşün atyp geldi. Aýaly munuň sebäbi bilen gyzyklandy, ýöne ol onuň beren jogabyna entek taýýar däldi. Onuň adamsy ruhy çopan bolmak isleýärdi...

# 8

Faşizmiň gara bulutlary eýýäm ençe wagtdan bäri Rumyniýanyň üstünde garalyp durdy. 1939-njy ýylda, ýurt Adolf Gitleriň demir gysajyna düşende bolsa, syýasy klimat asla çydar ýaly bolmady. Ýewreýler nemes diktatorynyň ýeňişlerinden gaty gorkýardylar, şonuň üçin ýurdy gurşap alan gorky şeýle bir duýulýan bolup, ony eliň bilen hem tutup bolýan ýaly bolup göründi. Yzarlamalar baradaky myş-myşlar her bir ýewreý, şol sanda Wurmbrandlaryň hem, stolunyň başynyň esasy temasy boldy.

Bu agyr, çaganyň dünýä inmegi üçin asla oňaýsyz ýyl boldy, ýöne Hudaý Riçard bilen Sabinanyň dogasyna jogap berdi. Är-aýalyň birwagtlar çaga edinmek islemändiklerine garamazdan, olar özleriniň ilkinji çagasyny gujaklaryny giňden açyp garşy aldylar we adyna Mihaý dakdylar

“Ol hem, edil sen ýaly, gara saçly we sen ýaly owadan. — Riçardyň ýüzünde garagol ýylgyryş peýda boldy. — Ýöne ol diňe aglaýar. Ol haçan nämedir bir akylly zat diýerkä?”

Riçard ogluny ogşady we aýalyny gujaklady. Birwagtlar çagalar özleriniň aladasyz durmuşyna we keýplerine päsgel berýär diýip gorkan Wurmbrandlar indi çäksiz bagtlydy. Iman etmezinden öň Riçard, eger Sabina onuň jalaý durmuşyna päsgel beren bolsa, onda ondan pikirlenmän aýrylyşardy, ýöne indi täze doglan oglunyň barlygy onda düýpgöter üýtgeşmeleriň bolandygyny bildirdi. Şeýdip, Riçard derrew atalyk borjuny ýerine ýetirmäge başlady.

*****

## WURMBRANDLAR

Birnäçe aý geçenden soň, 1939-njy ýylyň 20-nji sentýabrynyň agşamynda şäheriň başga bir böleginde dokuz sany adam prawoslaw ybadathanasynyň öňünde göwreleri bilen haçyň şekilini emele getirip ýatyrdy. Olar ertir irdene meýilleşdirilen gandöküşige ak pata berilmegini soraýardylar. Ganhorlary — gestaponyň taýýarlan aklawçysy bilen birnäçe ýaş fanatikleri we operasiýa ýolbaşçylyk edýän suratkeşi — faşistler Germaniýadan, Italiýadan we Rumyniýadan saýlap alypdylar. Eskadron Rumyniýanyň täze premýer-ministri Armand Kalineskuny göz öňünde tutýardy. Kalinesku bary-ýogy alty aýdan bäri häkimiýet başyndady, ýöne onuň ýolbaşçylygy "Demir gwardiýanyň"1 agzalary üçin kynçylykly bolupdy. Şonuň üçin olar onuň janyna kast etmäge taýýarlanýardylar.

*****

Faşistler Rumyniýada agalyk eden wagtynda "Demir gwardiýa" prawoslaw ybadathananyň agzalaryny özleriniň syýasy oýunlaryndaky oýunçylar edip ulandylar. 1939-njy ýylyň 21-nji sentýabry irden ganhorlara özleriniň mekir meýlini amala aşyrmak başartdy, olar Buharestiň köçesinde işden Kotroçeni köşgüne gaýdyp gelýärkä, premýer — ministr Kalineskuny öldürdiler. Soňrak onuň jesedinden ýigrimi oky aýyrdylar. Onuň bilen birlikde janpenasy hem sürüjisi-de öldürildi. Wagtyň geçmegi bilen "Demir gwardiýa" häkimiýetiniň başyna Gitleriň goldaýan adamy general Iona Antoneskuny getirdi we Rumyniýanyň formal baştutany Karol II-ni öz ogly Mehaýyň peýdasyna häkimiýetden el çekmäge mejbur etdiler we Mihaýy diktator Antoneskunyň oýunçy gurjagyna öwürdiler. Şeýdip, "Demir gwardiýa" düzdüm oýnunyň soňky böleklerini ýerli-ýerine goýdy.

Indi ýaşyl formadaky galtamanlaryň elleri çözüldi, indi olar kimi häkimiýete howp salýan hasap edýän bolsalar, şoňa garşy arkaýyn göreşip bilýärdiler. Ýewreýler, kommunistler we protestantlar

olaryň duzaklaryna düşdüler, şeýdip, adam öldürmeler rumyn şäherleriniň köçelerinde adaty hadysa boldy. “Demir gwardiýa” Wurmbrandlaryň missiýasyny ýurda dönüklikde aýyplady, şeýdip, Riçard olaryň gündelik haýbatlarynyň pidasy boldy.

Ýekşenbe günleriniň birinde Riçard ýygnaga gözüni aýlanda, mukaddes ýere ýaşyl formaly adamlar toparynyň girenini gördi. Nazarlary gurbanlyk sypasyna gönügen ýygnaga gelen adamlar, bu ýere okdurylyp girilendir diýip pikir hem etmediler. Olaryň ellerinde sapançalaryň bardygyny diňe Riçard gördi. Eger bu onuň soňky wagzy bolsa, onda goý iň gowusy bolsun.

Riçard Isanyň elleri hakda wagyz edip durdy. Ol Isanyň elleriniň gözýaşlary süpürip, çagalary göterip we açlary naharlap duran şekilini suratlandyrýardy. Ol Halasgäriň elleriniň syrkawlara şypa bereni, haça çüýlenilenini we Mugallymlary göge alynmanka, şägirtlerine ak pata berenini aýtdy. Soň Riçard sägindi-de, gözlerini Mukaddes Kitapdan aýyrdy. Ol ýygnakdakylara seredip, haýbatly gygyrdy: “Sen näme? Sen öz elleriň bilen näme iş edýärsiň?” Ýygnak agzalary haýran galyp, gözlerini gyrpdylar. Olar ellerinde doga etme kitabyny saklap durdular. Ruhy çopan nämäni göz öňünde tutýarka?

Riçard özüni ele aldy-da, sözüni dowam etdirdi: “Sen bigünä adalmary öldürýärsiň, ýençýärsiň we gynaýarsyň!” Ýygnak binasynyň içindäki “Demir gwardiýanyň” esgerleri aňry başdan gaharlandylar. Ýöne olar nähilidir bir hereket etseler, olaryň barlygy bilinjekdi, şonuň üçin elleri ýaragly, Riçardyň gullugy gutararyna garaşyp durdular.

Ýygnaga gelenler ýygnak binasyndan çykanlarynda, Riçard münberiň aňyrsyndan ýuwaşja çykyp, tutynyň aňyrsynda gaýyp boldy. Onuň yzynda: “Wurmbrand nirede? Onuň yzyndan!” — diýen sesler eşidildi.

Riçard kiçijik gapydan çykdy-da, yzyndan gapyny ýapdy. Gizlin geçelge köp ýyllar mundan ozal onuň ruhy çopanyň janyny halas

etjek güni üçin gurlupdy. Ýygnak binasyndan çykyp, Riçard ümsümjek köçe bilen köp adamly köçä tarap ýöräp, ol ýerde mähelläniň içinde gizlendi.

Uruş gidip durka, ýewreýler bilen bilelikde konslagerlere köp mesihi konfessional azlygyň wekilleri hem goýberildi. Şu wagtyň dowamynda faşistler Riçardy üç gezek tutdular. Ýöne sud prosesleri, sorag etmeler, urmalar we türme tussaglyklary kommunistik režimiň zalymlygynyň diňe kölegesidi...

*****

Toýdan öň Riçard Sabina: "Meniň bilen saňa ýaşamak aňsat düşmez" — diýip duýdurypdy. Şeýdip, Ikinji jahan urşy wagtynda onuň duýduryşy hakykata öwrüldi. Buharestdäki anglikan "Ýewreýlere kömek missiýasyna" goşulyp, Wurmbrandlar öz ýurdundaky uruşdan ezýet çeken ýewreýleriň maşgalalaryna kömek edip başladylar. Olar azar berilýän ýerlerden ýetimleri gizlin alyp çykdylar, bombadan gaçyp gizlenilýän ýerlerde her gün wagyz etdiler, wenger syganlaryna kömek programmalaryny gurnadylar we kanuna garşy gizlin mesihi çärelerine gatnaşdylar.

Gitleriň oýnatgy generaly Antoneskunyň ýolbaşçylygy astynda rumyn faşistleri ýewreýleri yzarlamanyň täze tolkunynyň başyny başladylar. Wurmbrandlar has kiçiräk jaýa göçüp, zalym antisemit goňşularynyň üstünden gülmelerine çydam etmäge mejbur boldular. Olaryň jaýy ýerleşýän howluda ýewreýlere garşy goýlan plakatlar goýlandy. Olar yzarlamalardan gaça durup bilmediler, sebäbi Riçard bilen Sabinanyň pasportlarynda "*ÝEWREÝ*" diýen möhür bardy. Ysraýyl halkyna bolan ýigrenç bütin Ýewropa ýaýrady, hatda ol milli derejede wagyz edilýän ýigrenje garşy çykmaýan mesihileriň hem arasyna ýaýrady. Tiz wagtdan faşistler Ýewropada ýaşaýan dokuz million ýewreýden baş-alty millionyny gyrdylar...

Ýöne, hatda, şunuň ýaly şertlerde-de, Riçard gapy-gapy aýlanyp, antisemit goňşularyna Mesihiň söýgüsi hakda wagyz edip, olar

bilen gatnaşygy ýola goýmaga çalyşdy. Ol jaýyň eýesi bilen, soň hem, iň golaýdaky goňşulary bilen dostlaşdy. Riçardyň dilewarlygy, tebigy ugur tapyjylygy we ýiti akyllylygy öz öňünde näçe ýürek açan bolsa, şonça-da gapyny açdy.

Üçünji gatdaky goňşusy jenap Parwalesku bir gezek Riçarda şeýle diýdi:

— Siz ýewreýler hiç haçan gowy zat etmediňiz!

Riçard oňa şeýle jogap berdi:

— O, siziň tikin maşynyňyz nähili gowuja eken! Ony kim ýasady? Zinger! Duruň... Eýsem, ol ýewreý dälmi? Jenap Parwalesku, eger siz dogrudanam, ýewreýler şeýle peýdasyz diýip pikir edýän bolsaňyz, onda tikin maşynyňyzy taşlaň!

Orta ýaşlaryndaky antisemit hanym Georgesku "bu ýewreýler" hakda ýigrenç bilen köp gürleýärdi. Riçard ony diňlemegi başardy, şeýdip, ol tizara onuň öňünde ýüregini döküp başlady. Ol adamsy ony taşlap gidende çeken jebirleri, ýabany hem tertipsiz durmuşda ýaşaýan ogly sebäpli biynjalyk bolýandygy hakda oňa gürrüň berdi. Ol ogluna haýsydyr bir sözenek keseli ýokuşar diýip gorkýardy.

— Eger ol nähilidir bir kesel tutaýsa-da, biziň döwrümizde ony bejerip bolýandyr. Bilip goýuň, onuň dermanyny ýewreý döretdi" — diýip, Riçard aýtdy.

Riçardyň goňşulary özleriniň täze tanyşlaryny — mydama gülmäge mejbur edýän gepe çeper mawy gözli goňşularyny gowy gördüler. Hatda iň gödek, mydama aýalyny kemsidip ýörýän arakhor poliseý hem, Riçardyň gowulygynyň we dostluksöýüjiliginiň täsiri astyna düşmän bilmedi. Riçardyň bu adam bilen dostlukly gatnaşyklary ol adamyň ýüreginiň üýtgemegine we ondan soňky imana gelmegine alyp bardy. Tizara Riçard oňa Mihaýy motosiklde dowamly gezelençlere alyp gitmäge rugsat edip başlady, bu uruş ýyllarynda ýewreý oglanlary üçin diýseň seýrek artykmaçlykdy. Gorkunç howa çozuşlary başlananda, ýewreýlere bolsa, şäheriň çäklerinden çykmak gadagan edilende, bu poliseý Mihaýy howpdan goramak üçin ony ýurduň jümmüşine alyp gitdi. Tutulaýan

ýagdaýynda öz adynyň Ion M. Wladdygyny aýtmagy poliseý oglanjyga buýurdy.

Riçardyň dostluksöýüjiligi we duýgudaşlygy kem-kemden köp otagly jaýyndaky goňşularynyň gowy görmesini we ynamyny gazanyp başlady. Olaryň köne pikirlerini çym-pytrak etmek we öz imany hakda şaýatlyk etmek üçin Riçard gije-gündiz zähmet çekdi. Wurmbrandlaryň bir wagtky goňşularynyň ýigrenjiniň predmeti bolan jaýy indi dostluksöýüjiligiň, ruhlanmanyň we parahatçylygyň mekanyna öwrüldi. Howludaky antiýewreý plakatlar Mukaddes Kitap aýatlaryna öwrüldi. Içde dowzah möwç alýan bolsa-da, Mihaýy söýgi, täze dostlar we şol wagtky ýagdaýlarda tapyp bolaýjak köp bagt gurşap alypdy. Riçard özüniň iş gün tertibiniň şeýle dykyzdygyna garamazdan, ol munuň Mihaý bilen oýnamagyna we oňa başdan geçirmeli wadalary gürrüň bermegine ýol bermeýärdi.

*****

Köp rumynlar ýewreýleriň yzarlanylmagyna kembaha ýa-da perwaýsyz seredýärdiler, netijede halas etmek mümkin bolan müňlerçe ýewreýler öldürildi. Riçard bilen Sabina öz halkynyň ezýetlerinden daşda durup bilmediler we Holokostanyň görgüsini görenleriň hasratyny çekdiler. Olar ýewreýleri halas etjek bolup, ençe gezekler öz janlaryna töwekgellik etdiler. Mysal üçin, Tassi obasyndaky gyrgynçylyk wagtynda ýedi gyz ölmän galdy. Wurmbrandlar şol gyzlaryň tussag edilmekleri we demir ýol goragçylary bilen Buhareste äkidilmegi hakda gürleşdiler. Olary alyp baranlarynda, Riçard bilen Sabina otly gelende, olaryň öňlerinden çykyp, bu ýetimleri howpsuz ýerde gizlediler.

Soň howply missiýalar boldy, şolaryň netijesinde hem, Wurmbrandlar tutulyp, türmä salyndy. Olara köplenç sanksiýa berilmedik dini ýygnanyşyklary geçirmekde aýyplama ýöňkediler, köplenç faşistik suduň öňünde özlerini gorama mümkinçiligi berilmezinden öň olary urýardylar.

# 8-NJI BAP

Bir gün Riçard bilen Sabinanyň saklanylýan polisiýa bölümine ýewreý aýal geldi. “Siz meniň ýewreý doganlarymy tussag edipsiňiz! Meni-de tussag ediň. Olar bilen bile görgi görmek meniň üçin hormat bolar!” — diýdi.

Poliseýler ol aýalyň islegini, ýaş är-aýaly goldan başga-da köpleriň islegleri bilen bile ýerine ýetirdiler. Sudda olaryň peýdasyna bolan görkezmeler örän köp boldy. Mysal üçin, Riçard bilen Sabinanyň günäsizdiginiň subutnamasyny görkezmek üçin nemes baptisti ruhy çopan Fleýşer öz janyna töwekgelçilik etdi.

1940-njy ýylda Rumyniýa bilen Beýik Britaniýanyň arasyndaky gatnaşyklar bozuldy, şeýdibem, Buharestde gulluk alyp barýan anglikan missiýasynyň işgärleri öýlerine gitmeli boldular. Uly ruhy çopan Jorj Stiweniň, “Anglikan ýewreýlere kömek missiýasynyň” baştutanynyň, kätibi bolup işlän Riçard gullugy ýekelikde dowam etdirmeli boldy. Urşuň ahyrlarynda, bäş ýyla golaý wagtdan soň, Riçard başga mesihi konfessiýasyna gitme kararyna geldi. Birazrak wagtlap ol öz ýurdunyň ilatynyň köp bölegini ýykgyn edýän prawoslawiýany kabul etmek hakda pikirlendi, ýöne olaryň daşky formallyklary, däpleri we manysyz dabaralylygy ony gaharlandyrýardy. Ol katoliklerden şu sebäpli ýüz öwrüpdi. Ol latyn diliniň ulanylmagyny ýigrenýärdi, sebäbi ol mesihileriň Mukaddes Kitaba düşünmegine diňe päsgel berýärdi.

Başga bir tarapdan Riçard protestant seždе etmesiniň ýönekeýligini we gönüligini, onuň Mukaddes Kitabyň ýönekeý hem düşnükli wagyz edilmesinde ünsi jemleýändigini gowy görýärdi. XVI asyryň protestant reformatory Martin Lýuteriň durmuşy hem mirasy onda täsir galdyrypdy, şonuň üçin lýuteran ruhy çopany hökmünde el goýulmany alma kararyna geldi. Ol Lýuteriň yhlasly göni wagzyna we onuň Isa Mesihi her bir ýönekeý adama meşhur etmäge ýürekden dyrjaşmasyna guwanýardy.

Lýuterem, Riçardam Injiliň konfessional päsgelçilikleri ýeňmäge ukybynyň bardygyna ynanýardylar. Lýuter öz döwrüniň dini wekillerine garşy duranda, söweşjeň hem kejir bolup bildi.

Şeýle-de bolsa, onuň kejirligi, Riçardda bolşy ýaly, ikisiniň hem, Hudaýyň Sözünden alýan ruhy güýjünden döredi. Lýuter üçin gutulyş iş däl-de, merhemetdi. Özüniň günäliliginiň nähili çuňdugyny bilýän Riçard hiç kimiň gutulyşa mynasyp bolar ýaly derejede takwa däldigine-de düşünýärdi. Ol Lýuteriň Ýewropada protestant Reformasiýasy wagtynda gören ruhy galkynyşyna teşnedi. Galkynyş ýene Ýewropany eýeläp bilermikä? Rumyniýa reformasiýanyň elýeterliginden daşda däldi. Eger Lýuter ýaly, Riçard hem, garşydaşlary hem döwlet tarapyndan yzarlanylma, ogurlanylma we türme tussaglygyna duçar edilse, diýmek, bu şeýle bolmalydyr!

Riçard wagyzçy hökmünde tizara bütin ýurda meşhur boldy. Onuň, esasan hem, imana täze gelen ýewreýlerden ybarat bolan lýuteran ýygnagyndaky agzalaryň sany-da müňe baryp ýetdi. Ol türmelerde, jelephanalarda we klublarda Injili wagyz etdi, norweg, şwed we britan missiýalarynda işledi, ýygnaklaryň Bütindünýä sowetiniň işine gatnaşdy, rumyn gizlin hereketiniň döredilmeginde liderlik roluny oýnady. Ikinji jahan urşunyň ahyrynda Riçard Täze Ähtiň rus dilindäki müňlerçe ekzemplýarlaryny çap edip, olary Rumyniýada öýlere ýerleşdirilen sowet esgerleriniň arasynda ýaýratdy.

Ol bu ajaýyp mümkinçilikler üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirip: “Eý Hudaý, Seniň rehimiň bilen meni urýanlaryň we adamyň üstünden gülýänleriň biri däl-de, urlanlaryň we üstünden gülnenleriň biridigim üçin Saňa minnetdar!” — diýip doga etdi.

*****

Bäş ýylyň dowamynda Wurmbrandlar faşistler tarapyndan güýçlendirilen yzarlamalara garşy çykdylar. Kä türmä düşmek, kä ondan çykyp, ýene türmä düşmek bilen Riçard hem Sabina ölüme höküm edilmeden bir ädim bärde galdylar. Rumyniýanyň

harby tribunalynyň işe garamasy wagtynda — iň ýokary hüküm yglan edilmezinden bary-ýogy bir sagat öň — iň meşhur rumyn gazetiniň baş redaktory, Wurmbrandlaryň azatlyga çykarylmagyny gazanmak üçin, mümkin boldugyça köpräk görnükli dini işgärleriň ünsüni çekjek we suda basyş etjek bolup, çendenaşa köp tagalla etdi. Ruhy çopanyň maşgalasyna kömek etmek üçin başga-da köp syýasatçylar özleriniň abraýyna we azatlygyna töwekgelçilik etdiler. Şwed diplomaty jenap Patrik fon Rýuterswerdeniň birnäçe gezek goşulmasy Riçardyň faşizmiň agalyk edýän bütin döwrüni gözenegiň aňyrsynda geçirmejekdigine kepil geçdi. Diplomatyň general Antoneskuna ähmiýetli täsir etmesi Riçard tussag edileninden soň we mejbury işlere goýberilenden soň azatlyga çykmagyna ýardam etdi.

1944-nji ýylyň 23-nji awgustynda kämillik ýaşyna ýetmedik korol Mihaýyň howandarlary hökmünde hereket eden syýasatçylar topary, general Antoneskuny tagtdan agdardy-da, onuň faşistik Germaniýanyň syýasatyna ýykgyn etme syýasatynyň soňuna çykdylar.

Moskwada Dördünji Moskwa konferensiýasy boldy, onuň maksatlarynyň biri-de, uruşdan soňky dünýäniň keşbini kesgitlemekdi. Soýuzdaşlar Uinson Çerçill bilen Iosif Stalin özüniň Kremldäki otagynda, biri-biriniň garşysynda oturdylar.

“Angliýa bilen Russiýa babatda aýtsak — diýip, Çerçill söze başlady, — siz Rumyniýada agdyklyk edýän 90 göterimi[1], biziň bolsa, Gresiýada agdyklyk edýän 90 göterimi eýelemegimize, Ýugoslawiýada bolsa deň ýarysyny paýlaşmagymyza razymy?”[2]

Çerçill kagyzyň ýüzünde özüniň çaklamasyny ýazdy, Stalin hem bir minut seredip çykandan soň, razylygy aňladýan söz bellijegini goýdy.

---

[1] Çeşmede “Rumyniýa” “Ramaniýa” diýlip ýazylar.

[2] Jozef M. Sirakuza, “Stalin bilen Çerçilliň Ýewropany paýlaşan gijesi: Waşingtona garaýyş”, “Review of Politics”, belgi 3 (iýul, 1981 ý.): s. 381.

Tiz wagtdan Rumyniýa millionlarça sowet goşuny girizildi-de, ýurt täze “soýuzdaşlaryň” ygtyýaryna düşdi.

*****

Sowetler öz halkyny zorlan, gynan we talan gitlerçilerden ar alyp, Berline aýdyp bolmajak gazap bilen okdurylyp girdiler. Ikinji jahan urşy dünýäniň üç göterim halkyny alyp gitdi. ABŞ ýarym milliona golaý, nemesler bolsa, ýedi milliona golaý adamyny ýitirdiler, emma Sowetler iki ýurduňkyny birikdireniňdäkiden-de esli köp — ýigrimi milliondan gowrak adamyny ýitirdi.

Berlin ugrundaky söweşde ýeňleninde, Adolf Gitler öz bunkerinde özüni öldüren wagtynda, Sabina otuz bir ýaşyndady. Mihaý ýaňy alty ýaşyndady. Riçard bilen Sabinanyň çeken urgulary örän ýowuzdy, emma olaryň şondan soň kommunistleriň elinden çekjek ezýetleri bilen deňeşdireniňde, olar hiç zatdy. Kommunistler ýüz milliona golaý jany alyp giden, dünýäde şu wagta çenli görülmedik iň uly gyrlyşyga başlarlar. Mundan başga-da, faşistleriň agalyk eden döwründäkiden tapawutlylykda, indi Rumyniýada dine orun ýokdy (Gitler döwlet tarapyndan sponsorlyk edilen mesihilige çydam edýärdi, hatda özüniňem dini adamdygyny aýdýardy). Marksistik garaýyşlara eýerýän Iosif Stalin mesihiligi sowet häkimiýetini ýykjak bolup howp salýan zat hökmünde düşündirdi. Şeýdip, mesihiler şeýle uly masştablarda, faşistler döwründe-de hiç haçan görlüp eşidilmedik zalymlyk bilen yzarlamalara, gynamalara we gyrylmalara duçar edildi.

Reb Riçard bilen Sabinany öňde duran eýmençliklere taýýarlady. Faşistleriň gözegçiliginde bolan Rumyniýanyň durmuşy mesihilik gullugyny nädip gizlin alyp barmalydygyny görkezdi. Olar örän gizlin maglumaty ynanyp boljak adamlary kesgitlemegi we etniki yzagalak garaýyşlary söýgi bilen ýeňip geçmegi öwrendiler.

Wurmbrandlar Mukaddes Ruhuň kömegi bilen islendik gynamalara garşy durup we duşmanlaryny bagyşlap biljekdiklerine

özleriniň tejribesinde göz ýetirdiler. Kommunistleriň fiziki hem psihologiki basyşlarynyň her neneň gynaýjy, kemsidiji ýa-da kiçeldiji boljakdygyna garamazdan, olar olara döz gelip, özlerini gynaýjylary söýüp bilerler. Mesih olar üçin gynaldy, şonuň üçin Ol olar hem Özi ugrunda gynalanlarynda kömek eder.

# 9

Uruş adamlara özlerine ýamanlyk edenleri bagyşlamaga köp mümkinçilikleri berdi. Uruş ýaňy başlananda, on müňlerçe ýewreýler öldürildi we ýurtdan çykaryldy. Diňe Ýassa şäheriniň özünde bir günde on bir müň adam öldürildi. 1939-njy ýylda Riçard bilen Sabinanyň Buharestde ýaşandygy olary ölümden halas etdi. Emma Sabinanyň ene-atasyny, üç uýasyny we kiçi inisini we Bukowinada ýaşaýan beýleki garyndaşlaryny Pridnestrowýedäki serhediň boş obasyna iberdiler[1]. Ol ýere barýan ýol gaty agyrdy, şonuň üçin ol köp adamlary öldürdi. Ýöne barybir ol ýere baranlara açlyk, kemsidilme we sudsuz hem derňewsiz atylmalar garaşýardy. Pridnestrowýedäki genosidiň netijesinde Sabinanyň maşgala agzalarynyň hemmesi atyldy.

Riçard muny aýalyna habar berende, onuň aýaklary ysman, ol kürsiniň üstüne ýykyldy. Çagalykdaky ýatlamalar onuň üstüne hüjüm etdi. Indi ol ejesini hem kakasyny hiç haçan görüp bilmez! Uýalaryny we inisini hiç haçan gujaklap bilmez! Olar nähili şertlerde öldüler? Olaryň janlaryny kim aldyka? Ol ýüregini tutdy, bokurdagyndan ýürekden çykýan agy çykdy.

Sabina maşgalasynyň agysyny ýene agladymy? Riçard muny gaýdyp hiç haçan görmedi. “Men indi aglajak däl — diýip, ol

---

[1] Rumyniýa faşistik Germaniýanyň orbitasyna düşmezinden öňem, rumyn häkimiýeti gazaply antisemit yzarlamalary geçirdi — bu aýratynam, günorta sebitlerde ýaşaýan, sowet kommunizmini halamakda aýyplanylan, şeýle hem, Transilwanide ýaşaýanlara we Wengriýanyň öňki häkimiýetine deňeşdirilen ýewreýlere garşy geçirildi.

güýjüni bir ýere jemläp we eginlerini dikeldip aýtdy. — Seniň bagtly aýalyň, Mihaýyň bolsa — bagtly ejesi bolmaly. Biziň ýygnagymyz batyr gullukçylara mätäç”.

Mundan soň köp wagt geçmänkä, Wurmbrandlara jaýyny kireýine berýän Hudaýa wepaly mesihi Riçarda onuň öýünde bir esgeriň düşländigini habar berdi.

— Men ony uruşdan öňem tanaýardym. Ol tanar ýaly bolman üýtgäpdir — diýip, öý eýesi ellerini owkalap uludan demini aldy. — Ol hakyky haýwan bolupdyr, Pridnestrowýede ýewreýleri gyrmaga meýletin seslenendigini aýdyp öwünýär. Ol olaryň ýüzlerçesini öz eli bilen öldürendigine buýsanýar!

— *Pridnestrowiýede?!* — Riçard arkasynyň tikenekläp gidenini duýdy. — *Munuň ýaly zat bolup bilermi?*

Riçard Sabina hem Mihaý bilen agşamlyk naharyny edinýän wagty, eşiden zatlary hakda we bu meselede näme etmelidigi hakda pikirlendi, ýöne esger baradaky täzeligi daşyna çykarmady. Ogluny ýatyranyndan soň, Sabinanyň özi-de uklady. Diňe Riçard ýatyp bilmedi. Ony howsalaly pikirler gynaýardy. Hudaý onuň ruhuna asudalyk bermeýärdi. Ol ýorganyň aşagyndan çykyp, ýokary, jaýyň eýesiniň otagyna galdy. Ol gapyny kakdy, gapy açylanynda bolsa, myhman otagdaky diwanyň üstünde gaýşaryp ýatan myhmany gördi.

Öý eýesi esgeri goňşusy bilen tanyşdyranda, esger öziniňem boýy gysga bolmadyk Riçarddan ýokary bolup durdy. Täze ýaşaýjynyň ady Borilady. Bu esgeriň bolmagynyň özi otagy eýmençlik ruhundan dolduryp durdy. Riçardyň göwnüne ol esgeriň geýmine siňen pidalaryň ganynyň metallik ysyny duýýan ýaly boldy. Gürrüň alşyp başlady welin, Borila sansyz-sajaksyz ýewreýleri, şol sanda ene-atalarynyň ellerinde tutup duran çagalaryny-da öldürenini aýdyp, eden gahrymançylygy hakda öwünip gürrüň berip başlady.

Riçard esgeriň gürrüňini, kä gazaplanyp, kä-de oňa bolan nebsagyryjylygy hem gussany duýup, sabyrlylyk bilen diňledi. Borila öz bulguryndan owurtlajak bolup bir pursatlyk dymdy. “Bu

gaty gorkunç waka — diýip, Riçard ýuwaşja aýtdy, -Ýöne men ýewreýler üçin gorkamok. Olaryň ejir çekendikleri üçin Hudaý olara sylagyny berer. — Ol esgeriň göni gözlerine seretdi — Meni olary öldürenler Hudaýyň sudunyň öňünde duranda, olara boljak zatlar hakda pikir edenimde, ýüregim gyýylýar".

Borila oturgyçdan böküp turdy. Onuň ýogyn boýnundaky uly damary güýçli urdy. Jaýyň eýesem, esgeriň Riçarda topularyndan howatyr edip, ýerinden turdy. Riçard bilen Borila onuň öýünde myhmandylar, şonuň üçin ol urşuň bolmagyna ýol berip biljek däldi. Borila Riçarda göz astyndan seretdi, soň hem, özüne gelip, kürsüde oturdy.

Şol pursatdan başlap, gürrüň birneme bitarap tema geçdi. Riçard Borilanyň ýakymly gürrüňdeşdigini duýdy. Ol sazy gowy görýän eken, şol sebäpden hem, Ukrainada bolan wagtynda, ukrain halk aýdymlaryny höwes bilen diňländigini gürrüň berdi. "Men ýene, iň bolmanda, ýekejesini diňlärdim" — diýip, Borila arzuw edip aýtdy.

Riçardam ol aýdymlaryň käbirlerini bilýärdi, şoňa görä-de, mümkinçiligi elden gidermezlik kararyna geldi. "*Balyk meniň çeňňegime düşdi!*" — diýip, ol pikir etdi.

— Eger birnäçe ukrain sazlaryny diňlemek isleseňiz, meniň öýüme düşüň. Men onçakly gowy pianinoçy-ha däl, ýöne käbirlerini çalyp biljek — diýip, ol Borila teklip etdi.

Maşgalasy uklap ýatan bolsa-da, Riçard olary öýüne çagyrdy-da, Borilanyň gowy görýän sazlaryny çalyp başlady. Esgeriň gaşlary ýokary galdy, ýüzi gyzardy. Şaul patyşa arfada saz çalyp beren ýewreý çopany Dawut ýaly, Riçard sazyň adama ýakymly täsir edýänini bilýärdi.

Gynansak-da, Riçardyň repertuary derrew gutardy. Ol ellerini klawişden aýryp, ganhora tarap öwrüldi.

— Men size örän wajyp bir zat aýtmak isleýärin.

Borila gözlerini süpürdi:

— Dowam ediber!

## 9-NJY BAP

— Eger siz bu tutynyň aňyrsyna seretseňiz — diýip, Riçard goňşy otaga alyp barýan koridorjygy görkezip, söze başlady — siz ol ýerde kimiň ýatandygyny görerdiňiz. Ol meniň aýalym Sabina. Onuň ene-atasy, uýalary we on iki ýaşly inisi, şeýle hem, beýleki maşgala agzalary öldürildi. Esger tuta seretdi. — Siz maňa Goltanyň eteginde ýüzlerçe ýewreýleri öldürendigiňizi aýtdyňyz...

Borila başyny atdy.

— Hut şol ýerde olary atdylar. Siziň özüňiziň kimi atandygyňyzy bilmeýändigiňiz sebäpli, onuň maşgalasyny atan adam hut siz diýip çaklap bileris.

Borila oturgyçdan böküp turdy.

Riçard elini galdyrdy.

— Duraweriň. Geliň, eksperiment geçireliň. Men aýalymy oýarýaryn we siziň kimdigiňizi we näme edendigiňizi oňa gürrüň berjek. Şondan soň näme boljagyny men size anyk aýdyp biljek.

Borila düşünmän ruhy çopana seredip durdy.

— Meniň aýalym sizi ýekeje söz bilenem ýazgarmaz. Ol sizi, edil özüniň erkek dogany ýaly gujaklar we stoluň üstüne öýde bar bolan iň gowy iýmiti goýar — diýip, Riçard ony ynandyrdy.

Borilanyň ynanmandygy görnüp durdy. Eger ol Sabinanyň maşgalasyny öldüren bolsa, onda ol ondan olaryň ganyny talap eder.

Riçard dowam etdi:

— Şeýlelikde, eger biziň hemmämiz ýaly günäli bolan Sabina şeýle bagyşlap hem söýüp bilýän bolsa, onda kämil söýginiň özi bolan Isanyň sizi nähili bagyşlap hem söýüp biljekdigini göz öňüne bir getirip görüň. Eger siz Oňa ýüzlenseňiz, eden zatlaryňyzyň hemmesi bagyşlanar!

Borilanyň batyrsyramasy şol pursatda ýok boldy. Günä hem bagyşlama teşneligi onuň üstüne dolup daşdy. Ganhor iki eli bilen köýnegini tutdy-da, ony ýyrtdy.

— Eý Hudaý, men näme etmeli? Men näme etmeli? — diýip, ol elleri bilen kellesini tutup aglady. — Men ganhor! Meniň ellerim gana bulanan! *Men näme etmeli?!*

Riçard gygyryp ýüzlendi:

— Reb Isa Mesihiň ady bilen men iblisiň ýigrenjiniň seniň kalbyňdan çykmagyny buýruk berýärin!

Borila özüne erk edip bilmän titredi, erkekleriň ikisi-de sesli doga etmeklerini dowam etdiler. Esger gaýta-gaýta Hudaýdan özüni bagyşlamagyny we ynsabyny öz eden erbetlikleriniň gynamasyndan halas etmegini sorady.

Borila Hudaýy çagyrmasyny gutaranyndan soň, Riçard sözüni ýatladyp:

— Men eksperiment görkezmegi wada berdim, beren sözümde-de duraryn — diýdi.

Ol gapynyň aňyrsyndaky tutyny süýşürip, Sabinanyň ýatan ýerine girdi.

— Bizde bir myhman bar, saňa onuň bilen tanyşmak gerek — diýip, ol aýalyny egninden yralap pyşyrdady. Ol gözlerini owkalap, krowatda oturdy. — Bu adam seniň maşgalaňy öldürendir diýip pikir edýärin, ýöne indi ol toba geldi-de, biziň doganymyz boldy! — diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.

Sabina haladyna dolanyp, birnäçe sekuntlap, sessiz oturdy, soň hem ýerinden turup, maşgalasyny öldüren bilen salamlaşmaga çykdy.

Sabina özüni gujaklanynda, Borila aýdyp bolmajak derejede haýran galdy. Olar biri-birini gujaklap durup, biri-biriniň ýaňagyndan gaýta-gaýta ogşap bile agladylar. Riçard öz aýalynyň ýüregini bilýärdi. Eger Hudaý Sabinanyň öz geçmişindäki günäleri bagyşlap bilen bolsa, ol hem, Borilany bagyşlap biler. Eger Hudaý onuň ynsabyny adamlarda döreden öýkelerinden, aýdan ýalan sözlerinden, ýetiren zyýanlarynyň hemmesinden arassalap bilen bolsa, onda Ol Borila üçin hem, edil şu zatlary hiç hili şübhesiz edip bilýär. Soň hem, Riçardyň öňünden aýdyşy ýaly, Sabina esgere nahar taýýarlamak üçin aşhana gitdi.

Sabina aşhanada güýmenip otyrka, Riçard iki ýaşly oglunyň otagyna bardy. Ol entegem elinde uklap ýatan Mihaýy görkezmek

üçin myhman otaga getirdi. Borilanyň ene-atasynyň elindäki ýewreý çagalaryny-da öldürendigini aýdyp öwünip oturanyna bary-ýogy birnäçe sagat geçdi.

— Onuň nähili ümsüm uklap ýatanyny görýärmiň? — diýip, Riçard aýtdy. — Sen hem Gökdäki Atasynyň ellerinde dynç alyp biljek täze doglan çaga meňzeşsiň. Isanyň döken Gany seni arassalady.

*****

Şol gije Borila Wurmbrandlarda ýatmaga galdy we ukusyny alyp oýandy.

— Men köpden bäri beýle ýatmandym — diýip, ol boýun aldy. Ertirlik naharyndan soň ol Riçard bilen beýleki mesihi ýewreýleriň öýlerine bardy. Ol ýerlerde-de ol özüniň taryhyny gürrüň berdi, olar hem ony gaýdyp gelen ýiten ogul hökmünde garşy aldylar.

Riçard Borila bir Täze Äht berdi-de, Isa Mesihiň iň zalym ganhorlaryň hem ýüreklerini üýtgedişi hakdaky wakalary gürrüň berdi. Ol birwagtlar Tarsusly Şawulyň hem Hudaýyň halkyny öldürenini, ýöne Damaska barýan ýolda Mesihe duşanyndan soň, Pawlus hökmünde tanalyp, tanymal missioner bolanyny gürrüň berdi.

Tiz wagtdan Borilanyň goňşy şäherde ýerleşýän polkuna gitmeli wagty geldi. Onuň bölümini fronta iberýärdiler, şonuň üçin ol iň wajyp karara gelmelidi.

— Men näme etmeli? — diýip, ol Riçarddan sorady. — Men ýene adam öldürmeli bolýaryn.

— Ýok, — diýip, Riçard jogap berdi, — sen eýýäm gaty köp adamy öldürdiň! — Ol indi özüniň imandaky doganyny gujaklady-da: — Gowusy başgalaryň seni öldürmegine ýol ber. Muny Mukaddes Kitap gadagan etmeýär.

Borila başyny atdy, soň harby papagyny geýip gitdi.

## WURMBRANDLAR

Wagtyň geçmegi bilen ol Wurmbrandlaryň iň ýakyn dostlarynyň biri boldy. Soňrak Riçardyň degşip aýdyşy ýaly, Sabinanyň durmuşa çykanyndan soň ogşan iki erkegi öz äridi we öz maşgalasyny öldüren adamdy.

# 10

“Gelýärler! — diýip, oglanjyk welosipediniň pedalyny gaty howlukmaç aýlap we Riçard bilen Sabina tarapa okdurylyp gelşine gygyrdy. — Ruslar gelýär!”

1944-nji ýylyň 31-nji awgusty güni sowet goşunlarynyň ilkinji kolonnalary Buhareste golaýlaşdy. Wurmbrandlar olaryň öňlerinden çykmaga gitmek üçin ýedinji belgili tramwaýa garaşyp, duralgada ýakyp barýan Günüň aşagynda durdular. “Biz olary garşy alma mümkinçiligini sypdyryp bilmeris — diýip, Riçard Sabina aýtdy. — Ruslara Injili wagyz etmek — bu ýerdäki jennetdir!”.

Riçard uruş wagtynda ruhy çopan bolany üçin, köp ruslary faşistik lagerlerde bolan wagtyndan bäri tanaýardy. Ateistleriň ýigrimi bäş ýyllap “beýnini ýuwandyklaryna” garamazdan, ruslar instinktiw taýdan dini adamlar bolmagyna galypdylar, şol sebäpden hem, Injili teşnelik bilen kabul edýärdiler.

Gyzyl baýdaklaryň birazajygy, “edermen Gyzyl goşun” gelende garşy almak üçin çykan ýerli kommunistleriň ýokarsynda gözýetime ýetip durdy. Kommunistler Riçard bilen Sabina gyzyklanma bilen gizlin seredýärdiler, sebäbi ilatyň köp bölegi “halas edijilerden” mümkin boldugyça daşrakda durmaga çalyşýardylar. Ýanlarynda ýaňyja öwrenen rus dilindäki sözlerini tolgunma bilen gaýtalap, birnäçe rumyn ýolbaşçylary adaty sowgatlar, çörek hem duz bilen durdular.

Uruş gutardy. Riçard bilen Sabina uzak garaşylan ýeňilligi we täze mümkinçilikleriň peýda bolmagyny öňünden göz öňüne getirýärdiler. Riçard uzyn boýly we giň eginli görnükli ýigitdi, onda Hudaýa bolan

imanyndan döreýän adatdan daşary ynamlylyk görünýärdi. Onuň gysga boýly aýaly, ýanynda ýylgyryp durdy. Uzakda jaňlar kakyldy. Indi hiç ýerde atyşma sesi eşidilmeýärdi. Belki, ýene hemme adamlar dost bolarlar.

Riçard bilen Sabina, geljekden nämä garaşmalydygy hakda pikirlenip, entegem boş duran ýola seredýärdiler. Indi ruslar olaryň soýuzdaşlarydy, ýöne olar öňküsi ýaly, talaňçylyga we zorluga meýilliligi bilen meşhur bolan basybalyjylaryň goşuny bolmagyna galýardy. Olar Buharestde uzak galarmykalar?

Birden motorlaryň güwwüldisi eşidildi. Birnäçe minutdan soň, top salynýan ýerinde gyzyl ýyldyzly şlemler görnüp duran, zynjyrlarynyň astynda ýer titreýän ullakan tanklar göründi.

Şähere sowet ýoldaşlary giren wagtynda rumyn kommunistleri hekgerip durup, güýçlerinde baryny edip, "Internasionaly" aýtdylar. Birinji tank saklanmaga taýýarlanyp, badyny gowşadanynda, sesler ýatyşdy. Sabina tankyň sypyrylan tozanly poladyna seretdi. Onuň gözleri puşkanyň asmana seredip duran ullakan nilinde saklandy.

Salamlaşma çykyşlary gutaranyndan soň, rumyn ýolbaşçylary tankyň komandiriniň ýanyna çörek bilen duz eltdi. Onuň ýanynda duran ýaş seržant şol günki baýramçylyk duşuşygyna baran az sanly aýallaryň biri bolan otuz iki ýaşly Sabina seretdi.

— Nähili owadan — diýip, ol bakyň gyrasynda eglip we ýylgyryp aýtdy. — Sen näme teklip edip biljek?

Sabina daraklygyna galyp, oňa kitap uzatdy.

— Men size Mukaddes Kitap getirdim.

— Çörek, duz we Mukaddes Kitap. Hemmämiz suwsuzlykdan ölüp barýarys! — diýip, ol uludan güldi we şlemini çykardy. Onuň sary saçlary Güne ýalpyldady. — Islendik ýagdaýda-da, sag bol!

Tanklar haýdadylar. Olaryň metal zynjyrlary ýola batdy, herekete getirijilerinden bolsa, gara tüsse çogup çykdy. Tanklaryny güwwüldedişip, kolonna gözden ýitdi. Riçard bilen Sabina çykan gazyň gara bulutlarynda boglup üsgürdiler we gözlerini owkaladylar.

# 10-NJY BAP

Är-aýal öýüne gaýdyp gelýärkäler, tramwaýyň äpişgesinden ruslaryň ýoluň gyrasyndaky garypja dükanlaryny talaýyşlaryny gördüler. Olar göni tratuara şeraply çelekleri, kakadylan etli, towuk butly we şöhlatly ýaşşikleri süýräp çykarýardylar. Sowet esgerleri üçin, hatda faşistleriň werýan eden Buharesti hem, juda baý ýaly bolup göründi.

Tramwaýdan düşende Riçard rus esgerleriniň birnäçesi bilen gürleşmäge çalyşdy, ýöne muňa jogap edip, diňe: “Bu ýerde nirede arak tapyp bolýar?” diýen bir soragy eşitdi.

Riçard bilen Sabina täze meýilnamalary gurmak üçin öýlerine gaýdyp geldiler. Sowet esgerleriniň görgüli ýüreklerinden Hudaý ogurlanyp, diňe adam tagallalary bilen hiç haçan gurup bolmajak ýerdäki jenneti wada bermelere çalşylypdyr. Faşistik terror gutardy, indi Rumyniýanyň ýaşaýjylary ruslar hem tizara parahatlyk bilen giderler diýip umyt edýärdiler. Şonda az adam Rumyniýanyň özlerini türmelere alyp barjak ýola, köp adamlaryň mazarlary bilen belleniljek ýola düşendigini bildi. Şol pursatdan başlap, täze zalymlyk, faşistleriňkiden-de gazaply hem gorkusyjy zalymlyk başlandy...

# 11

Sowetler ýurda güýç bilen girende, ilaty takmynan ýigrimi dört milliona ýetýän Rumyniýada kommunistik partiýanyň agza sany ujypsyzja on müň adama ýetýärdi — bu bolsa, bir stadiony zordan doldurjakdy. Ýerli kommunistleriň entegem demokratiýany görkezen bolup ýörendiklerine garamazdan, ýurdy indi Moskwadan dolandyrýardylar. “Biz her bir adam bilen dostlukly aragatnaşyklary ýola goýmak isleýäris — diýip, olar yglan edýärdiler. — Dini azatlyk? Gürrüňsiz! Konstitusion monarh hökmünde Mihaý korol köp partiýaly kabinetiň ýolbaşçysy bolýarmy? Näme bolman?”

Kommunistler Rumyniýa beren wadalary bilen Günbatary aldawa saldylar, şeýdibem, gysga wagtyň dowamynda ýurt dini azatlykdan peýdalandy. Ýewreýlere we protestantlara zalymlyk eden prawoslaw ybadathana özüniň doly güýjüni ýitirdi, diktator Antonesku bolsa jezalandyryldy. Ahyrsoňy, Rumyniýa demokratik döwlet bolan ýaly bolup göründi. Emma tizara maska aýryldy.

“Döwlet başyna kommunistleri bellemek gerek!” — diýip, Sowet Soýuzynyň daşary işler ministri ýaş korol Mihaýyň iş otagyna okdurylyp girip we stoly ýumruklap arlady. Rumyn goşuny hem polisiýasy ýaragsyzlandyryldy, şeýdibem, kommunistler häkimligi öz eline aldylar. Russiýada prawoslaw ybadathana eýýäm döwletiň iň kiçi zady bolupdy. Rumyniýada-da bolýança näçe wagt geçmeli bolar?

*****

# 11-NJI BAP

Täze gelen okkupantlaryň durmuşda görýän ýekeje zady bardy: içmek, talamak we weýran etmek. Olar köçelerde öten-geçenleri talap, olaryň welosipedlerini we sagatlaryny alýardylar. Ruslar öýlere girip, ýaşlardan başlap, garry aýallara çenli, müňlerçe aýallary zorlaýardylar. Sowet goşuny öz hatarlaryndaky tertibiň galanlaryny ýaragyň kömegi bilen dikeldýärdiler, ýöne talaňçylyk uly göwrümde dowam edýärdi.

Sowetler Rumyniýany tutuş deňiz harby flotundan, lokomotiwiň ýarysyndan we ähli awtomobillerden mahrum etdi. Olar oba hojalyk önümlerini, mallary we nebiti alyp, olaryň hemmesini Russiýa alyp gitdiler. Birwagtlar Ýewropanyň ammary hökmünde belli bolan Rumyniýanyň özi indi aç hem garyp düşüp galdy.

Bir gün Norwegiýadan gelen dogumly Anusa, Sabinanyň ýakyn joralarynyň biri, Wurmbrandlara kofe içmäge geldi. “Ah, bu ruslara seretsene! Siz biziň Moskwa bilen “ikitaraplaýyn bähbitli” ylalaşyklarymyz hakda eşitdiňizmi? Olar biziň bar bugdaýymyzy alýarlar, onuň ýerine... biz ýene olara nebtimizi-de berýäris! Düýn men her eline üç sany sagat dakyp ýören rus esgerini gördüm. Olar köçelerde, awtobusda konduktoryň töleg puluny ýygnaýşy ýaly, adamlaryň zatlaryny ellerinden alýarlar!”

Anusa güldi, ýöne Rumyniýanyň gülki ýadyna düşenokdy. Sowet goşuny eýýäm ony milliardlarça dollarlyk talapdy. Dükanlar boşdy, adamlar iň zerur zatlary almak üçin tükeniksiz nobatlara durýardylar. Rumyniýa Stalin sözünde durar diýip umyt edýärdi. Germaniýa gutarnykly ýeňleninde, Gyzyl Goşun gider. Şeýdip, bu zatlaryň hemmesi gutarar...

*****

Faşistleriň Rumyniýany dolandyran döwründe Wurmbrandlar olaryň pidalaryna kömek etmek üçin ýadaman zähmet çekdiler. Indi bolsa awçy yzarlanylýan boldy. Faşist goşuny yza çekileninden soň, olaryň käbir bölümleri galdyryldy, şonuň üçin indi olar,

rumyn şäherleriniň köçelerinde özlerini gözläp ýören sowet goşunlaryndan özbaşdak goranmaly bolýardylar. Nemesler açdylar we gorkýardylar, köpüsi öldülerem. Indi millionlarça adamlary öldüren, köp ýurtlary boşadan we Wurmbrandlaryň maşgalasyny we dostlaryny öldürenleriň özleri edil şolar ýaly zadyň pidasy boldular. Riçard bilen Sabina olara kömek etmän bilmediler.

"Hudaý mydama yzarlanylýanlaryň tarapynda" — diýip, Riçard ganhorlar üçin öz howpsuzlygynam hatda janyna hem töwekgelçilik edýänine gülýän adamlara jogap berýärdi. Hudaý Wurmbrandlara ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap bermäniň seýrek duş gelýän ukybyny beripdi.

Öňki nemes esgerleriniň mydamalyk akymy Riçard bilen Sabinanyň öýüniň üstünden geçýärdi. Howludaky kiçijik ammarda üç sany nemes ofiseri gizlenýärdi. Garaňky düşende Riçard bilen Sabina dyza ýetip duran garyň içinden geçip, olara iýmit eltip berýärdiler we olaryň bedrelerini dökýärdiler. Olar nemesleriň eden wagşyçylyklaryny ýigrenýärdiler, ýöne indi olar bilen gürleşýärdiler-de, özlerini kowalanyň gözenege salnan wagşy ýaly azrak duýmaklaryna kömek edýärdiler.

Bir gün gije nemes kapitany Sabina:

— Men size pikir edýän zadymy aýtmalydyryn. Ýeňlen goşunyň esgerini gizlemegiň yzy bilen ölüm jezasyny alyp gelýäni size mälimdir. — Onuň başyny ýazgaryjylyk bilen ýaýkaýany hatda garaňkyda hem Sabina göründi. — Nemes goşuny ýene Buhareste girende, bu bolsa gürrüňsiz hökman şeýle bolar, men asla siziň men üçin edýän zatlaryňyzy siz üçin etmerin.

Düňderilip goýlan ýaşşigiň üstünde oturyp, Sabina oňa düşündirmäge synanyşdy:

— Häzir siz meniň öýümde myhmançylykda. Meniň ýakynlarymy faşistler öldürdi, ýöne muňa garamazdan, siz meniň öýümiň üçegi astyndakaňyz, men sizi diňe bir goraman, eýsem, size myhmana goýulmalysy ýaly hormat bilen gararyn. — Sabina onuň özüne şeýle täsin seredýänini gördi, ýöne sözüni dowam etdirdi. —

Mukaddes Kitapda: “Kim adamyň ganyny dökse, şonuň gany hem adam elinden döküler...” (Gelip çykyş 9:6) — diýilýär. Men sizi ruslardan başardygymça goraryn, ýöne Hudaýyň gazabyndan welin, goramaga güýjüm ýetmeýär.

— Bu zatlaryň hemmesi ýaňrama! — diýip, kapitan Sabinanyň egnine kakyp aýtdy.

Sabina bigünä gany döken elden yza çekildi.

— Bagyşlaň. Men hiç hili erbet zady göz öňünde tutmadym. Men ýöne bir ýewreý aýalynyň nemes esgeri üçin janyna töwekgelçilik edýäni hakda özüme sorag berýärin. Men ýewreýleri gowy görmeýärin, Hudaýdanam gorkmaýaryn! — diýip, kapitan aýtdy.

Sabina Hudaýyň gelmişekleri söýmelidigini we Onuň Öz çagalaryny bagyşlaýşy ýaly, başgalary bagyşlamagy buýruk berýändigini ofisere gürrüň berdi, emma onuň sözleri çynlakaý kabul edilmedi.

— Duruň! — diýip, ofiser ýigrenç bilen aýtdy. — Ýewreýler nemes halkyna garşy we adamzada garşy jenaýat etdiler. Men muny adalatyň hatyrasyna siziň ýüzüňize aýtmaly. Ýöne sizem öz gezegiňizde, edil şonuň ýaly, bize ýewreýlere garşy jenaýat eden adamlar hökmünde garamaly. Siz bolsa, bizi bagyşlaýarsyňyzmy?

Sabina eglip, ýene bir gezek düşündirmäge synanyşdy:

— Hatda iň agyr jenaýatlar hem, Isa Mesihe bolan iman arkaly bagyşlanylýar. Maňa sizi bagyşlamaga ygtyýar berlenok. Muny, eger siz toba etseňiz, Isa edip bilýär.

Kapitan özi üçin Riçardyň (özi çilim çekmäni ýigrenýän bolsa-da) tapyp gelen çilimini çekdi-de, uludan demini aldy, soň çilimi dostuna berip, Sabina ýüzlendi:

— Rehimdar hanym, size düşünýän diýip aýdyp biljek däl. Ýöne, belki, siziň gürrüňini edýän ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap berme sylagyňyz hiç kimde bolmadyk bolsa, onda ganhorlaryň soňy bolmazdy.

Ahyr netijesinde bu ofiserlere serhetden şowly geçip, Germaniýa gaýdyp barmak başartdy. Ýöne olar ýalylaryň müňlerçesi tutulyp,

sowet zähmet lagerlerinde sowet mesihileri bilen bile ýyllaryny geçirdiler, şol wagt mesihiler köplenç olara Mesih hakda gürrüň berýärler-de, olary imana getirýärler. Nemes esgerleri, ezilýän beýleki toparlar bilen bir hatarda, Wurmbrandlaryň mesihilik rehimdarlygyny we gowy işlerini özlerinde duýdular.

# 12

1945-nji ýylda, Buharestden Budapeşte barýan otlynyň ýük wagonynda, bütin otluda rus ergerleriniň unudan aýaly — Sabina töwereginde duran goşlaryň arasynda, azykly torbalara gysylyp otyrdy.

“Gitme! Gerek däl! — diýip, Anusa oňa ýalbardy. — Rus erkekleri aýallara aç. Köçelerde damagy çalnan gyzlar tapylýar, muňa hiç kim hiç zat diýip bilenok!” Ýöne Sabina Wengriýada ynsanperwerlik işi bilen meşgullanýan adamlaryň aç ýewreýleri we Budapeştiň mesihilerini azyksyz iýmitlendirip bilmejekdiklerini bilýärdi. Ruslar paýtagty doly talapdylar, Riçarda bolsa, Buharestden gitmek gadagan edilipdi. Bu zatlary eltip bermäge başga meýletin tapylmady, şonuň üçin Sabina gitmeli boldy.

Köp wagtlap gözläninden soň, ol az sanly elýeter wagonlaryň birinden girip bolar ýaly bir burçjagaz tapdy. Beýleki wagonlar bolsa, rus esgerlerinden hyryn-dykyndy.

Uruşdan öň gysga hem aňsat bolan syýahat birnäçe güne çekdi. Otly Budapeşte baryp ýetende, Sabinanyň gözleriniň öňünde ganyny doňduryjy ýagdaýlar açyldy. Haraba bolup ýatan şäherde, entegem, aýratyn jaýlar ugrunda söweş gidip durdy. Jemgyýetçilik transporty doly ýok edilipdi, binalardan bolsa, külden tütäp çykýan tüsse burugsap durdy.

Sabina elleri agyr torbaly Wengriýanyň paýtagtynyň tüsseläp duran harabalyklarynyň içinde, öňki tanaýanlarynyň ýekejesini-de tapman, aýlanyp ýördi. Olaryň käbirleri soňky söweşler wagtynda öldürilipdi, käbirlerini-de nemesler ýurtdan çykarypdylar. Ahyrsoňy

ol iki adamy — norweg missiýasynyň müdiri ruhy çopan Jonsony, şeýle hem ýewreýleriň we beýleki milletleriň wekilleriniň sežde edýän ýygnagyna ýolbaşçylyk edýän mesihi ýewreý bolan ruhy çopan Ungary tapdy. Olar üçin Sabina Hudaýyň goýberen perişdesi ýaly boldy.

Budapeştdäki açlyk eýmençdi. Adamlar podwallardan çykanlarynda, şäherde iýmit asla ýokdy. Ýüzlerçe adamlar öýsüz galypdylar, ýygnak binalary weýran edilendi, uruş wagtynda ölen atlary et üçin parçalap, şobada iýýärdiler. Sabina edil wagtynda peýda boldy.

Sabina Budapeştden Wena ugramagy meýilleşdirdi. Awstriýanyň paýtagty-da, haraba öwrülip ýatyrdy, ilat bolsa, açlyk çekýärdi. Ol Wena gidýän otla münmek üçin Budapeştiň wokzalyna bardy. Adamlar wagonlaryň gapylaryna ýapyşýardylar we wagonlaryň ýokarsynda otyrdylar.

Birden Sabina şadyýan gülki sesini we kimdir biriniň öz adyny tutup çagyrýanyny eşitdi. “Bu ýerde ýer ýok, ýöne biz gysylyşyp bileris!” — diýip, biri degşip gygyrdy. Ýük wagonynyň ýokarsynda, Oswensimde ölmän galan we birazrak wagtlap, Buharestde Wurmbrandlarda ýaşan gyzlaryň bir topary otyrdy. Sabina wagonyň ýokarsyna çykyp tanyşlaryna goşuldy.

Birwagtlar Budapeştden Wena barýan dört sagatlyk ýol indi alty gün dowam etdi. Sabina öz wezipesini ýerine ýetirýänçä, birnäçe hepdeläp Awstriýada boldy. Onuň Wenadaky işi, belki, gutaran bolsa hem, oňa Buharestde garaşýan işiň aňyrsy görnenokdy.

*****

— Täsin täzelikler — diýip, bir gezek ruhy çopan Solhaým, Riçardyň zaly ýekşenbe günündäki ýygnanyşyga taýýarlajak bolup edip oturan işiniň arasyny böldi. Döwlet kultlaryň Kongresi diýilýän ýygnagy çagyrýar. Her bir konfessiýa, her din gurultaýa uly delegasiýa goýbermeli. — Solhaým “fu” edip goýberdi. —

# 12-NJI BAP

Kongres parlament binasynda geçýär! Sen şu wagta çenli şeýle zat eşidipdiňmi? Olaryň kellesinde näme barka?

Dostunyň ýüzündäki haýran galma bilen howatyrlanmanyň garyndysy Riçardy biynjalyk etdi. Hemmeler çaklama aýdýardylar we bolmagyna garaşylýan kongres hakdaky myş-myşlar hakda gürrüň edýärdiler. Köp ygnak ýolbaşçylary döwletiň doly dini azatlygy berjekdigi hakdaky wadasyna ynanýardylar, Riçard bolsa, has giň hem gaýgyly keşbi gördi. Ol özüne şeýle soraglary berdi: "*Bu ýerde-de Russiýadaky ýaly bolmazmyka? Lenin häkimiýet başyna gelýänçä, yzarlanylýan sektalar diýen zatlary aýgytly gorady. Ýöne şondan soň, olaryň on müňlerçesi konslagerlerde öldüler. Ilki olar ýygnagy köşeşdirmäge synanyşýarlar, soň hem, urýarlar!*" Onuň hakydasynda agyr ýagdaýlar peýda boldy welin, Riçard tisginip gitdi.

Wurmbrand bilen onuň kärdeşleri kongrese gatnaşmagy ara alyp maslahatlaşmak üçin ruhy Çopan Solhaým bilen duşuşdylar. Onuň bilen bilelikde gutarnykly karara gelindi. Riçard onuň gara gözlerinde öwşün atýan aýgytlylygy gördi.

— Biz gideris-de, söz alarys! — diýip, ol sözüni jemledi. Indi karara gelindi.

*****

Şeýdip, rumyn mesihilik ýygnagy kommunizm bilen howply tansa başlady. Prawoslaw we protestant ybadathanalary kommunistleriň göwünlerine ýarajak bolma isleginde biri-biri bilen bäsdeşlik edýän ýalydy. Prawoslaw ýepiskopy geýýän rizesine çekiç bilen oragyň şekilini dakýardy we ruhanylara öňküsi ýaly, "mukaddes edilen hökümdar" däl-de, "ýoldaş ýepiskop" diýip ýüzlenmegi buýrupdy.

Ruhanylaryň köpüsi howpsuzlyk gullugynyň ofiserleri bolupdy, ruhy okuw jaýlarynyň maksatnamalaryna bolsa, täze howply taglymat goşuldy. Rumyniýanyň lýuteran ýygnagynyň ýepiskopy teologiki seminariýada Hudaýyň üç sany aýanlygy berendigini

— birinjisini Musanyň, ikinjisini — Isanyň, üçünjisini bolsa — Staliniň üsti bilen berendigini aýdyp, öwredip başlady. Bularyň soňkusynyň öňkülerinden ýokarydygyny ol aýdýardy.

Kommunistler ybadathana ýolbaşçysyny "saýlady", şonuň üçin ýygnaklarda özlerine zor bilen berlen ruhanylary kabul etmekden başga alaç galmady. Resita şäherinde geçen baptistleriň her ýylky kongresinde dabaraly ýagdaýda gyzyl baýdak galdyryldy, Sowet Soýuzynyň döwlet senasyny bolsa gatnaşanlar, edil mesihilik senasy ýaly, dik durup aýtdylar. Baptistler soýuzynyň prezidenti Stalini Mukaddes Kitabyň beýik mugallymy hökmünde öwdi we onuň edýän zatlarynyň hemmesini Hudaýyň tabşyrygyny berjaý etme hökmünde atlandyrdy! Kommunistleriň tüýdügi astynda tans etmedikler bolsa, gaty güýçli görgi gördüler.

Indi ýygnaklaryň ähli gullukçylaryny ýene kultlaryň gurultaýyna çagyrdylar...

*****

Kongres güni irden Riçard bilen Sabina dini ulgamdaky kärdeşleri bilen parlament depesine çykdylar. Hyryn-dykyn galereýalarda, hatda ullakan zalyň pollarynda-da kongrese gelen dört müň sany dini işgär otyrdy. Prawoslaw ýepiskoplar bilen katolik ruhanylar protestant ruhy çopanlarynyň we gullukçylarynyň ýanlarynda ýerleşipdiler. Bu ýerde ýewreý rawwinleri bilen musulman mollalary-da bardy. Delegatlar kongresiň hormatly prezidenti hökmünde resmi taýdan, portreti eýmenç bolup, zalyň ýokarsynda asylgy duran Staliniň saýlanylmagyny dabaraly goldadylar. Staliniň ateist bolandygy we mesihileri köpçülikleýin gyran ganhordygy hiç kimi biynjalyk etmeýärdi.

Zala gyzyl baýdaklar dakylandy. Ýokarda prezidiumda ýokary wezipeli döwlet partiýa işgärleri — Rumyniýanyň premýer ministri we içeri işler ministri otyrdy. Ýygnak sandyrap duran gojanyň, prawoslaw patriarhy Nikodimiň ak pata bermesi bilen başlandy.

## 12-NJI BAP

Partiýa ýolbaşçylary çokunyşyp we ikonanyň öňünde baş egip, Nikodimiň ellerini ogşadylar. Premýer ministr Groza gurultaýy rumyn döwletiniň halkyň dine uýma hukugyny goldaýandygyna, dinleriň we konfessiýalaryň hemmesiniň kepil geçilen azatlykdan peýdalanjakdygyna, dini işgärleriň zähmetlerine hak tölenjekdigine ol ýere gatnaşýanlary ynandyrmak bilen açdy. Mundan başga-da, döwlet ruhanylaryň aýlyklaryny galdyrmagy meýilleşdirýär. Ýygnananlar döwlet tarapyndan diniň goldanyljakdygyna berilýän sahy wadalara el çarpdylar. Her bir çykyşyň yzynda ählumumy güýçli el çarpyşmalar boldy we goldaýjy sesler eşdildi.

Kommunistleriň ynandyryp aýdýan zatlaryna jogap edip, ruhanylar we ruhy çopanlar biri-biriniň yzynda häkimiýeti öwdüler, özleriniň rumyn döwletine ygrarlydyklaryny yglan etdiler we kommunistleriň dini şeýle kabul edýänine özleriniň şatdyklaryny aýtdylar, eger ybadathana döwlete bil baglap bilýän bolsa, onda döwletiň hem, ybadathana bil baglap biljekdigine ynandyrdylar. Olar kommunizm bilen mesihilikde umumylygyň şeýle köpdügini, şoňa görä-de, olaryň bile parahatlykda hereket edip biljekdigini aýtdylar. Ýepiskoplaryň biriniň aýdyşy ýaly, taryhda syýasy hereketleriň hemmesiniň reňkleriniň şekillendirilendigini tapypdyrlar. Indi ol gyzyl bilen bellenilipdir. Dini ýolbaşçylaryň we kommunistleriň oýunçy gurjaklarynyň bu şatlygy hem göçgünliligi Kongresiň zalyndan göni radioýaýlymda bütin ýurda eşitdirilýärdi.

Riçardyň gany gyzdy. Ol ybadathana wekilleriniň gorkaklygyna gaharlanyp, köýneginiň bokurdagyna ýapyşan ýaly bolup duran ýakasyny gaýta-gaýta çekdi. Kommunizm dini ýigrenýär! Gullukçylar özleriniň maşgalalary üçin, iş ýerlerinden we aýlyklaryndan gorkup gürleýärdiler. Olar, iň bolmanda, dymyp bir bilerdiler ahyry.

*****

Riçardyň ýanynda gahardan ýaňa uludan dem alyp we tisginip, Sabina otyrdy. Her gezek ýasama ýalan aýdylanda, onuň gahary

güýjeýärdi. Kommunizm özüni dini goramaga däl-de, ony *ýok etmäge* bagyş edipdi. Onuň özüniň hakyky ýüzüni eýýäm Sowet Soýuzynda görkezendigi dini ýolbaşçylara gaty gowy mälimdi. Näme üçin olar beýle akmak bolup, Rumyniýada hemme zat başgaça bolar diýip pikir edýärmikäler? Ybadathana kommunizmiň aldawly hoş sözüne yryldy. Bu kongres Mesihiň ýüzüne tüýkürme boldy.

Sabinanyň sabyr käsesi doldy. Ol uludan dem aldy-da, derlän aýalaryny dyzyna süpürdi. Onuň ýüregi agzyndan çykaýjak bolup urdy. Ol adamsy tarapa eglip, onuň elinden tutdy-da, bir demde onuň gulagyna şeýle diýdi:

— Riçard, tur-da, Mesihiň ýüzünden bu masgaraçylygy süpürip aýyr!

Riçard haýaljakdan Sabina tarap öwrüldi-de, onuň gaharly gözlerine seretdi. Ol Sabinanyň mamladygyny bilýärdi, şeýle-de bolsa, munuň netijesiniň nähili boljakdygyny bilýärdi.

— Eger men muny etsem, sen äriňi ýitirýärsiň — diýip, ol duýdurdy.

Sabinanyň gözleri Riçardy ýakdy. Ol adamsynyň elini has güýçli gysdy welin, dyrnaklary aýasyna dürtüldi. Sabina özüne sylag berlen Mukaddes Ruhuň batyrlygy bilen:

— Meniň gorkak ärli bolasym gelenok! — diýip jogap berdi!

# 13

Riçard prezidiuma kartyny ugratdy-da, söz berilmegini sorady. Kommunistler ony münberde görenine begendiler. Olar ýeňişli ýylgyryş bilen biri-birine seretdiler we ertirki täzeliklerdäki: “Bütindünýä ýygnaklar sowetiniň we şwed missiýasynyň wekili ruhy çopan Wurmbrand kommunistik hökümeti goldaýar we Rumyniýadaky dine goldaw edýäni üçin minnetdarlyk bildirýär!” diýen sözbaşyny göz öňüne getirdiler. Onuň özleriniň peýdasyna wagyz etmegi bilen özlerini eýýäm gutlapdylar diýen ýalydy. Ýöne ruhy çopan Wurmbrandyň kellesinde kultlaryň Kongresine aýtmakçy bolýan düýbünden başga habary bardy.

Wurmbrand münbere geçdi, zalda ümsümlik höküm sürdi. Sabina derrew Rebbiň Ruhunyň barlygyny duýdy. Riçard gürläp başlanda, hemmeler doňup galdylar. Onuň öwgüsiniň obýekti kommunizm bolmady-da, Reb Isa Mesih boldy.

Öz ynamyna laýyklykda batyrgaýlyk bilen hereket edip, Riçard dindarlara ýerdäki häkimiýeti däl-de, Ýaradyjy Hudaýy we biziň üçin haçda ölen Halasgär Mesihi şöhratlandyrmagyň özleriniň ruhanylyk borjy bolup durýandygyny ýatlatdy. Ol ýygnaklary söýginiň ebedi Patyşalygyna gulluk etmäge, günüň boş başagaýlygyna düşmezlige çagyrdy we partiýa ugruna perwaýsyz bolup, onuň deregine Mukaddes Kitap hakykatlaryny yglan etdi.

Zaldaky atmosfera kem-kemden üýtgedi. Kommunistik partiýanyň ýaranjaňlykly garaýyşlaryny passiwlik bilen diňläp irkilip oturan gullukçylar oýanan ýaly boldy. Olaryň öň bolmadyk göreçleri öwüşginden doldy. Sabina adamsynyň yglan edýän

hoşhabar hakykatlarynyň bütin ýurda eşitdirilýändigi hakda pikir edende, onuň ýüregi şatlykly urdy.

Birden kimdir biri el çarpdy, dartgynlylyk gowşady-da, zala el çarpmalaryň tolkuny aýlandy. Delegatlar Tiýardyň ýüzlenmesini goldap, ýerlerinden turdular. Rumyn ýygnagy ýene ukudan oýandy.

Öňki prawoslaw ruhanysy, indi bolsa, medeniýet ministri bolan Burduça münbere tarap ylgady.

— Biz sizi çykyş etme hukugyndan mahrum edýäris! — diýip, ol gygyrýar-da, prezidiumda duran ýerinden kömekçilerine buýruk berip başlaýar. Onuň ajaýyp boýnunda damarlary urup durdy. — Mikrofony öçüriň! Mikrofony öçüriň!

Ýöne ol ýere gatnaşýanlar özleriniň sesleri bilen onuň sesini basdylar.

— *Pas-to-rul! Pas-to-rul!* — diýip, olar ritme goşup gygyrdylar.

— Biziň ruhy çopanymyz! Biziň ruhy çopanymyz! — Indi Riçard ýöne “ruhy çopandan” “biziň ruhy çopanymyza” öwrüldi.

Riçard bolsa, Burduçiniň gykylygyny doly äsgermän, gürlemegini dowam etdirdi. Ol gürleme hukugynyň özüne Hudaý tarapyndan berlendigini aýtdy. Riçard beýleki mesihi ýolbaşçylaryň aýtmak islän, emma aýtmaga gorkup oturan zatlaryny aýdanda, bütin zal ony göçgünli el çarpmalar bilen goldady.

Kommunistleriň ýaranjaňlary ruhy çopan Wurmbrandy dymmaga we delegatlary köşeşdirmäge synanyşyp, parlamentiň zalynyň içinde birnäçe minutlap ylgadylar. Olar mikrofonyň şnuryny üzdüler, ýöne bu tolgunmany basyp ýatyrmaga kömek etmedi. Mikrofon öçürilip, Riçard zala düşenden soň hem, sesler we el çarpyşmalar uzak wagtlap dowam etdi.

Kongres gutardy, soň umumy sesiň we başagaýlygyň içinde Riçard bilen Sabina köçä çykdylar. Soňy bilen batyr ruhy çopan öz çykyşynyň tölegini tölemeli boldy, ýöne bu şeýle edenine degýärdi...

*****

# 13-NJI BAP

Riçardyň ejesi kongresde bolan zady radioda diňledi we eşitdirme kesileninde bolsa, indi ogluny hiç haçan görmerin diýip pikir etdi.

Ýöne şol gün agşam Riçard aýaly bilen ejesiniň öýüniň gapysyndan girende, ol ah çekdi.

— Men siziň ikiňizem tussag edendirler öýtdüm. Indi näme bolar? — diýip, ol biynjalykdan ýaňa ap-ak bolup sorady.

— Eje, — diýip, Riçard jogap berdi. — mende gudratygüýçli Halasgär bar. Ol meniň üçin nähili bolanda gowy bolýan bolsa, şonuň ýaly hem eder.

Tiz wagtdan Riçard medeniýet ministrliginiň özünden ruhy çopançylyk gullugyna berlen rugsatnamasyny almagy meýilleşdirýändigini bildi we oňa kömek sorap, Ýustiniana, abraýly prawoslaw patriarhyna ýüz tutmagy maslahat berdiler. Riçard onuň bilen gürleşmäge birnäçe gezek synanyşdy-da, ahyrsoňy duşuşmak hakda gürleşdiler.

Ýustinian Rumyniýanyň özüne ýurduň ilatynyň 80%-ni degişli eden prawoslaw ybadathanasyna ýaňy-ýakynda jogapkär bellenilipdi. Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasy bilen Riçard patriarha öz işini görkezme pikirinden el çekýär-de, şol gymmatly wagtyny ony täze rolda goldamak üçin ulandy. Bu aýgytly duşuşyk wagtynda Riçardyň prawoslawiýanyň baştutany bilen abraýly gatnaşyklary ýola goýuldy. Töwerekde kommunizm bulagaýlyk döretmegini dowam etdirýärdi...

Riçard Ýustiniana Mukaddes Kitaby öwredýär, onuň üçin doga edýär we hemme ýerde Mukaddes Ýazgydan mysallar ulanmaga çagyrýar. Ýustiniana Hudaýy tanamada ösende we imanda berkände, kommunistik partiýa dini köki bilen aýyrmanyň doly masştably kompaniýasyny yglan etdi.

Şu pursata çenli ruhy çopan Riçardyň durmuşy şatlyklydy. Ol öz aýlygyna Sabina bilen Mihaýy ekläp bilýärdi, ýygnak maşgalasy bolsa, ony gowy görýärdi hem oňa ynanýardy. Şeýle-de bolsa, Riçard kanagatlanma duýmaýardy. Zalym diktatura töwerekdäki zatlaryň hemmesini weýran edip, beýleki mesihiler hem, imany

üçin ejir çekýärkä, näme üçin Hudaý oňa adatdakysy ýaly ýaşamaga ýol berýärkä? Riçard bilen Sabina Hudaýdan özlerine Mesih üçin göterip biljek haçy bermegini sorap, köp gijelerini we gündizlerini doga edip geçirdiler. Tizara olaryň dogalary eşidildi.

# 14

Şol betbagt kultlaryň Kongresinden soň kommunistler Wurmbrandyň ýygnagynyň daşyna geçdiler. San taýdan ösüp barýan ýygnak öňräk täze, has ulurak ýygnak binasyna göçüpdi. Kommunistler hemme ýygnanyşyklary bölmek üçin ol ýere duşmançylykly garaýyşlary bolan ýaşlary goýberip ugradylar. Her hepdede, wagyzlary bölmäge synanyşyp, sykylyk atýan we ýaňsyly gülki bilen gygyrýan berk bedenli ýigitler ýygnakda peýda bolup başladylar.

— Şäherimiziň barypýatan uruşbazlarynyň Hudaýyň Sözüni eşidýändiklerine begenmegimiz gerek. Diňe diňlänsirän bolup oturan sessiz diňleýjiden, diňleýänini bildirýäni gowudyr! —diýip, Solhaým aýtdy.

Riçard bilen Sabina şäher köçelerinde-de ýygnanyşyklar geçirmegiň taktikasyny düzüp başladylar. Köp adamlar ýygnaga gelmäge juda utanýardylar. Şonuň üçin ýygnak olaryň ýanlaryna barmaly. Mesihileriň bir topary köçelerde ýygnanyp, şöhratlandyrma senalaryny aýdyp başladylar. Beýle zat Rumyniýada düýbünden edilmeýärdi, şonuň üçin mydama bilesigelijileriň mähellesi olaryň daşyna üýşýärdi. Şonda Sabina Injili wagyz edýärdi. Hemme ýerde bar bolan kommunistleriň ünsüni çekmejek bolup, ol mydama gysga hem takyk gürrüň berýärdi.

Bir gün edil Nikolae Malaksy lokomotiw zawodynyň öňünde kommunistleriň häkimiýeti basyp alandygyna garşy miting geçirildi. Şol miting wagtynda Sabina ol ýere ýygnanan işçilere halas bolma hakda gürrüň berip durdy. Olaryň käbirleri üçin bu

Hudaýda parahatlyk almanyň soňky mümkinçiligi boldy. Ertesi gün milisiýa mitinge çykanlary atdylar. Zawodyň köp işçileri öldürildi. Kommunistik Rumyniýada her bir pursat gymmatdy hem ol soňky bolup bilýärdi...

Aýratyn şowly bolan günleriň birinde Sabina Buharest uniwesitetiniň basgançaklarynda durup çykyş etdi. Mähelle tutuş meýdançany dolduryp, goňşy bulwarda ullakan maşyn dyknyşygyny döretdi. Adamlar Sabinanyň gürrüň berýän Injil habaryny goldadylar we el çarpdylar. Ol Injili wagyz etmäniň üstünligi hakda Riçarda gürrüň berip otyrka, olaryň öýüne Anusa ylgap geldi.

“Bütin şäherde Anna Paukeriň uniwersitet binasynyň öňünde çykyş edendigini aýdýarlar!” Ýöne barypýatan kommunist, Gyzyl goşunyň ofiseri ýoldaş Paukeriň näme sebäpden adamlary günälerine toba etmäge çagyrýandygyna hiç kim düşünip bilenok. Riçard, Sabina we Anusa gülüşdiler.

Indiki ýyllarda Sabina her gün Rumyniýanyň ähli konfessiýalarynyň ýüzlerçe dini liderleri üçin ýygnanyşyklar geçirdi, köçelerde we uly ýygnanyşyklarda wagyz etdi. Güýçli hem gaýratly orator bolan bu kiçijik zenan Hudaýyň Patyşalygynyň kuwwatly äpet pälwany boldy.

*****

Kommunistik döwletiň ýiti nazary sebäpli, Wurmbrandlara aç-açan gulluk etme gitdigiçe howply bolup başlady. Russiýada bolşy ýaly, Rumyniýada hem mesihiler Injili ýaýratmak we ony wagyz etmek we çagalara öwretmek üçin alternatiw ýygnak döretdiler. Resmi ybadathana kommunistleriň gadagan etmesini ýerine ýetireninde, bu ýygnak ony ýerine ýetirmedi... şeýdip, onuň gullugy gülläp ösdi.

Beýleki wepaly mesihiler bilen bilelikde Riçard öz işini gizlinlige geçirdi. Resmi ýygnakda ol abraýly wezipäni — norweg lýuteran missiýasynyň ruhy çopany we kömek berme boýunça Bütindünýä ýygnaklar sowetiniň rumyn bölüminiň wekili wezipesini eýeledi.

# 14-NJI BAP

Bu dereje onuň hakyky işini basyrmany üpjün etdi. Meşhur Riçard Wurmbrandy “gizlin” işleýändir diýip hiç kim şübhelenip bilmedi. Şeýdip, gizlin ýygnagyň kömegi bilen Riçard hem Sabina sowet esgerlerine we gul edilen Rumyn halkyna işjeň hem netijeli gulluk etdiler.

*****

Riçard iman eden güni Hudaýdan ruslara Mesih hakda şaýatlyk etmäge mümkinçilik bermegini sorap doga edipdi. Emma Riçardy Russiýa uzak wagtlyk syýahata ibermegiň deregine, Hudaý ruslary onuň ýanyna alyp geldi. Rus dilini gaty gowy gürleýän Riçard öz ýurduna täze gelenler bilen arkaýyn gürleşip bilýän bolsa-da, kommunistler onuň aýtjak bolýan zadyna mydama düşünmeýärdiler.

Bir gün Riçard dükanda terjime etme kömegini teklip edende, rus kapitany we aýal ofiser bilen tanyşdy. Ol söwda edip bolanyndan soň, täze tanyşlaryny öz öýüne nahara çagyrdy.

Nahar iýip başlamazyndan öň ol: “Siz mesihileriň öýünde, bizde nahar iýip başlamazdan öň doga etme däbimiz bar” — diýip düşündirdi. Riçardyň rus dilinde doga edenine haýran galan ofiserler nahara bolan gyzyklanmany ýitirdiler-de, Hudaý, Isa we Mukaddes Kitap hakda sorag yzyna sorag berdiler.

— Ondä nädip ýüz goýun bardy? — diýip, Riçard olara ýiten goýun hakdaky tymsaly gürrüň berende, haýran galyp soradylar. — Olary nädip kolhoza almadylarka?!

Riçard Isanyň Patyşadygyny aýdanda, olar şeýle diýdiler:

— Patyşalaryň hemmesi başgalaryň üstlerinden höküm sürýän zalymlar, şonuň üçin Isa-da diktator bolan bolsa gerek.

Riçard olara üzüm meýdanyndaky işçiler hakdaky tymsaly düşündirende, mymhanlar başlaryny atdylar:

— Olar hojaýyna garşy çykyp dogry edipdirler. Üzüm meýdany kollektiwiňkidir.

Olar we başga-da köp ruslar bilen gürleşenlerinde, şunça ýyllap kommunizm häkimiýeti astynda ýaşan adamlara Injili wagyz edende, düýbünden başga usuly ulanmagyň zerurdygyna düşündi. Beýnini ýuwma we kommunistik ideologiýany öwrenmeklik olaryň düşünjelerinde öz yzyny galdyrypdyr, şonuň üçin Riçard taktikasyny üýtgedip, galtaşma nokady hökmünde marksistik dili ulanyp başlady. Ol bu işde öz-özünden üstünlikli bolup bilmezdi, ýöne Mukaddes Ruhuň täsiri astynda bu sowet ofiserleriniň jübüti ertesi gün mesihi boldular we ahyr netijesinde Riçard bilen Sabinanyň ruslara edýän gizlin gullugynda wajyp roly oýnap başladylar.

*****

Gullukdaky öz egindeşleri bilen bilelikde Wurmbrandlar rus dilinde Ýohannanyň Hoş Habarynyň we başga-da mesihilik edebiýatynyň müňlerçe ekzemplýaryny çap edip ýaýratdylar. Täze iman eden esgerleriň ýardam etmesi bilen Mukaddes Kitap we onuň bölekleri gizlin ýol bilen Russiýa äkidildi. Bu uzak wagtyň dowamynda Wurmbrandlar rus dilinde ýüz müňden gowrak Injil we ýüz müňden gowrak beýleki mesihilik edebiýatyny çap edýärler-de, soňundan seýilgählerde, otlularda, kafelerde, wokzallarda we rus esgerleriniň tapyp bolýan ýerleriň hemmesinde ýaýratdylar.

Mesihiler esgerleriň ýüreklerinde çagalara bolan söýginiň bardygyny gördüler we şol gatnaşyklardan peýdalandylar, bu, belki, olaryň öz çagalaryny ýene görmek isleýändikleri sebäpli şeýle bolandyr. Mihaý Wurmbrand we beýleki kiçi ýaşly çagalar seýilgählerdäki we köçelerdäki esgerleriň ýanlaryna bardylar. Esgerler olar bilen gürleşýärdiler, ýyllar boýy görmedik öz çagalaryny ýatlap, olara mähirli seredýärdiler, kellelerini sypalaýardylar. Olar çagalara süýji ýa-da plita şokolad berýärdiler, çagalar hem, muňa jogap edip, esgerlere Mukaddes Kitap ýa-da Injil sowgat berýärdiler, olar hem ony höwes bilen alýardylar. Ululara etmesi howply bolan işi çagalar aňsatlyk bilen, hiç zatdan çekinmän edýärdiler. Kiçi

mesihijikler hem, ruslaryň arasynda missionerçilik gullugyny alyp barýardylar.

Mesihilik zähmeti yzy bilen ullakan töwekgelçilik alyp gelýärdi. Gizlin ýygnakdan az adam tutulmady we gazaply urulmady, emma olaryň ýekejesem, Wurmbrandlary satmadylar.

*****

Sowet okkupasiýasynyň ilkinji günlerinden başlap, rumyn mesihileri Riçardyň işläp düzen strategiýasyny ulanyp, “demir tutynyň” aňyrsynda ýaşaýan doganlara kömek etmek üçin özlerini islendik töwekgelçilige duçar etmäge taýýar boldular.

Aýazly gyş gijeleriniň birinde dört adamdan ybarat bolan rumyn mesihileri, Sowet Soýuzynyň bir bölegi bolan Ukrainanyň serhedinden howply geçişi amala aşyrmalydylar. Olar serhediň aňyrsynda ýaşaýan mesihilere niýetlenilen Mukaddes Kitaby alyp geçmelidiler. Olaryň ýollary yzlygyna, ýüzlerini yza öwrüp ýöräp gitmelidikleri üçin has kyn boldy.

Sowet raýatlarynyň ýurtdan gaçmak maksady bilen serhetden gizlin geçmekleriniň we kontrabanditleriň ýurda kontrabanda predmetlerini bikanun getirmeginiň öňüni almaklyk serhet ýakasynda garawulçylyk edýän, Rumyniýa bilen Sowet Soýuzynyň serhediniň arasynda goýlan serhet goşunlarynyň esgerleriniň wezipesine girýärdi. Serhet çyzygynyň ýanyndan haýaljakdan geçende, esgerleriň biri fonaryň kömegi bilen täze ýagan gary ünsli synlady. Ýagty garyň üstündäki çukura düşende, ol garaşylmadyk zatdan ýaňa birden gygyrdy.

— Yzlar! Rumyniýa tarap gidýär! — Ol jürlewügini çykaryp, dowamly howp signalyny berdi. Birnäçe sekuntdan beýleki garawullar hem itli ylgaşyp geldiler. Bu wagt olaryň golaýynda, garyň üstünde doňan ýaly bolup we seslere ünsli diň salyp, dört sany rumyn mesihisi ýatyrdy.

— Çaltrak, olaryň yzy bilen! — diýip, serhetçi yzlaryň giden ugruny görkezip gygyrdy. — Olar uzaga giden däldirler! Olar Rumyniýa ýetmezden öň, tutmak gerek!

Serhetçileriň şekilleri garaňkyda ýitip gidende, itleriň üýrýän sesleri köşeşeninden soň, dört mesihi ýeňillik bilen dem aldylar. Toparyň ýolbaşçysynyň yşaraty bilen olar, gizlin ýygnakdaky doganlaryna gymmatly ýüki — Mukaddes Kitaby eltip bermek üçin, ýuwaşjadan Ukraina tarap ýollaryny dowam etdirdiler.

*****

Sowetler Rumyniýany okkupasiýa edenlerinden soň, Riçard rus esgerlerini öýüne getirip başlady. “Seresap boluň, Sabina! — diýip, bir gezek Anusa degişdi. — Eger siziň öýüňizde iki goşun duşuşsa, näme edersiňiz?!”

Wurmbrandlar özleriniň gullugyny jikme-jik oýlanyp düzdüler. Riçard aç-açan arzan sagat täjiri hökmünde sowet goşunynyň kazarmalaryna baryp, ruslar bilen işläp başlady. Sagat satyn almak isleýän rumynlar ogurlanan sagatlary, onda-da köplenç ýagdaýda öz sagadyny, satyn almak üçin Sowet goşunynyň kepbelerine barmaly bolýardylar. Şonuň üçin rumynlara sowet kepbelerine girmesi adaty zat däldi. Riçard üçin bolsa bu oňaýly bahana bolupdy. Esgerler topary üýşende, ol Mukaddes Kitap hakdaky gürrüňe başlaýardy. Gartaşan esgerler Riçardyň gurýan hilelerine derrew düşünýärdiler.

“Sen bu ýere sagat satyn almak üçin gelmediň! Sen bize iman hakda gürrüň bermek üçin geldiň. Otur-da, ol hakda bize gürrüň ber! Ýöne seresap bol, biz aramyzda kime ynanyp bolmaýandygyny bilýäris. — Garry esger ol ýerde duranlara seretdi. — Bu ýerdäkileriň hemmesi özümiziňkiler, ýöne dyzyňa elimi goýanymda, derrew sagat hakda gürläp başla. Elimi aýranymda bolsa, gürrüňiňi dowam ediber”.

Sowet goşunynda adam satýanlar kändi. Olar ýoldaşlaryny synlap ýörýärdiler-de, olaryň eden zatlaryny ýolbaşçylaryna ýetirýärdiler.

# 14-NJI BAP

Ýaş ruslar Hudaý hakda hiç zat bilmeýärdiler — olar Mukaddes Kitaby hiç haçan görmändiler we ýygnaklarda bolmandylar. Tizara Sabina Riçardyň näme üçin ruslara Injili öwretmeklige "ýerdäki jennet" diýendigine düşündi.

Bir gün Wurmbrandlaryň öýüniň gapysyny iki sany ýaş esger kakdy.

— Saýawan satyn alyň! — diýip, olar üç sany ogurlanan zady görkezdiler.

— Ah, biz — mesihiler — diýip, Riçard jogap berdi. — Biz satyn almaýarys, ýöne bizde satar ýaly käbir zatlar bar.

Ol olary içeri çagyrdy. Sabina olara bir bulgurdan süýt getirdi-de, hödür etdi. Olaryň ulusy, sary saçly ýigrimi ýaşlaryndaky oglan, Sabinanyň ýüzüne çiňerildi.

— Maňa Mukaddes Kitaby siz beripdiňiz-ä! — diýip, ol ýüzlendi.

Şol wagt Sabina ony tanady.

— Siz Buhareste giren birinji tankdaky seržant! — diýip, Sabina asudalyk bilen aýtdy.

Esger Iwan Sabinanyň sowgat beren Mukaddes Kitabyny şu wagta çenli kazarmada gizläp ýördi. Ol ony okapdy. Nahar başynda Iwan Riçard bilen Sabina, öz bölümi Gündogar Ýewropanyň içinde söweş alyp baranda bile gulluk eden bir ýewreýi hakda gürrüň berdi. Garry gullukdaşy ýewreý esgeriň üstünden gülýärdi. "Mesihi sen öldürdiň! — diýip, ol arlaýan eken. Ýewreý ol aklyndan azaşandyr öýdýärdi.

"Ol Stalingraddan Buhareste çenli bütin ýoluň dowamynda adam öldürdi — diýip, Iwan öz gürrüňini jemledi. — Ol kimi öldürenini nireden bilsin? Belki, Mesihi-de öldürendir..." Bu ýewreý esgere Mesih ady düýbünden nätanyşdy.

Bir gün Iwan şol ýewreýi Wurmbrandlara alyp geldi. Riçard olara, Adamyň ýaradylyşyndan başlap, Aýanlyga çenli, tutuş Mukaddes Kitaby gürrüň berdi. Şol wagtdan başlap, esgerler Riçard bilen Sabinanyň öýüne ýygy-ýygydan barýardy. Şeýdip, Stalin olar üçin hudaý bolmagyny bes etdi...

## WURMBRANDLAR

Iwan öz bölümi başga ýere gitmezinden öň, Wurmbrandlara hoşlaşyk sowgadyny — täzeje öwşün atyp duran elektrik plitany alyp geldi. Sabina bilen Riçard biri-birine seredişdiler. Olaryň ikisem bu sowgadyň satyn alynmandygyna düşünýärdiler.

"Ol gaty gowuja! — diýip, Anusa ýüzlendi. — Edil şunuň ýalysy Libmanlara gerek!"

Libmanlaryň Oswensimden gaýdyp gelen maşgalasy garyplyk derejesindedi. Riçard plitany olara eltip berdi. Iwan dükany talapdy-da, özüne Mesihe tarap barýan ýoly görkezendikleri üçin minnetdarlygyň alamaty hökmünde özüniň ruhy halypalaryna plita sowgat beripdi. Sabina *sada söýginiň käwagt täsin usulda ýüze çykyp bilýändigi hakda pikir etdi.* Isa Mesihiň ganynyň, hatda Iwanyň dükany talamasyny hem bagyşlaýany nähili gowy!

# 15

1947-nji ýyllarda tussaglyklar başlandy. Ýasama saýlawlar, şol saýlawlarda aldawa, kezzaplyga we zorluga ýüz urmalar kommunistleriň Rumyniýada çäksiz ygtyýarly bolmagyna alyp bardy. Oppozisiýanyň ýolbaşçylary, öňki polisiýanyň we döwlet gulluklarynyň dogruçyl hem dogruçyl däl ýolbaşçylary terroryň tolkuny bilen ýyldyrym çaltlygynda süpürilip taşlanyldy. Soň kommunistler ýygnaklaryň daşyna geçdiler. Katolik ýepiskoplaryň, sansyz-sajaksyz dini işgärleriň, monahlaryň hem nobaty gelip ýetdi. Onlarça müň ýönekeý adamlar türmelerde we zähmet lagerlerinde ýitip gitdiler. Beýlekileri bolsa, azatlyk ugrundaky gizlin söweşijilere goşuldylar. Indi hiç kim öňküligine galmandy.

Sowet okkupasiýasynyň ilkinji günlerinde ýewreýler Rumyniýadan gidip bilýärdiler. Olaryň müňlerçesi emläklerini goýup we Sowetleriň teklip edýän birgeňsi “azatlygyndan”, garyp düşen bosgun bolanyny gowy görüp gaçyp gitdiler. Ýöne indi olar duzakdadylar.

Anusada öz ady tussag edilmeli ýewreýleriň sanawyndadyr diýip çaklamaga esas bardy, şonuň üçin kommunistik “tutynyň” çäklerinden daşdaky näbelli durmuşa gaçyp gitmegi meýilleşdirdi. Sabina we onuň mähriban jorasy üçin hoşlaşyk gaty agyr boldy.

— Sizi bu ýerden alyp çykmak üçin men elimden gelen zatlaryň hemmesini ederin. Biz azatlykda ýene duşuşarys — diýip, Anusa söz berdi.

Şeýdip, ol beren wadasyny ýerine ýetirmek üçin, el gowşuryp oturman, zähmet çekdi. Ýöne joralar ýene duşuşýançalar, iki sany on ýyllyk geçdi.

Bütin Rumyniýada terror guduz açdy. Döwlet howpsuzlyk müdirliginiň işgärleri öýlere okdurylyp girip, köp sagatlyk öý dökmeleri geçirdiler. Soň adamlary, hamana, görkezme bermek üçin, alyp gitdiler. Munuň birnäçe sagada çekjegine berlen wadalar käwagt berjaý edilmeýärdi. Daşary ýurtly žurnalistler Buharestiň köçelerinde “Et”, “Balyk”, “Çörek” diýen ýazgyly furgonlaryň aýlanyşyp ýörenini görýärdiler-de, ruslaryň ilaty azyk önümleri bilen üpjün edýändigini ýazýardylar. Olar şol furgonlarda iýmitiň däl-de, tussaglaryň alnyp barylýandygyny nireden bilsinler?

Riçardyň işleýän missiýanyň binasyna ştat geýmindäki adam girende, Wurmbrandlar birinji duýduryşy aldylar.

— Inspektor Riosanu — diýip, ol özüni tanyşdyrdy. — Sen Wurmbrandmy?

Olar tanyşdylar.

— Men saňa maslahat bermäge geldim.

Riçard gaşlaryny çytdy-da, ol adamyň sözüni dowam ederine garaşdy.

— Howpsuzlykda saňa galyň iş açdylar. Men ony gördüm. Soňky döwürde kimdir biri sen hakdaky maglumatlary getirýär. Sen rus dostlaryň köp mukdary bilen gatnaşýarsyň, şeýle dälmi? — diýyp, Riosanu gury gabarçykly ellerini owkalady. — Ýöne biz gürleşip bilerdik diýip pikir edýärin... — Ol sesini çykarmady-da, Riçarda köp manyly seretdi. Belli bir töleg bilen maglumatlary ýok etmegi ol teklip etdi.

Şu ýerde gürrüňe Sabina goşuldy, şeýdip, üçüsi baha hakda gürleşdiler.

Pullary epleşdirip, jübüsine salanyndan soň Riosanu şeýle diýdi:

— Eliňi ber. Habar getirýäniň ady...

— Ýok! — diýip, Sabina garşy çykdy. — Biz muny bilmek islämizok.

# 15-NJI BAP

Maglumatçynyň adyny bilmeýändikleri sebäpli, Riçard bilen Sabina ondan öýkeläp bilmeýärdiler. Ol günlerde olar maglumatçylaryň sansyz-sajaksyz janlaryň başyna ýetendiklerini entek bilmeýärdiler.

Inspektor eginlerini gysyp, şlýapasyny geýdi.

— Gözel göwnüňiz — diýip, ol, gelendäkisi ýaly, garaňkynyň içinde gaýyp bolup gitdi.

Mundan köp wagt geçmänkä, Riçardy soraga çagyrdylar. Ýöne Sowet goşunynyň harby gullukçylarynyň watançylyk ruhuny bozmakda resmi aýyplamanyň ýoklugynyň, Wurmbrandlaryň abraýly dostlarynyň kömegi bilen üç hepdeden soň Riçardy azatlyga çykarmak başartdy. Türmeden çykmanyň bu zatlaryň soňy däl-de, bary-ýogy arakesmedigi göze görnüp durdy. Wurmbrandlaryň gitdigiçe köp dostlaryny her gün tussag edýärdiler-de, gynaýardylar.

*****

Rumyniýaly ýewreýler duzakda bolsalar-da, Wurmbrandlara ýurtdan gitmäge giç däldi. Gitmegiň gün-günden kynlaşýandygyna garamazdan, müňlerçe adamlar özlerine azatlygy satyn alýardylar. Riçardyň gitmek islemeýänini Sabina bilýärdi. Bir gün onuň özi bu hakda gürledi: “Antonesku döwründe bizi türme iki-üç hepdeden köp saklamadylar. Kommunistlerde tussaglygyň uzak wagtlyk bolmagy mümkin. Olaryň seni-de tutmaklary mümkin. Mihaý näme, kim oňa sereder?”

Dostlary hem tanyşlary bilen bolan gürrüňler Wurmbrandlary gitmekligiň pähimliräk boljakdygyna ynandyran ýaly boldy, ýöne olar munuň Hudaýdandygyna ynamly däldiler.

“Eger biz Günbatara gitsek — diýip, bir gezek Riçard aýtdy, — rumyn ýygnagy üçin *has köpräk* iş edip bilmerismi? Eger galsak, men kömpleriň yzy bilen türmä gidýärin. Bu biziň bilelikdäki durmuşymyzyň soňy bolar. Meni gynarlar, belki-de, öldürerler. Eger seni türma salsalar, bu missiýamyzyň soňy bolar. Solhamlar

daşary ýurtly, olara bu ýerde uzak galmaga rugsat etmezler. Mihaý köçede ulalar-da, kommunist bolar. Munuň nämesi gowy?”

Bir gije Riçard bilen Sabina jogap aldylar. Gizlin doga etme ýygnanyşygyna ellä golaý adam ýygnandy. Ýarygijä golaý, beýlekiler bilen bile dyza çöküp doga edip oturan bir aýal, gaty ses bilen: “Gitmegiň pikirini edýän sen! Gowy Çopanyň Öz sürüsini taşlamanyny ýada sal. Ol soňuna çenli galdy” — diýdi. Riçardyň öňünde duran saýlaw hakda ol aýal asla hiç zat bilmeýärdi. Wurmbrandlar biri-birine howsalaly seretdiler.

Jahan ýagtylanyndan soň, Riçard bilen Sabina sowuk köçe bilen öýlerine gitdiler. Ýanwardy. Ownujak gar ýagyp durdy. “Biz häzir gidip bilmeýäris” — diýip, Sabina aýtdy. Riçard hem ylalaşdy.

Köp ýyllar geçenden soň, Riçarda duýduryş beren aýal ony türmeden gaýdyp gelende, wokzalda eli gülli garşy aldy.

“Men siziň maslahatyňyza eýerenime asla gynanamok. Gaýtam, men onuň üçin örän minnetdar” — diýip, Riçard oňa aýtdy.

*****

Yzarlamalar we akla sygmajak gynamalar bilen belli bolan indiki ýyllarda Riçard bilen Sabina Rumyniýanyň halky üçin Mesihiň göreldesini alamatlandyrdylar. Olar mesihilik edebiýatyny kommunizmi wagyz etme ýaly edip çykaryp, olary kafelerde we köçelerde ýaýratdylar. Riçard bilen Sabina özleriniň öýünde ýetim çagalary, ýewreýleri, öňki faşistleri, öňki tussaglary, döwletiň Sibire sürgün etmekçi bolan mesihilerini sakladylar. Olar her gün urşuň ýüzlerçe pidalaryny naharladylar, sebäbi ýurt yzy üzülmeýän gurakçylykdan we açlykdan ejir çekýärdi. Mundan başga-da, olar Karpatda ähli mesihi konfessiýalaryň ýolbaşçylary üçin tomusky lageri geçirdiler.

Wurmbrandlaryň Buharestdäki ýygnagy ösüp, täze imana gelenleriň sany müňden geçende, olaryň gullugy kommunistik režimiň gaharyny getirip başlady...

# 16

1948-nji ýylyň 29-njy fewraly asuda başlandy. Riçard Sabinany ogşap, Buharestiň köp adamly köçesine çykdy. Uzyn boýly otuz dokuz ýaşly ruhy çopan Olteni köçesinden geçip, ajaýyp peýzažly Wakareştiden ötdi.

Ýol tanyşdy. Ýoluň gyrasynda awtomobiller durdy. Bu ir ertirde ýaşaýyş alamatlary azdy. Ýol ruhy çopana ýekşenbe güni irden etjek wagzy hakda pikirlenmäge mümkinçilik berdi. Töwerekde şäheriň baý taryhyny ýatladýan arhitektura ýadygärlikleri al asmana galyp durdy. Ýarym sagatdan soň Riçard ýygnakda aýaly bilen duşuşmalydy, häzirlikçe bolsa ol, endik eden, her ýekşenbe güni geçýän ýoly bilen, lýuteran ýygnagyna barýardy. Birazrak soňrak ol şu günde ýaş çatynjalary birikdirer, häzirlikçe bolsa onuň kalby — edil aýaklary ýaly — endik edilen ýekşenbe işine barýardy.

Riçard öz yzynda çirkin ses bilen gara "ford" saklananda we ondan iki sany erkek adam çykyp, ony tutanlarynda, bu günki meýilnamalarynyň hemmesiniň ýatyrylýanyna derrew düşündi. Aýaly bilen duşuşygam, ýygnanyşygam, nikalaşdyrma çäresi-de bolmaýar. Howpsuzlygyň işgärleri ruhy çopanyň dulugyna sapança tutup, ony "garganyň" yzky oturgyjyna itip oturtdylar. "Ford" köçe bilen näbelli ugra ýokary tizlikde gitdi. Riçard özüni nirä alyp barýandyklaryny görjek boldy, emma ogurlanlaryň zalymlygy ony bu mümkinçilikden mahrum etdi. Ulag şäheriň merkezinden çalt geçip, beýik polat derwezä golaýlaşyp saklandy.

Riçard ogurlanyp tussag edilenine birnäçe hepde geçeninden soň, öz janyna kast edip ölen meşhur syýasaty hakdaky pikiri

kellesinden çykaryp bilmedi. "*Şol ykbal meniňem başyma inermikä?*" — diýip, Riçard pikir etdi. Ýöne ol şobada Mukaddes Kitapda "Gorkma" diýen sözüň 366 gesek duş gelýänini ýada saldy, bu ýylyň dowamynda her bir güne — hatda 29-njy fewraly bar ýylyň her bir gününe-de degişlidi. Riçardyň 29-njy fewralda ogurlanylmagy adamlaryň özüne edip biljek zadyndan gorkmaly däldigini ýatlatma bolup hyzmat etdi. Gorky türme kamerasyna ýanyň bilen alyp gidilmeli duýgy däldi. Hudaýyň kömegi bilen ol töweregindäkiler onuň gözlerinde Mesihi görüp durkalar — gynamalara, hatda gazaply daramalara-da, kesele-de, hatda ölüme-de döz gelip biler.

Düýn agşam Riçard bilen Sabina öýlerinde birnäçe dostlaryny kabul etdiler. Olaryň biri ölen syýasatçyny göz öňünde tutup:

— Ol dowzahyň içinden geçen bolsa gerek — diýdi.

— Riçard, sen nähili pikir edýärsiň, dowzah näme? — diýip, beýleki dosty sorady.

Maşynyň yzyndan derweze ýapylanynda, Riçard bu soňky eşidýän sesleriniň biri bolup biler diýip pikir etdi.

— Dowzah — bu ýekelikde garaňkylykda oturyp, geçmişdäki günäleriňi ýatlamakdyr — diýip, Riçard jogap berdi.

*****

Adamsy bilen hoşlaşanyna otuz minut geçenden soň Sabina-da Riçardyň hemişe ýöreýän ýoly bilen ýygnaga tarap ugrady. Ýygnaga baranda Sabina missiýanyň ýolbaşçysy, kiçijik ofisiniň içinde öňe-yza aljyraňňy hem gaýgyly ýöräp ýören ruhy çopan Solhaýma duş geldi.

— Riçard, şeýdip, gelmedi — diýip, ol aýtdy. — Ýöne onuň kellesinde şeýle köp zat bar! Belki, ol haýsydyr bir wajyp duşuşygy ýadyna düşen bolsa, bu ýere gelmelidigini ýatdan çykarandyr.

Sabina haýsydyr bir duşuşygyň bardygy aýan däldi.

# 16-NJY BAP

— Ýöne ol maňa ýarym sagatdan soň şu ýerde garaşmaga söz berdi.

— Belki, ol kömek gerek bolan birine duş gelendir — diýip, Solhaým ony köşeşdirmäge çalyşdy. — Häzir geler.

Ýygnanyşygy ruhy çopan Solhaýmyň özi alyp bardy. Sabina dostlarynyň hemmesine jaň edip çykdy, ýöne adamsy hiç ýerde ýokdy.

— Gaýgy etme — diýip, Solhaým ýygnanyşyk gutaranyndan soň ýene Sabinany köşeşdirmäge synanyşdy. — Riçardda beýle zat mydama bolup durýar, onuň nirededigini hiç haçan bilmeýärsiň. Ýadyňdamy, bir gezek ol tomus lageri wagtynda irden gazet satyn almaga gitdi-de, günortan ertir ertirlik naharyna-da gelmejekdigini aýtdy?

Sabina başyny atdy, ýöne ýüregindäki gorky minutsaýyn güýçlendi.

Şol gün Riçard bilen Sabinanyň öýünde dostlary, öý bikesiniň her ýekşenbe gün taýýarlaýan, adaty ýekşenbe naharyndan lezzet aldylar. Köpler üçin bu hepdäniň dowamynda iň uzak garaşylan wagt bolýardy. Emma Sabinanyň asla işdäsi ýokdy. Myhmanlar iýip we şöhratlama senalaryny aýdyp otyrkalar, Riçardyň haýsydyr bir gaýragoýulmasyz iş ýadyna düşüp gidendigine we tizara gaýdyp geljekdigine, ol umyt baglady. Ol Riçardyň gapyny açyşyny, gülüp, gijä galany üçin ötünç soraýşyny, özüniň hem ony bagyşlaýşyny, soň hem, hemme zadyň ýerbe-ýer bolşuny ençe gezek göz öňüne getirdi.

Ruhy çopan Solhaým ýygnanyşygy geçireninden soň, Sabina keselhanalaryň hemmesine jaň edip çykdy. Riçardy maşyn kakan bolmagy mümkin diýen pikir bilen ol gaýragoýulmasyz kömek bölümleriniň hemmesine howlukmaç aýlanyp çykdy, ýöne bu netijesiz boldy. Adamsynyň barlygynyň hiç hili alamatlaryny tapmandan soň, ol indi diňe onuň ýygnaga gidenine ýarym sagat geçenden soň aýaly bilen duşuşmaga beren wadasyna ýapyşyp oturdy.

Gündiz öýläne öwrüldi, öýlän hem gijä. Riçard entegem ýokdy. Sabina girelgedäki gapa seredip, sessiz garaşdy. Wagt haýal geçdi. Onuň ýoklugynyň ýeke-täk düşündirişi, Sabinanyň hemmesinden beter gorkýan zadynda bolup durdy...

*****

Howpsuzlygyň awtomobili Riçardy göni howpsuzlyk müdirligine alyp bardy. Onuň galstugyny aýyrdylar, jübüsindäki zatlaryň hemmesini, şol sanda pasporty bilen beýleki dokumentlerini-de aldylar, eşiklerini çykardylar. Hatda köwşüniň baglaryny-da aldylar, sebäbi olary tussaglar özlerini asmak üçin ulanyp bilýärdiler. “Şu wagtdan başlap, sen — Wasile Georgesku” — diýip, işgärleriň biri aýtdy.

Bu at tussagyň adyny bilerden juda giň ýaýrandy. Riçardyň meşhurlygyny we yzarlamalardan gaça durup bilme ukybyny hasaba alyp, hatda bu ýerzemin binanyň türme işgärleri-de onuň hakyky adyny bilmezler. Riçard türme sistemasynda yzsyz ýitip gider.

Buharestiň esasy köçeleriniň birinde, Rahowa köçesinde, ýerleşýän bu türme täzedi we onçakly bilinmeýär. Riçard özüniň birinji belgili tussagdygyny bileni üçin özüni hut bu ýerden gözlejekdikleriniň gümanadygyny bilýärdi.

Beton kamera ýönekeýdi we örän dardy. Tussaglaryň gaçyp bilmezlikleri üçin diwaryň ýokarsynda goýlan äpişgeden kameranyň içine kwadrat şekilli kiçijik Gün ýagtysy düşýärdi. Riçard burçda duran bedräniň ýanyndaky demir krowadyň üstünde garaşyp oturdy. Garaşmaklyk mydama türme tussaglygynyň iň kyn bölegidi — dowzahy bölegidi. Ol aňtaýjylaryň özüne nähili soraglary berjekdikleri we garşy çykmasyny basyp ýatyrmak üçin, nähili gynamalary ulanmaklarynyň mümkindigi hakda pikir etdi.

Fiziki agyrynyň kömegi bilen tussaglardan mydama köpräk maglumat almak başardýardy, ýöne Riçardyň ogurlanan wagtynda duýan gorkusynyň ýerini, näme bolsa-da, şoňa Injiliň hatyrasyna

döz gelmeklige berk aýgytlylyk geldi. Ogurlanlaryň edip biljek iň gorkunç janhowul ýagdaýyna döz gelmäge-de özüne Hudaýyň güýç berjekdigine Riçard ynanýardy.

Riçard töweregini gurşap alan zatlar ýaly hereketsiz bolup, ümsümligiň içinde oturdy we özüni bu türmä alyp geleni üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi. Geçýän her bir sekunt Sabina ikisiniň özlerine haçyny alyp gitmäge mümkinçilik bermegini sorap eden dogalaryna berlen jogapdy. Bu diwarlaryň içinde nähili garaşylmadyk we ajaýyp mümkinçilikler peýda bolar? Ol garawullar we beýleki tussaglar bilen nahili dostlukly gatnaşyklary ýola goýup bilerkä? Riçard bilenokdy. Şeýle-de bolsa, ol hatda Rahowa köçesindäki türme kamerasynda aýra saklanylandaky görgüler wagtynda hem, onuň üsti bilen Hudaýyň nur saçjakdygyna umyt baglaýardy.

*****

Kommunistler Riçardyň adyny aldylar. Sabina hem, adamsy ýaly, bar bolmasyny bes etdi. Syýasy tussagyň aýaly azyk kartyny almaýardy we onuň işlemäge haky ýokdy. Iýmit tapjak bolup synanyşmalar onuň üçin hepdelik synag bolupdy.

— Men nämä ýaşamaly? — diýip, Sabina ýolbaşçylardan sorady. — Oglumy näme bilen naharlamaly?!

Ol mydama şol bir jogaby eşidýärdi:

— Ol siziň öz işiňiz.

Sabina aýlaryň dowamynda, iň bolmanda nähilidir bir maglumat taparyn diýen umyt bilen iş otagyndan iş otagyna ylgady. Ähli derejedäki ýolbaşçylar onuň haýyşlaryna perwaýsyz garadylar we onuň adamsynyň türme tussaglygyndadygyny boýun almakdan ýüz öwürdiler. Gijelerini Sabina garaşyp hem aglap, penjiräniň öňünde geçirdi. “*Belki, ol şu gün geler*”, — diýip, ol umyt etdi. Geçmişde, hatda faşistlerem onuň adamsyny iki-üç hepdeden soň goýberýärdiler ahyry.

Emma indi häkimiýet başynda faşistler däldi, kommunistler bolsa, faşistlerden-de zalym bolup çykdylar. Häkimiýetiň iň ýokary wezipelerdäkileriniň ýanyna baryp, Riçard üçin töwellaçylyk etme karayna gelen Sabina, içeri işler ministrligine bardy. Has wajyp tussaglaryň içeri işler ministrliginiň ýerzemininde saklanylýandygyny ol bilýärdi. Ol köp maşgalalaryň şol ýerden özleriniň tussag edilen ýakynlary hakdaky maglumatlary gözleýändiklerini gördi.

Sabina ýörite şunuň üçin ikinji gatda açylan sorag-jogap býurosyna tarap ugranda, basgançakdan ýokary galmaly boldy, bu basgançagyň üstünde çagaly eneler tükeniksiz nobata garaşyp otyrdylar. Ýalaňaç diwary: "SYNPY DUŞMANLARA REHIMSIZ BOLALYŇ!" — diýen şygar bezäp durdy.

Sabina özünden öňde nobata duran aýallaryň ýalbaryşlaryny eşitdi. Ýolbaşçylar hat ýazýan maşynda ýazylan kartotekjelerinden gözlän kişi bolýardylar. Kartotekjeli şkaflar açylýardy, ýazgylara seredilýärdi, ýöne jogap mydama şol bir zatdy: tussag edilenleriň arasynda olaryň ärleriniň atlary ýok.

Sabinanyň soragyna-da şonuň ýaly jogap berildi. Hemme zat onuň eýýäm bilýän ssenarisi boýunça gitdi. Ol iş otagyndan ejizlik hem ýeňilme duýgusyndan başga hiç zatsyz gaýtdy.

Şonda ol şwed diplomaty jenap Rýuterswerden kömek sorap ýüz tutma kararyna geldi. Onuň bilen duşuşyga Sabinanyň ýanynda ruhy çopan Solhaým gitdi. Ozal Rýuterswerde Riçardy halas edipdi, şonuň üçin Sabina onuň ýene kömek edip biljegine ynanýardy. Özünden ýokarky ýolbaşçylarynyň direktiwalaryna garşy gidip, diplomat barybir, Riçard hakdaky maglumatlary ýygnamak üçin, öz abraýyna töwekgelçilik etmäge ýürek etdi. Ol daşary işler ministri Anna Pauker bilen habarlaşdy. Ol hem: "Bize gelen maglumatlara görä, ruhy çopan Wurmbrand, öz gullugyndaky özüne ynanylan dollardan bir çemodany dolduryp, ýurtdan gaçyp gidipdir. Aýtmaklaryna görä, häzir ol Daniýadamyş" — diýdi.

Diplomat göze görnüp duran ýalana ynanman, premýer ministr Groza ýüz tutdy. Ol hem mekirlik bilen ýylgyryp: "Siz Wurmbrand

biziň türmämizdedir öýdýärsiňizmi? Eger muny subut edip bilseňiz, men ony boşadýaryn!” — diýdi.

Muny subut etmek kyndy, ýöne Sabina gözleglerden el üzüp bilmedi. Hemme resurslary ulanyp gutaranyndan soň, Riçardyň adyndan töwellaçylyk etmäge haky bolmany üçin, ol para bermeklige ýüz urmakdan başga alaç tapmady.

# 17

Pula alnan maglumat Sabinany Buharestiň howply, jenaýatçylykly etrapçalaryna alyp bardy. Ol adamsynyň ýerleşýän ýerini anyklamak üçin islendik bahany tölemäge taýýardy. Käbirleri Riçard ogurlanylyp, Moskwa äkidilipdir, başgalary bolsa, ol ölüpdir, eýýäm bir ýerde jaýlanypdyram diýip çaklaýardylar.

Bir gün Sabinanyň çagalykdaky jorasy Klari Maýeriň kellesine bir pikir geldi.

— Sen ministrler kabinetindäki Teoharo Georgseku hakda eşidipdiňmi? — diýip, ol sorady.

Sabina başyny ýaýkady.

— Şonuň dogany biziň goňşymyz bolup ýaşaýar. Belli bir baha onuň türmeleriň gapysyny açyp bilýändigini aýdýarlar. Men Riçard hakda onuň aýaly bilen gürleşerin.

Sabina Georgseku bilen onuň isleýän ýerinde, şäheriň daşyndaky garypja külbede duşuşdy. Ol gowy hilli gymmat penjekli gysga boýly adam eken.

— Men — Georgseku — diýip, özüni tanyşdyrdy. — Men hemme zady ederin. Doganyma ýekeje söz aýdylsa, iş çözüldi hasap ediberiň. Kepil? Meniň sözüm!

Georgsekunyň bahasy juda ýokarydy, şeýle-de bolsa, Sabina soralan bahany uly kynçylyk bilen tapdy. Ýöne hiç hili baha adamsynyň janyndan gymmat bolup biljek däldi.

Birnäçe hepdäniň dowamynda Georgsekudan hiç hili habar bolmady. Maglumatam, täze duşuşyk hakda gürleşme-de bolmady.

# 17-NJI BAP

Ahyrsoňunda Sabina öňden bäri pikir edýän zady bilen ylalaşdy: ony ýene aldadylar.

Köp aýlaryň dowamynda eli egri adamlar Sabinanyň çykgynsyz ýagdaýyndan peýdalandylar. Ähli derejedäki we gatlakdaky adamlar onuň serişdelerini gutardylar. Ol iýmite we ilkinji derejeli zerur zatlar üçin zerur gerek bolan soňky puluny onuň üçin wajyp maglumaty tapmaga söz berenleriň jübülerine saldy. Ýöne her gezekki duşan adam nobatdaky ýalançy bolup çykdy. Tizara Sabina ähli wadalaryň boşdugyna öwrenişdi.

*****

Bir gün agşam Wurmbrandlara kompartiýanyň ýokary wezipeli bir agzasy geldi.

— Bize ýene nämäniň garaşýanyny kim bilýär? Belki, iňlisler we amerikanlar geler — diýip, ol aýtdy.

Sabina ABŞ bilen Sowet Soýuzynyň arasyndaky gatnaşyklaryndaky dartgynlylygyň ýitileşýändigini bilýärdi, şoňa görä-de, birnäçe wagtyň dowamynda azat bolmak hakdaky pikiri edip ýöredi.

Bir syýasatçy elinden gelenini edip, Sabina kömek bermäge synanyşdy, ol hatda Riçard baradaky maglumat üçin pul baýrak hem teklip etdi. Ýöne beýlekileriň tagallalary ýaly, onuň edenleri-de puç bolup çykdy. Sabinanyň jorasynyň üsti bilen kompartiýadan ýene bir tanyş tapyldy. Onuň jorasy ol adam bilen mekdebe gatnaýardy. Ol adam bilen Sabinanyň jorasy, şübhe döretmez ýaly, oýnaşlar bolansyrap, gizlinlikde duşuşdylar, emma olaryňam gürrüňleri hiç hili netije bermedi.

Aldawçylar bilen bolan tükeniksiz duşuşyklardan, duýgudaşlyk bildirýänler tarapyndan edilen netijesiz synanyşyklyklardan we köp sanly paralardan soň, bir gün agşam Sabinanyň gapysyny bir nätanyş adam kakdy. Ol adamyň sakaly syrylmadykdy, üstündenem Sabina gowy tanyş bolan garaly içgisiniň ysy gelip durdy.

— Men seniň adamyňy tanaýaryn — diýip, ol aýtdy.
Sabina oňa ynanmady, ýöne diňlemegi dowam etdirdi.
— Men — gözegçi. Ýöne haýsy türmededigini sorama. Men onuň üçin iýmit äkitmeýärin. Ol özi hakdaky maglumat üçin seniň gowuja tölejekdigiňi aýtdy.
— Bu siziň näçe isleýändigiňize bagly — diýip, Sabina jogap berdi.
Nätanyş bahasyny aýtdy.
— Men öz janyma töwekgelçilik edýärin, düşünýärsiňmi?
Onuň aýdan pulunyň möçberi gaty uludy, şonuň üçin Sabina ony ýygnap biljekdigine şübhelendi. Şeýle-de bolsa, eger bu nätanyşa öz adamsynyň diridiginiň subutnamasy bolan bir zady almak başartsa, onda Sabina elinden gelenini eder.
Sabina ruhy çopan Solhaýma muny gürrüň berdi. Solhaým muňa ynamsyz garady, şeýle-de bolsa, nätanyş bilen duşuşmaga razy boldy. Ol garawula plitka şokolad berdi-de:
— Muny Wurmbranda eltip beriň we onuň daşyna öz eli bilen ýazan birnäçe sözüni alyp geliň — diýdi.
Iki gün hiç hili habarsyz geçdi. Ine-de, ol adam Sabinanyň gapysyny kakdy. Ol şlýapasyny çykaryp, onuň içinden eli bilen sermeläp gözläp, şokoladyň kagyzyny tapdy. Sabina haýran galyp, kagyzyň daşyna Riçardyň eli bilen: "Gadyrly aýalym, süýjiň üçin saňa minnetdar. Meniň ýagdaýym gowy, Riçard" diýlip hat ýazylanyna ynanyp bilmän, oňa seredip durdy.
Bu onuň adamsynyň hatydy! Bu ýerde hiç hili şübhe bolup bilmez. Ol onuň hatyny derrew bildi — onuň haty uly hem takykdy. Sabinanyň gözlerine ýaş aýlandy.
— Ol gowy — diýip, garawul aýtdy. — Ol seni örän söýýändigini aýtdy.
Sabina Riçardyň nähili eýmenç şertlerde oturanyny göz öňüne getirmäge çalyşdy we şokolad oňa, gysgajyk hem bolsa, ýeňillik getirendir diýip umyt etdi. Ol onuň bilen birnäçe minut bolmak üçin hemme zady-da bererdi.

# 17-NJI BAP

— Käbirleri ýekelikde oturylýan kameralarda oturmaga çydam edip bilmeýärler. Olar özbaşlaryna bolmagy halamaýarlar — diýip, garawul aýtdy.

Aslynda Riçardyň ýeke däldigini Sabina bilýärdi. Riçardyň köplenç aýdyşy ýaly, türmede Mesihiň barlygy anyk bolýar. Ol garawula bar zatlarynyň hemmesini berip, Riçardy habarlar bilen ruhlandyryp durdy.

— Munuň üçin on iki ýyl alýarsyň — diýip, ol arz etdi. — Ýöne bilýärsiňmi, men muny diňe pul üçin edemok.

Riçardyň dilden aýdýan sözlerini Sabina, Sabinanyň sözlerini Riçarda aýtmak bilen garawul öz azatlygyna töwekgelçilik edýärdi, şonuň üçin Sabina oňa ummasyz minnetdarlyk duýýardy. Diňe ol Riçardyň diridigine bolan umydy ýitirmezlige oňa kömek edipdi.

— Biziň size töleýän pullarymyzy siz näme edýärsiňiz? — diýip, bir gezek Sabina ondan sorady.

— Içýärin! — diýip, ol uludan gülüp jogap berdi.

Eger onuň serhoşlugy Riçardyň derdini ýeňledýän bolsa, onda eden aladaňa degýär. Adamsy diri, bu iň esasy zatdy. Sabina garawula birnäçe hepdeläp brendiniň içine gark bolmaga ýeter ýaly pul berdi. Hemmeleri geň galdyryp, ol Riçard bilen hakyky dost bolup, oňa ogrynça goşmaça çörek getirip berip başlady.

Sabina ruhy çopan Solhaýma we onuň aýalyna Riçardyň türmededigi hakda gürrüň berende, är-aýal beýleki borçlarynyň hemmesini üstlerinden aýyrdylar-da, ünslerini ony boşatmaga synanyşmakda jemlediler. Ruhy çopan Sabinany Şwesiýanyň ilçihanasyna şwed diplomaty bilen duşuşmaga alyp bardy. Bu gezek onuň elinde Riçardyň gözgyny ýagdaýdadygynyň subutnamasy hökmünde şokoladyň kagyzyny alyp bardy. Diplomat şobada premýer ministre hat ýazdy: "Siz eger Wurmbrandyň rumyn türmesindedigini subut edip bilsek, onda ony boşatjakdygyňyza söz beripdiňiz. Indi mende subutnama bar" — diýdi.

Öz degişmesiniň ters netijäni berenine haýran galan Groza maglumaty daşary işler ministri Anna Paukere aýtdy, Pauker

hem, diplomatdan duşuşmagyny sorady. Gazaplanan we özüni kemsidilen saýan Pauker kakdyrmasy üçin Rýuterswerde, hamana ýalan sözleýändigi üçin käýedi we ýene-de Riçardyň Daniýa gaçyp gidendigini gaýtalady. Pauker öz ýurdunyň içki işine burnuny sokýan ilçiniň kemsitmelerine çydam edip oturmaz. Şeýdip, Pauker Rýuterswerdiň derňew geçirme baradaky haýyşyny kanagatlandyrmakdan boýun towlady. Emma ol bigünä adamyň ejir çekmegine ýol berip biljek däldi, şonuň üçin Paukeriň gatyşmagyny ýene talap etdi. Ýöne daşary işler ministri üçin bu mesele eýýäm ýapylypdy.

Ýokarda duran ýolbaşçylar diplomatyň Rumyniýanyň içki işlerine gatyşmaga hakynyň bardygyny şübhe astyna saldylar, şeýdip, ol işinden gitmeli adam diýlip yglan edildi. Tegmillenen abraý bilen we öňde goýlan maksadyna ýetmäniň ähli serişdelerini ýitireni üçin jenap Rýuterswerde Sabina, özünde adamsynyň diridiginiň we nirededir bir ýerde Rumyniýanyň territoriýasyndadygynyň subutnamasy bar bolsa-da, indi Riçardy tapma meselesinde kömek edip bilmeýärdi. Rýuterswerdeniň karýerasy tamamlandy. Ilçi yzyna, Stokgolma çagyryldy we diplomatik gullugyndan pensiýa goýberildi.

Iň ýakyn dostlary ruhy çopan Solhaým bilen aýalyny-da ýurtdan çykarýandyklary baradaky pajygaly täzelik Sabina üçin gaty gaýgyly täzelik boldy. Iň çuň synaglar wagtynda Sabina şolaryň kömegi bilen batyrlyk hem çydamlylyk tapýardy. Ol ýan bermäge we ýalana ynanmaga taýýar bolan wagtynda, olar oňa umydy hem ynamlylygy gaýtaryp getirýärdiler. Sabina olarsyz näderkä? Şeýle-de bolsa, Solhaýmlaryň Rumyniýadaky missionerçilik işiniň soňuna çykypdylar, şeýdip, olaryň Sabina edip biljek kiçijik kömegi indi uzakdan gelýärdi. Ýöne olar gitmänkäler, Hudaý Sabinanyň we onuň gadyrly dostlarynyň dogalaryna jogap berdi. Riçard ahyrsoňy tapyldy!

# 17-NJI BAP

*****

Buharestde, Rahow köçesindäki döwlet guramasynda, dereksiz ýitenleriň garyndaşlarynyň öz ýakynlarynyň nirededigi hakda hepdede iki gezek sorap biljekdikleri hakdaky myş-myşlar ýaýrady. Bu soňky synanyşygy edip görmek üçin Sabina jorasy Býankadan, öz "dogany" Riçardyň adyndan hukuk goraýjy edara ýüz tutmagyny haýyş etdi[1].

Býanka arza ýazdy-da, ony döwlet howpsuzlygy edarasyna alyp bardy we ol ýer bolsa Riçardyň oturan türmesiniň üstünde ýerleşen edara bolup çykdy. Aýallar özlerini sanawda garyndaşlarynyň barmydygyny bilmek üçin içeri girmäge rugsat edýänçäler, içki howluda garaşdylar. Birden Býankanyň ýanynda duran aýal oňa binanyň ýerzemininiň kiçijik äpişgeleriniň birini görkezdi. "Şu äpişgeden serediň, ýöne seresap boluň, hiç kim biläýmesin — diýip, ol pyşyrdady. — Ol ýerde kimdir biri ünsüňizi özüne çekdirjek bolup, sizi görkezýär".

Býanka haýaljakdan yzyna öwrüldi-de, sakaly syrylmadyk erkek kişini tanajak boldy. Ol gözlerini owkalady-da, gözlerine zor saldy. "Bu Riçard! Ol diri!" Býanka tolgunmasyny güýjünde baryny edip gizlemäge çalyşdy, Riçardyňam düşüneni görnüp durdy: Býanka ony tananyny görkezip bilmedi. Şonuň üçin Riçard oňa elini bulady-da ýylgyrdy.

Tiz wagtdan Býankanyň otaga girmeli wagty geldi. "Wurmbrand, Wurmbrand... Ol biziň sanawymyzda ýok — diýip, ofiser perwaýsyz hüňürdedi. — Eger bizde ol ýok bolsa, onuň nirededigi bize näbellidigini aňladýar".

Býanka bu ýalanyň, diňe bir tussaglara däl-de, eýsem, olaryň maşgalalaryna-da mümkin boldugyça köp azar berjek bolup, kommunistleriň nobatdaky gazaply aldawydygyna düşündi. Garyndaşlaryň hemmesi şol bir jogaby aldylar.

---

[1] Býanki Adleriň "Duşmançylykly territoriýada Hudaýa gulluk etmek" atly kitabyndaky şaýatlygy (Pentrit, Awstraliýa: "Stephanus", 2003).

Ýöne döwlet howpsuzlygy edarasynda aýdylan zat Sabinany saklap bilmedi. Riçardyň nirededigini bilenden soň, ol hepde-de iki gezek ýiten adamsy hakda maglumat gözleýän kişi bolup, ol ýere geldi. Her gezegem, howluda garaşanynda, ol biri-birine seredip we uludan dem alşyp, Riçard bilen “gürleşdi”. Adamsy Rahowdaky kamerada otyrka, Sabina ony yzygiderli görmäge geldi.

Ýöne bu saparlaryň haçana çenli dowam etjegini hiç kim bilmeýärdi...

# 18

1948-nji ýylyň 14-nji maýynda Ysraýyl döwletiniň emele gelmegi Sabinany haýran galdyrdy we galkyndyrdy. Rumyn ýewreýlerini faşistler gyranyndan soň, bu täzelik kommunistleriň gözegçilik edýän ýurdundan maşgalalaryň çykmagyny emele getirdi. Riçardyň türme kamerasynda görgi görýändigine garamazdan, Hudaýyň Ýermeýa pygambere: "Men halkymy gahar-gazabym, otly gazabym bilen dargadan ýurtlarymdan ýygnaryn. Olary bu ýere yzlaryna getirerin we howpsuzlykda ýaşadaryn" (Ýermeýa 32:37) — diýip beren gadymky wadasynyň ýerine ýetenini bilende, onuň tolgunjakdygyny we guwanjakdygyny Sabina bilýärdi. Eger iki ýüz altmyş ýyla golaý wagt geçenden soň Hudaý Öz halkyny öýüne alyp baryp bilen bolsa, onda Ol Riçardy-da öýüne eltip biler.

Şeýle-de bolsa, babyl ýesirliginden soň bolşy ýaly, wada berlen ýurda barýan ýol ýeňil bolmady. Kommunizm halky demir penjesi bilen gysýardy, şonuň üçin ondan çykmak az adama başartdy. Sowet esgerleri köplenç köçelerde ýewreýleri tutýardylar-da, olary sowet ştatlaryndaky mejbury işlere alyp gidýärdiler. Rumynlaryňam yzlaryna düşüp ýörýärdiler. Olary howpsuzlygyňkylar alyp gidenlerinden soň, olar hakda hiç kim gaýdyp hiç zat bilmeýärdi.

Sabinaň öz şäheri Bukowinadan bolan bir ýaş ýigit oňa: "Meniň doganym, Sowet Soýuzyndaky mejbury işe gitmejek bolup, şkafyň arkasyndaky gizlin ýerde dört aýyny geçirdi. Men diňe azajyk geýmimi aldym-da, sowet býurokratyna meniň jaýymyň içindäki zatlaryň hemmesi bilen we ýygnan pullarymyň hemmesini alyp biljekdigini aýtdym. Men pasport aldym-da, gitdim. Kommunizm

— bu hemmeleriň hemmelerden bar zadyny almagydyr” — diýip gürrüň berdi-de, uludan demini aldy.

Rumyniýada täze köpçülikleýin çykyş başlandy, ýöne gaçmak gymmatdy. Daşary ýurt walýutasyna juda ýiti mätäçligi duýýany üçin ýurt, daşary işler ministri Anna Pauker arkaly Ysraýyl bilen dokumentlere gol çekişdi. Bu dokumentler Rumyniýa ýene täzeden dörän ýurduna öz raýatlaryny satmaga mümkinçilik berýärdi. Tizara professorlar, lukmanlar we alymlar ýokary bahaly söwda predmetine öwrüldiler.

Her gije wiza bölümiň binasynyň öňünde öz ýurduna satylmak isleýän ýewreýleriň mähellesi garaşyp durýardy. Gitmäge umydy az bolanlar — elleri bäbekli babalar we mamalar beýlekileriň hemmesi ýaly, Rumyniýadan gaçma mümkinçiligine garaşyp, edil binanyň öňündäki ýanýodada ýatýardylar. Ýurtdan çykmaga rugsat almaga umyt edýän ýewreýleriň nobaty milisiýa bölüminden başlap, Parlament meýdançasyna çenli uzalyp gidýärdi.

— Nämäniň nobaty? — diýip, bir nätanyş ýewreýden sorady.

— Pyrtykalyň! — diýip, oňa jogap berdiler.

— Ýöne ýoluň aňyrsyndaky dükanda pyrtykaly nobatsyz satýarlar...

— Hawa, ýöne biziň olary göni agaçdan alyp iýesimiz gelýär!

Köp asyrlardan soň birinji gezek suwarma sistemasy bilen suwarylan ysraýyl topragy öz halkyny eklemäge ýetjek bol hasyly wada berýärdi. Rumyniýanyň dürli şäherlerinden ýewreýlerden hyryn-dykyn ýük otlulary ol ýere gitdiler. Ýewreý däller hem, azatlyga teşnediler, şonuň üçin ýasama wiza almak üçin juda köp pul töleýärdiler. Döwletiň “Ysraýyl” operasiýasyny gizlin saklamaga çalyşýandygy sebäpli, şol otlular Buharestiň merkezi wokzalyndan gitmeýärdi. Olar gijelerine geçmesi kyn bolan ätiýaçlykdaky ýollardan şäher etegindäki stansiýalara gidýärdiler. Sabina öz dostlary bilen hoşlaşmak we olara täze durmuşa barýan ak ýoly arzuw etmek üçin aglap, demir ýol stansiýalaryna barýardy.

## 18-NJI BAP

Sabina-da ýurtdan gitmegiň pikirini etdi, ýöne Riçardsyz gitjek däldi. Onuň azatlyga çykmagyny gazanmaga näçe ýyl gerek bolsa-da, ol tussaglykda onuň ýeke özüni goýjak däldi.

"Indiki ýyl Iýerusalimde!" — diýip, her bir ýewreý ýüregi köp ýüzýyllyklaryň dowamynda kepbelerden we sinagogalardan ýüzlendi. Sabina-da muny ýürekden isleýärdi. Ol şu otlularyň birine Riçard hem Mihaý bilen bile münüp, syýahatlaryň iň mukaddesini etmegi — öz halkyna Hudaýyň Özüniň wada beren ýurduna gitmegi nähili isleýärdi!

Hatda esgerler bilen milisiýa işgärleri-de, gaçmaga synanyşyp, janlaryna töwekgelçilik edýärdiler. Bir gezek milisiýanyň ýokary wezipeli başlyklarynyň biri Sabina: "Eger maňa pul berip, ýurtdan giderim ýaly, ýewreýlere berilýän wizany almaga kömek etseňiz, men siziň adamyňyzy türmeden çykarýaryn" — diýip teklip etdi.

Sabinanyň ýürekden ynanýan bir dosty şol adamyň hakykatdan hem, beren sözüni ýerine ýetirýändigine ynandyrdy. Bu täzeligi eşideninde, Mihaý begenip bökdi. Ahyrsoňy ol ýene kakasyny görýär.

Öz ýaşyndan uzyn we ýaşy boýunça ýetişen oglan, deň-duşlarynyň arasynda ýigrenilýärdi. Ol mekdepdäki okuwçylara kakasyny näme üçin beýle ýygy-ýygydan türmä salýandyklaryny düşündirmäge ençe gezek synanyşypdy. Mihaýyň duýýan inkär edilmesini Sabina duýman bilmedi.

"Eje jan, men düýş gördüm — diýip, Mihaý ertesi irden aýtdy. — Men düýşümde goňşymyzyň maňa öz şlýapasyny uzadyp, iki guşuň oňa girmegini sorandygyny gördüm, emma olar pasyrdaşyp uçup gitdiler". Sabina düýşüň manysyna düşündi. Başlyk Riçardy boşatma synanyşygynda şowsuzlyga uçraýar. Birnäçe gün geçenden soň, düýş ýerine ýetýär-de, onuň tutulandygy belli bolýar.

Mihaý geljegi görkezýän düýşleri köp görýärdi, ýöne olar, beýleki çaga duýgularynyň köpüsi ýaly, adatça basyrganmalar bilen gutarýardy.

Her gün Buharestiň geçelgelerinde gitdigiçe köp ýewreý ýitýärdi. Bir gezek türmeden meşhur tussaglar çykaryldy. Olary tiz kömek

maşynlarynda öýlerine alyp geldiler. Olar özleriniň göklerini, ýara yzlaryny görkezdiler we gynamalar hem görgüler hakda gürrüň berdiler. Zerur täsirler galdyrylandan soň, olaryň hemmesi ýene tussag edildi.

Sabina Riçardyň gynamalary çekme ukybyny gaýgy edýärdi. Kommunistler tussaglardan maglumaty çekip almakda, faşistlerden has tejribelidiler. Bir gezek Isa: "Teni öldürip, jany öldürip bilmeýänlerden gorkmaň..." (Matta 10:28) — diýdi, ýöne Sabina gynamalar astynda Mesihden ýüz öwren, hatda öz maşgalalaryna we ýakyn dostlaryna dönüklik eden ruhy çopanlar hakda-da bilýärdi. Olara köplenç amputasiýa, kastrasiýa ýaly we beýleki eýmençlikleri ulanýardylar. Başda adamyň organizmi iň agyr fiziki şikese hem döz gelýär. Ýöne olar gaýtalanyp dursa, agyry hakydasy toplanýar-da, erki döwüp başlaýar.

Riçardyň aýgytlylygy, aýratynam, köp sanly hem dowamly gynamalardan soň yraň atar diýip, Sabina gorkýardy. Birwagtlar Riçard ölse-de, dostlaryny satmajakdygyna söz beripdi, ýöne Petrusyň hem wadasyny bozup, Mesihi inkär edeni-de Sabinanyň ýadyndady. Riçard her neneň güýçli bolsa-da, onuň ýan bermegi mümkin. Isa Öz şägirtlerine "ruhuň güýçlüdigini, teniň bolsa ejizdigini" (Matta 26:41) ýatladypdy. Eger hemme zat iň erbet ssenariý boýunça gidip, Riçard gynamalar wagtynda öläýse, onda ony göklerde ýene görjegini Sabina bilýärdi. Olar jennetdäki on iki derwezäniň biriniň ýanynda — Benýaminiň derwezesiniň ýanynda duşuşmagy öňünden belleşipdiler.

# 19

1948-nji ýylda Rahow köçesinde ýerleşýän türmäniň ýerzemin gatynda oturanda, Riçard beýikdäki äpişgeden howlynyň bir bölegini görüp bildi. Ol öz imanynyň munuň ýaly ýowuz daramalara garşy durup bilmäge ukyplymydygy hakdaky soraglary özüne berdi. Ol özüni ýatdan bilýän Mukaddes Kitap parçalary bilen köşeşdirdi we ruhlandyrdy.

Sorag etmeler wagtynda aňtaýjylar haýran galyjylykly sabyrlylygy görkezdiler. Gowy enjamlaşdyrylan arhiw ýaly, kommunistik türmeler özlerinde köp sanly maglumatlary saklaýardylar, ýöne maglumatlar hatda saklanylýan arhiwden tapawutlylykda, bu ýerde maglumat adamyň aňynda saklanylýardy. Tussaglardan takyk hem öz wagtynda gerek bolan maglumatlaryň hemmesi bir wagtda däl-de, zerur bolan wagtynda kem-kemden alynýardy. Aňtaýjylaryň nazarynda Riçardyň özi wajyp maglumatly sandyk ýalydy. Onuň Günbatar bilen saklaýan gatnaşyklarynda kommunistler dönüklik görýärdiler, şonuň üçin ol olaryň syýasy tussagy boldy, has takygy, ol özüni türmede saklaýanlaryň elinden öler. Ýöne olar onuň günbatar gatnaşyklarynyň ulgamynda we Bütindünýä ýygnaklar sowetindäki ugurlarda bar bolanlaryň atlaryny bilmäge howlukmaýardylar.

Ýöne Riçardyň gizlin hem kuwwatly ýaraga eýedigi — onuň ýyllar boýy türme tussaglygyna taýýarlanandygy ony gynaýanlara belli däldi. Parahatlyk wagtyndaky esger ýaly, Riçard öz aňyny we tenini sorag etmelere, gynamalara, tapdan düşmelere taýýarlapdy.

Ol ogurlanan güni urgulara, söz üsti bilen azar berilmelere we türme kamerasyndaky ýowuz şertlere çydardan juda gowy ýagdaýdady.

Riçard beýleki mesihileriň agyr görgülere nädip döz gelendiklerini öwrenip, köp ýyllaryny geçirdi. Ol öz ýaşaýyş ýörelgesini şonuň ýaly synaglara mydama öwrenişdirýän we korrektirleýän adam ýaly boldy. Şonuň ýaly wagtlarda az taýýarlykly bolan tussaglar basyşlary astynda ýan berip, köplenç aňtaýjylara gerek maglumatlary berýärdiler. Riçard bolsa, öz çydamlylygy bilen türme işgärleriniň arasynda öz bolşuna laýyk gelýän abraýy aldy.

Sorag etmeler wagtynda aňtaýjylar: “Sen — mesihi, şoňa görä-de, bize diňe hakykaty aýtmaly” — diýip, köp gaýtalaýardylar. Ýöne bu duzak Riçardda hiç haçan başa barmaýardy. Aslynda, onda olaryň strategiýalarynyň hijisem işlemeýärdi. Öz aýdan sözüniň özüni aýyplama ýa-da, has beter zada, dönüklige alyp baryp biljekdigi üçin Riçard hemme zady bulaşdyrýardy-da, derňewiň gidişini kynlaşdyrýardy.

Riçard Sabina we dostlaryna özüniň nirededigini habar bermäniň usulyny tapdy. Onuň ýitenine biynjalyk bolýanyny diňe bir rumyn ýygnagynyň ýolbaşçylary däl-de, eýsem, Skandinawiýanyň we Beýik Britaniýanyň ýygnaklary hem bildirdi.

Hatda iň batyr erkek kişilerem, Riçardyň özüniň tanyş bolan adamy Anna Paukeruň öňünde ellerini goýberipdiler. Annanyň kakasy Rabinsoň (Rabinowiçi) familiýaly ruhanydy. Bir gün onuň kakasy Riçarda: “Annanyň ýüreginde ýewreýlere degişli bolan hiç bir zada-da duýgy ýok” — diýip, gussaly aýdýar. Anna medisinany öwrenýär-de, lukman bolmakçy bolýar. Soň birazrajyk ybadathana missiýasynda işleýär. Ýaşlykda Anna, ýokary wezipä gelende ýok etmek üçin, din bilen gowuja tanyşýar.

Marsel Paukere durmuşa çykanyndan soň ol kommunist bolýar-da, syýasy opponentler bilen dildüwşüge gatnaşany üçin tussag edilýär. Özüni kommunizmiň ideýalaryna çuň bagyş eden Anna bilen adamsy Moskwa göçüp gidýär, ýöne Iosif Staliniň buýrugy bilen arassalanma geçirilende, Marsel atylýar. Anna partiýa

basgançagynda basym ýokary galýar-da, Rumyniýa gaýdyp gelýär we daşary işler ministri wezipesini eýeleýär. Yranmazak hem rehimsiz aýal ministr derejesi Annany, özüni “dünýädäki iň güýçli aýal”1 diýip atlandyran “Taým” žurnalynyň daşky sahypasyna alyp barýar[1].

Anna Pauker Russiýany şeýle gowy görýärdi welin, hatda ajaýyp güneşli günleriň birinde Buharestde saýawanly ýöreýär. Ondan:

— Näme üçin siz saýawanly ýörsüňiz? — diýip soraýarlar.

— Sebäbi Moskwada ýagyş ýagýar! Men radioda eşitdim — diýip, Anna jogap berýär[2].

---

[1] “Gaýnadylan kremli pirožnyny ýigrenýän gyz”, “Time”, 1948-nji ýylyň 20-nji sentýabry.

[2] “Moskwadaky ýagyş”, “Time”, 1952-nji ýylyň 9-njy iýuny.

# 20

Kameranyň gapysy açylanynda, Riçard öz gözlerine zordan ynandy. Kamera syýasatçy, Rumyniýadaky kommunizmiň ideýalarynyň öňe gidişine jogapkär bolan ýustisiýa ministri Lukretiu Petreşkanu girdi. Munuň ýaly ýokary wezipeli adam tarapyndan sorag edilmek nähili hormat!

Onuň yzyndan gapy tarkyldap ýapylanynda, Riçard Petreşkanunyň köwşüne gözüni aýlady — onuň bagy ýokdy. Galstuksyz köýnegi tagaşyksyz asylyp durdy. Indi olam tussagmyka?!

Petreşkanu Riçardyň garşysyndaky agaç krowatda oturdy. Onuň göwresi we özüni alyp barşy, özüni näderejede sylanylýan adam hökmünde alyp barmaga öwrenişendigini bildirdi. Hatda türmede syýasatçynyň endige öwrülen hereketini üýtgedip bilmändir. Petreşkanunyň öz ýurdunda korrupsiýany ýaýratmakda nähili weýran edijilikli roly oýnandygyny we adamlara nähili adalatsyzlyk edendigini Riçard bilýärdi. Olar gürleşenlerinde, Riçard onda hakykatyň bölekleriniň bardygyny duýdy we onuň bilen erkek kişi hökmünde gürleşip biljekdigine düşündi.

Geçmişde Petruşkanu, öňki häkimiýetler tarapyndan birnäçe gezek tussag edilipdi. Onuň ösüp barýan meşhurlygyna göripçilik eden syýasy işdeşleri Rumyniýany ondan saplamak barada dil düwüşýärler. Birnäçe gün mundan ozal içeri işler ministri Teohari Georgeskua oňa buržuaz dönüginiň tagmasyny basmak başartdy. Maliýe ministri Wasile Lukiniň goldamasy bilen Petreşkanua imperialistik deržawalara ýardam etmekde aýyplanma ýöňkelýär.

# 20-NJI BAP

Tussaglaryň we kontrrewolýusionerleriň gynalyşy hakdaky myşmyşlar Petreşkanuny gaty biynjalyk edýärdi. Bu barada bilmek işlerini geçirmek bilen ol partiýanyň işine wepalylyk abraýyny ýitirýär. Ministriň öz durmuşyndaky işine bolan wepalylyk tagmasynyň soňky çüýüni özüniň öňden bäri ýakyn jorasy bolan Anna Pauker kakdy.

“Men ministrligiň binasyndan çykanymda, — diýip, bir gezek Petreşkanu Riçarda gürrüň berdi. — öz gulluk awtomobilimiň ýanynda täze sürüjiniň duranyny gördüm. Ol: “Siziň sürüjiňiz Ionesku syrkawlady, ýoldaş Petreşkanu” — diýdi. Men maşyna mündim, meniň yzymdan bolsa, döwlet howpsuzlygynyň iki ofiseri ýöredi. Şeýdibem, men bu ýere geldim!”

Riçard öňe eglip, söhbetdeşini ünsli diňledi.

Adatça Riçarda gaýnadyp getirilýän birnäçe arpa dänesinden tapawutlylykda, Petreşkanua towuk etinden, peýnirden we miwelerden ybarat bolan tagamly iýmitleri getirýärdiler. Ministre bir çüýşe çakyr hem berilýärdi. Ýöne täze gelen tussagyň işdäsi ýokdy. Ol podnosy Riçardyň öňüne süýşürýärdi, ol hem toýuň nahary ýaly bolan iýmiti açgözlülik bilen iýýärdi.

Riçard iýip otyrka, Petreşkanunyň diline degişmeli wakalar geldi. Ol özüniň Şweýsariýa harby-deňiz flotunyň baş serkerdebaşysynyň saýlanylmagyna töwellaçylyk eden şweýsar senatoryny ýatlady.

— Ýöne bizde flot ýok ahyry! — diýip, oňa jogap berdiler.

— Eýsem, munuň tapawudy barmy? — diýip, senator ýüzlendi. — Eger Rumyniýada ýustisiýa ministri bolýan bolsa, onda Şweýsariýada näme üçin harby-deňiz flotunyň baş serkerdesi bolmaly dälmişin?!

Deňze hiç hili çykalgasy bolmadyk Şweýsariýanyň floty hakda eşideninde Riçard ýylgyrdy. Petreşkanu hem güldi.

Ertesi gün irden iki garawul Petreşkanuny kameradan soraga alyp gitdi. Riçard munuň ýaly ýokary wezipeli adamy nähili gazaply sorag etjekdikleri hakda pikir etdi. Şeýle-de bolsa, Petreşkanu şol agşam özüni asla sorag etmändiklerini aýtdy. Munuň deregine

ol uniwersitetde hukuk öwrenişi boýunça leksiýa okapdyr. Onuň tussaglygy gizlin saklanylýan bolmaly. Onuň nirededigini hatda aýaly hem bilmeýärdi. Ol adamsy resmi sapara gidendir, şonuň üçin myhmanhanada ýatýandyr diýip pikir edýärdi. Ministr özüni barybir atarlar ýa-da ömürlik gözenegiň aňyrsynda saklarlar diýip, Riçarda içini dökme kararyna geldi.

Petreşkanu kommunistik ideallara ynanany üçin däl-de, uruşdan soň bolan zat sebäpli kommunist bolupdyr. Birinji jahan urşy wagtynda onuň kakasy nemeslere kömek edipdir, şonuň üçin soýuzdaşlar ýeňiş gazananyndan soň, onuň maşgalasy agyr günlere salnypdyr. Soň Petreşkanu uniwersitet bilimini almak üçin Germaniýa gaçyp gidipdir. Ol Rumyniýa gaýdyp gelende, onuň gelenine diňe kommunistik partiýa şat bolupdyr. Ol, hatda, kommunist gyza-da öýlenipdir, ol gyz, mekdepde okan wagtynda Sabina bilen jora eken.

— Siz maňa Marks bilen Lenini ýatladýarsyňyz — diýip, pikirini sesli aýtdy.

Bu pikir Petreşkanuny haýran galdyrdy.

— Marks özüni içinden geniý hasaplaýardy, — diýip, Riçard dowam etdirdi. — ýöne Germaniýadaky ýewreý bolany üçin ol, özüni rewolýusioner hökmünde görkezmekden başga çykalga tapmandyr. Lenini bolsa, doganyny imperatoryň janyna kast edendigi üçin asanlaryndan soň, ony gazap hem sustupeslik dünýäni çöwürmäge mejbur etdi. Sizde-de şoňa meňzeş zat bolupdyr.

Petreşkanu ylalaşmady, ýöne Riçard öz sözleriniň kameradaşyny aňk edenine düşündi. Olar adalat, ýygnagyň adamzadyň görgülerindäki roly hakda gürrüň etdiler. Petreşkanu Borjiýa papalyk dinastiýasynyň wekilleriniň korrupsiýasyny we derejesini hyýanatçylykly ulanmaklaryny, ispan gandöküşiklerini, haçly ýörişleriň ýamanlyklaryny we Galileýe berlen adalatsyz azarlary tankytlamaga az güýç ýitirmedi.

# 20-NJI BAP

— Ýöne ýygnagyň hut jenaýatlary we ýalňyşlyklary bize guwanmaga köp mümkinçilikler berýär — diýip, Riçard onuň sözüni bölüp aýtdy.

— Siz nämäni göz öňünde tutýarsyňyz?

— Keselhanada porsy ys gelip biler, iriň hem gan bolup biler — diýip, Riçard düşündirdi. — Onuň gözelligi hut şonda hem jemlenendir, sebäbi ol ýere ýürekbulandyryjy ýaralar we eýmenç keseller bilen gelýärler. Ýygnak — bu Mesihiň keselhanasydyr. Onuň söýgüsine gurşalan millionlarça syrkawlar ol ýerde şypa alýarlar. Ýygnak günäkärleri kabul edýär. Olar günä etmegi dowam etdirýärler, olaryň jenaýatlarynda bolsa, ýygnagy aýyplaýarlar.

Riçard dowam edýär:

— Başga bir tarapdan, meniň üçin ýygnak, çagasy jenaýat etse-de, oňa wepaly bolup galýan enä meňzeş. Onuň gullukçylarynyň syýasaty we yza galak pikirleri Hudaýdan, ýagny Mukaddes Kitapdan, sežde etmeden we Rebbiň agşamyndan çykýan zatlary ýoýmaklyk bolýar. Şeýle-de bolsa, ýygnakda nähili kemçilikler bar bolsa-da, onda ajaýyp zatlaram köp. Her ýylda deňizde müňlerçe adamlar gark bolýar, ýöne onuň gözelligini hiç kimem inkär etmeýär.

Petreşkanu bir pursatlyk oýa batdy-da, soň:

— Kommunizm hakda-da hut şuny aýtmak bolar. Onuň işleri aňrybaş gowulyk däl, biziň aramyzda aldawçylaram bar, ýöne bu biziň teoriýamyzda nämedir bir zadyň gowy däldigini aňlatmaýar! — diýdi.

— Onda netijeler boýunça baha beriň — diýip, Riçard jogap berdi — Ýygnagyň taryhyna gelşiksiz işler tegmil basdy, ýöne ondan mydama söýgi çykyp durdy we ol bütin dünýädäki adamlaryň aladasyny etdi. Ol köp sanly mukaddesleri döretdi, olaryň hemmesiniň başynda hem, hemmämizden-de mukaddes bolan Mesih dur. Siziň kumirleriňiz kim? Marks ýaly şahsyýetler. Moskwanyň Marks we Engels Institutynyň direktory terjimehalçy Rýazanow ony “arakhor” diýip atlandyrýar. Ýa-da Lenin, aýalynyň aýtmagyna görä, ol akylsyz humarbaz we ýazan işleri-de zäherden

doly adam bolupdyr. Kommunizm millionlarça pidalary ýok etdi, ýurtlary weýran etdi, dünýäni aldawdan hem gorkudan doldurdy. Onuň položitel tarapy nirede? Siziň işdeşleriňiziň türmelerde oturandyklary, atylandyklary ýa-da başga bir ýol bilen ýok edilendikleri hemmelere mälim. Siz adamlary ilki ulanýarsyňyz-da, soň olary zyňyp goýberýärsiňizmi?

— Bu şeýle, sebäbi olar akmak — diýip, Petreşkanu garşy çykdy. — Birinji jahan urşundan on ýyl geçenden soň, beýik bolşewik ideology ýoldaş Buharin Troskiniň ýaragyň güýji bilen bütindünýä rewolýusiýasyny etme meýilnamasyna garşy çykyş etdi. Ol gowusy, kapitalistik döwletler öz aralarynda söweşip başlaýançalar, garaşmalydygyny aýtdy. Soň Russiýa ýeňen tarapa goşulyp basyp alnan ýurtdan iň uly paýy alýar. Eger Günbatar Ýewropanyň ýarysynyň we Aziýanyň üçden iki böleginiň kommunistik täsir astyna düşjekdigini bilen bolsa, soňky uruş hiç haçanam bolmazdy.

Ýöne hiç zat Riçardyň pikirini üýtgedip bilmedi.

— Jenap Petreşkanu, siz adamlary ulanyp, olary ýoluň gyrasyna taşlaýarkaňyz, öz ýoldaşlaryňyzyň siziň özüňizi taşlanyny, eýsem, görmeýärsiňizmi? Eýsem, Leniniň taglymatynyň logikasy öz gözüňizi gapmandyrmy?

Petreşkanu ajy öýkesini gizläp bilmedi.

— Dantony kellesi kesilýän ýere alyp barýarkalar, ol balkonda özüne seredip duran Robespýeri görende: “Maksimillian, senem meniň yzymdan gelersiň!” diýipdir.

Riçard onuň gözlerinde ar alma uçgunlaryny gördi.

— Men size dogrymy aýdýaryn — diýip, Petruşkanu dowam etdirdi. — olar — Anna Pauker, Georgesku we Luka-da meniň yzymdan gelerler.

Bäş ýyldan soň Petreşkanunyň weliligi ýerine ýetdi.

# 21

1948-nji ýylyň günleriniň birinde Rahow köçesindäki türmäniň kamerasyna üç sany garawul girdi-de, Riçarddan geýinmegini soradylar. “Galyň paltoňy geý, bu urgulary ýuwaşadar” — diýip, Petruşkanu pyşyrdady. Appel familiýaly garawullaryň biri Riçardyň gözüni gara mata bilen daňyp, ony uzyn koridoryň içi bilen alyp gitdi-de, ýokarsynda çyra ýanyp duran stolly we oturgyçly iş otagyna alyp bardy.

Appel gözündäki daňyny aýranynda, ýiti ýagty Riçardyň gözüni gamaşdyrdy. Stolyň aňry tarapynda erkek kişiniň göwresi göründi. Gözi ýagta öwrenişenden soň Riçard onuň öňki inspektor, ýaňy-ýakynda wezipesi ýokarlandyrylan, indi hem sorag etmeleri geçirýän Morawesdigini bildi.

— Wasile Georgesku, — diýip, Morawes aýtdy. — Stoluň üstünde kagyz bilen galam dur. Oturgyjy alyň-da, oturyp, öz durmuşyňyz we işleriňiz hakda ýazyň.

Riçard tabyn boldy.

— Ruhany bolanyň üçin siz köp sanly iç dökmeleri eşidensiňiz. Indi siz biziň öňümizde içiňizi dökmek üçin bu ýere geldiňiz — diýip, inspektor sözüni dowam etdi.

Öz şaýatlygyny beýan etmeklige we ruhy terjimehalynyň esasy etaplaryny suratlandyrmaga Riçard bir sagatdan gowrak wagtyny sarp etdi. Aňtaýjy ýaly, ol hem birwagtlar ateistdi, ýöne günleriň birinde pikirleri üýtgäpdi.

— Bu günlikçe ýeterlik — diýip, ahyrsoňy Morawes aýtdy-da, ondan galamy aldy.

Indiki köp sanly sorag etmeleriň gidişinde Riçard türme işgärleriniň usullaryna we strategiýalaryna düşündi. Olar tussag edileni sebäpli şok ýagdaýyna düşende milisiýanyň adamdan boýun almany gazanma taktikasyny ulanmagyň deregine, olar has sabyrly usuly ulananyny gowy görýärdiler — tussag edilen adam *ýetişmeli*. Olaryň maksady adamda günä hem howsala döretmekden ybaratdy, bu bolsa, ondan ýuwaş-ýuwaşdan maglumat almaga kömek edýärdi. Tussaglara özleriniň tussag edileniniň sebäbini seýrek aýdýardylar, bu bolsa olary özlerine analiz berme we näbellilik ýagdaýyna salýardy. Tükeniksiz duzaklar olaryň aňynda dartgynlylyk döredýärdi, şübhe hem gorky döredýärdi. Ýasama sud işini diňlemeler bellenilýärdi, soň hem, iň soňky pursatda, soňa goýulýardy. Tussaglaryň kamerasynyň äpişgesiniň öňlerinde ýasama atyşyklary geçirýärdiler. Gijelerine bolsa, kassetalara ýazylan sesleriň ýazgylaryny eşitdirýärdiler.

Birnäçe hepdeläp şunuň ýaly psihologiki hüjümler edileninden soň, garşy durmak gitdigiçe kynlaşýardy. Erk döwlüp başlaýardy. Günä duýgulary sebäpli güýçden gaçan we agyr ýagdaýa düşen tussaglar ýalan netijelere gelip, ýalňyş yzyna ýalňyş goýberýärler. Ol dostlarynyň atlaryny aýdyp, olary satýar. Aňtaýjy bolsa, ondan özüni gyzyklandyrýan maglumaty alýar.

Tussag psihiki taýdan üýtgeme derejesine baryp ýetende bolsa, aňtaýjy taktikasyny üýtgedýär-de, oňa duýgudaşlyk bildirip başlaýar. Gorkuzmaklyk rehimdarlyga öwrülýär. Öz günäsini boýun almanyň, jenaýatyna düşünmäniň dereginde bu ezýetleriň hemmesiniň soňuna çykmalar wada berilýär.

Birnäçe gün geçenden soň, Riçardy ýene kameradan alyp çykdylar-da, özüne iki sany aňtaýjynyň garaşyp oturan ýerine, ýerzemine alyp bardylar. Appel portfeli dörüşdirdi-de, ondan iris süýjüsini çykaryp, ony Riçarda uzatdy.

— Siziň jenap Teodoresku bilen nähili baglanyşygyňyz bar? — diýip, ol ýeri gelende gyzyklanan ýaly edip gyzyklandy.

## 21-NJI BAP

— Teodoresku? Bu şeýle giň ýaýran at. Siz kimi göz öňünde tutýarsyňyz?

Appel muny düşündirjegem bolmady. Munuň deregine ol Mukaddes Kitap, Işaýanyň pygamberlikleri we Musa hakdaky soraglary berip, derrew temany üýtgetmäge başlady. Ol kä başyny atyp, käte gaşyny çytyp, Riçardyň sözlerini diňlände, olara gyzyklanma bildirdi. Soň ol birden, garaşylmadyk ýagdaýda we duýdurman, Riçarddan sowet goşunynyň arasynda mesihilik edebiýaty ýaýratmaga kimiň kömek edendigini sorady. Olar Işaýanyň pygamberlikleri hakda bilýärdilermikä? Appel jogaby mylakatlylyk bilen diňledi, ýöne Riçardyň sözlerine garanda, onuň edýän hereketiniň ony köpräk gyzyklandyrýandygy görnüp durdy.

Özüne ynamly bolmadyk Wasilu atly beýleki aňtaýjy onçakly mylakatly däldi.

— Tanaýan adamlaryň hemmesiniň atlaryny ýaz — diýip, ol talap etdi. — Şeýle hem, nirede tanşanyňyzy görkez we gatnaşyklaryňyzy häsiýetlendir.

Riçard ikirjiňlendi, ol atlary seresaplyk bilen we saýlap aýtdy.

— Hiç zadam gizleme — diýip, Wasilu gygyrdy. — Men: “Atlaryň hemmesini!” diýdim.

Riçard döwlet işgärleriniň atlaryny we syýahatlar wagtynda duş gelen adamlarynyň atlaryny ýazdy. Eger ol mesihi gullukçylaryň atlaryny aýtsa, onda olaryň maşgalalary şobada tutulýarda, urulýarlar.

— Ikinji sorag: sen döwlete garşy nähili jenaýatlar etdiň?

Riçard göni Wasilunyň gözüne seretdi.

— Meni nämede aýyplaýarlar?

Wasilu ýumrugy bilen stola urdy.

— Näme edendigiňi seniň özüň bilýärsiň! Prawoslaw kärdeşiň Grigodiu ata bilen gatnaşyklaryň we ol hakda näme pikir edýändigiň baradaky gürrüňden başla. Diňe ýaz. Ýazmagy dowam etdir!

Riçard özüniň ruhy terjimehalyndan näçe bap ýazmaga rugsat etseler, şonça-da ýazsa begenjekdi. Başga soraglar boýunça ol, mümkin boldugyça az ýazdy.

Riçardy köp hepdeleriň dowamynda sorag etdiler. Ony ýatmaga goýmaýardylar diýen ýalydy. Gijelerine ol Mukaddes Kitapdan aýatlary gaýtalap, öz aňyny jylawlaýardy.

Hudaý Riçarda kiçiräk ruhlandyrma pursatlaryny berdi, bir gezek onuň sakalyny syryp duran dellek Sabinanyň ýagdaýlarynyň gowudygyny, onuň gullugy üstünlikli dowam edýändigini pyşyrdap aýdanda, bu onuň güýjüni iki esse köpeltdi. Riçard sorag etmelere döz gelip biljekdi, ýöne Sabinany hem sorag edýändikleri we gynaýandyklary baradaky pikir, islendik söýýän är üçin bolşy ýaly, onuň üçin çekerden agyrdy. Eger Sabinany tussag etseler, Mihaýa näme bolar? Ol ýetim galar-da, köçede ýaşamaga mejbur bolar. Şonuň ýaly ykbal köp çagalaryň başlaryndan inipdi.

Bir gün agşam Riçard uklajak bolup otyrka, goňşy kameradan aýal sesi eişdildi. “Ýok, ýok! — diýip, aýal ýalbardy. — Haýyş edýärin, meni urmaň. Urmaň! Men mundan artyk çydamok!” Jellatlar öz pidasyny rehimsizlik bilen uranda, koridoryň içinde onuň nalaýan sesi ýaňlandy.

Riçard ünsli diňledi. Birden onuň gözleri gorkudan ýaňa ulaldy. Bu Sabinanyň sesidi! Ony tutup, bu ýere getiripdirler. Riçard uzakly gije, aýalynyň adyny tutup, garaňkyda aglady. Ýöne ol ony eşidýärmikä? Olar ony şu wagt näme edýärkäler?

Soňrak Riçard öz eşiden sesiniň Sabinanyňky däldigini bildi. Bu bary-ýogy magnitofon ýazgysy eken. Ony tussaglaryň hersi bu rehim edilmegini ýalbaryp soraýan sesiň öz aýalynyň, jorasynyň ýa-da ejesiniň sesidir öýtmegi üçin magnit ýazgysy eken.

*****

## 21-NJI BAP

Riçard her gije, öz doganlaryny satandan özüni öldürenini gowy görýäni barada Sabina öz beren wadasyny özüne ýatladýardy. Ol irki ýygnakdaky öz monastyryna çozan wagşylaryň elinden päkligini ýitirmejek bolup, özüne kast eden gyz hakda okanyny ýada saldy. Eger ýygnak ony makullan bolsa, onda Hudaý Riçardyda bagyşlar, sebäbi onuň özüni öldürmesi başgalary ejirlerden hem jepalardan halas edýär.

Ýöne onuň köwşüniň baglaryny alypdylar, aýna böleklerini, ýüp we tyg gözläp, kamerany ýygy-ýygydan barlaýardylar. Her gije oňa ukladyjy derman berýärdiler, ýöne garawullar onuň dermany ýuwdanyna göz ýetirmek üçin, mydama Riçardyň agzyny barlaýardylar. Wah, ol diliniň aşagynda dermany gizläp, wagtyň geçmegi bilen ondan birnäçesini ýygnap bilsedi! Ýuwutmadyk dermanlaryny gizlemek üçin Riçard Petreşkanunyň düşeginiň birnäçe tikinini sökdi. Bir aýyň dowamynda ol otuz sany — ebedi uka gitmek üçin gereginden-de artyk derman ýygnady.

Özüni öldürmeklik Riçarda duşmanlaryny ýeňmäge kömek etjekdi, ýöne şäherden eşidilýän sesler — ýaş gyzyň aýdym aýdýan sesi, burçuň aňyrsyndaky tramwaý relsleriniň takyrdylary... — öz pikirine täzeden seretmegini ýalbaryp soraýardy. Riçard ömrüni Hudaýa gulluk etmeklige bagyş edipdi. Ony ýok etmek pähimlilikmi?

Aňtaýjylar tussaglaryň gözlerini agyrtmak üçin, olaryň gözlerine ýiti ýagty tutýardylar, ýöne Hudaýyň Öz ýagtysy bar. Bir gün gije ýarygijeki asmana seredip durka, Riçard garaňkyda ýagty saçyp duran ýeke-täk ýyldyzy gördi. Ol Riçardyň kamerasyna düşüp, ony köşeşdirmek üçin, bütin dünýäni ýagtyldyp durdy. Belki, onuň durmuşy-da, Halasgär ugrunda ejir çekýän geljekki tussaglara ýeter ýaly, uzak aralyklara nur saçyp biler. Ýyldyz oňa ýaşamagyny sorap ýalbarýardy, ýöne Riçard entegem şübhelenýärdi. Belki, onuň ölümi, ýaşanyndakysyna garanda, köpräk peýda getirer?

Ertesi gün garawullar gelip, Petreşkanunyň düşegini başga bir tussag üçin alyp gitdiler. Şeýdip, Riçardyň özüni öldürme hakdaky meýilnamalary birden bozuldy duruberdi. Ilki ol gaty gynandy, emma soň, görgüler her neneň agyr bolsa-da, Hudaý özüne kömek eder diýip köşeşdi.

# 22

— Sen biziň bilen oýun oýnaýarsyň — diýip, Dulgeru Riçardyň ýüzüne ýyldyrym çaltlygynda çaldy. — Eýsem, sen özüň durşuňa meniň ygtyýýarymdadygyňy, seniň Halasgäriň ýa-da sen Oňa başga näme diýýärsiň, öz öňüňde türmäniň gapylaryny açmakçy däldigini göreňokmy?

— Onuň ady Isa Mesih — diýip, Riçard agyrydan ýanyp duran ýüzüni çala ýapyp aýtdy. — Eger Ol islese, onda meni azatlyga çykarmaga Onuň ygtyýary bardyr.

— Bolýar — diýip, Dulgeru haşşyldady. — Beýle bolsa, sen ertir ýoldaş Brinzaru bilen tanşarsyň!

Beýleki tussaglaryň hemmesi ýaly, Riçard hem bu at agzalanda gorkýardy. Maýor Brinzaru ezber, barypýatan zalymlyk derejesi bardy. Onuň edil gorillanyňky ýaly, tüýli elleri bardy. Ol tussagdan maglumat almaga ussatdy. Ol aňtaýjy bolmazyndan öň, meşhur bir syýasatça işleýärdi. Tizara onuň ogly watançylyk hereketlerine ýolbaşçylyk edeni üçin tussag edildi.

— Öň, sen çagakaň, men seni dyzymda saklaýardym — diýip, ol ogluna aýtdy, soň hem, sowukganlylyk bilen ýalaňaç elleri bilen ony bogup öldürdi.

Riçard ýumşak sorag etmeler gününiň gutaranyny bildi. Brinzaru ony her dürli gynama gurallary örülip goýlan kamera alyp bardy. “Belki, bu ýerden özüňe has gowy ýaraýanyny saýlap alarsyň? — diýip, Brinzaru ujy gyşyk gaýçylar we gysgyçlar duran stoly görkezdi. — Biz bu ýerde demokratiýany gowy görýäris”.

Birnzaru Riçardy daraklygyna galyp, eliniň barmaklaryny potologa degrip durmaga mejbur etdi. Birnäçe wagtdan soň ol huşundan gitdi. Olar ony urup, soň hem öňki durşunda goýmak üçin şeýle etdiler. Her gün Riçardy birnäçe sagatlap, gelşiksiz, gödek ýa-da gülkünç pozada durmaga mejbur etdiler. Türme işgärleriniň maksady ony abraýdan düşürmekdi, olar bu işlerinde üstünlik gazandylar. Olar onuň her gezekki täze pozasynyň üstünden ýykylýançalar güldüler.

Riçard diwara seredeninde, Mukaddes Kitapdaky: "Ýarym jerene, keýik owlagyna meňzeýär. Ine, ol howlymyzyň daşynda durup, penjirelerden garaýar, gözeneklerden bakýar" (Aýdymlaryň aýdymy 2:9) diýen sözleri ýada saldy. Onuň tenini döwüp persala edip, sansyz-sajaksyz ýara yzlaryny galdyranlarynda, ol diwaryň aňry tarapynda Isanyň özüni köşeşdirip duranyny we özi bilen bile görgi görýänini göz öňüne getirdi. Eger Mesih ellerini haça ýetirip bilen bolsa, onda Ol onuň ellerini-de potologa ýetirip biler. Ol ysraýyllaryň öňbaşçysy Musany ýada saldy. Musanyň eli ýokary galyp durka, ýewreýler amaleklilere edýän urşunda ýeňdiler (Gelip çykyş 17:11).

Riçardy kameradan köplenç gözüni daňyp çykarýardylar, şonuň üçin ol türmäniň kartasyny düzüp bilmedi. Ýöne bir jaýy ol gaty gowy bilýärdi — bu maneždi, tussaglaryň aýdyşlary ýaly, "türgenleşme halkasydy". Ol bary-ýogy on iki ädim ädeniňde, hemme ýerini aýlanyp bolýan kiçijik kamerady. Dört ädim ätseň, diwar gelýärdi. Soň ýene dört ädim, ýene diwar durdy. Brinzaru Riçarda şol perimetri sagatlap aýlanmaga buýruk berýärdi.

— Aýlan! Töwerek boýunça ýöremegi dowam et — diýip, ol talap etdi.

Riçard barşyna diwara urlup, huşuny ýitirip, bir ýerini agyrdyp hem pola ýykylyp, oňa tabyn boldy. Onuň gaty başy aýlandy, gözleri derden doldy. Birnäçe minutdan soň, jaý aşagy opurylan ýaly boldy. Riçard gözlerini ýumdy-da, ýene diwara baryp uruldy.

# 22-NJI BAP

Ol özüni gynaýjylar üçin doga etmesini bes etmezlik üçin huşundan gitmezlige titreme bilen çalyşdy.

— Çaltrak! — diýip, oňa buýruk berdiler. Garawullaryň biri Riçardyň tirsegine agaç dubinka bilen urdy welin, agyry bütin endamyna ýaýrap gitdi. — Tur! Gymylda!

Ertesi gün Riçarda, elini arkasynda tutup çommalyp oturmak buýruldy. Birazrajyk wagtdan soň garawul onuň tirsekleriniň aňyrsyna metal ştangany sokup, bedenini birden galdyrdy-da, howada aýlap başlady we aýaklaryna, butlaryna we oňurgalaryna gamçy bilen urup başlady. Gözündäki gara daňy Riçarda urgulara taýýarlanmaga mümkinçilik bermedi. Munuň netijesinde agyry iki esse boldy. Birnäçe gezek urlanyndan soň, Riçard huşunden gitdi. Buz ýaly bir bedre suwy ýüzüne sepip, ony huşuna getirdiler.

Indiki hepde Brinzaru kamera gelende, Riçardyň bokurdagyna pyçak goýdy. Pyçagyň ýiti tygy onuň boýnunda we döşünde çyzyk galdyrdy. Riçard özüne gelende, ganyň içinde ýatanyny gördi.

Brinzaru urgular Riçardda ýeterlik agyry döretmeýär diýip hasap edende, ol onuň agzyna lineýka goýup, oňa garny ýarylar derejä ýetýänçä suw guýdy. Soň ol Riçard gaýtaryp başlaýança, ony depmegi buýruk berdi.

Bir gün Riçardyň gözlerini daňyp, onuň kamerasyna iki sany möjegi goýberdiler. Oňa tussaglar gymyldasa, olara hüjüm etmegi haýwanlara öwredýändiklerini aýtdylar, şonuň üçin Riçard, olaryň gyzgyn demini ýüzünde duýup, gymyldaman oturmaly boldy.

Aýlar geçdi, gynamalaryň güýji artdyryldy. Riçardyň döşüne gyzgyn ütük goýdular. Onuň gyzgynyndan ýaňa derisi pyşşyldap başlanda, ol birnäçe sekuntdan soň huşundan gitdi. Soň ony huşuna getirdiler-de, bişirmegi dowam etdirdiler. Bu gynamalar Riçardyň ömründe gören çeken agyrylarynyň içinde dowzaha iň ýakyn bolanydy, şonda ol özüni gynaýanlaryň bakyýetde şunuň ýaly gynamalaryň içinde boljakdygyna gynandy.

Riçard wagtyndan öň ölmez ýaly, gynamalardan soň mydama lukman gelýärdi. Käwagt onuň göwnüne ölüm özünden bir ädim aralykda duran ýaly bolýardy. Riçardy huşundan gidýänçä bogdular we tenini, öýkeniň howa almaga güýji ýetmez derejesine çenli urdular.

Öz Rebbi Isanyň hem şunuň ýaly urlandygy Riçardyň gowy ýadyna düşýärdi. Isanyň gören görgülerine gatnaşmak nähili hormat! Goňşy tussaglaryň sesleri hem ýňňyldylary uzakly gije "dik durmada" — tussagyň süňkleri bogunlardan çykýança bedeni süýndürýän enjamda bogunlarynyň uçlaryny üzenlerinde, has beter eşdilýärdi. "Dik durma" hakda agzalmanyň özi gorky döredýärdi we boýun almany aňsatlaşdyrýardy.

—Seniň gizlin maglumat berenleriň sanawy nirede? — diýip, Brinzaru sorady.

Riçard köp atlary we salgylary ýazdy, emma ol imandaşlaryny satmady. Ýazylan atlar we salgylar kändi, ýöne olar ölenleriň ýa-da Günbatara gaçyp gidenleriň atlarydy.

Tussag edilmezinden öň Riçard üstünden gülünmelerden we kemsidilmelerden gorkmaýardy. Ýöne iki garawul üstüne tüýkürip, agzyna buşuganlarynda, beýlekilerem muňa seredip gülşenlerinde, hemme zat üýtgedi. Gynamalar arkaly Riçardy gomoseksualdygyny, zynahordygyny, ogrudygyny, içalydygyny we dönükdigini boýun almaga mejbur etdiler. Gije ony kamera taşladylar, ol ýerde Riçard geçen gündäki jepalardan ýaňa aglap, indiki günüň sütemlerini çekmäge güýç berilmegini diläp doga etdi.

"Näme üçin sen ýan bereňok? — diýip, Brinzaru haýran galdy. — Bu zatlaryň hemmesi peýdasyz. Sen bary-ýogy bedensiň, ahyrsoňy döwlersiň".

Öldürilmejek bolup adamyň hemme zady edýändigine kommunistler ynanýardylar. Azatlyga çykmak üçin tussag olaryň isleýän zatlarynyň hemmesini boýun alýandyr diýip, olar çak edýärdiler. Ýekelikde oturylýan kamerada, indiki günüň getirjek gynamalaryndan heder edip oturşyna, Riçard durmuşyň diňe

bir et, gan we süňkler däldigine ynandy. Türme işgärleri tagma basyp, saýgylap, kemsidip we onuň üstünden gülüp bilerler. Ýöne Ýewropanyň ähli kommunistleri bilelikde-de, şol sanda Brinzaru hem, ony janyndan mahrum edip bilmeýärler. Onuň jany elinden kakyp alardan juda güýçlüleriň elinde dur...

# 23

Riçard çyrasyz kamerada otyrdy. Ýekelikden ony sustupeslik gurşap aldy. Diwarlaryň reňki-de, onuň egnindäki türme eşiginiň çal reňkindedi. Wagtyň geçmegi bilen ýekelikde oturmaklyk derýalar, güller, Gün we ýyldyzlar hakdaky ýatlamalary süpürip taşlady. Onuň döwlet howpsuzlyk guramasynyň binasyndan on metr aşakda ýerleşýän äpişgesiz kamerasyna howa kiçijik trubanyň üsti bilen gelýärdi. Riçarda hepdede bir döwüm çörek berýärdiler, şonuň üçin açlyk onuň mydamalyk hemrasy boldy. Tussaglara berilýän iýmitiň koloriýasynyň mukdary diňe dem almagy dowam etdirer ýaly koloriýady.

Sekiz ýyllyk tussaglygyň birinji üç ýylynyň dowamynda Riçardy gynaýjy mydamalyk ýekelikde sakladylar. Onuň içinde oturan ümsümligi gulak gapdyryjydy. Hatda garawullaryň köwüşlerine-de aýak seslerini çykarmaz ýaly, ýuka keçe ýelmenendi. Her gezek ony kameradan alyp çykanlarynda, urýardylar we sorag edýärdiler. Ruçkasy hem kagyzy bolmany üçin Riçard, hatda, hat ýazmany-da ýatdan çykardy. Onuň ýadynda galan ýeke-täk sözler 1948-nji ýylyň 29-njy fewralynda ýolda duýdansyz tutulan wagtynda, aýaly türmä salynmazyndan iki ýyl öňki sözler bolupdy.

Umumy kamera geçirileni bilenem, Riçardyň güni gowulaşmady. Tussaglar daňdan sagat 5-den agşam sagat 10-a çenli elleri arkalaryna gandallanan ýagdaýda göni oturmaly bolýardylar. Skelet ýaly hor bolan ol adamlar özlerine polda goýlup berlen nahary, it ýaly, şalpyldadyp iýmeli bolýardylar. On ýedi sagadyň dowamynda olara dynç almaga-da, hatda, gözlerini ýummaga-da

rugsat edilmeýärdi. Gözleri daňylgy, ýenjilen hem tegmillenen Riçard teninde öz imany üçin berlen jezalaryň yzlaryny göterip ýördi. Ýyllar geçenden soň, ABŞ-nyň senatynda görkezme berende ol tussaglykda bolan wagtynda çuň sanjylan tyg ýaralaryny oňa gatnaşýanlara görkezdi.

“Meniň daş-töweregimi “Eýýuplar” gurşady — diýip, ol aýtdy. — Olaryň käbirleri Eýýupdan-da köp sütem çekdiler. Ýöne men onuň taryhynyň soňuny bilýärdim, ol başdakysyndan iki esse köp aldy. Meniň töweregimde garyp, aç we kesmekläp giden ýaraly — “Lazarlaram” bardy. Şeýle-de bolsa, ol adamlary perişdeleriň Ybraýymyň gujagyna alyp gitjekdiklerini men bilýärdim. Men olar bakyýetde nähili görnüşde boljak bolsalar, şol görnüşde hem gördüm. Öz ýanymyzda ýaşaýan bulaşyk, hapa, ejiz görgi görenlerde men ertirki günüň ajaýyp täç geýdirilenlerini gördüm”.

Ümsümligi diňe beýni ýuwmalar bozdy. Üznüksiz sorag etmeler peýdasyz boldy, sebäbi Riçard rumyn ýygnagyndaky doganlaryny satmakdan ýüz öwrüpdi.

Ýöne Riçardyň beýnisini ýuwýan diňe garawullar däldi. Käwagt ol garaňky, sowuk kamerada gara güýçleriň bardygyny duýdy. Çagalykda Riçarda ýylgyryp duran şeýtan göründi, indi bolsa, ol onuň üstünden gülmek üçin gaýdyp gelipdi. Riçard onuň üstünden gülüp aýdýan sözlerini açyk eşitdi diýen ýalydy: “*Seniň Isaň nirede? Halasgäriň saňa kömek edip bilmeýär. Seniň özüňem aldandyň we başgalary-da aldadyň. Ol Mesih däl. Sen yzyna düşmeli Serdaryň yzyna düşmediň!*” Ejiz Riçard özüni hemmeler tarapyndan unudylan we terk edilen duýdy...

Tussaglara duýgulary kütelýänçä, pikirleri bolsa, ýuwlup gidýänçä, neşe serişdelerini berdiler. Riçard güýjünde baryny edip, ünsüni jemlemäge çalyşdy, ýöne, hatda Rebbiň dogasy-da uzyn ýaly bolup, ol ony ýada salyp bilmedi. “Isam men Seni söýýärin” diýen sözleri aýtmak üçin oňa güýçler bilen göreşmek gerekdi.

“*Sen Meni söýýärsiňmi?* — diýip, Isa jogap berdi. — *Häzir Men saňa Meniň seni nähili söýýänimi görkezjek*”.

Birden Riçardyň ýüregi Emmausa barýan ýoldaky iki şägirdiň ýüregi ýaly alawlady. Riçard näçe köp görgi gördügiçe, özüni gynaýjylara bolan söýgini şonça-da köp duýdy: “Men biziň hemmämiz üçin janyny haçda Bereniň söýgüsini bilýärin. Onuň ýaly söýgi, her neneň güýçli günä etseler-de, kommunistleri hem kadadan çykaryp bilmez”. Ol her bir günäkäriň halas bolmagyny isleýän Mesihiň hemme zady öz içine alýan söýgüsine ynandy.

Mydama, aýratynam, ýekelikdäki tussaglygyň gara günlerinde, Riçard öz aklyny Mukaddes Ýazgynyň üstünde pikirlenmek bilen iýmitlendirdi. Ol uzakly gije, Hudaýyň we perişdeleriň ýanynda wagyz taýýarlap we ony aýdyp, üç ädim öňe, üç ädim yza aýakýalaňaç ýöreýärdi. Onuň kamerasynda Mukaddes Kitap gahrymanlary janlandy. Ol düýeli Ybraýymy gördi, şägirtleri bilen gürleşip oturan Isany we Ortaýer deňzi bilen missionerçilik syýahatyna taýýarlanýan Pawlusy gördi. Iýmit ýetmezçilik edýärdi, ýöne ruhy iýmit welin boldy.

Riçard dürli ýurtlarda ýaşaýan beýleki mesihiler, şeýle hem, özüni ýesir edenler üçin Hudaýa doga edip, uzakly gijesini geçirýärdi. Bir gün ol ýekelikdäki kamerada otyrka, birden jaýyň içi ýiti şöhleli ýagtydan doldy. Türmäniň çal diwarlary, edil göwher ýaly, öwşün atdy. Ümsümligi gögüň sazy bozdy. Garaňkylyk aýrylyp gitdi-de, Hudaý zyndanyň garaňkysyny gözellik dünýäsine — içinde Isa hem bolan dünýä öwürdi. Soňrak Riçard muny ýatlap şeýle diýdi: “Şol pursatda şalaryň Şasy, Isanyň Özi ýanymda boldy!”

*****

Doly ýekelikde bolany üçin Riçard Mesihiň barlygyny anyk duýdy. Ol özüniň duçar edilen yzarlanmasynyň, edil onuň özüni parçalaýanlara sowgat berýän bagyşlamasy ýaly hakykydygyna akyl ýetirdi. Onda bolsa, bagyşlara zat bardy...

## 23-NJI BAP

Iň gussaly, gara güýçleriň barlygy has duýulýan ýaly bolan günlerde, Riçard pikirinde özüne şeýtanyň haýbatlaryna garşy durmaga kömek eden eserleri düzdi:

*Söýgi — öz-özüni tassyklaýandyr.*
*Söýgi — akyldarlar üçin däl.*
*Müňlerçe synaglaryň bardygyna*
*garamazdan, ol söýmegi bes etmez.*
*Ot ýaksa-da, tolkunlar ony gark etse-de, ol*
*agyrýan eli ogşaýar.*
*Ol, hatda, soraglara jogap tapmasa-da,*
*ynanýar we garaşýar.*
*Haçan hem bolsa bir wagt Gün*
*garaňkylykda şöhle saçar we ähli gizlin*
*zatlar aýan bolar...*

Riçardyň ýokarsyndaky çyra gijesi bilen ýanyp durdy, ýöne hemişekisi ýaly güwwüldäp durmady. Onuň kiçijek kamerasyna ümsümlik geldi. Içindäki dünýä — ýagyş, ýel, agaçlaryň yraň atmasy gaýyp boldy. Bu zatlaryň hemmesi, hatda Sabinanyň sesini-de, ondan aldy.

Hiç hili sesiň bolmazlygy onuň aňyna şübheleri getirdi. Ol, hakykatdan hem, Hudaýyň güýjüni duýdumy ýa-da onuň Çopany — bary-ýogy öz pikriniň miwesimikä? Ol, dogrudanam, başgalary söýýärmikä ýa-da diňe özüne gulluk edýärmikä? Eýsem, döwlet işgäri, millioner ýa-da arhitektor bolanyň gowy bolmazmydy? Hudaý hakykatdan barmyka ýa-da kommunistler mamlamyka? Näme bolanda-da, Hudaý niredekä?!

Riçard ýanynda “*Ruhany*” atly kitabyň bolmagyny diýseň isledi. Ol ilkinji gezek şol dört ýüz sahypany okanynda, iýibem, içibem bilmedi. Onda V asyrda öz imanyny saklajak we ony butparaz rim jemgyýetiniň ýok etmegine ýol bermejek bolup, müsür çölüne giden mesihileriň taryhy beýan edilýär. Çölde bolan wagtlarynda

monahlaryň biri ýaşuludan: “Atam, dymmaklyk näme?” — diýip soraýar.

“Oglum, — diýip, monastyryň ýolbaşçysy jogap berýär. — Dymmaklyk — bu öz otagyňda ýekelikde akyldarlykda, Hudaýdan gorkuda oturyp, ýüregiňi pikirleriň otly peýkamlaryndan goramakdyr... Bu — iň esasy zadyň aladasyny edýän we diňe Isa Mesih bilen gürleşýän ümsümlikdir! Dymyp bilýän adam: “Meniň ýüregim Seni şöhratlandyrýar, ýa Reb!” — diýip aýdym aýdýar.

Başda dymmaklyk Riçarda kyn düşdi. Emma, wagtyň geçmegi bilen, ol ak pata boldy. “Ümsümlikde men Meishiň ogşanyny duýdum. Her kim özüni ogşanlarynda dymýar ahyry. Maňa asudalyk bilen şatlyk gaýdyp geldi” — diýip, ol soňrak ýatlady.

Başga mesihiler baradaky ýatlama Riçardy ruhlandyrdy. Indi ol özüni terk edilen duýmady. Ýekelikde bolan şol bir wagtynyň özünde ol asyrlaryň dowamynda Mesih bilen bolan müňlerçe ruhy çopanlaryň arasynda boldy. Riçardy şaýatlar buludy gurşap aldy, şeýdibem, olaryň şaýatlyklarynyň hem ýeňişleriniň kömegi bilen tizara ol özüne güýjüň gaýdyp gelýänini duýdy. Kyrk gije we kyrk gündizi ýekelikde çölde geçiren Isanyň Özüniň ýanyna-da perişdeler gelipdi we Ony köşeşdiripdiler (Matta 4:11). Riçard öz perişdeleriniň aladasyny edýändiklerini duýdy.

Dymmaklyk agajynda parahatlyk miwesi ýetişýär. Riçard bu hakykata ynandy we her gün oňa bil baglady. Hudaý *bar*. Ol her gün Mesihiň barlygyny duýdy. Hudaý ony ruhy çopan bolmaklyga — çölde ýöremäge, adamlary söýmäge, olara gulluk etmäge, belki-de, olar üçin özüni gurban etmäge *çagyrdy*. Ýöne çagalary görgi görýän wagtynda Hudaý nirede bolýar?! Riçard bu pikire haýran galdy. Öz Oglunyň ejir çekişini synlap durmagyň nämedigini Hudaý bilýärdi. Ol bu dünýä bakyýetdäki görgüleri köki bilen aýyrmak üçin iberdi ahyry. Riçardyň öz imanynyň *hakykylygyna* tapan täze ynamy ony ruhlandyrdy.

Şeýle-de bolsa, sagdyn pikirliligi saklamak üçin Riçarda gündelik hereketleriň meýilnamasyny saklamak gerekdi. Her agşam sagat

onda ýatmaly wagtyň gelendigininiň signalyny berýän jaňy bütin türmede ýaňlanýardy. Bu jaň Riçardyň iki ýyldan gowrak wagtynyň dowamynda eýeren ýekelikdäki tussaglygynyň günde gaýtalanylýan başlangyjyny aňladýardy.

Ol seýrek gözýaşsyz geçýän dogasyna başlady. Gijeki asmana hiç hili päsgelçiliksiz ýetýän radiotolkunlar kimin, Riçardyň dogalary-da, şobada kamerasynyň gapysyndan çykyp, koridordan geçip, göge, Hudaýyň tagtynyň öňüne barýar.

Doga edeninden soň, Riçard ruhy çopan bolup, ýygnagyň öňünde durandakysy ýaly, wagyz etdi. Ýöne geçmişden tapawutlylykda, indi onuň wagyzlary çäklenmelerden azatdy — ol ýygnaga gelenler we ýepiskop näme diýerkä diýip alada etmeýärdi, tussag edilmeden gorkmaýardy, içalylardan seresap bolmaýardy we dönüklikden gorkmaýardy. Riçard garawullaryň ünsüni çekmez ýaly, ýuwaş wagyz edýärdi, ýöne onuň wagyzlary boş ýere ýaňlanmady. Ol Hudaýyň, perişdeleriň, jynlaryň, göz öňüne gelýän ýüzleriň, aýratynam, Sabinanyň öňünde wagyz edýärdi.

Riçard köp pikirlerini Sabinada jemledi we olary aýalyna bermegini sorap, Hudaýa doga etdi. Ol oňa basyş edilýänini we ondan aýrylyşmaga mejbur edýändiklerini bilýärdi. Eger ol özüniň nikasyny saklasa we gullugy dowam etdirse, onda ony tussag ederler, gynarlar ýa-da ondan-da beterini ederler...

Sabina hakda pikirlenip otursyna Riçard üstünde ýatýan saman düşegine, öz ogly Mihaý diýip göz öňüne getirip, agşamynyň rahat bolmagyny arzuw etdi. Bir gezek gije ogly bilen aýralyga döz gelip bilmän, ol polat gapa tarap ylgady-da, garawullar gelip, trankwilizatorlar bilen urýançalar, gapyny ýumruklary bilen urup başlady. Ertesi gün Riçard umytsyzlygyň sustupes duýgusy bilen oýandy. Ol hem beýleki tussaglar ýaly, aklyndan azaşýarmyka?

Riçard haçyň astynda duran Isanyň ejesini ýada saldy. “Merýemem ejizläpdi — diýip, Riçard pikir etdi. — Ýöne ol arz etmedi. *Oglum Mihaýyň ykbalyny arzsyz kabul eder ýaly, maňa-da güýç ber* — diýip, ol ýalbaryp doga etdi. Ýohannanyň

aýtmagyna görä, Hudaý Öz Ogluny dünýä “Oňa iman eden her bir adamyň ölmän, ebedi ýaşaýşa barmagy üçin iberdi” (Ýohanna 3:16). Belki, Riçard hem şeýle edip biler.

Bir gezek Jon Uesli özüniň hiç haçan, hatda ýigrimi bäş minut hem, gaýgylanmaýandygyny aýdýar. Ueslini ýada salyp, Riçard Hudaýyň şatlykly bolma buýrugyna tabyn boldy we gülmäge, tans etmäge, degişmeleri oýlap tapmaga, hatda öz-özi bilen küşt oýnamaga-da güýç tapdy. Ol çörekden küşt mallaryny — gararajyk we çalaja agrajyk şekilleri taýýarlady. Iki ýylyň dowamynda ol ýekeje gezegem utulmady!

Dymmaklyk Riçard üçin özüniň ruhy ösüşi üçin zerur şert boldy. Ýekelikde oturmaklyk mukaddes giňişlik bolup, ol şol ýerde Mesihiň barlygynda bolup we şypa alyp bilýärdi. Ol Hudaýyň barlygynda bolma şatlygyny söz bilen beýan edip bilmedi. Isa: “Ynsan Ogly sebäpli adamlar sizi ýigrenip, aralaryndan kowan wagtlary, size sögüp, adyňyzy ýamana çykaran wagtlary siz bagtlysyňyz! Şol gün şatlanyň, begençden böküň, çünki Gökde aljak sylagyňyz uludyr. Olaryň atalary-da pygamberlere şeýle edendirler” (Luka 6:22-23) — diýip wada beripdi. Mukaddes Ruhdan dolan we öz Patyşasy üçin ejir çekme hormatyna eýe bolan Riçard şatlykdan bökdi we kameranyň içinde tans etdi.

Hudaýyň adamlarynyň, ýüpek gurçugy ýaly, ýagta çykmazyndan öňürti garaňky piläniň içinde bolmany başdan geçirmelidiklerini Riçard bilýärdi. Kommunizmiň pilesi Riçard üçin missionerçilik işi bolupdy. Ol özüni gynaýanlary bolmalysy ýaly bolandyklary üçin däl-de, şol duruşlaryna söýme kararyna geldi. Eger Hudaý Tarsusly Şawuly imana getirip bilen bolsa, onda Ol Riçardyň iň zalym gynaýjylaryny-da imana getirip biler. Wagtyň geçmegi bilen ony türmede gynanlar Isa Mesihe iman edýärler-de, özleri ýowuz sütemleri çekýärler. “Hut gynamalar wagtynda biz olary söýmegi öwrendik. Gögüň gapylary kommunistler üçin ýapyk däl, nur hem olar üçin sönmedi” — diýip, Riçard soňrak ýatlady.

# 24

Doganoglanynyň gözündäki gorky Sabinany howatyrlandyrdy. “Ol ýaşaýyş jaý edarasyndandygyny aýtdy. Ol siziň jaýyňyza adamlaryň salynmagynyň mümkindigini aýtdy. Ýöne men aslynda onuň, sizde esasy girelgeden başga näçe çykalganyň bardygyny bilmek isländigine ynanýaryn” — diýip, şol gün agşam birazajyk öňräk gelip giden şübheli bir adam hakda garyndaşy gürrüň berende aýtdy.

Sabina uludan demini aldy. Onuň maňlaýynda ulyder damjalary peýda boldy. Ol munuň nämäni aňladýanyny bilýärdi. Tizara öý dökme bolar.

*****

Sabinanyň gözleri ulaldy. Gapynyň kakylanyny eşideninde, ol bu sesiň nireden gelýänine düşünjek bolup aljyrap gözlerini gyrpdy. Sabinanyň aýaklary çaýşardy. Ol oturgyja özüni goýberdi, diňe şonda bu gije öz öýünde ýatyp galan jorasyny gördi. Sabina wagta seretjek bolup gözlerini çalaja ýumdy. Sagat daňdan bäşdi. Öý dökme başlandy.

Sabina doganoglanynyň gaharly sesler bilen garyşyp gelýän sesini eşitdi. Tiz wagtdan ädik sesleri ýatylýan otaga tarap gelýän basgançakda eşidildi. “*Eger Riçard bolan bolsa, ol hukuk goraýjy edaranyň işgärleri bilen nähili gürleşmelidigini bilerdi*” — diýip pikir etdi. Ýöne Riçard eýýäm iki ýyldan bäri ýokdy. Sabina bilen jorasy, ýorgany üstlerine çekip, düşegiň üstünde otyrdylar.

— Sabina Wurmbrand? — diýip, uludygy göze görnüp duran ýogyn boýunly erkek kişi arlady. — Siziň bu ýerde ýarag saklaýanyňyz bize mälim. Onuň nirededigini görkeziň. Derrewjik!

Sabina garşy çykyp ýetişmänkä, alty sany adam şkaflary açyp, olaryň içindäkileri pola döküp başladylar. Ýaşşikler bilen kitap tekje ýere uçup gitdi. Sabinanyň jorasy, kitaplary ýygnamak üçin, ýerinden böküp turdy.

— Degme! — diýip, ol adam arlady — Geýniň!

Iki aýal otagy döküp duran erkekleriň ýanlarynda geýinmeli boldular.

— Diýmek, sen ýaragy nirede gizleýäniňi aýtmaýarsyň-da?! Beýle bolsa, biz bu öýi çym-pytrak ederis!

Mukaddes Ruhuň barlygyndan batyrlanan we köşeşen Sabina:

— Biziň öýümizde bar bolan ýeke-täk ýarag bu ýerde dur — diýip, ol aýak aşagynda bulaşyp ýatan zatlaryň astyndan Mukaddes Kitaby çykardy.

Ýogyn boýunly adam arlady:

— Sen biziň bilen gidersiň-de, şol ýarag hakda gürrüň berersiň!

Sabina Mukaddes Kitaby stoluň üstüne goýdy-da:

— Haýyş edýärin, bize doga etmäge birnäçe minut beriň. Soň men siziň bilen gidýärin — diýdi.

Erkekler aýallar doga edip otyrkalar, olara ýaňsy bilen seredip durdular. Soň Sabina doganoglanyny we jorasyny gujaklady.

— Indiki ýyl Iýerusalimde!

Sabinany alyp gidende, onuň etmäge ýetişen ýekeje zady — bu stoljygyň üstündäki kiçiräk dolangy duran zady alandygydy.

*****

Sabinany "oldsmobiliň" yzky oturgyjyna itip saldylar we gözüne gara motosikl äýnegini dakdylar. Ýol bary-ýogy birnäçe minut dowam etdi. Ony maşyndan itip çykardylar-da, edil daňlan goýun ýaly edip, basgançakda süýrediler. Sabinany burça itip

goýberenlerinde, ol dyzyny agyrtdy. Soň gözünden äýnegi sypyryp aýyrdylar we yzyndan gapyny batly ýapdylar.

Sabina aýallardan doly uzyn boş otagy gördi. Olar oturgyçlarda we poluň üstünde otyrdylar. Beýleki aýallaryň arasynda ol ýokary jemgyýetden bolan, suratyny gazetlerde gören, çuň dilinen ýukajyk köýnekli aktrisany, köşkde işleýän hanymy tanady. Indi Sabina-da rumyn jemgyýetiniň "sosial taýdan çüýrän" elementlerine goşuldy.

Agşama çenli otaga eýýäm birnäçe ýüz aýal getirdiler. "Zyýan beriji" diýip atlandyrylýan agentleriň tussaglygy bütin ýurt boýunça geçirilip durdy, ol sowet okkupasiýasynyň kommunistleriň atlandyryşy ýaly, azat bolma Gününiň baýramçylygyna bagyşlanandy. Aýallar potolokda asylgy duran ýeke-täk çyranyň astynda, hersi öz gorkusy bilen başagaý bolup otyrdylar. Sagatlar geçip durdy. Hiç kim olara iýmitem, suwam getirmeýärdi.

"*Bu sorag etme näçe wagt dowam ederkä?* — diýip, olaryň hersi özüne sorag berýärdi. — Çagalara näme bolarka?" Mihaý eýýäm kakasyny ýitiripdi, indi ejesinem äkitdiler. Olaryň öýi we ähli emlägi elinden alynýardy. Sabina özleri howp astynda bolan dostlarynyň rehimine galdyrylan Mihaý üçin doga etdi. Sabinanyň ýanyndaky bir aýal böküp ýerinden turdy-da, ýumrugy bilen gapyny urup başlady. Ol: "Meniň çagalarym! Meniň çagalarym!" — diýip gygyrdy. Emma oňa hiç kim jogap bermedi.

— Meni tizara çykarýarlar, ine, görersiňiz! — diýip, aktrisa özüni köşeşdirdi.

Gapy ýene açyldy, aýallar garawullara gygyryp başladylar.

— Men hiç hili erbet zat edemok! — diýip, olaryň her biri gygyrdy.

Edil bigünäligi olary halas edip bilýän ýaly! Olar 1950-nji ýylyň gidip duranyny we häkimiýetiň kommunistleriň elindedigini ýatdan çykaran ýalydylar...

Olaryň hemmesine-de: "Sizi görkezme bermegiňiz üçin çagyrdylar" diýip gaýtaladylar. Käbirleri on ýylyň we ondan köpräk ýylyň dowamynda "görkezme berdiler".

*****

Sabina gijäni köp adamly kamerada geçirdi. Ertesi gün irden orkestriň sesi eşdildi. Azat bolma Gününe bagyşlanan parad gidip durdy. “*Eger aşakda parad bolup duran bolsa, onda biz Buharestiň esasy köçesindäki,Ýeňiş köçesindäki milisiýa bölümindediris*” — diýip, Sabina pikir etdi.

Aýallar müňlerçe ädikleriň ýöreýän seslerini we paraddan geçýänleriň şygarlary ritme salyp aýdyşyny eşitdiler:

— 23-nji awgust bize azatlyk getirdi!

— Türmedäki ogrulara we dönüklere ölüm!

— Döwlen gandallary zyňalyň!

Aýallar gaşlaryny çytdylar-da, içlerinden bir zatlar diýdiler. Rumyniýanyň taryhynda hiç haçan beýle köp adam gandallanmandy.

Ahyrsoňy saklanylanlara gara çörek bilen suwly çorba getirdiler. Azajyk agşamlyk naharyndan soň, aýallar gijäni geçirmek üçin ýerleşdiler. Sabina köp sagatlaryny doga edip we berk uklap geçirdi.

# 25

Ertesi gün irden otaga seržant girdi-de, atlary gygyryp aýdyp başlady. *Sabina Wurmbrand* sanawda birinji duran eken.

Oňa ýene gara äýnek geýdirdiler-de, köçede eýýäm garaşyp duran furgona mündürdiler. Soňrak ol özüniň Rahow köçesindäki döwlet howpsuzlygy edarasyna getirilendigini bildi.

"Kimdir biri bu raýat aýaly tanaýarmy?" — diýip, garawul aýal Sabinany kamera itip salmazyndan öň ol ýerde öňden oturanlardan gygyryp sorady. Ony hiç kim tanamady, şonuň üçin hemmeler bilen bile garaşmak üçin galdyrdylar. Tanyşlary hiç haçan bir kämera salmaýardylar. Tutulan adamlara teselli we ýoldaşlyk goldawy bolmaýardy. Olar nätanyş adamlaryň içinde ýekelikde bolmalydylar. Sorag edilýän döwürde, tutulanlar tanşyp, dostlaşyp we tussaglary satýan maglumatçynyň kimdigini bilmezleri ýaly, olary bir kamerada uzak wagtlyk goýmaýardylar.

Sabinanyň täze goňşulary ýaş talyp lukman gyzdan başgasy, daýhan bolup çykdylar. Kommunistler ýerlerini basyp alan wagtynda daýhanlaryň sansyz-sajaksyz mukdary tribunallar tarapyndan atmaga höküm edildiler. 100 müňe golaýy türmelerde otyrdylar.

Birnäçe gün geçenden soň, Sabinany ýekelikde oturylýan kamera geçirdiler. Onuň içinde demir krowatdan başga zat ýokdy. Ol töweregine seredeninde, gaty haýran galmadan ýaňa doňup galdy: ol ýerde tussagyň täze baran ýerinde ilki gözleýän zady bolan bedre-de ýokdy. Türmedäki iýmit we stres mydamalyk içegäniň bozulmalaryna alyp barýardy. Tiz wagtdan Sabina özüniň hajathanadan diňe sagat ýedide, dokuzda, ertir sagat

bäşde, gündiz üçde we agşam onda ulanmaga rugsat edilendigini habar berdiler. Hajathana barmalaryň arasyndaky arakesmelerde aşgazan işiniň bozulmasyndan ejir çekýän Sabina diňe bedreden peýdalanyp bilýärdi.

Awgust aýy bolsa-da, kameranyň içi çygdy we sowukdy. Kellesiniň ýokarsynda, içi demir gözenek bilen ýapylan kiçiräk äpişge bardy. Sabina tomus paltosynda we öýden alyp gidenlerinde almaga ýetişen ýüň jorabynda-da titreýärdi. Ol hatda bu ýeňil eşik üçinem minnetdardy.

Ony çagyrýançalar ýene näçe wagt geçerkä? Ondan näme hakda sorarkalar? Sabina Riçardyň: “Dowzah — bu garaňkyda ýeke oturyp, geçmişdäki günäleriňi ýatlamakdyr” — diýen sözlerini ýada saldy. Beýle günäler onda kändi, şonuň üçin ol şolar sorag eden wagtlarynda-da sorarmykalar diýip pikirlendi.

— Bu gün goýurak! — diýip, garry garawul Sabina gündelik nahary — gaýnadylan arpa şülesini uzadanda aýtdy. Ol Sabina rehimdardy. Garry garawullar köplenç ýaşlara garanda rehimdar bolýardylar. Ol şu wagta çenli-de, amerikalylar gelip, rumynlaryň görgüleriniň soňuna çykarlar diýip umyt edip ýördi. Rumynlar azatlygy görýänçäler, on ýyllyklaryň geçjegini ol nireden bilsin...

Gije Sabina töweregindäki howpurgadyjy seslerden — polat gapylaryň jygyldysyndan, aşagy demirlenen ädikleriň tarkyldysyndan we garawullaryň sögünçlerinden ünsüni sowmaga çalşyp krowatda ýatdy. Her gezek kamerasynyň ýanynda gapy açylanynda, ol: “Indiki men!” — diýip pikir edýärdi. Emma onuň yzyndan gelýänçäler, ol klaustrofobiýa bilen söweşip, birnäçe gününi geçirdi.

*****

— Diwara tarap öwrül! — diýip, garawul Sabinanyň kamerasynyň gapysyny açanda gygyrdy we gözüne gara äýnek geýdirdi. Ony özüne tanyş bolmadyk türme koridory bilen elinden

çekip äkidenlerinde, ony gaty gorkunç dowul gurşap aldy. Çepe, saga, çepe, saga. Belki, ony atmaga alyp barýandyrlar, ol hatda duýdurylman garaňkyda ölüp galar?!

Ahyrsoňy geçelgeler gutardy, Sabinadan gara äýnegi aýyrdylar. Ol ýiti Gün ýagtysyna gözleri tutulan ýaly bolup, ullakan otagda durdy. Garawul ony ullakan dub stolunyň ýanynda duran oturgyjyň ýanyna alyp bardy. Sabina onuň üstündäki syýa tegmillerine seredip durdy. Stoluň başynda howpsuzlygyň geýmini geýen iki sany erkek adam otyrdy. Murtuny towlap oturan semiz adam orta ýaşlaryndaky maýordy, beýlekisi sary saçly ýaş leýtenantdy, ol Sabinanyň öýi dökülende-de bardy. Sabina leýtenanta seretdi. Ol oňa tanyş ýaly bolup göründi. Leýtenant ýylgyranda bolsa, Sabina tisginip gitdi. Ol onuň köp ýyllar mundan öň Parižde aşyk bolan oglanyna meňzeýärdi. Meňzeşlik diýseň güýçlüdi!

Sabina özüne garşy nähili aýyplamalaryň gozgalananyny eşitmek isledi. Ýöne maýor ýadawlyk bilen:

— Döwlete garşy eden jenaýatyňyz hakda özüňiz bilýärsiňiz, raýat Wurmbrand. Häzir bolsa siz meýletin boýun almany ýazýarsyňyz — diýdi.

— Ýöne men näme ýazmaly? Meni bu ýere näme üçin alyp gelendiklerini bilemok.

Maýor gaşyny çytdy.

— Siz gaty gowy bilýärsiňiz — diýip, ol nygtady.

Stoluň üstünde ruçka bilen kagyz ýatyrdy. Sabina ofiserleriň diýenini etmek üçin, näme sebäpden tutulanyny bilmeýändigi hakda birnäçe setir ýazdy. Maýor hata seretdi-de, başyny atdy we indiki tussagy getirmegi buýurdy.

Kamera gelýänçä ýolboýy garawul gözleri daňlyp entiräp gelýän Sabina diwara urup gygyrdy we ony itip geldi. Öz yzyndan gapy ýapylanyndan soň, Sabina seredilýän kiçijik deşijekden onuň özüne seredip duranyny gördi.

— Maýoryň özüňe aýdan zadyny ýazýançaň, pikirlende oturyber! Ýogsam, gowulyk görmersiň!

“Gowulyk görmersiňiň” nämäni aňladýany Sabina bellidi. Gynamalar. Gorkuzmalar. Üstünden gülmeler. Kemsitmeler. Ol goňşy kameralardan gelýän “Atmaly!” diýen buýruk seslerini we koridorlarda gurlan ses gataldyjylaryň üsti bilen goýberilen atylýan sesleri eşitdi. Psihologiki gynamalar sorag etmeziň öň ýanynda tussagyň tutanýerliligini ýumşatmaga kömek edýärdi.

Emma häkimiýet diňe psihologiki hüjümler bilen çäklenmeýärdi. Indiki hepdelerde we aýlarda Sabina tussaglarda ulanylan eýmenç fiziki gynamalaryň soňky netijeleriniň şaýady boldy.

Aňtaýjylar üçin mesele täze däldi. Sabina faşistleriň türmelerinde meselelere az duş gelmedi. Käbir mesihiler, hatda başgalary halas etmek üçin hem ýalan sözlemek bolmaýar diýip hasap edýärdiler we öz garaýyşlaryna laýyklykda hereket edýärdiler. Sabina bolsa, ogra öz öýündäki puluň nirede duranyny aýtmakçy däldi. Lukmanyň aklyny ýitirip, özüne ýarag bilen haýbat atýan syrkawy ýaragsyzlandyrmak üçin ony aldamaga haky bar. Kommunistik ýigrenç — sebäpsiz akylsyzlykdy. Şonuň üçin mesihiler özlerini ýok etmegi maksat edinýänleri ýalňyşdyrmaga borçludyrlar.

*****

Ertesi gün irden Sabina ýene maýor bilen leýtenant garaşýardy. Maýoryň bloknotynda birgiden soraglar ýazylgydy, ol olary yzly-yzyna berip başlady. Onuň maksady Riçardyň garşysyna ulanylyp bilinjek maglumaty almakdy.

“Her bir adamda özüniň gowşak ýeri bar”, — diýip, maýor aýtdy. Kommunistler Riçardyň gowşak ýerini gözleýärdiler, şonuň üçin sorag edilmäniň rehimsiz boljakdygyny Sabina bilýärdi. Aňtaýjy Sabinadan adamsynyň kärdeşleri bilen näme hakda gürrüň edendigi bilen gyzyklandy. Sabina olaryň mydama din hakda gürrüň edendiklerini, syýasat hakda hiç hili gürrüň etmändiklerini aýdyp jogap berdi.

# 25-NJI BAP

— Raýat Wurmbrand, — diýip, maýor ýylgyrdy. — Mukaddes Kitap syýasatdan doly. Müsür döwletinden arz edip, gozgalaň turzan pygamberler. Öz döwründe hökümdarlyk eden synpa garşy çykyş eden Isa. — Ol Sabina köp manyly seretdi. — Eger siziň adamyňyz mesihi bolsa, onda onuň döwlet hakda anyk düşünjeleri bolaýmaly.

— Meniň adamym syýasat bilen gyzyklanmady.

Maýoryň basyş edýändigine garamazdan, Sabina mizemezligine galdy.

— Şeýle-de bolsa, raýat Wurmbrand — diýip, ol çyny bilen aýtdy. — Siz örän akylly aýal. Ýöne men siziň gatnaşyklaryňyza düşünip bilemok. Siz we adamyňyz — ýewreýler. Biz kommunistler sizi faşistlerden halas etdik. Siz bize minnetdar bolmaly. Siz biziň tarapymyzda bolmaly!

Onuň gözleri çalaja ýumuldy. Ol haýal gürläp başlady.

— Siziň adamyňyz kontrrewolýusion işde aýyplanylýar. Ony atmaklary mümkin. Kärdeşleri oňa garşy görkezme berdiler.

Sabinanyň aňy bir pursatlyk bulaşdy, ýüregi çalt urdy. Maýor, elbetde, aldaýardy we onuň hereketini synlaýardy. Sabina arkaýyn görünmäge çalyşdy.

Ol dowam etdi:

— Belki, olar özlerini halas etjek bolýandyrlar. Belki-de, özleri kontrrewolýusionerdirler. Eger missiýada işleýän adamlaryň näme hakda gürrüň edeniniň hemmesini bize gürrüň bermeseňiz, muny biz bilip bilmeris. Hemmesini. — diýip, ol sözüni dowam etdirmezinden öňürti pauza etdi. — Gürläň-de, *hakyky* kontrrewolýusionerleri paş ediň, şonda adamyňyz ertiriň özünde azatlyga çykýar.

Maýor öwrülip, öz kömekçisine ýylgyryp seretdi we ony Wurmbrand üçin begendiriji bolan pikire gatnaşmaga çagyrdy. Ýaş ýigit Sabina ýüzlenip, ruhlandyryjy gürledi:

— Şonda siz öýüňize, maşgalaňyzyň arasyna gaýdyp baryp bilersiňiz.

Mihaýyň ýanyna we ýygnaga gaýdyp barma pikiri birbada Sabinany ýylatdy, ýöne ol ony şobada süpürip aýyrdy.

— Men hiç zat bilemok! — diýip, ol çürt-kesik aýtdy.

Maýor Sabina ýiti nazaryny gönükdirip, dodaklaryny gysdy. Ol öňe ýöredi-de, onuň ýüzüniň öňünde ýumrugyny aýlady. Ol urgulara taýýardy.

Yzyna kamera gaýdyp gelende, ýaralaryna seredip, Sabina krowadyň üstünde oturdy-da, matrasyň üstüne aýagyny uzatdy. Ol aýaklarynyň krowatda sallanyp duranyny duýdy. “*Görgüli Riçard, ol şeýle uzyn boýly bolany üçin onuňam aýaklary şeýdip sallanýandyr. Ony şu wagt näme edýärkäler?*” — diýip, ol pikir etdi.

Sabina adamsyny soňky gezek göreli bäri iki ýyl geçdi. Onuň ýaşamagyny, ýan bermezligini, garşy durmagyny ol nähili isleýärdi! Bu isleg uzakly gije onuň ýüregini ýylatdy.

*****

Maýor ýadaw görünýärdi, onuň gözleri çalaja bulaşyk ýalydy, şeýle-de bolsa, gözlerinde ýeňiş uçgunlary duýulýardy. Bu gezek soraglar faşistlerde jemlendi. Sabina nemeslerden kimi tanaýar? Wurmbrandlaryň olar bilen nähili baglanyşygy bar? Faşistleri gizläniň üçin atuw berilýändigini ol bilýärmi? Näme üçin ol öz öýünde faşit ofiserlerini gizledi?

Sabina faşistleri gizlemänini ýürekden aýdyp bilerdi. Onuň üçin olar ýöne bir adamlardy. Olar mätäçdiler, şonuň üçin Wurmbrandlar, garaýyşlaryna garamazdan, başga-da köp adamlara edişleri ýaly, olara kömek etmäge synanyşdylar.

—Diýmek, siz bu aýyplama garşy çykýarsyňyz-da — diýip, maýor ýylgyrdy. — Beýle bolsa, bizde siziň üçin garaşylmadyk sowgat bar.

Ol stoluň aşagynda duran düwmä basdy. Otaga bir adamy alyp geldiler. Sabina ony derrew tanady. Stefanesku 1945-nji ýylda Wurmbrandlaryň maşgalasy bilen ýaşady, şonuň üçin olaryň näme bilen meşgullanandyklaryny we nemeslere nädip kömek edendiklerini bilýärdi. Sabinanyň aýalary derledi. Stefaneskuny öňe

iteklediler. Onuň tolgunmadan doly gözleri maýordan leýtenanta, soň hem Sabina tarap aýlandy. Ol ýuwdundy-da, hakykatdan daşlaşmaga çalyşjak bolup, gözlerini ýumdy.

— Ine, Stefanesku — diýip, maýor çilim çekip we ony uzak sorup durşuna aýtdy. — Wurmbrandlaryň öz öýünde nemesleri nädip gizländikleri hakda bize gürrüň ber. — Ol Sabina tarapa başyny atyp goýberdi. — Sen şu aýaly tanaýarsyňmy?

— Ýok.

— Bu näme boldugy?!

— Men ony ozal hiç haçanam görmedim.

— Sen ýalan sözleýärsiň!

— Ýok, jenap aňtaýjy — diýip, Stefanesku urga taýýarlanyp durdy.

Maýor gygyrdy we käýindi. Ol Stefaneskunyň ýüzüne ýakyn baryp, güýjünde baryny edip gygyrdy. Aňk bolan we gorkan Stefanesku Sabinany tanamaýandygyny gaýta-gaýta gaýtalady.

Ahyrsoňy maýor gowşady. Ol bu zatlaryň hemmesi — faşistleriň gyrgynçylyk eden döwründe bütin maşgalasyny ýitiren aýal adamsynyň we oglunyň, şeýle hem öz janyna töwekgelçilik edip, öýünde nemesleri gizlemegi bidereklik diýip hasap edýän ýaly bolup göründi. Sabina howply soraglardan sowulmak başartdy.

Soňrak, kameradaky demir krowadyň üstünde ukusyzlykdan ejir çekip ýatanda, ol birwagtlar özleriniň öýünde ýygnanyşan uzyn boýly ýigitleri, Sowet Goşunynyň esgerlerini ýatlady. Olar nähili sadalyk bilen Hudaýyň Sözüni diňläpdiler! Riçard üçülenji gün Mesihiň ölümden direlenini aýdanda, olaryň biriniň begenip, otagyň içinde tans edenini ýatlady.

Geçen günüň wakalary Sabinany ruhlandyrdy. Hatda öz kamerasynda ýekelikde oturanda-da, Hudaýyň barlygyny güýçli duýdy. Rus dilindäki Injiliň çap edilmesi we mätäçlere kömek bermek üçin serişdeler alma baradaky soraglarda çekişme üçin Hudaý oňa güýç hem akyldarlyk berdi. Belki, iň erbedi yzda galandyr?

Kameranyň diwaryndan gaçan ştukaturkanyň bir bölegi bilen Sabina gara ýorganyna uly haç çekdi.

# 26

Sabinanyň indiki aňtaýjysy kütek, kel kelleli we elleri tüýli derlegiç adamdy. Ol goňur papkadaky dokumentleri okap bolýança, Sabina syýa dökülip tegmillenen stoluň ýanynda uzak wagtlap durmaly boldy. Sary saçly leýtenant galyň kitapdan bir zatlar ýazýardy we edil Sabina belli bolmadyk bir zady bilen ýaly, käwagt oňa mekirlik bilen garaýardy.

Ahyrsoňy sorag etme başlandy. Soraglaryň hemmesi şahsy häsiýetlidi: Sabinanyň maşgalasy, dostlary, daşary ýurtlara saparlar, Pariždäki talyplyk durmuşy. Aňtaýjy mylakatly we dostluksöýüji, asuda hem özüne ynamly ýaly bolup görünýärdi.

— Indi bolsa, — diýip, ol her günki buýruk beriji resmi äheň bilen aýtdy, — biz siziň öz seksual gatnaşyklaryňyzy suratlandyrmagyňyzy isleýäris.

Sabina başyny galdyrdy-da, aljyrap, gaşlaryny çytdy.

Ol sabyrlylyk bilen düşündirdi:

— Siziň seksual gatnaşyklaryňyzyň taryhy. Ol sizde bolandyr diýip çak edýärin. Siziň birinji gatnaşygyňyz. Ilkinji ýigidiňiz. Ol sizi nähili sypalady. Siz ony nähili ogşadyňyz. Soň näme boldy. Ol sizi nädip ele aldy we bu nirede boldy? Ýa-da ol indiki ýigide miýesser etdimi? *Onuň* gujaklaýşy hakda bize gürrüň beriň. Olaryň ikisini deňeşdiriň. Biz siziň doly hasabat bermegiňizi isleýäris, aýdylyşy ýaly, ädimme-ädim.

Onuň asuda äheňi ýaňagyňa berlen şapbat ýaly boldy. Leýtenant Sabina seretdi. Onuň dili, agzynyň gyrasyndaky kiçijik gyzyl ýarajygy tapýança, dodagynyň daşyna aýlandy.

# 26-NJY BAP

— Bu zatlaryň hemmesini ýazyň. Biz her bir jikme-jikligi bilmek isleýäris. Olaryň köpdügine men ynanýaryn.

Sabina özüne erk etmäni saklamaga çalyşdy.

— Siziň maňa munuň ýaly soraglary bermäge hakyňyz ýok. Siz meni kontrrewolýusioner bolmakda ýa-da başga bir islendik zatda aýyplap bilersiňiz, ýöne bu ahlak sudy däl.

Tüýli barmaklar iş stolunyň üstüni kakdy.

— Bu ýerde nähili sorag bermelidigini biz çözýäris. Siziň nähilidir bir mukaddes aýaldygyňyzy aýdýarlar. Biz bolsa, hemmesi tersine diýip hasap edýäris. Bu zatlaryň hemmesiniň beýle däldigini biz bilýäris, şonuň üçin siziň hakyky ýüzüňizi açmak isleýäris...

Ol gözlerini gyrpman, Sabina göni seretdi.

— Jelepçiligiňi — diýip, leýtenant aýtdy.

— Men siziň talap edýän zadyňyzy etmeýärin.

— Muny biz görübereris!

Kel aňtaýjy gazap atyna münüp, Sabinanyň üstüne agzyndan gelşiksiz sorag baryny ýagdyrdy. Onuň agzyndan sögünç sözleriniň akymy çykdy. Semiz aýasy bilen stola uranda, ol her bir sözlemiň soňuna dyngy belgisini goýýan ýalydy.

Sabinanyň eşigi derden ýaňa öl boldy. Başy aýlandy. Ol bir zat ýazmakdan ýüz öwürdi. Bir sagatdan soň sorag etme saklanyldy. Aňtaýjylar sorag eden beýleki aýallarynda-da bu zatlary kän gezek ulandylar. Olaryň içi gysdy.

— Wagt biziň tarapymyzda — diýip, kel aňtaýjy ahyrsoňy aýtdy. — Seniň adamyň özüniň dönük hem içalydygyny boýun aldy. Indi siziň ikiňizem hapa atylýan ýere tarap barýan ýoldasyňyz. — Ol Sabina äsgermezçilik bilen seretdi. Sabina bolsa titredi.

Sabina gara äýnek dakdylar-da, turşy ys gelip duran koridor bilen yzyna kamerasyna alyp gitdiler. Ony içeri itip salmazlaryndan öň, äýnegi çekip aldylar. Şonda ol birinji gezek gapynyň aşagyndaky belgini gördi.

Ýedi.

Ol ýedinji kamerada eken. Mukaddes san. Ýaradylyş günleriň sany. Menordaky şahalaryň sany. Sabina krowadyň üstüne özüni goýberdi-de aglady. Birazrajyk wagtdan soň ol özüne geldi-de köşeşdi. Onuň teni entegem ol ýerde garaňkylykda ýatyrdy, emma ruhy welin, ýerinden galyp, türmäniň çäklerinden çykyp gitdi. Ol: “Biz Mesih bilen bile haça çüýlenildik” diýen sözleri ýatlady. Eger: “Berjaý boldy!” diýmäniň wagty gelen bolsa, onda ol ýakynlaryna we dostlaryna, şeýle hem, öz gapdalyndaky ogra-da, Isanyň edişi ýaly, diňe soňky söýgi sözlerini aýtmak isleýärdi. Ol çekýän jepalarynyň hemmesinde öz ýanynda Hudaýyň bardygyny bilýärdi.

*****

Birnäçe aýyň dowamynda Sabina, kameradan diňe aňtaýjylaryň üznüksiz soraglaryna jogap bermek üçin çykyp, ýekelikdäki tussaglykda oturdy. Ol günortandaky ýagly çorbany iýip, özleriniň maşgala durmuşynyň ilkinji günlerinde Riçardyň nähili nahar dannandygyny ýatlap ýylgyrdy.

Her gün agşam Sabina ýedinji belgili kamerada Müsürden çykyş kitabyndan parçalary getirip, Hudaýyň ysraýyl halkyny müsür gulçulygyndan halas edenini özüne ýatladýardy. Ol Riçardyň hem, şu wagt nirede bolsa-da, şeýle edýändigine we özlerini Hudaýyň halas etjekdigine ynanýardy.

Kel aňtaýjy Sabinanyň seksual durmuşy baradaky gelşiksiz soraglary bermegini dowam etdi durdy, Sabina hem, olara jogap bermekden ýüz öwürmegini dowam etdirdi: “Men siziň eşitmek isleýän zadyňyzy aýtmaýaryn”. Ol seksual durmuşdaky iň erbet taryhyň hem, adam üçin Hudaýa barma ýolunda böwet bolup durmaýandygyny we seksual gatnaşyklaryň islendik taryhyna eýe bolan günäkäriň hem, eger Hudaýa wepaly bolsa, meşhur mukaddes bolup biljekdigini bilýärdi. Köne Ähtiň gürrüň berşi ýaly, Rahaw loly aýal bolupdyr, ýöne Täze Ähtiň birnäçe parçasynda ol

hormatly hem päk ahlakly aýal hökmünde atlandyrylýar (Ýeşuwa 2:1; Matta 1:5; Ýewreýler 11:31; Ýakup 2:25).

Aňtaýjy, ahyrsoňy, Sabinanyň şahsy durmuşy hakda bilmekden el çekdi. Şondan birnäçe gün geçenden soň, ony umumy kamera geçirdiler. Gyş ýaňy golaýlaşyp gelýärdi, türme kamerasy bolsa, eýýäm doňduryja meňzeşdi. Sabinanyň ýeňiljek paltosy we ýüň joraby indi bütin kameranyň gözi gidýän zadyna öwrüldi, şonuň üçin ol öz baýlygyny kameradaşlary bilen paýlaşýardy. Palto ýorgana öwrüldi, halady bolsa, sorag edilmä gidende geýilýän geýime öwrüldi. Sabina özüniň könelen jorabyny ýukajyk pagta köýnekdäki gyza teklip edende, onuň solgun ýüzünden ýaş akdy.

*****

"Wurmbrand! — diýip, garawul, onuň familiýasynyň başyndaky "w" harpyny güýjünde baryny edip aýtjak bolup buýruk berdi. — Äýnegi geýmeli!"

Porsy koridorlar bilen kör bolup ýöremeklik, erkekden doly otaga baranda gutardy. Ol ýer ümsümdi, şol wagt Sabina hemmeleriň özüne seredýänini duýdy.

— Äýnegi aýyr!

Ýiti ýagty Sabinanyň gözlerini gamaşdyrdy, ýöne barybir oňa sorag edilýän äpişgesiz uzyn otaga göz aýlamak başartdy. Stoluň başynda formadaky on ofiser otyrdy.

— Sen adamyňa näme bolanyny bilýärsiňmi? — diýip, olaryň käbirleri sorady.

— Otur. Eger derňewe hyzmatdaşlyk etseň we soraglara jogap berseň, onda onuň bilen görşüp bilersiň.

Sabina oňa duşuşmaga rugsat bermekleriniň mümkindigine hakykatdan hem ynandy. Riçard ikisi hiç hili jenaýat etmändiler. Belki, adamsy suduň öňünde durandyr-da, aklanylandyr. Ol tussag edilen ilkinji günlerinde nähili sada bolupdyr!

Riçard we onuň işdeşleri baradaky tükeniksiz soraglar Sabinany däliredýärdi. Olaryň käbirlerine ol jogap berip bilmeýärdi, käbirlerine-de jogap bermek islemeýärdi. Onuň başy aýlanýardy, nerwi bolsa, soňky derejä çenli dartgynlaşdy.

— Bu ýerde aglamaga rugsat edilmeýär — diýip, garawul duýduryş berdi, ýöne ol saklanyp bilmedi, gözýaşlar öz-özünden onuň ýaňaklaryndan syrygyp akdy.

Ilki ofiserler haýbat atdylar, soň hem Sabina azatlyk wada berip başladylar. Olar oňa söz berdiler we pul teklip etdiler.

— Her aýalyň bahasy bar — diýip, kel aňtaýjy oňa aýtdy. — Sen asylly zenan. Sen öz bahaňy galdyryp bilersiň. Iuda samsyk bolupdyr, ol öz Ýolbaşçysyny otuz kümüş teňňä satýar. Ol üç ýüzem sorap bilerdi ahyry! Hany, aýt, sen näme isleýärsiň? Adamyňa hem özüňe azatlykmy? Adamyň üçin gowuja ýygnak binasynymy? Biz siziň maşgalaňyzyň aladasyny edip bilerdik. Siz bolsa, biziň üçin örän gymmatly bolup bilerdiňiz. Siz dönükleriň atlaryny aýtsaňyz bolýar.

Ol gürlemegini bes edenden soň, otagda ümsümlik höküm sürdi. Ony Sabina bozdy.

— Sag boluň, ýöne men özümi eýýäm satdym — diýip, ol jogap berdi. — Hudaýyň Ogly görgi baryny görüp, meniň üçin janyny berdi. Onuň kömegi bilen men göklere ýetip bildim. Siz ondan ýokary bahany teklip edip bilersiňizmi?

*****

Wurmbrandlaryň toý eden güni, 23-nji oktýabr geldi we geçip gitdi, güýzüň ýerine tizara gyş geldi. Sabina mydama Mihaý hakda pikir etdi. Ol hemişe derrew sowuklaberýärdi. Gijelerine üstüni açanda, kim onuň üstüni ýapýarka? Her gün Sabinanyň kellesinde ýüzlerçe pikirler we howsala peýda bolýardy.

# 26-NJY BAP

Noýabrda kamera türmäniň başlygynyň özi geldi. Aýallaryň kiçiräjik toparyna on minutdan ýola düşmäge taýýarlyk görmeklik buýruk berildi. Nähilidir bir sorag bermek gadagandy. Kameradaşlarynyň ýüzlerinde Sabina biynjalyk gördi. Gorkup oturan bu aýallar özleriniň ýa-ha boşadylaryna, ýa-da atmaklaryna garaşyp, ujypsyzja zatlaryny ýygnadylar.

Ýyllar geçenden soň Sabina özüne bildirilen aýyplamanyň howpsuzlygyň leýtenanty Jorj Borunyň dokladyna esaslanandygyny bilýär: "Olteni köçesiniň 45-nji jaýynda ýerleşýän hoşhabar-lýuteran ýygnagynyň gullukçysy bolany üçin raýat Wurmbrand kommunistik döwletine duşmançylykly iş bilen meşgullandy we kommunistik gurluşyň we marksistik ideallary bozmaga gönükdirilen hereketleri etdi...". Aýyplamalar we türmelerde oturanlar üçin doga etmeklige çagyrmalara hem degişlidi. "... Ol öz ynamynda fanatik, aňrybaş ynandyryjy we ullakan meşhurlyga eýedir".

Sabina sudsuz hem derňewsiz düzediş — zähmet lagerindäki 24 aýlyk sürgün işine höküm edildi. Bu wagt geçenden soň, möhlet uzaldyldy. Onuň gulçuluk zähmeti, zähmet lagerlerinde bolýan beýleki müňlerçe adamlaryňky ýaly, kommunistik ykdysadyýet üçin wajypdy we oňa admintussag derejesi berlipdi. Gazetlerde döwlet iş ýerleriniň döredilmegi bilen gutlap, tussag edilmeler we iş kesmeler hakda gürrüň hem etmeýärdi. Döwlet islän zadyny edipdi we islän zadyny-da çap edýärdi.

Zähmet lagerleri Rumyniýanyň ähli künjeklerinde peýda boldy. Zähmet normasyny ýerine ýetirmedik "bozgaklar" — syganlar, jenaýatçylar, ruhanylar, jelepler, baý buržuazlar — "kommunistik ideologiýasyna" girmeýän adamlaryň ine şu giň spektri hem şol ýerlere täzeden terbiýelemek üçin iberilýärdi. Bu lagerler gaty uly bolup, onda mydama ýaşy on ikiden başlap, ýetmişe çenli, ondan-da ýokary bolan erkekler hem aýallar we çagalar bolýardylar. Şunuň ýaly usullar bilen başga ýurda tabyn bolan sosialistik ýurtlarda

“sosialistik rekonstruksiýa” geçirilýärdi. Rumyniýa işsizlik meselesini üstünlikli çözen görelde bolarlykly ýurtdy.

Sabinada şol täzeden terbiýelemäniň “ajaýyp mümkinçiliginden” peýdalanma mümkinçiligi bolan badyna, ony Jilawu türmesine — ýurduň iň gorkunç türmesine geçirdiler...

# 27

Riçardyň Rahow köçesindäki kamerasynyň diwarynda çalaja kakylýan sesler eşidildi. Başda ol ses eşidilen ýaly bolandyr öýtdi, emma kakylýan ses dowam etdi. Tizara ruhy çopan diwara kakma arkaly diwaryň aňyrsyna täze gelen tussagyň özi bilen gürleşjek bolýandygyna düşündi. Bir urgy "*a*"-ny, ikinjisi "*b*"-ny aňladýardy we ş.m.

— Sen kim? — diýip, natanyş haýaljakdan kakdy.

— Ruhy çopan — diýip, Riçard oňa jogap berip kakdy.

Indiki birnäçe sagadyň dowamynda köp tagallalary talap edýän we aklyňy çaşyryjy haýal gürrüňdeşlik boldy.

— Siz mesihimi? — diýip, Riçard sorady.

Jogap gelýänçä, birneme wagt geçdi:

— Bu ada dalaşgärlik edip biljek däl.

Gürrüňdeşligiň gidişinde Riçard söhbetdeşiniň 52-nji ýyllaryň radioinženeridigini, onuň agyr jenaýaty üçin suda garaşýandygyny bildi. Ol imansyz aýala öýlenipdir we mesihilik ynamyndan dänipdir, ol çuň depressiýadady. Her agşam Riçard özi üçin täze açylan gürleşme sistemasynyň üsti bilen ony ruhlandyrdy. Wagtyň geçmegi bilen gürrüňdeşler özleriniň sistemasyny kämilleşdirdiler. Indi bir urgy elipbiýiň birinji bäş harpyny aňladýardy, iki urgy indiki bäş harpy aňladýardy we ş.m. şeýlelikde, "b" harpy bir urgy bilen aňladylyp, yzynda pauza bolýardy, soň ýene iki urgy. "E" harpyny aňlatmak üçin iki urgy urulýar-da, onuň yzyndan hem pauza we ýene bir urgy urulýardy. Ýöne hatda kämilleşdirilen bu maglumat beriş warianty hem, Riçardyň goňşusyny kanagatlandyryp

bilmedi. Radioinžener Morze elipbiýini bilýärdi, şonuň üçin ony goňşusyna-da öwretdi.

Bir gün agşam ol adam diwary kakdy:

— Men toba etmek isleýärin.

Diwara kakmalaryň kömegi bilen ol ýedi ýaşyndaka, ýewreý oglanjygy depeninden başlap, beýleki sansyz-sajaksyz günäleriniň hemmesini boýun alyp, ýüregini dökdi. Oňa jogap edip, Riçard oňa Mukaddes Kitapdan aýatlar aýtdy, olar hem, goňşusynyň ezýet çekýän ýüregini begendirdi we köşeşdirdi. Şondan soň iki tussag özleriniň azatlykda bolan wakalaryny biri-birine gürrüň berdiler, degişdiler, hatda küşt mallarynyň duran ýerlerini we çörekden edilen şekiljikleriň tagtanyň üstündäki hereketini kakmanyň kömegi bilen aýdyp, küşt hem oýnadylar.

Kameralaryň arasyndaky kakylýan sesleri garawullar eşidenlerinde, Riçardy başga kamera geçirdiler. Ýöne indi ol gürleşmäniň täze dilini bilýärdi, şonuň üçin her gezekki täze kameradaşyna ony öwredýärdi. Ony kameradan kamera geçirdikleriçe, ol tussaglaryň köpüsine öz öwrenen zadyny öwredýärdi. Tizara ýekelikdäki kameralarda oturanlaryň köpüsi öz aralarynda gürleşmegi öwrendiler.

Beton diwarlaryň aňyrsyndan edilýän boýun almalar köplenç: “Men çagakam...” ýa-da “Men mekdepde okaýarkam...” diýen sözlerden başlanýardy. Ýekelikdäki tussaglyk tussaglaryň aňlaryna geçmişdäki bireýýäm unudylan günäleri ýatlanlarynda agram salýardy. Kakalaryna, ejelerine, doganlaryna aýdan sözlerini ýada salmaklyk tussaglarda çekip bolmajak ezýetleri döredýärdi, ynsaplaryny we kalplaryny daraýardy, utanç döredýärdi. Töhmet atan dostlarynyň, wepaly ýanýoldaşlarynyň we urlan çagalaryň ýüzleri hakydalarynda gaýta-gaýta peýda bolup, ýüreklerini paralaýardy. Edilenine näçe wagt geçen bolsa-da, ýekeje günä hem ýatdan çykarylmaýardy.

Bir gün ertir bilen oýananda Riçard Ejirli annanyň gelenini bildi. Hajathanadan tapan çüýi bilen ol öz kamerasynyň diwaryna

oýup “Isa” diýip ýazdy. Belki, bu şu ýerde ondan soň oturjak tussagy köşeşdirer...

— Sen karsere gidersiň! — diýip, Riçardyň şeýle edip duranyny gören garawul gygyrdy.

# 28

Riçardy koridoryň içinde ylgadyp äkitdiler, soň hem, diwardan köwlüp ýasalan darajyk şkafa itip saldylar. Onuň uzynlygy iki metrdi, ini bolsa ýarym metrdi, şonuň üçin tussaglar, tyg ýaly bolup çykyp duran çüýlerden ýaralanmajak bolup, gymyldaman durýardylar. Garawul gapyny tarkyldadyp ýapanda, garaňkyda birnäçe sany kiçijik ýagty nokat — wentilýasiýanyň deşikleri peýda boldy. Riçard yza çekildi welin, şobada arkasyny ýaralady. Şonda ol öňe çekildi welin, ýiti tikenler öň tarapyndan sanjyldy. Dowla düşüp, ol ýiti agyrydan ýaňa towlandy, çüýler bolsa ellerine hem döşüne oňa has-da beter dürtüldi. Eger ol gymyldaman duran bolsa, onda ýaralanmazdy...

Birnäçe sagatdan soň, şkafy açdylar. Tapdan düşen, hatda aýak üstünde hem durup bilmedik Riçard poluň üstüne agdarylyp gitdi. Gysgajyk dynç alyş, soň ony ýene yzyna şkafa dykdylar. Ol özüni Dawut patyşanyň: “Men ölüm kölegesi deresinden ýöresem-de ýamanlykdan gorkmaýaryn, çünki Sen meniň bilensiň. Seniň hasaň, Seniň taýagyň maňa göwünlik berýär” (Zebur 23:5) diýen sözleri bilen köşeşdirmäge çalyşdy.

Riçard gabalgy durdy. Garaňkyda ol, hatda, gymyldap hem bilmeýärdi, ýöremek hakda gürrüňem ýok. Ol gözlerini ýumdy-da, Afondaky grek gowaklaryny göz öňüne getirdi. Gaýada oýulyp ýasalan monastyrlarda mesihi monahlar, edil ýürek urgusy ýaly bolup eşdilýän dogalary edýärdiler: “Reb Isa Mesih, Hudaýyň Ogly. Maňa rehim et”. Riçard bu sözleri sagatlap gaýtalady. Ahyrsoňy

onuň akly, ten gynalyp durka, sözler hakda pikir etmän dogany gaýtalamaga ýüregiň özüne buýruk berdi.

Riçard karserde iki gününi geçirdi, soň lukman ony ol ýerden çykarmaklaryny talap etdi. Gün ýagtysynyň we doýup iýer ýaly iýmitiň ýoklugy üçin onuň saçlary ösmegini bes etdi. Onuň dyrnaklary ýumşak hem gury boldy. Ol bary-ýogy otuz dokuz ýaşyndady. Ony Buharestiň köçesinden ogurlanlarynda, ol güýçden doly owadan erkek kişidi. Indi bolsa, ol hajathanada tapan aýna döwügine seredende, özüne seredip duran gojany tanamady. Riçard öz teninde nätanyş adamdy, öňki Riçardyň kölegesidi. Ony maşgalasy tanarmyka? Kameranyň burçunda duran tüneke jam onuň dowzahda däldigini ýatladýan ýekeje zatdy, sebäbi ol ýerde suw ýokdy.

Her gün gijelerine Riçard gallýusinasiýalarda ejir çekýärdi — dürli-dümen näz-nygmatlardan doly ullakan banket stoly; Sabina oňa özüniň gowy görýän zadyndan kakadylan şöhlatdan doly podnosy getirýär. Ol her bir duzluja bölejigiň tagamyny duýýarda, äňini höwes bilen hereketlendirýär. Birden diwarlar aýrylýarda, ol ullakan kitaphana düşýär. Kitap tekjelerinde millionlarça kitaplar ýokarlara ýetip dur. Ol romanlara, şahyrana kitaplara, terjimehallara we köp sanly ylmy žurnallara guwanyp seredýär. Soň kitaphana ýitýär-de, onuň ýerinde özüne seredip duran we onuň sözüne sabyrsyzlyk bilen garaşýan, soňundan hem, el çarpýan müňlerçe ýüzler seredip dur.

Riçard gaýgyly görnüşleri hem gördi. Ol eýmenç zorluk etmeleriň we gandöküşikleriň şaýady boldy. Ol garawullaryň tussaglary maýyp edýänini we olarda çekip bolmajak agyrylary döredişlerini gördi. Özüni yzarlaýan seksual fantaziýalar sebäpli hem, köplenç uklap bilmeýärdi. Ony erotiki düýşler gynaýardy. Ömrüniň otuz ýylyny çölde geçiren mukaddes Beýik Antoniýa ýaly, oňa-da, aýallar özleriniň ýalaňaç tenleri bilen azdyrmaga çalyşýan ýaly bolup görünýärdi. Ol, hatda, munuň — Sabina bilen jyns gatnaşygyny etmäniň nähilidigini-de ýada salyp bilmeýärdi.

Ýekelikden ejir çekmeler inçekeseliň gözegçilik edip bolmaýan simptomlary bilen bilelikde, onuň seksual islegini güýçlendirýärdi. Ol mundan daşlaşjak boldugyça, görýän görnüşleri şonça-da azdyryjy bolýardy. Riçard eýýäm bu synamalaryň hem ezýetleriň hemmesine özi mynasyp diýip hasap edip başlady. Günä duýgusy sebäpli sustupes bolan we paralanan Riçard Hudaýy çagyryp, Ondan kömek sorady.

Hudaý hem onuň dogalaryna jogap berdi. Netijede Riçard gallýusinasiýadan saplanmagyň strategiýasyny işläp düzdi. Ol olar hakda, öz günäleri hökmünde däl-de, duşmançylykly erbet niýetli synaglar hökmünde pikir etme kararyna geldi. Bu görnüşlerde özüni günäkärlemegiň deregine, ol sowuk logika bilen ýaraglandy. Hudaý Riçarda ajaýyp akyl berdi. Tussaglyk döwrüniň dowamynda ol, umumy jemini jemlände, ýüz müň sözden ybarat bolan, üç ýüzden gowrak goşgy düzdi. Urlan, güýç bilen neşe serişdeleri berlen we ukudan mahrum bolan wagtynda ol olary ýatdan çykarýar. Ýöne azatlyga çykanyndan soň, olaryň hemmesi ýuwaş-ýuwaşdan ýadyna düşüp başlaýar we ol olary ýazýar.

Tizara Riçard soraglar wagtynda aklynyň bir bölegini ýapyp goýma ukybyny ösdürdi. Şeýle etmek bilen oňa öz işdeşleriniň atlaryny hem salgylaryny bererin diýip alada etmek gerek bolmaýardy. Ol aslynda olary ýada salyp bilmeýärdi. Edil şunuň ýaly edip, lukmanlar wiruslaryň garşysyna göreşmek üçin başga wiruslary ulanýarlar. Riçard duşmany öz ýaragynyň kömegi bilen ýeňme kararyna geldi. Şeýtanyň peýkamlaryny yzyna oňa tarap atyp bolýar.

Her gün Riçard gallýusinasiýalary öz erkine tabyn edip, olara garşy göreşdi. Ol günäli pikirleriň öz kamerasynda hökümdarlyk etmeginden ýüz öwürdi we ýürekden Hudaýyň: “Saňa garşy edilen ýekeje ýarag hem üstünlikli bolmaz...” (Işaýa 54:17) — diýen wadasyna ynandy.

# 29

1951-nji ýylda eýýäm üç ýyllap ýekelikdäki tussaglykda bolandan soň, Riçard aýaly bilen ogluny ýene görmäge bolan umydyny ýitirdi. Ol özüniň ýakyndan tanaýan ruhanysyny ýatlady. Ol ruhany tussaglyga gaýdanda, öýünde syrkaw aýaly bilen alty çagasy galdy. Açlyk çekýändikleri we işiň ýoklugy sebäpli, onuň uly iki gyzy, on ýedi hem on dokuz ýaşly gyzlary, maşgalany eklemek üçin jelepçilik bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Olaryň on dört ýaşly oglan jigisi, doganlarynyň öz tenlerini satýandyklaryny bilende, aklyndan azaşdy, soň ony ruhy syrkawlaryň keselhanasyna ýerleşdirdiler. Ruhany ata türmeden öýüne gaýdyp baranda, öz maşgalasynyň nähili ejir çekýänini gördi-de, Hudaýa: “Rebbim, meni yzyma türmä äkit, men bu zatlara döz gelip bilmeýärin!” — diýip doga edip başlady.

Riçard bu maşgala üçin köp doga edýärdi we näme üçin başga ýurtdaky mesihileriň bu işlere goşulyp, kommunizmiň gysajy içinde bolup sütem görýän doganlara kömek etmeýändiklerine haýran galýardy. Ol Floresku ýaly beýleki mesihiler üçin hem doga edýärdi. Trubanyň üsti bilen onuň kamerasyna alaka goýberýärdiler. Ol ýatyp bilmeýärdi, sebäbi olardan üznüksiz goranmaly bolýardy. Eger ol irkilse, alakalar derrew oňa hüjüm edýärdiler. Ony iki häpdäniň dowamynda gije hem gündiz dik durmaga mejbur etdiler. Ony gazaply ýençdiler, gyzgyn ütük bilen gynadylar we pyçak bilen kesdiler. Şeýle etmek bilen kommunistler ony öz doganlaryny satmaga mejbur etjek bolýardylar, emma ol çürt-kesik beýle etmekden boýun towlady.

Floresku bilen Hudaýa gulluk edenleriň atlaryny aýtdyryp bilmänlerinden soň, howpsuzlyk guramalarynyň işgärleri onuň on dört ýaşly ogly Aleksandry ogurlap getirip, ony kakasynyň gözüniň öňünde gynadylar. Floresku muňa çydam edip bilmedi.

— Aleksandr, men olaryň isleýän zadyny aýtmalydyryn! Men seni urmalaryna indi çydam edip bilemok! — diýip, ata gygyrdy.

Ýöne ogly ony saklady.

— Kaka, men dönük atanyň ogly bolmak islemeýärin! Batyr bol! — diýip, oglanjyk jogap berdi.

Ýetginjegiň tutanýerli garşylygyna gazaplanan aňtaýjylar ony has-da beter wagşylyk bilen gynap başladylar we onuň ganyny kakasynyň kamerasyna syçradyp, ölýänçä gynadylar.

Riçard olaryň başga-da erbet işleri hakda hem eşitdi. Mysal üçin, çagalara Mesih hakda gürrüň bereni we gizlin ýygnaga Mukaddes Kitap getirip bereni üçin bir ýaş gyz hakdaky gürrüň. Kommunistler tutulmasyny has eýmenç hem agyryly etmek üçin ony yzarlap ýörýärler we muny onuň toýy güni etme kararyna gelýärler.

Baýramçylyk güni, toý dabarasy ýaňy başlananda, ýygnak binasynyň gapysy açylýar-da, içeri milisiýanyň işgärleri girýär. Olar ak toý köýnegini geýen gelniň ýanyna gelýärler. Olary görende gyz, gandal geýdirmekleri üçin ellerini uzadýar. Ol söýgülisine soňky gezek seredýär we gandallary ogşap: “Men Gökdäki Ýigdime toý günümde maňa sowgat eden bu gymmatly şaý-sepi üçin minnetdar! Özi ugrunda görgi görmäge mynasyp edip, meni saýlany üçin men Oňa minnetdar” — diýýär.

Milisionerler öýlenýän ýigidi we imandaky doganlary köşeşmän aglamaga mejbur edip, ýygnak binasyndan gyzy alyp gidýärler. Ony türme kamerasyna taşlaýarlar, şol ýerde hem, özüniň ilkinji nika gijesinde ony garawullar zorlaýarlar. Bäş ýyl geçenden soň ony ýigidine —betbagt, halys bolan ýagdaýda gaýtaryp berdiler, oňa öz ýaşyndakysyndan otuz ýaş ýokary bermek bolýardy. Azatlyga çykanda, ol oňa munuň öz Mesihi üçin edip bilen iň ujypsyzja zadydygyny aýdýar.

# 29-NJY BAP

Kommunizm döwründe aýallara ýowuz daramalar erkekleriň çekmeli bolýan zatlaryndan artykdy. Riçard mydama ejizjek Sabina hakda pikir edýärdi we ony tussag eden däldirler we gynan däldirler diýip umyt edýärdi we onuň üçin doga edýärdi.

Gyşda Riçardyň eline içinde ýiti çüýi bolup, goşaryna çümüp duran gandal geýdirdiler. Çygly sowuk kamerada ol üşäp sandyraýardy, şonda gandallar onuň goşarlarynda şepbik edýärdi. Riçard mesihileri ýüpde başaşaklygyna asyp, şeýle güýçli urýandyklaryny, urgudan ýaňa olaryň bedenleriniň iki tarapa yranýandygynyň, olaryň hem agyrydan ýaňa towlanyşlarynyň şaýady boldy. Jellatlar olaryň tenlerinde şeýle köp çilimleri söndürýärdiler welin, olaryň bedenlerinde abat ýeri galmaýardy.

Tomusda Riçardy ýalaňaç edip diýen ýaly goýup, ony "sowadyjy kameralara" salýardylar. Olaryň içi şeýle sowukdy welin, onuň diwarlary gyrawa örtülendi. Ilki elleriniň we aýaklarynyň barmaklary duýman başlaýardy, soň hem, beden bar ýylylygy ýitirip, tussag ahyrsoňy huşundan gidýänçä, galan ýerleri-de gatap galýardy. Türme lukmany gapydaky äpişgejikden oňa seredip durýardy-da, doňmadan ýaňa ölümiň golaýlaýanynyň ilkinji simptomlaryny görende, garawullara yşarat edýärdi, olar hem, ony çykarýardylar-da, eremegi üçin ýorgana dolaýardylar. Ýöne ol erän badyna, ýene yzyna "sowadyjy kamera" salýardylar. Bu gaýta-gaýta gaýtalanýardy. Bu wagtyň bütin dowamynda aňtaýjy Riçarda soraga jogap bermegini talap edip gygyrýardy.

"Biz — iblisler!" — diýip, gynaýjylar gülýärdiler.

Aňtaýjylaryň biri: "Ýumurtganyň gabygyny döwmezden heýgenek taýýarlap bolmaz" — diýip, Riçarda Leniniň sözlerini aýtdy.

Riçard öz erkiniň döwlendigine akyl ýetirdi. Rahow köçesindäki tussaglyk wagtynda onuň dört oňurgasyny we köp süňklerini döwdüler. Onuň derisi kesilendi, parçalanandy we köp sanly pyçak bilen kesmelerden galan ýara yzlary bardy, myşsa dokumalarynda bolsa, on sekiz sany ýakylyp salnan ýara bardy. Doýup iýmezlik we ukynyň ýetmezçilik etmesi onuň immunitetini peseldipdi. Öýken

sowuklamasy onuň saglygyna mydama howp salýardy. Gijelerine ol ir ertirden dowam etjek gynamalara mümkin boldugyça köp güýç ýygnamaga çalşyp, ölüm halynda ýatýardy.

Şeýle-de bolsa, ol, hatda hasraty içinde-de, ol ozal hiç wagt duýmadyk, şypa alşy duýdy. Her gezekki gynamalardan soň ol özüne sütem edýän adamlara bolan gaharyň hem ýigrenjiň özünden aýrylýanyny duýdy. Nähilidir bir ýol bilen jepalar onda jellatlara bolan duýgudaşlyk döredýärdi. Türme işgärlerine gaharly bolan beýleki tussaglardan tapawutlylykda Riçard olary söýmegi öwrendi. Ol özüni Hudaý näçe gynamalara döz gelip bilendigi boýunça däl-de, özüni gynaýjylary söýşi boýunça baha berer diýen karara geldi.

Kommunistleriň edýän erbet işleriniň başyny başlaýjylaryň özleri däldiklerine Riçard ynanýardy. Bu zatlaryň hemmesiniň aňyrsynda şeýtan dur. Kommunizm — bu şeýtanyň ýygnaga garşy ulanýan ýaragydy. Riçard Pawlusyň: "Çünki biziň söweşimiz adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarlylara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy, ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr" (Efesliler 6:12) — diýen sözlerini ýygy-ýygyndan gaýtalady.

Kommunizm — bu diňe syýasy hereket däl. Ilki bilen ol ruhy hereket — Ýewropa ýaýran gazaply gozgalaň bolup, onuň esasy maksady Hudaýyň işini ýok etmekdir. Kommunistler diňe uly dramadaky aktýorlardy. Riçard özüniň hem bir wagtlar şolaryň biri bolandygyna gynandy, ýöne *onuň* günäleri her neneň eýmenç bolsa-da, olary Mesihiň bagyşlandygy sebäpli, ol islendik başga adamyň, hatda öz duşmanlarynyňam günälerini bagyşlap bilýär. Eger kommunistleriň ýüreklerinde Mesihe orun bolmasa, onda Riçardyň ýüreginde şeýtana orun ýokdy.

Golaýjykda ýerleşýän Piteşti şäherindäki türmede bolýan mesihileriň şaýatlyklary Riçardy özüniň Mesihden ýüz öwürmezlik kararyna wepaly bolup galmagyna ruhlandyrdy. Ol türmedäki mesihileri haçlara daňýardylar. Soň haçlary ýere goýýardylar, şonda ýüzlerçe tussaglar haça daňlanlaryň ýüzlerine we tenlerine gündelik

hajathanada etmeli zatlaryny edýärdiler. Soň haçlary ýokary galdyrýardylar-da, kommunistler: “Öz Mesihiňize serediň. Ol nähili ajaýyp! Nähili behişdi atyr ysy!” — diýip, olaryň üstlerinden gülýärdiler.

Aklyny ýitirmä alnyp barlan bir ruhy çopan her ýekşenbe güni adamlaryň täretlerini we peşewlerini ýygnap, olary Rebbiň agşamy wagtynda çörek we şerap hökmünde ulanyp, mesihilere “mukaddes saçagy” geçirýärdi. Beýlekiler ýigrenji zatlary gaýtaranlaryndan soň bolsa, ony poluň üstünden iýmäge mesihileri mejbur edýärdiler.

Şeýle-de bolsa, hatda, bu türmede-de gahrymanlar döredi. Meşhur iman gahrymanlarynyň biri-de, beýleki tussaglaryň ýerine urgulary çeken edermen Milan Haýmowiçidi. Türmeler hyryn-dykyn bolany üçin garawullar hemmeleri atma-at tanamaýardy. Şoňa görä-de, başgalary ýigrimi bäş gamçy bermek üçin çagyranlarynda, Haýmowiçi olaryň deregine urulmaga ençe gezek meýletin gidipdi. Şeýle etmek bilen ol tussaglaryň hormatyny gazanypdy we Mesihiň başgalar üçin özüňi pida etmesiniň göreldesini görkezipdi.

*****

Kommunistler fiziki gynamalaryň boýun almalary almaga ýardam edýändigini bilýärdiler. Beýnileri ýuwmanyň hem, nähili peýda getirýäni olara bellidi. Beýni ýuwma arkaly täzeden terbiýelemekde Rumyniýa Ýewropada üstünlik gazanan birinji kommunistik ýurt boldy. Öz pikirlerinden el çekip, pikirdeşlerini satan tussaglary goşmaça iýmit paýy bilen sylaglaýardylar, käbirlerini bolsa, hatda, aňtaýjy wezipelerine-de belleýärdiler. Ahyrky maksat, tussaglary beýleki tussaglary gynamaga mejbur etmekden ybaratdy.

Munuň ýaly “täzeden terbiýeleme” ideýasy 1949-njy ýylda Rumyniýanyň howpsuzlyk gullugynyň başlygy Aleksandr Nikolskiýde döredi. Ony durmuşa ornaşdyrmak üçin “Demir gwardiýa” atly faşist guramasyna kömek edeni üçin on ýyl öň tussag edilen Ýeujen Turkanu saýlanyldy. Eksperimentler üçin on

bäş tussag saýlanyldy. Proýektiň dört etapynyň hemmesini üstünlikli geçen her tussag sylag we wezipäniň ýokarlanmasyny alýardy[1].

Birinji etap "daşky paş etmedi". Munda tussag özüniň günäsini boýun almak we türmäniň çäklerinden daşarda bolan dostlaryny satmak bilen kommunistlere wepalylygyny subut etmelidi. Ikinji etapda "içki paş etme" bardy. Munuň üçin onuň tussag edileninden soň özüne kömek eden kameradaşlaryny satmagy talap edilýärdi. Üçünji "köpçülikleýin ahlak paş etmesi" tussagyň mukaddes hasaplaýan zadyny näletlemesinde jemlenendi. Ol aýalyndan ýa-da jorasyndan, maşgala agzalaryndan we ýakynlaryndan ýüz öwürmelidi. Dördünji we soňky etap onuň wepalylygyny gutarnykly tassyklaýar. Tussag özüniň iň gowy dostuny öz elleri bilen gynap, oňa "biwepalyk" etmelidi.

Turkanunyň abraýy proýektiň dört etapyny-da tussaglaryň geçişiniň netijesine baglydy, şonuň üçin ol täze saýlanylanlary motiwirlemek üçin mümkin bolan serişdeleriň islendigini ulanýardy. Tussaglaryň käbirleriniň mesihidigini bilip, ol olaryň dessurlaryny hapalaýardy. Ol olary peşewli we uly täretli bedreler bilen ýokundyrýardy. Ejirli anna hepdesinde bolsa ol tussaglary täret guýlan aýdymçylaryň we ruhanylaryň geýimlerini geýmäge mejbur edýärdi. Ybadat etmeler wagtynda olar pornografiki hereketleri görkezip, Meryem gyzy "Beýik Jelep" diýip atlandyrýardylar. Turkanu üç ýylyň dowamynda özüniň eksperimentlerinde üstünlik gazandy. Onuň tejribesini Rumyniýanyň beýleki türmeleri-de ulanyp başlady.

Hepdeläp, aýlap, ýyllap Riçardy on ýedi sagadyň dowamynda ýekelikde oturyp, ses gataldyjyda ýaňlanýan: "Kommunizm — bu gowy! Kommunizm — bu gowy! Kommunizm — bu gowy! Mesihilik — akylsyzlyk! Mesihilik — akylsyzlyk! Mesihilik — akylsyzlyk! Ret et! Ret et! Ret et!" diýip ýaňlanýan wagzy eşitmäge mejbur edýärdiler.

[1] Stefan Kurtua, "Kommunizmiň gara kitaby: jenaýat, terror, repressiýalar", (Kembrij, Massaçusets: "Harvard University Press", 1999), s. 420–21.

## 29-NJY BAP

Bu usulyň netijeliligi onuň gaýtalanýandygynda jemlenendi. Başda, birinji — ikinji gün, aň wagza aňsat garşylyk görkezýär. Günler hepdelere, aýlara öwrülende bolsa, beýni kabul edegen bolýar. Sözler tussagy ýowuz fiziki gynamalardan halas edýän dost ýaly kabul edilýär.

Sözüň güýjüniň aňa ýolbaşçylyk edýändigini Riçard bilýärdi. Ol Mukaddes Ýazgynyň aýatlaryny hem parçalaryny ýatlamaga ýyllaryny sarp edipdi. Gaýtalanyp durýan kommunistik şygarlary diňlemek arkaly köp ýyllaryň dowamynda beýni ýuwulmasyna duçar edilende, ol beýni ýuwmadan-da howply bolan ýaragy — *ýürek* ýuwulmasyny özi üçin açdy. Aň mydama ýürege gulak asýar, şonuň üçin eger Isa Mesih ýüregi arassalasa, onda beýni hökman onuň yzyna düşýär. “Çünki onuň agzy ýüreginden joşanyny sözleýändir” (Luka 6:45).

# 30

Ýekelikdäki tussaglygyň soňky ýylynda Riçard gynardan juda ejiz boldy. Mydama üsgüreninde ganyň gelmegi kameranyň gapysyndaky seredilýän ýerden ony synlaýan lukmany bimaza etdi. Eger Riçard ölse, onda ol kommunistler üçin peýdaly bolmagyny bes eder. “Biz faşistler zalym ganhor däl. Biz seniň ýaşamagyňy we görgi görmegiňi isleýäris” — diýip, aňtaýjy öwündi.

Şol gije Riçardy jaýyň içinden arassa howa çykardylar. Ol aýyň we ýyldyzlaryň nähili bolýanyny eýýäm ýatdan çykarypdy. Arassa howa onuň öýkenine nätanyş zatdy, şeýle-de bolsa, ol özüni tiz kömege itip salanlarynda, uludan dem almaga howlukdy. Şäheriň içinden geçip gidenlerinde, Riçard hatda çalaja öz öýüni-de gördi. “*Meni öýe ölmäge alyp barýarmykalar?*” — diýip, ol özüne sorag berdi.

Ulag serişdesi türme keselhanasynyň öňünde saklananda, Riçardy basgançagyň üsti bilen kamera alyp gitdiler. Aňtaýjy girip, oňa şübheli seretdi. Ol Riçarddan türme tussaglygyna mynasyp bolar ýaly näme edenini sorady.

— Men ruhy çopan we Hudaýyň çagasy — diýip, Riçard jogap berdi.

Garawul eglip pyşyrdady:

— Hudaýa şükür! Men — Isanyň esgeri!

Soň ol Riçarda “Rebbiň goşunyna” — prawoslaw ybadathanasy tarapyndan esaslandyrylan gurama girişi we onuň hatarlarynda ýüzlerçe müň adamyň bardygy hakda gürrüň berdi. Onuň familiýasy Taçiçidi. Sözleriniň eşidilmegi mümkin bolsa-da, ol töwekgelçilik

edip, Riçard bilen Mukaddes Kitapda aýatlary aýdyşdylar. Eger ol tutulaýsa, munuň netijesi aşa erbet boljakdy. Taçiçi ýaly beýleki garawullary on iki ýyl möhletli türmä salýardylar we tussaga alma bereni üçin gynamalara sezewar edipdiler.

Indi turmaga güýji ýetmeýän Riçard, gözlerini diwardaky kiçijik äpişgejige dikip, polda ýatyrdy. Soňky gezek gök asmany göreni onuň ýadyna düşmeýärdi. Bu reňk onuň hakydasyndan süpürilip aýrylypdy. Ýaşyl reňk hem şeýledi. Otlar güýç hem ýaşaýyş nuruny saçýardy. Täsin sesler — guşlaryň saýraýan sesleri — Riçardy haýran galdyrdy. Ol günleriň birinde, tokaýda gezip ýörkä guşlara: “Ertiriňiz haýyrly bolsun, ylahyýetçiler, siz oýanýarsyňyz-da, aýdym aýdýarsyňyz, men bolsa, garry akmak, sizden az bilýärin we Gökdäki Atamyň aladasyna ýöne bir ynanmagyň deregine, hemme zat üçin biynjalyk bolýaryn” diýen Martin Lýuter hakda gürrüň berdi.

Gaty erbet tapdan düşen Riçard çuň uka gitdi, ýöne ony bir ses oýardy:

— Men — Leonte Filipesku. Sen kim?

Riçard diwaryň aňyrsyndan gelýän sözleri eşitjek bolup dartgynlaşdy. Ol ilkinji rumyn sosialitleriniň biridi.

— Kesele garşy göreş — diýip, ol aýtdy. — Ýan berme! Iki hepdeden soň bizi boşadýarlar.

— Siz nireden bilýärsiňiz? — diýip, Riçard gyzyklandy.

— Amerikalylar Koreýadaky kommunistlere kömek berýärler, şonuň üçin olar iki hepdeden soň bu ýere gelýärler.

Riçard şübhelendi.

— Ýöne olar garşy çykmalara duş gelmände-de, Rumyniýa gelmek üçin olara iki hepdeden köpräk wagtyň gerek boljagy gürrüňsiz, şeýle dälmi?

— Beýle däl! — diýip, Filipesku garşy çykdy. — Aralyk olar üçin hiç zadam däl. Olarda ýokary sesli uçarlary bar!

Riçard aýdylan zatlara ynanmaga özüne rugsat etdi, ýöne kamera delegasiýanyň gelmegi ony şobada hakykata gaýtaryp

getirdi. Onuň işi boýunça sud prosesi bellenilipdi. Riçardyň ýanyndaky stoluň aňyrsynda bir aýal bilen dört sany erkek kişi oturdy. Olar suddylar.

— Sizi goramak üçin aklawçy bellenildi — diýip, suduň başlygy aýtdy. — Ol siziň şaýatlary çagyrma hukugyňyzdan ýüz öwürdi. Oturyň.

Prokuror Riçardyň imperializmiň içalysygydyny we skandinaw ýygnaklar missiýasynda hem-de Bütindünýä ýygnaklar sowetinde işleýändigini, antikommunistik ideallary wagyz edýändigini we dini işleri tutaryk edip, kommunistik gurluşy bozmaga gönükdirilen gizlin işi alyp barýandygyny aýtdy. Ysytma zerarly sandyrap oturan Riçard özüni, edil tenine müňlerçe tiken batýan ýaly duýup otyrdy.

Aklawçy, hatda, aýyplanylýany gorajak bolup synanyşyk hem etmedi.

— Sizde özüňizi aklap aýdar ýaly zat barmy? — diýip, başlyklyk ediji sorady.

Riçard özüni gorap, diňe:

— Men Hudaýy söýýärin! — diýdi.

On minutlyk sud Riçardyň ýigrimi ýyllyk katorog işine höküm edilmegi bilen gutardy.

# 31

Riçardyň sud edilenine iki gün geçenden soň, Taçiçi onuň krowadynyň üstüne eglip:

— Sizi başga ýere geçirýärler, Goý, Hudaý siz bilen bolsun! — diýip pyşyrdady.

Edil şol wagt beýleki garawullar kamera girdiler-de, Riçardyň goşaryndaky ýigrimi kilogramlyk zynjyry çekiç bilen böleklediler we ony esasy derwezäniň ýanyna, çykalga alyp bardylar. Soň içinde kyrk sany tussag bolan ýük maşyny gelip durdy we Riçardy oňa mündürdiler. Onuň ýygnagyndan bolan bir gyz ruhy çopany görende aglady.

— Men siziň ýadyňyzdamy? — diýip, ol sorady.

Bu gyz Riçardyň ýadyna gowy düşýärdi, şonuň üçin onuň agylar arasynda beren gaýgyly gürrüňlerini ünsli diňledi. Tussag edileninden soň ol iýmit we azyk ogurlap başlapdyr.

— Men gaty utanýaryn! — diýip, ol gygyryp aýtdy.

— Menem günäkär, — diýip, Riçard ony ynandyrdy, — ýöne Hudaýyň rehimi bilen halas boldum. Mesihe ynansaň, seniň günäleriňem bagyşlanar.

Ol Riçardyň elini ogşamak üçin egildi we azatlyga çykandan soň, ony görendigini Sabina habar berjekdigine söz berdi.

Ýük maşyny tussaglary Tirgul-Okna, inçekeselliler üçin niýetlenilen lagere gidýän otla alyp bardy. Üç ýüz kilometrlik ýol bir gije we bir gündiz dowam etdi. Riçardy şäheriň gyrasyndaky

ullakan bina alyp bardylar. Bu ýerde ony Aldea atly mesihi lukman barlady.

— Meniň özüm tussag, — diýip, ol düşündirdi, — ýöne maňa bu ýerde lukman bolup işlemäge rugsat berdiler.

*"Inçekeselli syrkawlardan hyryn-dykyn bolan bütin lagere ýekeje lukmanmy?!"* — diýip, Riçard pikir etdi.

— Size ýalan sözlejek däl, — diýip, lukman aýtdy. — Biz siziň üçin hiç zadam edip bilmeýäris. Siziň iki hepdä golaý ömrüňiz galdy. Iýmitiň gowy däldigine garamazdan, özüňize berlen zatlaryň hemmesini iýiň.

Indiki birnäçe günüň dowamynda iki tussag öldi. Bir gezek Riçard syrkawlaryň biriniň lukmana ýalbaryp:

— Çynymy aýdýaryn, maňa bu gowy, lukman. Özümde ysytmanyň bardygyny bilýärin. Ýöne gaýrat edip diňläň! Bu men bir gezek ganly üsgürdim. Meni dördünji belgili otaga goýbermäň! — diýenini eşitdi.

— "Dördünji belgili otag"? — diýip, Riçard sesli gaýtalady.

— Ol umyt galmadyk syrkawlaryň ýerleşdirilýän ýeri — diýip, Riçarda suwly çorba getiren adam aýtdy.

Riçard suwuklygy iýjek boldy, emma gaýtardy.

Birazrajyk wagtdan soň, lukman gaýgyly habar getirdi.

— Bagyşlaň, men sizi dördünji belgili otaga geçirmäge buýruk aldym — diýip, ol Riçarda aýtdy.

*****

Riçardy on iki krowatly we birnäçe stolly uly kamera alyp bardylar. Äpişgelere demir kakylandy, ýöne olardan diwaryň we tikenli simleriň aňyrsynda durup, bakjalary görüp bolýardy. Keseliniň ýokuşma howpy Riçardy we dördünji belgili otagyň beýleki syrkawlaryny garawullar bilen göni gatnaşykda bolmakdan halas etdi, sebäbi olaryň hiç haýsynyň ölmän galmazlygyna hiç kim

garaşmaýardy. Tussaglara iýmiti — köplenç kelemli, bobly nahary we arpa şülesini — diňe gapynyň ýanyna getirip goýýardylar.

Beýleki tussaglar bagda açyk howada işleýärkäler, Riçard otuz aýyny, dünýäleriň arasynda yraň atyp geçirmeli boldy. Wagtal-wagtal ol koma düşýärdi, soň hem, ýene öz ganyna düwnükmek üçin oýanýardy. Onuň arkasy köp ýatany sebäpli döreýän ýaralardan doldy, olardan iriň akyp durýardy. Onuň kameradaşlary ruhy çopanyň derdini ýeňletmek üçin, her gije kyrk gezek dagy, ony eýlesine-beýlesine agdarýardylar we derdi ýeňlär diýen umyt bilen barmaklarynyň uçlaryny owkalaýardylar. Olar birnäçe gezek Riçard ölendir öýdüp, onuň krowadynyň ýanyndan geçenlerinde çokundylar.

Iki hepdäniň dowamynda, Riçard bilen bile aýra saklanylan dört adam öldi. Olardan soň, ýene onlarça adamlar keseliň öňünde ýan berdiler, şonuň üçin täze tussaglar olaryň krowatlaryny eýelediler.

Inçekesel Riçardyň tenine çalt ýaýrady. Onuň döşi çişdi, ondan suwuklygyň bulkuldaýan gaty sesi eşdilýärdi. Ol güýjünde baryny edip, öýkenini dolduryp duran suwuklyga hötde gelmäge çalyşýardy. Bir gün Dawut patyşa: "...men bilen ölümiň arasynda ýekeje ädim bar" (1 Şamuwel 20:3) — diýipdi. Riçard hem köp gezekler şol ädimi ätdi diýen ýalydy. Ol her gezek gözüni açanda, indiki gezek gözüni bu dünýäde açjakmydygyny ýa-da eýýäm o dünýäde açjakmydygyny bilmeýärdi.

"Wah, bizde häzirkizaman dermanlaryndan azajyk bolan bolsady" — diýip, lukman Aldea, Riçardy barlanda uludan demini alýardy. Amerikalylaryň inçekesele garşy "streptomisin" atly dermany oýlap tapandyklary hakda myş-myşlar bardy, ýöne kommunistler bu myşlaryň hakykylygyny günbatar wagzyna degişli edýärdiler.

Wagtyň geçmegi bilen Riçardyň saglygy gudrat bilen gowulaşyp başlady. Syrkawyň aklynyň aýdyňlaşandygy, gyzgynynyň düşendigi we öýkeniniň bitendigi lukmany juda haýran galdyrdy. Riçard ýene iýip we adatdan daşary joşgun bilen imany hakda gürrüň berip başlady. Her hepdede dördünji belgili otaga nobatdaky pidasyny

almak üçin ölüm gelýärdi, ýöne ondaky syrkawlaryň ýekejesem ateistligine ölmedi. Riçard olaryň ruhy çopany boldy. Ol, hatda, iň çuň garaýyşly imansyzlara-da, soňky deminiň öň ýanynda Hudaý bilen ýaraşmaga kömek etdi. Ölüm Riçarda täze sürini — ganhorlary, ogrulary hem faşistleri berdi, şeýdip, olaryň her biri kommunizmiň berip bilmejek umydyny kabul etdiler.

Riçardyň krowady birazajyk wagtlap Dunaý akabasynyň boýundaky türme lagerinde ruhanylar toparynyň garawuly bolan Wasilseku atly tussagyň krowady bilen onuň bir wagtky gynan ybadathana ýolbaşçysynyň krowadynyň arasynda durdy. Indi olaryň ikisem dördünji belgili otagda öljek bolup ýatyrdylar.

Inçekesel ýaş Wasileskunyň öýkeninde bulagaýlyk döredipdi, şonuň üçin ol bir gije demigip oýandy-da: "Ruhy çopan, men ölýärin. Haýyş edýärin, meniň üçin doga ediň!" — diýip gygyrdy. Ol uzakly gije kä irkilip, kä-de ýene oýanyp: "Men Hudaýa ynanýaryn!" — diýip gygyrdy.

Ir daňdan ybadathana ýolbaşçysy Isku kameradaky iki ýoldaşyny ýanyna çagyrdy.

— Meni galdyryň! — diýip, ol olardan haýyş etdi.

— Siz hereket ederden juda syrkaw —diýip, ýanyndakylar garşy çykdylar. — Size näme etmek gerek bolsa, biziň özümiz ederis.

— Meni galdyryň!

Ony galdyrdylar.

— Wasilsekunyň krowadynyň ýanyna alyp baryň — diýip, Isku haýyş etdi.

Ybadathana ýolbaşçysy birwagtlar özüni gynan ýaş oglanyň ýanynda oturdy-da, elini onuň üstüne goýdy.

— Gorkma. Sen ýaş. Eden zadyňa gowy düşünmeýärdiň — diýip, ol çalaja eşitdirip aýtdy.

Ol ýaş oglanyň maňlaýyndaky deri süpürdi.

— Beýleki mesihileriň hemmesi ýaly, men seni ýüregimden bagyşlaýaryn. Göklerde seniň üçin hem ýer bar.

## 31-NJI BAP

Ruhany Isku Wasileskua toba dogasyny etmäge kömek berdi we mukaddes Rebbiň agşamyny onuň bilen geçirdi, soň ony düşegine geçirdiler.

Şol gije ruhanam, Wasilesku-da aradan çykdylar.

# 32

XIX asyryň kiçi galasyndaky jaýlarda ýerleşýän Jilawa türmesi çuň ýerasty labirintlidi, olaryň içinde kameralar bardy. Töweregine çukurlar aýlanan çygly, alty ýüz adama niýetlenen jaýda indi üç müň adam saklanylýardy. Jilawa Sabina tanyşdy. Ol bu ýere iki gezek gelipdi. Birinjisinde şol ýerden dostuny gözlän bir gyz bilen, ikinjisinde, Riçardy gözläp gelipdi. Sabina iki gezekde-de, özüne gerek maglumaty almandy. Indi bolsa, onuň özi bu ýere tussag bolup düşüpdi.

Döwlet howpsuzlyk müdirliginden tussaglary alyp gelen ýük maşyny birden aşaklygyna gaýdanda, aýallar çyrlaşdylar. Ulag serişdesi saklandy welin, hemmeler indiki buýruga garaşyp doňup durdular.

Ahyrsoňy buýruk boldy:

— Äýnekleri çykaryň!

Sabina öl daş polly we diwarly, çygdan ýaňa ýalpyldap duran äpişgesiz ýerzemin jaýa seredip başlady. Töwerekde formadaky garawul aýallar aýlanyşyp ýördi. Daýaw muskully sary saçly aýal täze gelenlere gygyryp, olary hasabat kitaply kärdeşiniň ýanyna ugratdy.

— Artykmaç geýimleriň hemmesi bu jaýa girenden soň, şu ýerde galýar — diýip, seržant Aspra gyryk sesi bilen arlady.

Sabinanyň tomusky paltosyny aldylar-da, bu barada degişli bellik etdiler. Bir hepde mundan öň derňew kamerasynda iki sany mekdep okuwçysy bolan gyzlar bilen eden gürrüňini ýada saldy. “Siziň hiç

haçan Jilawdaky dördünji belgili kamerany görmezligiňize Hudaý kömek etsin” — diýip, olaryň ulusy aýtdy.

Sabinanyň bile gelen aýallar topary demir gözenekli agyr derwezäniň ýanyna gelende, ol gokrunç sözleri eşitdi: “Bu topary — dördünji belgili kamera!”

Kameranyň içindäki gümmez şekilli diwaryň ýanynda uzyn iki hatarly agaç krowatlar arada darajyk geçelge döredip durdy. Potolokda körejik ýanyp duran çyra asylgydy. Uzakdaky gyrada reňklenen we gözeneklenen kiçiräjik äpişge bardy. Dymyk kameranyň içi gyzgyndy we porsudy. Ýokardan Sabina onlarça gözler seredip durdy.

— Men Wiorika, kamera boýunça ulusy — diýen ses ümsümligi bozdy, şonda Sabina ýokarda uzalyp duran eli gördi. — Oňa gyradaky krowady beriň.

Sabina kameranyň garaňky burçuna gitdi, ol ýerde açyk kanalizasion akymyň ýanynda bir sany hajathana üçin bedre durdy. Ol elli aýal üçin ýekejedi. Aýallaryň köpüsi erbet iýmit zerarly iç geçmesinden ejir çekýärdiler. Krowatlardan ýaralara we gynamalardan galan ýara yzly tenler sallanyşyp durdy.

Jilawda geçiren birinji ertirinde Sabina kimdir biriniň mesihilik senasyny aýdanyny eşitdi. Türmäniň ilatynyň bir bölegi monah aýallardy. Türme garawullary olaryň aýdymlaryny ýigrenýärdiler.

— Size aýdym aýtmaga rugsat edildimi? — diýip, soňrak Sabina monah aýallaryň birinden sorady.

— Bize aýdym aýtmaga, olara bolsa, munuň üçin bizi ýençmäge rugsat edilendir — diýip, Weronika dogan jogap berdi.

*****

Ertir sagat 11-de Sabina çorba nobata durdy. Aýallaryň her biri bir çemçe suwuklyk we bir bölejik gara çörek alýardy. Kameranyň içine bugaryp duran çoýun gazany itip salanlarynda,

nahar paýlamakda bolýan adalatsyzlyk zerarly jaýyň içi gazaply gykylykdan dolýardy. Soň dubinkaly garawullar gelýärdi.

Seržant Aspra gygyrdy:

— Biz size juda nebsarygyjylyk edýäris! Eger şeýle zat dowam etse, ertir aç oturarsyňyz!

Dökülen çorbadan ýaňa poluň üsti suw bolup durdy. Garaňkyda horkuldylar eşidildi. Garawullar demir gapyny tarkyldadyp ýapyp gidenlerinden soň, agy sesleri azatlyga çykdy.

— Bu gün, ertirem, indi nahar bolmaýar! — diýip, Aspra heňkirdi.

Sabinanyň ýanynda oturan gyz onuň elini sypalady:

— Görgülijik. Siz, şeýdip, hiç zadam iýip bilmediňiz.

— Zyýany ýok, barybir nahar onçakly işdä alarlykly däldi.

— Bu çüýrük käşir sebäpli — diýip, Ýelena atly gyz burnuny ýygyrtlandyryp aýtdy. — Döwletiň gök önümçilik edarasy bu ýere hiç kimiň, hatda doňuzlar üçin hem, satyn almak islemedik zaýalanan önümleriniň üç ýüz tonnasyny getirip dökdi. Biz bolsa, eýýäm birnäçe hepdeden bäri ondan iýmitlenýäris.

Sabinany bir hökmürowan aýal synlaýardy

— Sen kim? Sen bu ýere näme üçin düşdüň? Sen geleliň bäri, ýekeje sözem aýtmadyň — diýip, ol düşündiriş talap etdi.

Aýallar özleriniň kameradaşynyň öz krowadyndan Sabina gazaply seredişini gyzyklanma bilen synladylar.

Sabina adyny aýtdy we özüniň ruhy çopanyň aýalydygyny aýtdy.

— Diýmek, dindar-da? Sen nahili hem bolsa bir Mukaddes Kitap taryhyny bilýärsiňmi? — diýip, ak saçly daýhan aýal gyzyklandy.

— Hawa, hawa, gaýrat et-de, bize nämedir bir zat gürrüň beräý-dä! — diýip, oňa beýleki seslerem goşuldy. — Ýogsam, bu ýerde içgysgynç!

Ýöne erkeksypat özüni has duşmançylykly alyp baryp başlady.

— Bu ýeri alyň-da, ony ybadathana öwür! — diýip, ol gaharly haşşyldady-da, aňyrsyna öwrüldi.

— Elza Gawriloiu atly bu aýala üns bermäň — diýip, Ýelena maslahat berdi. Hatda garaňky kamerada-da onuň gözleriniň

uçganaklaýşyny Sabina gördi. — Ol partiýanyň öňki agzalaryndan bolup, özüniň ideologiki ýalňyşlaryna Jilawda — “iň gowy täzeden terbiýeleýiş jaýynda” — täzeden seretme mümkinçiliginiň berlenine örän hoşal!

Aç hem sustupeslige düşen aýallary ruhlandyrmak üçin Sabina olar Ýusup we olaryň doganlary hakyndaky taryhy gürrüň berdi we hemme zat umytsyz ýaly bolup görnende, durmuş tigiriniň nähili aýlanmagynyň mümkindigini düşündirdi. Bir topbak aýal Sabinanyň gürrüňini ünsli diňläp otyrka, kameranyň beýleki bölegi hüňürdeşip, nägilelik bildirdi. Sabina sary saçly Wiorikanyň özüne seredýänini gördi.

— Seresap bol — diýip, ol pyşyrdady. — Eger Aspra Hudaý hakdaky gürrüňleri eşitse, betbagtçylyk geler!

*****

Ertesi gün irden Wiorika krowatlaryň arasyndaky geçelgede peýda boldy.

— Ahyrsoňy seniň kimdigiň meniň ýadyma düşdi! — diýip, ol ýokarky gatda garaşyp doňup galan Sabinany barmagy bilen görkezip aýtdy. — Men uzak wagtlap seni ýada salyp bilmedim. Seniň adyň maňa örän tanyş göründi. *Men ony ozal nirede eşidendigimi bilýärdim.*

Beýleki aýallar syrynyň açylaryna garaşyp, haýran galma bilen Sabina seredip durdular.

— Hawa! — diýip, Wiorika dabaraly aýtdy. — Ol wagyzçy. Ruhy çopanyň aýaly. Nämedir-ä, şol ruhy çopanyň ady, Wurmbrandyň!

Kameranyň ýolbaşçysy öz daýysynyň Buharestdäki prawoslaw ybadathanasyna ýolbaşçylyk edenini we kultlaryň Kongresinde Riçard Wurmbrandyň çykyşyny diňländigini buýsanç bilen gürrüň berdi.

— Ol ýerdäki dört müň adamdan, Hudaýyň adamy hökmünde ýerinden turup, ýüregindäkini aýdan ýeke-täk adam şol bolupdyr.

Beýlekiler bolsa, kommunistleri goldapdyrlar — diýip, Wiorika düşündirýär —Şondan soň, kultlaryň ministriniň işinden boşadylanyny siz bilýärsiňizmi?

Soň ol Sabina tarapa öwrüldi.

— Men bir gezek siziň ýygnagyňyza bardym. Ýygnanyşyk gaty gowy boldy!

Şol göz açyp ýumasy salymda Sabina gahrymana öwrüldi. Wiorika ony bedreden birnäçe metr uzaklykda boş duran gowrajyk krowada geçirdi.

Ertirlikde Sabina özüniň birinji naharyny — gaýnadylan mekgeden edilen naharyny aldy-da, töweregine göz aýlap, ony iýer ýaly bir zat gözledi.

— Ol çemçe gözleýär! — diýip, hanym Gawriloiu ýaňsyly güldi. — Ony ýalap iýiber!

Sabina çygyň ysy gelip duran suwuk naharyny kiçijik galaýy jamdan içmäge synanyşdy, emma ol her gezek onuň alkymyndan syrygyp döküldi. Dyza çöküp ýalap iýmek oňa juda haýwanyň iýşi ýaly bolup göründi, şonuň üçin ol irki naharyny ýanyndaka berdi. Soňrak Sabina Gedeony — Ysraýylyň duşmanlary bilen söweşmäge giden gahrymany ýatlady. Hudaý oňa derýadan suwy it ýaly ýalap içýän, ýagny iň uly kemsidilmäni-de kabul etmäge taýýar bolan esgerleri saýlap almalydygyny aýdýar (Serdarlar 7:5). Isa-da Özüni iň soňky derejä çenli peseltdi. Eger Ol şonuň ýaly kemsidilmäni kabul eden bolsa, onda Sabina-da ony kabul edip biler. Şeýdip, indiki nahary getirenlerinde, Sabina ony jamdan ýalap iýip başlady. Hatda ýalap iýenlerinde-de, aýallar ölmez ýaly zerur bolan kaloriýany zordan alýardylar.

Türmelerde kommunistler tussaglary adatça ýarym aç saklaýardylar, munuň netijesinde olar güýçsüz hem ejiz bolýardylar, şol sebäpden hem az alada döredýärdiler. Mundan başga-da, gowy iýmit hakyndaky arzuwlar aýallary zähmet lagerlerindäki işlere meýletin razy bolmaga höweslendirýärdi.

# 32-NJI BAP

*****

Sabina we beýleki mesihiler monah aýallaryň krowatlarynyň ýanyna ýygy-ýygydan üýşýärdiler-de, ýuwaşjadan aýdym aýdýardylar we ezýet çeken aýallaryň ýaralaryna seredýärdiler. Tussaglaryň köpüsi prawoslaw ynamyna degişlidiler. Sowatsyz bolan olar ruhanysyz we soňky däpleri ýerine ýetirmezden ölmäge gorkýardylar. Monah aýallar ölüp barýan adamyň üstünde aýat okama gullugyny geçirip, olara rahatlyk hem umyt sowgat berýärdiler.

— Sende aýallar bilen işleşme tejribesi bar ahyry, bizi dawa-jenjellerden sapla — diýip, bir gezek hanym Stupineau, Ýelenanyň ýakyn dosty Sabinadan haýyş etdi.

Uzyn boýly gelşikli bu aýal, kommunistler elinden hemme zadyny almazyndan öň, gurply dul aýal bolupdyr. Garyp düşenden soň ol, birwagtky sahy zekat beriji bolan ybadathanasynda şem satyjy we ony süpüriji bolup, güzeranyny dolandyrdy. Hanym Stupineauny öz ybadathanasyna gelen fransuz seminaristi satdy. Ondan dini yzarlamalar hakda soran howpsuzlygyň maglumatçysy ol hakda derrew baryp aýtdy. Ol bary-ýogy kyrk alty ýaşyndady, ýöne Jilawada geçiren bir ýylynyň dowamynda saçy doly agarypdy.

*****

Jilawa adalatsyzlygyň we terroryň mesgenidi. Seržant Aspranyň orunbasary bolan kiçi komandir Georgesku, tekiz ýüzli, ondan hem tekiz akly bolan haýal hereketli gyz, tussaglary fiziki maşklary etmek üçin ýygnaýardy.

— Men daşary çykmagy teklip edenimde, hiç kim soňky bolmaly däldir, hemmeler bile çykmalydyr! — diýip, ol gygyrýardy. Ýöne elli sany aýal bir gapydan bir wagtyň özünde çykyp bilmeýär ahyry!

Şeýle-de bolsa, Georgseku bilen jedelleşip bilmeýärdiler. — Men buýruk berenimde, siz tabyn bolýarsyňyz! — diýip, ol haşlaýardy. Onuň urgulary we depmeleri mydama çalt hereket edip bilmeýän garrylara we ejizlere degýärdi.

— Eýsem, siz rehimiň nämedigini bilmeýärsiňizmi näme?! — diýip, bir gezek Sabina ýüzlendi — Mukaddes Kitapda kim ýakynyna rehim etmeýän bolsa, şonuň hem Hudaýdan rehim almaýandygy ýazylypdyr (Ýakup 2:13).

— Ýok, men rehimiň nämedigini bilmeýärin! Bilmek hem islämok! — diýip, Georgesku arlady.

Sabina söýýän we ýigrenýän adamlara endik edinipdi, ýöne harby geýimdäki heýkel-gyzlar oýunçy gurjaklara öwrülipdi. Eger urma buýrugy berilse, olar urýarlar. Olar özlerine köre-körlük bilen tabyn bolmany öwredýän mekdebi geçipdiler. Geçmişde olaryň köpüsi hiç haçan egnindäki formadan owadan hiç zady bolmadyk, elindäki sapançadan gymmat oýunjagy bolmadyk daýhandylar. Rumyniýa olaryň patyşalygydy, şonuň üçin olar bu ýerde isleýişleri ýaly höküm sürýärdiler.

Gynaýjy ýatlamalar dördünji belgili kameranyň ýaşaýjylarynyň janlaryna degýärdi. Bir aýalyň hasraty, köplenç, beýlekilerde-de eýmenç ýatlamalary oýarýardy. Tussaglar köp sagatlaryň dowamynda öňki başdan geçiren aýylgançlyklaryny gaýta-gaýta başdan geçirip, ýumak ýaly ýygrylýardylar we gygyrýardylar. Sabina doga etme arkaly aklyndan azaşma bilen göreşýärdi. “Rebbim, eger Sen maňa bu aýallara täsir ýetirmäge kömek etseň, olaryň janlaryny Seniň üçin gazanmaga maňa akyldarlyk hem ber!” — diýip, ol Rebbi çagyrdy. Şeýdip, Hudaý oňa ertir bilen birinji mümkinçiligi berdi.

*****

Ertesi irden Sabina öňki partiýa agzasy Elza Gawriloiua duş geldi.

## 32-NJI BAP

— Bu ýerde ýene wagyz etjek bolup bir gör! Men garawullar gelýänçä, gapyny baraban kimin urup duraryn! — diýip, ol haýbat atdy.

Sabina oňa şeýle jogap berdi:

— Elza, siz entegem partiýa wepalymy?

— Gürrüňsiz! — diýip, ol jogap berdi. — Hiç haçan hem, öz pikirlerimi üýtgetmerin. Meniň tussag edilmäm — bu bary-ýogy düşünişmezlikdir.

— Meniňem tussaglygym Mesihe bolan imanymy üýtgetmedi. Tersine, ol has-da berk boldy. Şonuň üçin men adamlara Isada özleriniň nähili dosta eýediklerini gürrüň bermek isleýärin.

— Sen sebäpli bütin kamerany jezalandyraryn — diýip, Elza duýduryş berdi. — Men seniň Hudaýyň zerarly ejir çekjek däl. Her neneň bolanda-da, Ol saňa onçakly kömek etmedi.

— Eger Hudaý size beýle ýaramaýan bolsa, onda siziň düşünjäňizde nähili keşpde? — diýip, Sabina gyzyklandy.

Elza ylmy basyp ýatyrýan we täze ybadathanalary gurmak üçin ogurlanan pullary proletariatdan sykyp alýan fanaty şekillendirdi.

— Siziň "hudaý" diýýäniňiz, elbetde, aňry ýany bilen gowy däl — diýip, Sabina ylalaşdy. — Ýöne meniň söýýän Hudaýym düýbünden başgaça. Ol zähmetkeşleriň garyplygyny paýlaşdy, ezilýänleriň içinde terbiýelendi, açlary doýurdy we syrkawlary bejerdi. Ol söýmegi öwredýär. Ol biziň üçin öldi...

— Söýgi! — Elzanyň sesi sandyrap gitdi. — Onda näme gowy zat bar? Meniň özüm ýigrenç! Özümiň dönük egindeşlerimi ýigrenişimi sen bir bilsediň, olar meni şu ýere dykdylar. Men olaryň dowzaha düşmegini arzuw edýärin! Men bütin ömrümi partiýa bagyş etdim, ine, olar maňa näme etdiler — diýip, ol başyny aşak gussaly sallady. Onuň gözlerinden ýaş ýalpyldady. — Belki, "Olary bagyşla, Atam!" diýip doga et diýersiň — diýip, ol haşlady. — Maňa-da hiç kimiň bagyşlany gerek däl. Bu zatlaryň hemmesi aldaw.

Elza aglady.

— Maňa barybir — diýip, ol hamsykdy. — Eger amerikalylar gelse, meni asýarlar. Eger kommunistler galsa, men türmede çüýreýärin. O nähili bagyşlamamyş?!

Onuň gözlerinden ýaş biygtyýar akdy. Birazajyk wagtdan soň ol oturdy-da, ýüzüni ýubkasynyň gyrasy bilen süpürdi.

— Sabina Wurmbrand, sen mekir. Men senden wagyz etmäňi bes etmegiňi talap edýärin, sen bolsa, bäş minutdan soň, eýýäm maňa wagyz etmäge akyl tapýarsyň.

*****

Jilawa urlup dykylan ýalydy, şonuň üçin ýagdaý gün-günden beterleşýärdi. Otuz adama niýetlenilen dördünji belgili kamerada Roždestwo golaý eýýäm segsen adam boldy. Sabina kameradaşlaryna Injili wagyz etmegi dowam etdirdi we olar olara DDT poroşogyna bir bölejik daşy batyryp sözleri ýazyp, olara fransuz we nemes dillerini öwretdi. Onuň dostlarynyň hem köpüsi gaty ejir çekdiler, köpüsi wepat boldy. Amerikalylaryň tizara geljekdigi baradaky myşlar bütin türmäniň içinde aýlanýardy, ýöne ol myşlar amala aşmady. Şol wagtda dördünji belgili otagdaky görgülere ulaşan geljekki mukaddesler taplanýardy...

Bir gün irden kiçi komandir Georgseku eli sanawly kamera girdi:

— Kimiň adyny okasam, şol hem, derrew gitmäge taýýarlanmalydyr!

Ahyrsoňy atlar okaldy, ýöne gitmäniň maksady görkezilmedi. Bu wagt aýallardan az sanlysy özüniň azatlyga çykaryljagyna umyt baglaýardy. Ýöne Jilawadan beter näme bolup biler?!

Sabina her gün öz adynyň tutularyna garaşýardy. Ol öz mümkinçiligini 1951-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda, Mihaýyň on iki ýaşynyň dolýan gününde aldy. Ertir sagat sekizde ony dördünji belgili kameradan çykaryp, güýçli aýazda ýük maşynlaryna garaşdyryp goýdular. Maşynlar tussaglary tizara Genseýa, Buharestiň

golaýyndaky üstaşyr lagere alyp gitdi. Kilawanyň ýerzemininden şunça aýlaryny geçiren Sabina gijeki asmanyň aýdyň görnüşinden lezzet aldy.

— Boşadylma?! — diýip, gara gözli uzyn boýly gyz täze gelenleriň, ýene azatlyga umyt döränleriň gürrüňlerini eşidip hümläp goýberdi. — Nähili akmaklyk! — Ol Sabina dikanlap seretdi. — Bu kanala ugratma nokady.

Buharestiň golaýyndaky bölüş stansiýasyndan aýallar otla münüp, Dunaý kanalyna ugradylar. Ahyrsoňy olar arassa howada işlärler. Indi olarda ýeterlik iýmit bolar. Köp sagatlar geçenden soň otly saklandy-da, Sabina ýadap hem tapdan düşüp, perrona çykdy. Dunaýyň boýundaky şäherçäniň platformasynda "Çernawode" diýip ýazylan ýazgyjyk asylgy durdy. Lager stansiýadan köp km. uzaklykda ýerleşýärdi, şonuň üçin tussaglar ýoluň soňky bölegini geçmek üçin garaňky gyş gijesinde pyýada gitmeli boldular.

Şonda Sabina özüne Dunaý kanalynda nähili aýylgançlyklaryň garaşýany hakda pikir hem edip bilmeýärdi...

# 33

Sabina şok ýagdaýyna düşüp, gözlerini uludan açdy-da, krowadyndan sowuk poluň üstüne böküp düşdi. Onuň ýüregi gaty erbet urdy.

— Mahluk! — diýip, onuň ýanynda ýatan aýal çygyrdy. — Ol meniň krowadyma bökdi!

Sabina garaňkyda şygyrdy we pyşlaýan ses eşitdi we haýwanyň ýiti ysyny duýdy. Alakalar!

Çernawodedäki birinji gije gaty gorkunç boldy. Alakalar tussaglara birnäçe sagatlyk berilýän ukyny gaýta-gaýta böldüler.

Bu zähmet lagerine gelende Sabina bu ýerde tussaglara ýakynlary bilen duşuşmaga ýygy-ýygydan rugsat berilýändigini bildi. Sabina, ahyrsoňy, Mihaýy görmäge umyt baglady, Mihaý hakdaky pikir onuň bütin aklyny her gije eýeläp alýardy.

Ertesi gün Sabina dynç alarys we hapa geýimleri ýuwarys diýip umyt etdi, emma onuň umydy puç bolup çykdy.

Lageriň bütin aýallar bölümi dowamly möhleti oturan Dosile Rinanyň ygtyýaryndady.

— Täze gelenleriň hemmesi hammama gitmek üçin daşarda ýygnanmaly! — diýip, Rina gygyrdy.

Sabina beýleki aýallar bilen bilelikde, ýaragly garawullaryň ugratmagynda, doňan hapanyň üsti bilen ýöredi. Hammamda ol garawullaryň ýiti nazary astynda çykaryndy.

Çernowodedäki tussaglar sowatly aýallardylar we gowy terbiýeli ýaş gyzlardylar, ýöne adaty jenaýatçylaram, hatda birnäçe lolularam bardy. Garawullaryň ýanynda lolular çygyrdylar, gelşiksiz

zatlary aýtdylar we gelşiksiz yşaratlary etdiler. Garawullar güldüler we ädiklerini tarpyldatdylar. Rina tertipli bolmaklyga çagyryp, tussaglara gygyrdy.

Sabinanyň töweregindäki hemme zatlar aýlandy. Öl beton pol aýagynyň aşagyndan gitdi. Gözleri garaňkyrady. Ýoldaky dartgynlylyk, açlyk we utançdan ýaňa ol huşundan gitdi. Aýallar ony kümä alyp bardylar-da, krowatda ýatyrdylar. Kimdir biri onuň ýanyna penjegini we hapa çal hem ak çyzykly giň ýubkasyny goýupdyr. Sabina şol geýimleri geýmek üçin güýjüni jemlemäge çalyşdy. Hammamyň sement poluna degip agyrdan ýeri tyrpyldap durdy.

Ýewreý sypatly gara saçly Sabinanyň üýtgeşik daşky keşbi bolan bolmaly. Tussaglar oňa bilesigelijilik bilen seretdiler. Täzeden oňa seredenlerinde, "syýasy elita", ol özlerine degişli däl, ol sygan bolsa gerek diýip pikir etdiler. Şol pursatdan başlap, Sabina Çernawodede syganlara degişli edildi.

*****

Ertesi ir ertirden tussaglar lagerden Dunaý kanalyna geçmeklige taýýarlandylar. Gara deňiz tarapdan tekizlige tarap sowuk şemal öwsüp, olaryň ýuka geýimlerinden geçýärdi. Ýyly gyş şinelini geýen garawullar ýylanmak üçin hereket edýän her bir aýaly urýardylar.

Aýallaryň hataryna onlarça erkekler hem goşuldy.

— Iki müň jenaýatçyny we kontrrewolýusioneri alyp çykýaryn! — diýip, kolonna garawullaryň demir wyşkasyna deňleşip duranda, garawullaryň başlygy gygyrdy.

Kolonnanyň soňy ýok ýaly bolup görünýärdi. Ol içinde öz jany möwç urup duran äpet haýwan ýaly bolup, uzaklara uzalyp gidýärdi. Müsürde ýaşap, faraonlar üçin gurluşykda zähmet çeken gadym döwürdäki ata-babalary — ysraýyl gullary Sabinanyň ýadyna düşdi.

Uzynlygy boýunça Ýewropada ikinji derýa bolan Dunaý kommunizmiň gysajyna düşen ýurtlaryň üstünden akyp geçýärdi.

Zähmet lagerlerinde syýasy tussaglary we jenaýatçylary Dunaýy Gara deňiz bilen birikdirmeli bolan kanaly gazmak üçin ulanýardylar. Gündizki zähmet normasyny berjaý edip bilmeýänlere açlyk we gazaply jeza garaşýardy. Tussaglar ölmän galmak üçin itleri, ýylanlary, syçanlary we otlary iýmeli bolýardylar. Sabinanyň ejizje göwresi doňan hapany araba ýüklemäge we agyr daş tokgalaryny suwa oklamaga gowy uýgunlaşdyrylmadykdy. Daşlaryň ýiti gyralary onuň kiçijik barmaklaryny dilýärdi-de çişirýärdi we ganadýardy. Gijelerine ol aspirin we agyryny ýeňilleşdirmek baradaky düýşleri görýärdi. Bu proýekt halk arasynda ýöne ýere "öldüriji kanal" adyny alman eken.

Çernawodedäki tussaglar kanalyň gyrasynda kenar ýakasyny gurýardylar. Aýallar arabalary toprakdan doldurýardylar, soňra erkekler olary ýüz metr aralyga äkidýärdiler, soň şol agyr ýük bilen olar kert gaýadan aşak düşüp, germewli bendiň ýanyna barýardylar. Birinji birnäçe arabany ýükläninden soň, Sabina öl toprakly agyr pili göterjek bolanda, entiräp gitdi.

Her bir brigadanyň üstünden brigadir goýlupdy. Ol gündelik iş normasyny belleýärdi we işiň gidişine seredýärdi. Eger uly tagallalar edip, brigada normany ýerine ýetirse, brigadir ertesi güni normany galdyrýardy. Eger norma ýerine ýetirilmese, onda bütin brigadany jezalandyrýardylar.

— Hany! Oýan! — diýýän Rinanyň sesi ýaňlandy. — Näme uzakly gije karserde bolasyň gelýärmi?

Karser hakda diňe eşideninde, Sabinanyň damarlaryndaky gany doňup galýardy. Riçard gorba meňzeş çüýli şkafda iki gününi geçiripdi. Karser kanalda ýerleşýän lagerlerdäki adaty jezady. Ol agyr iş gününden soň, tussaglar üçin duranja bir görgi bolýardy. Ertesi gün, eger ýadawlygyň sebäpli, iş normasyny ýerine ýetirip bilmeseň, onda agşam ýene karseriň boljakdygyny bilip, ýene işe çykmalydy.

Günortanlyk nahary wagtynda tussaglar ýarym kilo çörek, birazajyk çorba we arpa şülesini alýardylar. Bu nahar Jilawadakydan

gowudy, şeýle-de bolsa, kanaldaky güýç ýeterden agyr işi etmek üçin zerur bolan iýmite gabat gelmeýärdi.

Günortanlyk naharyndan soň tussaglar ýene dört sagat işleýärdiler. Garaňky düşüp başlanda, olary lagere alyp barmak üçin ýene ullakan kolonna düzýärdiler. Ýolda tussaglaryň käbirleri ýykylýardylar. Birneme güýçlüräk etkekler ýykylanlaryň ellerinden, garawullara bildirmejek bolup, öz eginlerine goýup çekýärdiler. Sowuk şemal ýekeje pursat hem köşeşmeýän ýalydy.

— Iki müň jenaýatçyny yzyna berýärin! — diýip, garawullaryň başlygy, kolonna ahyrsoňy derwezä baryp ýetende gygyrýardy.

— Özüňe getiriji ýeljagaz! — diýip, garawullaryň biri galyň şineline dolanyp, şatlyk bilen gygyrýardy.

Sabina ýiligine çenli üşedi. Onuň gabarçykdan doly elleri bilen aýaklary hem, edil kellesi hem myşsalary ýaly tarpyldap agyrýardy. Ertesi gün onda hökman güýçli sowuklama boljakdy.

Çernawodýedäki tussaglar gaty ýürekli barypýatan jenaýatçylardan ybaratdy, şonuň üçin Sabina, olaryň öli ýüreklerine Injiliň ruhlandyryjy sözlerini ekmek üçin Mukaddes Ýazgydan olara wakalary gürrüň bermek isleýärdi.

— Hudaýyň bir beýik adamy başda aldawçy bolupdyr — diýip, ol aýallara gürrüň berdi. — Onuň ady Mattady. Ýöne ol Rebbe duş gelende, Onuň gowulygyna şeýle haýran galýar, şeýle maýyl bolýar-da, bar emlägini goýup, Onuň şägirdi boldy (Matta 9:9). — Sabina olaryň gözlerine seredeninde, olardaky görünýän gussa onuň ýüregini paralady. — Ogry Isanyň gowy görýän mukaddes, bagyşlanan adamy bolýar-da, ol şu güne çenli-de, bütin dünýä bellidir.

Aýallaryň käbirleri Sabinanyň sözlerine güldüler, beýlekileriniň bolsa, köpräk diňlemek isleýändikleri görnüp durdy.

Jenaýatçy tussaglar bilen syýasy tussaglaryň arasyndaky köprini hemişe birikdirmek mümkin däldi (dini motiw bilen tussag edilenleriň hemmesi syýasy hasaplanylýardylar). Duşmançylykly toparlaryň hemmesiniň arasynda deň aralykda duran, kepbedäki iň

erbet günäkärlere-de söýgi bilen garaýan we ýokary jemgyýetden bolan hanymlara günälerini görkezýän sygan-ýewreý mesihisi bolan Sabina, elbetde, iki toparyňam wekilleriniň ýigrençli garaýyşlaryna az mynasyp bolmady.

Sabina diňe ýanyndakylar bilen gürleşmedi. Ol Riçard bilen, aýratynam, ýekelikdäki tussaglyk wagtynda gürleşýändigini köp göz öňüne getirýärdi we onuň jogaplaryny öňünden çaklaýardy. Köp ýyllaryň dowamynda mejbury aýralykda bolan Wurmbrandlar şu wagta çenli-de bir bitewiligine galýardylar.

Sabina kanalda işleýänleriň hemmesinden öz adamsy hakda eşitmänmidigini köp soraýardy. Ol gorkunç täzelikden gaty gorkýardy, şeýle-de bolsa, Riçardyň ykbaly hakda bilmäge mydama çalyşýardy. Emma, Wakareştiden — ýaşajagyna umyt bolmadyk syrkawlar goýberilýän türmeden aýallar gelýänçä, ol hakda hiç kim hiç zat eşitmändi.

— Her gezek sen Hudaý hakda gürrüň edeniňde, Wakereşti ýadyma düşýär — diýip, olaryň biri Sabina aýtdy. — Men ol ýerde köp bolmadym, ýöne şol ýerde-de, edil sen ýaly, bir wagyzçy bardy.

Sabinanyň ýüregi duran ýaly boldy.

— Biz hammama düşmek üçin nobatymyza garaşyp durduk — diýip, aýal gürrüňini dowam etdirdi. — Birden kameranyň gapysynyň aňyrsyndan gelýän sesi eşitdik. Gapynyň aňry tarapynda duran erkek kişi: “Isany söýüň we Hudaýyň gowulygyna ynanyň!” — diýdi. Biziň hemmämiz gaty haýran galdyk. Biz ol adamyň kimdigini soradyk, emma bilip bilmedik.

Bu gürrüňi eşideninde, Sabina şol wagyzçynyň Riçarddygyna ynandy. Onuň sesi gaty syrkaw adamyň sesi ýaly eşidilipdir. Birnäçe günden soň ol wagyz etmesini bes edipdir. Aýal onuň ölendigini eşidipdir.

Türme kepbesine gaýdyp geleninden soň Sabina ýekelikde demir krowadyna özüni taşlap aglady. Şeýle-de bolsa, bu hasrat onda täze umydy döretdi. Ol, hatda, ýekelikde oturylýan kamerada hem, Rebbe iman hem hakykat bilen gulluk eden şol adamyň

ömrüni uzaltmagyny we saglygyny berkitmegini sorap, Hudaýa doga etmesini we ýalbarmasyny dowam etdirdi.

*****

Wagtyň geçmegi bilen Sabinanyň gözýaşlary gurady. Ol Mihaýyň Çenawode özüni görmäge gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşdy. Garawullar tussaglara ýakynlaryna hat ýazyp, olary görme-görşe çagyrmaklary üçin olara otkrytka paýladylar. Otkrytkalaryň duzak bolmazlygy üçin doga edip, Sabina Mihaýa hat ýazdy, sebäbi häkimiýet wekilleri tussaglary ýakynlarynyň hem dostlarynyň adyny ýazmaga mejbur etme niýeti bilen olara ýazar ýaly otkrytka berýärdiler.

Ýekşenbe güni, hossarlaryň gelmeli güni, Sabina daň atmazyndan esli öň oýandy. Äpişgäniň aýnalary iki tarapdan hem doňup durdy.

Ahyrsoňy daň atdy. Sabina howla ylgap çykyp, ýüzüni Günüň ýiti ýagtysyndan ýaňa çala ýumup we ýüzüni kölegeledip seredende, Mihaýy gördi. Mihaý uzyn boýly hem hordy, könelip giden eşikdedi. Sabina onuň ýanynda duran adamy tanady. Ol olaryň ýygnagynyň ruhy çopanydy. Sabina olara ellerini güýçli bulady, ýöne olar ýakynlaryny görme umydy bilen tikenli sime gysylyp duran beýleki aýallaryň içinde ony görmediler.

Birden Sabinanyň arkasynda uruş turdy, onuň merkezinde dabaraly ýagdaýda Rina durdy. Geçen hepdede köpleriň normalaryny ýerine ýetirmändikleri sebäpli, duşuşyk goýbolsun edildi.

Mihaý bilen ruhy çopan uzakly gijesini Buharestden gelýän otluda geçirdiler, olar özleriniň hem şeýle mätäç bolan serişdesini ýele sowurdylar diýen ýalydy. Olara Sabina bilen, hatda bir agyz söz aýtmak hem başartmady, oňa getiren geýimleri bilen iýmitini bermek hakda gürrüňem ýok

Gelenleriň kiçiräjik topary, komendant pikirini üýtgeder diýen umyt bilen, uzakly gün derwezäniň ýanynda durdular. Emma

ýolbaşçylar rehimsizdiler, şonuň üçin agşama golaý gelen adamlar barybir dargamaly boldular.

Tussaglara ýene bir gezek çakylyk ýazmaga rugsat etdiler. Şonuň üçin birnäçe hepdeden soň, Mihaý ýene Çernawode geldi. Bu gezek hiç hili jezalandyrma ýokdy. Ýöne bu gezek duşuşyga elipbiý tertibinde goýberdiler, şol sebäpden hem, W harpyna başlanýan Wurmbrand familiýasy sanawyň iň soňundady. Duşuşyk wagty gutarýança, ofiseriň bu harpa çenli ýetjegine umyt azdy. Tussag aýallar birneme gowrajyk görünmek üçin biri-birlerine eşikler berdiler. Olar maşgalalaryna aýtjak zatlaryny gaýta-gaýta aýdyp gördüler. Olara on bäş minudyň dowamynda hemme zada ýetişmek gerekdi. Olar ýakynlaryndan on metr aralykda durmalydylar we aýdylýan sözler diňlenilýärdi.

Ahyrsoňy, duşuşyk wagtynyň ahyrynda, näme-de bolsa, Sabinanyň ady eşdildi. Ogluny görende ene özüniň tussaglykdadygyny, daşyndan nähili görünýändigini we özüni nähili duýýandygyny unutdy. Ol diňe gözleri bilen ogluny gujaklamaga synanyşdy. Ol nähili hor we nähili agras! Ol ogluna seredýärdi, ogly hem oňa. On bäş minut ýekeje pursat ýaly bolup geçip gitdi. Olar biri-birine hiç zat aýtmadylar diýen ýalydy. Duşuşygyň soňunda Sabina özüni oglundan aýra saklap duran giňişligiň üstünden: “Mihaý, bütin ýüregiň bilen Isa iman et!” — diýip gygyrdy. Başga-da müňlerçe gyzjagazlar we oglanjyklar ýaly, öz oglunyň — durmuşda alyp gider ýaly we imanda halypalyk eder ýaly hiç kimsiz galdyrylyp ykbalyň akymyna taşlanandygyny bilýärdi. Kommunistler bolsa, bu ýagdaýy özleriniň maksatlaryna ýetmek üçin ulanýardylar.

Sabinanyň sözleri, özi muny bilmeýän bolsa-da, oglunyň ýüreginde kök urdy hem-de oňa mydama Mesihe ýapyşmalydygyny ýatlatmak üçin — kiçijik tohumdan ösüp çykan daragt ýaly boldy.

Garawul Sabinanyň egninden itip, ony duşuşyk otagyndan yzyna kepbä alyp gitdi. Birnäçe minudyň dowamynda ol gürläp bilmedi. Ogly baradaky gymmatly hakyda onuň jebir çekýän ýadaw kalbyna melhem ýaly bolup täsir etdi...

# 34

Sabina çagaka, gijäni ýigrenýärdi. Indi bolsa, ol Dunaý kanalyndaky öldir ýaly işden azat bolma hökmünde oňa teşnedi. Şeýle-de bolsa, gije düşende, Sabina uklap bilmeýärdi. Ol oturyp, öz kepbesindäki aýallar, kommunistik dünýädäki müňlerçe tussaglar, şeýle hem, Günbatarda asuda uklap ýatan mesihiler — kommunistik ýurtlardaky jepa çekýän mesihiler üçin doga edýändirler diýip umyt edýänleri üçin doga edýärdi.

Her ýekşenbe güni Çernawodede tussaglara täzeden terbiýeleme boýunça leksiýalary okaýardylar. Mejlisler zalynda ýadaw aýallary ýygnap, Hudaýa söz üsti bilen hüjüm edilişini diňleýärdiler.

— Bu diwaryň aňyrsyndakylaryň hemmesi kommunistler — diýip, lektor sözüni başlady. — Diňe siz özüňiziň dini biakyllygyňyzda tutanýerlilik edýärsiňiz, biz beýle etmezligi size öwrederis. Häzir ruluň başynda kommunistik partiýa dur. Onuň ýolbaşçylary bolsa, siziň oňa ynanmalydygyňyzy bilýärler. Siz bu ýerde *türmede* däl. Siz täzeden terbiýelenýän ýerdesiňiz. Bu ýerde siz özüňiziň bagtly geljegiňizi gurýarsyňyz! Watanyň we geljekki nesliň bähbidine zähmet çekmelisiňiz! Zähmet normaňyzy berjaý etmek bilen siz özüňiziň azatlygyňyzy, aklanylan raýatyň azatlygyny golaýlaşdyryp bilersiňiz.

Terbiýeleme boýunça geçirilen leksiýadan soň, wagyz ediji konsert başlandy. Onda aýdymçylar we kiçi akrtisalar kommunizmi wasp edýän aýdymlary aýtdylar. Bir wagtlar semizje hem gelşiklije bolan, indi bolsa, türme durmuşynyň agyr azaplaryndan surnugan bir nemes aýal ellerini joşgunly äheňde tutup aýdym aýtdy.

Onuň sesi ýokary notalarda gyryldy. Öň hatarda oturan ofiserler güwwüldeşip güldüler. Öz-özüniň we öz ýurdunyň üstünden gülýän tapdan düşen hanymdan gülkünç näme bar? Ol sandyrady, ýüzünden ýaş akdy.

Bu sirke garşy durup biljek adam azdy. Şeýle adam tapylaýanda-da, barybir, ideologiki işläp bejermä ony duçar ederdiler. Olaryň üstünden inderilýän hapanyň olara ýapyşýan gezegi az bolmaýardy.

Şonuň ýaly konsertlerde Sabina el çarpmakdan boýun towlaýardy.

— El çarpan bolaý, munuň näme tapawudy bar? Munuň üçin urlanyňa degýärmi? — diýip, kameradaşlary oňa aýdýardylar.

Ýöne Sabina Hudaýa töhmet atýanlaryny eşideninde, gözelligiň ädik bilen hapada basgylananyny görende, ony görmedik ýaly bolmaýardy. Ol zalyň yzky böleginde duranlaryň arkasynda gizlenip el çarpmaýardy.

*****

— Mende täzeden terbiýelemek baradaky leksiýa we günüň ikinji ýarymyndaky konsert wagtynda seniň el çarpmandygyň barada maglumat bar, Wurmbrand! — diýip, komendant papagynyň astyndan gaşyny çytdy. — Seniň özüňi alyp barşyň, berilýän täzeden terbiýä ýan bermeýän konttrewolýusion tebigatyňy açyp görkezýär. — Sabina dodagyny ýalady. — Biz saňa ýagşylyk etdik. Indi saňa başga çäreler görler.

Şol agşam kepbä salmagyň deregine Sabinany karsere süýräp äkitdiler. Demir gapyda howa geçer ýaly, birnäçe deşik deşilgi durdy. Iýmiti aşaky kiçiräk deşikden berdiler. Dunaý kanalynda garawullar tussagy karsere salmakdan lezzet alýardylar.

Karserde duranyna birnäçe sagat geçeninden soň, edil demir tyg gapdalyna batan ýaly, Sabinanyň aýaklary gyzyp başlady. “*Meni bu ýerde näçe wagtlap saklarkalar?*”— diýip, Sabina özüne sorag berdi. Şunuň ýaly şkaflarda, erbet pikirleriň özüni ýeňmegine ýol

berip, adamlaryň aklyndan azaşýanyny ol bilýärdi, ýöne ondan nädip gaça durmaly?

Karseriň potologyndan suw damyp durdy. Sabina hem bu gaharyňy getiriji sesi ünsüni sowmak üçin ulanmak isledi. Ol damjalary sanap başlady. Bir: ýekeje Hudaý bar. iki: kanunyň iki daş sahypasy bar. üç: Hudaý Üçbirlikdir. Hasap on bäşe ýa-da on alta ýetende, ol hemme zady başyndan başlady. Tizara, lapykeçlik gurşap alanda, ol: “Bir! Iki! Üç! Dört! Bir! Iki! Üç! Dört!” — diýip gygyrdy. Wagtyň geçmegi bilen Sabinanyň sözleri baglanyşyksyz bolup başlady. Onuň aňy bulaşyklykdan asudalyga geçdi. Garaňky gitdgiçe täze ejirleri berse-de, ruhy Hudaý bilen gürleşip başlady. Bir ýa-da iki sagatdan soň, akly Sabina dynç alan görnüşde gaýdyp geldi. Şeýdip, onuň aňy halas boldy!

*****

Sabinanyň karserden boşadylanyndan soň tizara polkownik Albon lageri barlady. Ol Çernowodýeni ruha meňzeş çal aýallaryň hatarlaryna ýigrençli nazaryny aýlap aýlandy. Ol gitjek bolup durka, onuň ýanyna sygan gyz ylgap bardy. Ol howpsuzlyk gullugynyň leýtenanty bilen gizlin duşuşýardy, şonuň üçin indi göwrelidi.

Albon tertibi bozma baradaky doklady Buhareste goýberdi. Şondan soň, aýallary Çernawodýeden uzagrakdaky aýallaryň zähmet lagerine geçirmek hakdaky buýruk geldi. Şeýdip, Sabina “4-nji kilometr” (ýa-da k4) diýen lagere düşdi.

*****

K4-iň tussaglary ertirden agşama çenli, agyr daşlary derýanyň üsti bilen gerek ýerine äkidip, bortdan taşlamak üçin, olary baržanyň üstüne ýükleýärdiler, muny bolsa uly şalpyldy döretmän etmek mümkin däldi. Işiň başlananyna birnäçe minut geçeninden soň, hemmeler soňky sapajygyna çenli myžžyk bolýardylar.

Beregan düzlügi tarapdan öwüsýän buz ýaly şemal Sabinanyň eşigini doňdurýardy. Agyr daş harsaňlary sebäpli, onuň barmaklary dyrnaçaklanandy, dyrnaklary döwlendi. Ol haçan hem bolsa bir wagt dik durup biljekmidigi hakdaky soragy özüne berýärdi.

Agşam kepbä gaýdyp gelende, tussaglar myžžyk bolan geýimlerde ýatýardylar. Iň bolmanda azajyk Gün ýagtysynyň bolmagyny Sabina nähili arzuw edýärdi! Çal ruha meňzeş bolan Sabina şeýle hordy welin, doňduryp barýan şemal onuň içinden geçýän ýalydy.

*****

Agşam sagat on bir töwerekleri kepbäniň gapysy uly güpürdi bilen açyldy. Içeri sesinde baryny edip gygyryp, birgiden garawul girip geldi.

— Turuň! Hemmeler turmaly! Komendant barlagy!

Gaty gorkup aňk bolan aýallar titreşip, çalaryp giden odeýallaryň aşagyndan böküp çykdylar. Olaryň ýadaw gözlerinde gorky bardy. Olar zatlaryny ýygnajak bolup, poluň üstünde süýrendiler. Birden bu başga ýere geçmek bolaýsa näme?

— Aýallar! — Kepbä şeýle arassalanan bolany üçin, öçügsi çyralaryň hem ýagtysy düşüp duran ädikli komendant aýal girdi. — Daşary ýurt dillerinde gürläp bilýänleriň hemmesiniň bir ädim öňe çykmagyny isleýärin.

Öňe buržuaz jemgyýeti diýilýänleriň wekilleri bolan aýallar, olaryň arasynda Sabina hem öňe çykdylar. Şolaryň atlaryndan sanaw düzüldi. Aýallar aslynda bu giçki turuzmanyň nämäni aňlatmagynyň mümkindigi hakda diňe toslap bildiler.

— Olara terjimeçiler gerek, ine bu näme? — diýip, aýallaryň biri çaklady. — Amerikalylar gelýär! Fransuzlaram!

Jenaýatçylykly maddalar boýunça sud edilenler, intelligent kameradaşlaryna arassaja işiň beriljekdigi hakda pikir edenlerinde, gözigidijilikden ýaňa ýaşyl reňke öwrüldiler.

# 34-NJI BAP

Ertesi gün irden düzlügiň üsti bilen gidip barşyna Sabina täze perspektiwalary göz öňüne getirip begendi. “*Bu hakykat bolup bilermikä*? — diýip, ol özüne sorag berdi. — *Bu ebedi şemaldan uzagrakda haýsydyr bir ýyljajyk otagda terjimeçi bolup işlemek... Eger nähilidir bir global halkara üýtgeşmeler bolan bolsa näme?*” Olaryň iş ýeri göçgünli myşlardan ýaňa güwwüldäp durdy.

Şol gün Sabina horjajyk Ýessika atly ýewreý aýalyň ýanynda işledi. Ogrynça garawullara seredip, Sabina öten agşam özleriniň kepbesinde näme bolanyny oňa pyşyrdap aýtdy.

— Onuň ýaly zat hemme kepbede-de, hemme lagerde-de bolup dur — diýip, Ýessika jogap berdi. — Käwagt kimiň daşary ýurtludygy-da soralýar. Nemesler bilen ýewreýler, özlerine öz ýurduna gitmäge mümkinçilik bererler diýip umyt edip, özleriniň rumynça däl atlaryny aýdýarlar. — Ýessika uly daşy göterip, ony barža oklady. — Ýöne şunuň bilen hemme zat gutarýar. Bu hemmeleri gynanmaga mejbur etmek üçin edilýär.

Tiz wagtdan Ýessikanyň mamladygyna Sabina düşündi. Bu tussaglaryň erkini düşürmek we aklyny gowşatma maksady bilen edilýän nobatdaky üstüňden gülmedi.

*****

Gynaýjylar bilen gynalýanlaryň arasynda söýgi-ýigrenç gatnaşyklary ýygy-ýygydan peýda bolýardy. Tussaglary urýan we olaryň üstlerinden gülýän garawullary we sakçylary, tenlerinde dubinkalardan galan gökleri göterýän tussaglar näzijek at bilen atlandyrýardylar. Tussaglaryň hemmesi galtamanlar diýip öwredilen ýaş sakçylar, şol epiteti oýlanman gaýtalap ýörýärdiler. Sabina boş garaýyşly uly gözli, ýaňy ýigrimi ýaşan gyzlardan seresap bolmagy öwrendi, sebäbi olar özleriniň ideologiki işläp bejermesi netijesini berýärkä, islendik erkege seredende zalym bolýardylar.

Ýöne soň olary kanala goýberýärdiler, şeýdip, olar birnäçe aýlaryň, käwagt hem ýyllaryň dowamynda tussaglaryň ýanlarynda ýaşaýardylar we olar bilen bile işleýän ýerlerine barýan köp km. ýollaryny bile geçýärdiler. Tussaglar işleýän wagtlarynda, olar olaryň üstlerinde durýardylar. Olar bilen gürleşmek gaty berk gadagan edilen bolsa-da, olar tussaglar bilen käwagt gürleşýärdiler. Birazrajyk wagtdan soň, olar özleriniň diňe "parazitler" we "galtamanlar" bilen däl-de, köplenç özleriniň maşgalalarynda köp bolan ýönekeý daýhanlar bilen hem iş salyşýandyklaryna göz ýetirýärdiler. Bütin Rumyniýada adamlaryň ellerinden ýerleri we mallary alnyp, mejbury kollektiwizasiýa gidip durdy. Garawullar öz ýakynlarynyň açdyklaryny we tussag etmelere hem türmä salmalara duçar edilýändiklerini bilenlerinde, şübhelenip başlaýardylar. Olar kem-kemden özleriniň işine, soň hem partiýasyna guwanmagy bes edýärdiler. Kommunistleriň hereketleriniň netijesinde döreýän, gitdigiçe artýan ýigrenç käbir garawul aýallaryň ýüreklerinde gaty gowy üýtgeşmeleriň bolmagyna alyp barýardy.

Bişen almanyň reňkindäki ýaňagy bolan, öňem Sabina az ýagşylyk etmedik sakçy gyz Nina tussaglaryň lagerine täze gelenleriň käbirleriniň şeýle ýaşdyklaryny gördi.

— Ol entek çaga ahyry! — diýip, ol olaryň birini görende gygyryp aýtdy. — Maňa özümiň ogrular, ganhorlar bilen işlejekdigimi aýtdylar, bu ýerde bolsa, şeýle ýaş gyzam bar!

Nina tussaglara ogrynça iýmit getirýärdi we olaryň maşgalalaryna hatlar goýberýärdi. Lagerde onuň gözi bilen gören zatlary, özüniň kommunizme bolan wepalylygyny yrandyrdy. Sabina onuň bilen, ýörite taýýarlananda öwrenen diniň üstünden gülmeleri käwagt aýdyp goýberýän bu gyz bilen gürleşmäge başlady. Onuň ýüregi ýapykdy. Sabina Mesih hakda gürlände, Nina gygyryp şeýle diýdi:

— Biz kommunistler — Mesihiň iň gowy dostlary! Eger jennet hem Mesihiň hökümi bar bolsa, onda Ol bize iň uly rehimi görkezer. Seniň adamyň ruhy çopanmy? — diýip, ol Sabinadan

sorady. — Sen nähili pikir edýärsiň, ol Mesihe näçe adam getirdikä? Birnäçemi? Belki, ýüzlerçedir? — diýip, ol ýaňsylady. — Biz kommunistler bolsa, Mesihiň her ýylda dillerinde Öz adyny saklap ölýän müşderileriň müňlerçesini almagynyň üstünde işleýäris. Biz jenneti doldurýarys. Ol bize minnetdar bolmaly!

Sabina Ninany diňledi-de, oňa Tarsusly Şawul hakda, mesihilige bolan ýigrenji, belli bir manyda, özüniň Pawlus bolmagyna ýardam eden adam hakda gürrüň berdi. Mukaddes Kitapda günä nirede aýdyň ýüze çykýan bolsa, şol ýerde hem merhemetiň bol bolýandygy aýdylýar (Resullaryň işleri 9; Rimliler 5:20).

Wagtyň geçmegi bilen Nina mesihi boldy, muny bolsa, gizlemek beýle bir aňsat däldi. Dönük özüniň ýigrenji işlerini etse-de onlarça ýyllaryň dowamynda-da üsti açylmazlygyna galyp bilýär, sebäbi töwerekde erbetlik näçe diýseň bar, ol onuň içinde gizlenip biler. Her daşyň astynda möý otyr. Ýagşylyk bolsa, hatda gözellige asla üns bermeýän gözi-de haýran edýän seýrek kebelekdir. Ony hiç kim görmän bilmeýär, käbirleri bolsa, ony ýok etmek isleýärler.

1951-nji ýyllarda Nina k4 lagerden ýitip gitdi.

— Muny ýüregiňe ýakyn alma — diýip, Sabina eden hereketleriniň Ninanyň howpsuzlygyny howp astyna salany üçin günä duýgusyny duýýan jorasyna aýtdy. — Onuň özi size kömek etmek isledi. Üstesine-de, mesihi bolanyndan soň onda garawul bolup işlän wagtynda gandally bolup ýörendäkisi bilen deňeşdirip bolmajak şatlygy bar.

Şahsy şaýatlyklary Nina uly abraý berdi, bu bolsa oňa, başgalara şaýatlyk etmäge ýardam etdi. Eger ol türmede öläýse näme? Onda onuň ölümi Hudaýyň beýik maksadyna gulluk eder, Hudaý bolsa, ejir çekýänlere bir käse suw bermäni-de sylagsyz goýýan däldir. Hudaý Ninany-da sylaglar. Imany ugrunda ölýänler, özlerinden soň çüýremejek beýik miras galdyrýarlar.

# 35

Lagerden tussaglary mydama erkeklerden ybarat bolan garawullar alyp gidýärdi. Olar aýallaryň köp ýyllaryň dowamynda gören ýeke-täk erkekleridi. Ýanyndaky lolular gelşiksiz degişmeleri edip durkalar, Sabina Dunaýyň kenarynda asuda işläp durdy.

— Şol Pýotryň elleri gorillanyňky ýaly — diýip, olaryň biri söze başlady. — Arkasyndaky gara tüýleri-de! Onuň aýagyndan kellesine çenli tüýe örtülendigini bilýärin. Göräýseň-dä!

— Ony gören aýallaram bar! — diýip, beýlekisi çyňsanda, onuň altyn dişi Güne ýalpyldap gitdi.

— Olary bize nämäniň çekýänini kim bilýär? — diýip, üçünjisi haýran galdy.

— Düşünip bilemok. Bizden gelşiksiz hem jynssyz jandarlary göz öňüne getirmegem kyn. Biziň hemmämiz aňkap durus!

Sabinanyň töweregindäkileriň hemmesi gülüşdiler we sögünip başladylar. Bu gürrüňi hiç kimiň saklamaýany haýran galdyrýardy.

— Mukaddes aýala biziň gürrüňjiklerimiz ýaramaýar! — diýip, lolularyň biri Sabina tarap ýigrençli nazaryny aýlap goýberdi.

Işsiz ýaplanyp we çilim çekip duran garawullar, aýallar agyr işleri edýärkäler, ýaňsy bilen Sabina seredip durdular. Şol pursatda Sabina kepbedäki goňşularynyň ýaňramalarynyň özüni nähili netijelere alyp barjakdygy hakda pikir hem etmeýärdi.

*****

# 35-NJI BAP

— Aýakdaş ýöräň! Aýakdaş ýöräň! — diýip, garawul gygyrdy, soň aýallar hem, ýygnanyşylýan ýere tarap ýörediler, ol ýerde olara ýük maşynlary garaşyp durdy. Hapa ýoda derýanyň gyrasyndan geçýärdi.

Sabina Pýotr atly garawulyň gözleriniň mydama özüne tarap seredip duranyny duýdy. Ol gözlerini ýigrenjilik bilen süzüp ýylgyrdy. Ol ýanyndaky ýoldaşynyň gapdalyndan itdi-de, birdenem yzyna öwrülip, Sabina badak atdy welin, ol hapanyň içine ýykyldy. Pýotr tussaga elini uzadyp, ony çekip çykardy. Myžžyk bolan we typyp duran Sabina gaty tutulmadan ýaňa dörän agyry sebäpli gygyrdy.

— Näzijek hanym, — diýip, ol arlady — size şu wagt suwa düşmek artykmaçlyk etmez!

— Ony Dunaýa okla! — diýen aýal sesi eşdildi.

Pýotr Sabinanyň goşaryndan tutanda, ol gygyrdy. Ikinji garawul hem, onuň topugynyň ýanyndan tutdy. Bu aýaly ilki bir tarapa, soň hem beýleki tarapa yrap duruşlaryna, onuň hem, buz ýaly suw tarapa howada uçup gidişine güýçden gaçan tussaglar seredip durdular. Ýekşenbe günleri garawullar tussaglary tutup, sowuk Dunaýa höwes bilen “suwa düşürýärdiler-de”, olaryň öl eşikleri ýapyşan bedenleriniň üstlerinden gülýärdiler.

Rumyn gyşynyň ýerine ýaz geldi, ýöne Dunaýda entegem gara buz bölejikleri akýardy. Garawullar ellerini goýbereninde, Sabina gaty gorkunç şalpyldy bilen daşly saý ýere düşdi. Doňduryp barýan suw onuň üstüne şeýle güýç bilen indi-de, daşly düýbüň üsti bilen çekip äkitdi. Ol ýiti gaýaly kenara çykmaga dyrjaşanda, güýçli akyp gelýän suw ony ýene aşak alyp gitdi. Şeýdip, ol özüni daşa urup has köp ýaralap, halas bolmak üçin biderek urundy. Dunaý ony ýeňdi.

Sabina özüniň ýokarsynda garawulyň haýbatly-ýaňsyly ýylgyryş bilen seredip duranyny gördi.

— Ýeri, şu wagt seniň Hudaýyň niredekä?!

Lagere az sanly tussag bilen gaýdyp barmak bolmaýardy, şonuň üçin iki el ony tutup, suwuň az ýerine çykardy. Aňk bolan we halys bolan Sabinany kenara taşladylar, inip gelýän tolkunlaryň sesini

haýsy dünýä — şu dünýämi ýa-da eýýäm o dünýämi degişlidigi baradaky soragy özüne berip, ol öli ýaly ýatdy.

Garawul onuň üstünden gülmesini dowam etdirdi.

— Näme üçin Ol seni halas etmeýär?

Sabina doňan ýerden gözüni aýyrdy.

— Ol meni halas etdi. Siziň eliňiz bilen. Men entegem diri...

— Onuň ýagdaýy gowy. Tur! — diýip, aýal sesi hemleli buýruk berdi. — Bol, hereket et, ýogsam, doňarsyň.

Bir ýaş aýal Sabinany aýak üstüne galdyrdy. Ol özüniň uzyn ýubkasyny sykjak boldy. Olar esasy kolonnanyň yzyndan ýetenlerinde, tussaglara Sabina duýgudaşlykdan doly nazarlary bilen seretdiler.

Sabinanyň gapyrgalary gaty güýçli agyrdy. Ýyllar geçenden soň, lukmanlar iki sany döwük ýeriň nädogry ösendigini tassykladylar. Munuň ýaly şertlerde ölmän galmaga diňe Hudaýyň kömek edenini Sabina bilýärdi.

— Ine, şeýle bolsa gowy. Sowuk suwa düşmeden gowy zat ýokdur! — diýip, Pýotr Sabinany görende aýtdy.

Sabinanyň eşigi sowukdy we titräp duran bedenine ýapyşýardy. Elleriniň we aýaklarynyň derisi daşa degip sypjyrylandy. Ol ýylanmak üçin özüni gujaklanda, gapdalynda çydap bolmajak agyrynyň bardygyny duýdy.

Kolonna lagere gelende, Sabina derrew ganap duran elleri bilen öl geýimlarini sykmaga we gapdalyna seretmäge başlady. Gije ol asla ýatmady diýen ýalydy. Her birnäçe minutdan ol azrak agyrýan tarapyny tapyp bilmän, bir gapdalyndan beýlekisine öwrülip çykdy.

Ertesi gün elini galdyrmak onda güýçli agyry döretdi. Bir gapdalynda bolsa, Afrikanyň kartasyna meňzeş ullakan gyzylymtyl sary gök bardy. Ol medisina kömegini alma umydy bilen lukman Kretseanunyň ýanyna bardy.

— Işe ýaramly! — diýip, lukman öz netijesini çykardy.

# 36

Ýazyň gelmegi bilen k4 lager hem eräp başlady. Tussaglara işleýän ýeriniň gyrasynda peýda bolan ýaş otlary iýmek gadagan edildi, ýöne garawullar seretmedik wagty, olar ony ýolup iýýärdiler. Gurbagalar hem, olaryň isleýän awydy, olaryň çig etini aç ýörenler delikates hasaplaýardylar. Otuň içindäki ýaşyl ýylany iýme mümkinçiligi üçin tussaglar ýabany pişikler bilen ýaryşýardylar. Witamin ýetmezçiligi bilen baglanyşykly bolan keseller aýallaryň arasynda adaty hadysady. Iç geçmeden, singiden (garamükür keselinden) we täsin deri kesellerinden olaryň hemmesi diýen ýaly ejir çekýärdiler. Aýakdaky hem ellerdäki kesilen ýerleriň we sypjyrylan ýerlere infeksiýa düşmesi sebäpli, wagtyň geçmegi bilen diametri on iki santimetre ýeten ýaralar peýda boldy. Gan akymy sistemasy boýunça ýaýraýan infeksiýa immuniteti peseldýärdi we bedeniň doly gowşamagyna alyp barýardy.

Ýaz gündizleri uzalyp başlady. Günbatarda, Dunaýyň aňyrsynda, agşamky asman ajaýyp altynsöw — malina reňki bilen begendirdi. Işe gitmek aňsatlaşdy. Çygyň hem gök otlaryň ysy gelýän ýaplarda çitçitiniň we sygyr petruşkasynyň giden buludy görünýärdi. Ýer garaldy-da, palçykly boldy. Daragtlar ýaşajyk ýapraklary çykarmaga het edip bildiler. Atyr ysly howa aýallara gowy täsir etdi. Ýagtylyk, ýapraklar, otlar we güneş töwerekdäki zatlaryň hemmesini üýtgetdi. Tussaglaryň özleri-de üýtgeşmelerden saklanyp bilmediler. Täze dostlukly gatnaşyklar berkedi...

Tussaglaryň arasynda dürli dini konfessiýalaryň wekilleri bolany üçin olaryň arasynda özleriniň jedelleri peýda bolýardy. Şeýle-de

bolsa, geçen ýowuz günlerden nam-nyşan galmady. Aýallar biri-birine düşünýän ýalydylar. Türme diwarlarynyň aňyrsynda olar agzalalyksyz ýaşap bilmeýärdiler. Ýöne bu ýerde, k4 lagerde, olaryň kepbesi umumydy, bedresi umumydy. Bu ýerde olar, ahyrsoňy, hakyky doganlar boldular.

*****

Tiz wagtdan ýazyň ýeriňe tomus geldi. Indi tussaglar başyňy aýlandyrýan jöwzada işlemeli bolýardylar. Wagt haýal geçýärdi. Tussaglaryň demleri horkulda öwrülýärdi, dilleri bolsa — keçä. Olar sagatlap, şol bir işi ýerine ýetirýän maşynlar ýaly, kätmenlerini sagatlap ýere urup oturýardylar.

Bir aýal nalap:

— Eger basymjak suw getirmeseler, onda men huşumdan gidýärin — diýdi.

— Huşuňdan bir gitmäweri! — diýip, beýlekisi jogap berdi. — Seni deperler.

Gün ýene ýokary galdy. Sabinanyň gözüniň öňünde Mihaýyň — kiçijik, horjajyk, aglap duran oglunyň keşbi durdy. Bu kanalda Hudaýa näçe eneleriň dogalary edildi!

Günorta boldy, tussaglar bolsa, daň atandan bäri hiç zat iýmedilerem, içmedilerem, ýoluň gyrasyndaky ýasama hajathanalarda siňekler güwwüldeşýärdi.

Uzakda garry ata çekdirilip gelýän ýük tirkegi peýda boldy. Ol saklandy-da, öwrülip başlady.

— Olar nahar getirdiler! — diýip, bir aýal begenip gygyrdy.

— Suw! Biz suwsaýarys!

Tussaglar zähmet gurallaryny taşlap, ýük arabasyna tarap ylgadylar. Onýança araba gelmeli ýerine gelip ýetdi. Gorkan sürüji daşa büdräp, jylawy nädogry çekdi. At öwrülende, yzyndaky tirkeg gapdala gyşardy. Garawullar gygyryşyp, nahary halas etjek bolup ylgaşdylar. At çarpaýa galanda, pitiler bortuň üstünden

aşyp agdarylyp gitdi-de, ýigrimi kilogramdan gowrak gaýnadylan makarony ýeriň tozanyna gardy. Gaharlanan aýallar ýük tirkeginiň daşyny alyp, naharyň üstüne çozdular. Olar ýerdäki ýapyşyp duran makoronlary goşawuçlary bilen alyp, agyzlaryny olardan doldurdy. Galanlaryň hemmesi bu gaýgyly tomaşa gorky bilen seredip durdular.

Şeýdip, şol gün suw getirmediler. Iş wagtynda Sabinanyň gözleri garaňkyrady, bokurdagy gurady. Dili-de çişen ýaly boldy. Ol haçdaky Isanyň: "Suw!" — diýen soňky sözlerini ýatlady. Elbetde, Isa Sabinanyň gynalýanyna düşünýärdi...

*****

K4 lagerde Sabina öz uýalarynyň tenleriniň aladasyny edişi ýaly, olaryň janlarynyň hem aladasyny edýärdi. Olary ýenjenlerinde, ýaralaryna seredýärdi, olar bir ädim ädip bilmän galanlarynda, agyr ýüklerini çekýärdi.

Sabinanyň Hudaý hakda gürrüň berýändigi hakdaky sözleri lageriň komendantynyň orunbasaryna baryp ýetdi, şol sebäpli, Sabina gyzyl ýüzli, giň eginli hem uly dişli aýalyň öňüne barmaly boldy.

— Sen tussaglara Hudaý hakda wagyz edýärsiň. Munuň soňuna çykmak gerek! — diýip, komendantyň orunbasary ýigrenç bilen duýdurdy.

Sabina beýle etmegine hiç zadyň päsgel berip bilmejekdigini aýdyp jogap berdi. Gazaplanan başlyk, urjak bolup elini galdyrýar-da, birdenem saklandy.

— Sen nämä ýylgyrýarsyň?! — diýip, ol gygyrdy.

— Men siziň gözleriňizde özümi görýänim üçin ýylgyrýaryn — diýip, Sabina jogap berdi.

— Ýeri, bu nämäni aňladýar?

— Men gözleriňizde özümi görýärin. Başga adamyň ýanyna golaýlaşýan adam, onda özüni görýändir. Menem ozal şeýle

göçgünlidim. Menem gaharlanýardym we ýumrugymy düwýärdim, ýöne bu aslynda söýmegiň hakykatyň hatyrasyna özüňi pida etmäge taýýar bolmakdygyny bilýänçäm dowam etdi. Şondan bäri ýumrugym düwülmeýär.

Komendantyň orunbasarynyň eli biygtyýar aşak goýberildi.

— Eger siz meniň gözlerime seretseňiz — diýip, Sabina sözüni dowam etdirdi. — Onda gözlerimde Hudaý sizi nähili edip bilýän bolsa, şonuň ýaly görnüşde hem görersiňiz!

Başlyk doňan ýaly bolup galdy. Ol diňe:

— Git — diýip pyşyrdady.

Sabina tussaglara Mesih hakda wagyz etmesini dowam etdirdi, ýöne şol günden soň orunbasar gaýdyp, onuň işine goşulmady.

*****

K4 lagerdäki wagt geçmän duran ýalydy. Aýallaryň bütin durmuşy aňyrsy görünmeýän gulçulyk, kanal hem olaryň dünýäsi ýaly boldy. Çykgynsyzlyk olary öz takdyryna kaýyl bolmaga mejbur etdi. Hatda daşardaky täzeliklerem üýtgewsizligine galdy: açlyk, ýetmezçilik, ezilme we amerikalylaryň gelip, olary gulçulykdan halas ederine ömür umyt baglamak.

Ruhdan düşme artdygyça, zähmet önümçiligi-de pese düşdi, şonuň üçin lageriň administrasiýasy tussaglar bilen ýowuz oýny oýnaýardy.

Bir gezek garawullar aýallaryň içinden ýigrimä golaý aýaly saýlap: “Siz has janaýamazakly zähmet çekdiňiz. Munuň üçin siz möhletinden öň azatlyga çykarylýarsyňyz!” — diýdiler.

Komendant hoşlaşyk çykyşyny etdi, şeýdip, ýigrimi sany zähmetkeşi ýük maşyna mündürip, ellerine-de bir sanydan çörek we gyzyl baýdak berdiler.

Ýoldan aşaklygyna kanala tarap on kilometr geçenlerinden soň, olary golaýdaky zähmet lagerinde düşürip, derrew işe goýberdiler.

## 36-NJY BAP

*****

Tizara Sabinany K4 lagerden, adamdan doly dymyk otluda, bütin ýurduň içinden geçirip alyp gitdiler. Tussaglar ABŞ-nyň prezident saýlawy, onuň netijesiniň Rumyniýada ýüze çykma ýagdaýlara nähili täsir etjekdigi hakda gürrüň edýärdiler. Olar entegem, Eýzenhaueriň hökman özlerini halas ederine garaşýardylar...

Tolgunmalar wagonda demikmekden gorkmaklyga öwrüldi. Şeýle köp sanly syrkaw aýallar bilen syýahat etmeklik çydap bolmajak gynalmalary berýärdi. Duralgalaryň birinde gapy açyldy-da, wagona bir halta iýmit oklanyldy. Bir hepdä golaý dowam eden syýahatyň galan böleginde, şondan soň iýmit bolmady diýen ýalydy. Tiz wagtdan gürrüň Staline geçdi.

— Onuň baky ýaşamajakdygyny men bilýärin, ýöne adamy näme munuň ýaly dowzahyň çagasy edýärkä?! — diýip, Sabinanyň ýanynda oturan aýal pikirini aýtdy.

— Köplenç ýagdaýlar. Olar bilen hemme zady düşündirmek mümkin däl, ýöne köp zady düşündirip bolýar.

Sabina bu dymyk demir gutynyň içinde azajygam bolsa agyrysyny ýeňilleşdirmäge umyt baglap aýagyny uzatdy. Soň hem özüniň nämäni göz öňünde tutanyny düşündirdi:

— Iosif Stalin binika doglan çaga bolupdyr. Aýtmaklaryna görä, onuň kakasy polisiýada gulluk edipdir, ejesi bolsa, göwreli bolan ofiseriniň öýünde hyzmatkär bolmaga mejbur bolupdyr. Staliniň resmi kakasy arakhor bolupdyr, ol oglanjygyň özüniňki däldigini bilip, rehimsizlik bilen ony urup ýörüpdir. Stalin prawoslaw ruhy seminariýa okuwa giripdir, ol ýerde bolsa, seminarçylara, talyplara seredilen ýaly däl-de, edil tussaglara seredilýän ýaly seredilipdir.

Sabina Staliniň nädip rewolýusioner bolanyna düşünýärdi.

Gün geçip, ýene agşam düşende, otly saklandy.

— Düşmeli! Hemmäňiz düşmeli! — diýip, garawullar gygyrdylar.

Gapylar iki tarapa çekildi welin, fonarlaryň göz gamaşdyryjy ýiti ýagtysyndan ýaňa aýallar gözlerini aljyraşyp. “Eý, Hudaým biziň

hemmämizi bu ýere atmak üçin getiräýdimikäler?!" Olar gygyryşyp we aglaşyp, wagonlardan şpallaryň üstlerine düşdüler.

— Nyzama duruň! Hiç kim seržantyň ýanyndan gitmeli däl!

Doly başagaýlykdan takmynan bir sagat geçenden soň, birnäçe ýüz tussagy demir ýoluň gyrasyndaky meýdana ýöretdiler. Aýallar haýbat atylyp we garawullaryň urgulary astynda garaňkynyň içi bilen ýörediler. Ahyrsoňy täze türmäniň beýik diwarlaryny — elektrik fonarlaryň ýiti ýagtysy bilen ýagtyldylan uzyn haýatlaryň bölümlerini görýänçäler, köp sagatlar geçen ýaly boldy. Agyr polat derweze ondan bäş adamdan deň bolmadyk hatarlar bilen girdiler. Myş-myşlar ýaýrap gitdi — Tirgusor.

— Näme üçin bu ýere? Näme üçin Tirgusor? — diýşip, tussaglar düşünmän soradylar. Bu aýratyn berk režimli türme bolup, bu ýerde iň zalym ganhorlar jezasyny çekýärdiler. Munuň nämäni aňlatmagy mümkin?

— Beýleki türmeleriň hyryn-dykyndygyny aňladyp biler — diýip, aýallaryň biri beýlekileri köşeşdirmäge çalyşdy.

*****

Tirgusorda Sabina tikinçilik ussahanasyna işe bellenildi. Bu türmä ýurduň barypýatan jenaýatçylary — ganhorlar, zorluk edijiler, aldawçylar, zalymlar ýygnalandy. Olaryň köpüsiniň aklyndan azaşandygy görnüp durdy. Sabinaynyň ýanyndaky tikin maşynynyň başynda oturan aýal gaýçy bilen lukmany öldürdi, şonuň üçin Sabina onuň matany gyrkyşyny howsala bilen synlaýardy.

Hut şu türmede Sabina ABŞ-nyň prezidentligine general Eýzenhaueriň saýlanylandygyny we kommunistik partiýanyň birnäçe ýolbaşçylarynyň aýrylandyklaryny we partiýadan çykarylandygyny bildi. Belki, bu azatlyga çykmanyň başlangyjydyr?

Tizara döwletiň kanalyň gurluşygyndan el çekmeli bolandygy baradaky myşlar bütin Rumyniýa ýaýrady. Bu myşlar Tirgusora-da gelip ýetdi. Wagtyň geçmegi bilen bu habar dogry bolup çykdy-da,

kanalyň inženerleriniň “döwlet serişdelerini ogurlandyklary” üçin suduň öňünde durmaly bolandyklary Tirgusora belli boldy. Her bir aýalyň kellesinde: “*Täze on müňlerçe tussaglardan näme peýda bar? Belki, indi bizi boşadarlar?*” diýen sorag aýlanýardy.

Hepdeler geçdi. Tirgusorda günde iki gezek tussaglary barlaýardylar. Şeýle-de ýolsa, garawullaryň hemmesi sanamagy başarmaýardy. Olar öň hatarda duranlaryň sanyny, yzda duranlaryň sanyna goşmagy onça-da oňarmaýardylar. Bu zatlaryň hemmesi birnäçe sagady alýardy. Soň kameralara seredip çykmalar başlaýardy.

Bir gün barlag diýseň täsin usulda çalt geçdi. Onuň yzyndan bolsa: “Şahsy zatlaryňyzy ýygnaň!” — diýen ýigrenji buýruk boldy. Tirgusoryň tussaglaryny ýene bir ýere äkidýärdiler.

Açyk ýük maşynlarynda olary “Ferma Rozi” kolhozyna alyp bardylar-da, peýdasyz işi etmäge mejbur etdiler — üzüm şahalaryny sowukdan goramak üçin ýere gömmeli. Eýýäm juda giç bolan bolsa-da, bu hiç kimi gyzyklandyrmaýardy. Öňki “Ýewropanyň iýmitlendirijisiniň” özi indi açlygyň gyrasyndady...

Bir gün irden Sabina atyzda işläp ýörkä, huşundan gidýärde, Wakareşti türmesiniň keselhanasyna alnyp barylýar. Sabina bu türmäni gaty gowy bilýärdi. Öňki döwürlerde Riçard ol ýerde wagyz edýärdi, Sabina bolsa, arça bezemäge kömek edýärdi. Indi ol aýra goýulýan kamerada beton poluň üstünde ýatyrdy, ol ýerde burçdaky hapa bedreden başga hiç zat ýokdy.

Ertesi gün irden Sabina äpişgeden daşary alnyp çykylan tussaglary gördi. Olar öz äpişgesiniň ýanyndan geçenlerinde, Sabina Riçard Wurmbrand hakda eşidenmidiklerini olardan sorady. Birinji geçen iki adam başlaryny ýaýkady, üçünji bolsa:

— Wurmbrand? Ruhy çopanmy?

Ahyrsoňy onuň adamsyny bir adam tanaýar!

Ol adam Sabinanyň äpişgesiniň aşagynda saklandy. “Men ony tanaýaryn — diýip, ol adam pyşyrdady. — Men on ýylymy türmede geçirenime gynanamok. Bu ýyllar ruhy çopanyň meni Mesihe getirenine degýär! Indi bolsa, men onuň aýalyna duş geldim”.

Bu adam Riçard bilen Tirgul-Oknada tanşypdyr, ýöne Riçardyň ölmän galan galmanyny ol bilmeýärdi. “Ol öljek bolup ýatanlaryň kamerasyndady. Ol mydama Mesih hakda gürleýärdi” — diýip, ol adam sözüniň üstüni ýetirdi.

Sabina Riçardyň diridigini ýa däldigini bilmeýärdi, ýöne indi onuň Mesihi wagyz edýän we janlary Oňa gönükdirýän Riçardlygyna galanyny bilýärdi.

*****

Sabina, ahyrsoňy, rehimli lukman aýal seretdi. Ol oňa singiniň garşysyna sanjym we gowulaşdyrylan iýmit ýazdy. Onuň tenindäki ýaralar we kesmekler bitip başlady, içindäki sanjylar we iç geçme bes etdi. Sabina hatda gowy görnüp hem başlady.

Bir gün agşam formadaky beýleki adamlar bilen bile zampolit hem keselhananyň otagyna geldi.

— Munuň ýaly ajaýyp keselhana her kim girip bilýän bolsa, onda Hudaý kime gerek?! — diýip, ol sorady.

— Leýtenant, — diýip, Sabina garşy çykdy, — adamlar ýerde ýaşap ýörkäler, olar Hudaýa we ýaşaýyş hem saglyk berýän Mesihe mätäç bolýarlar!

Gaharlanan zampolit Sabina käýedi. Ýöne bu ony gorkuzmady. Sabina sözüni dowam etdirdi:

— Öýde ýaşaýanlaryň hemmesi öýi arhitektoryň guranyny bilýärler. Edil şonuň ýaly-da, şagalaňa çagyrylan adam, ol ýerdäki nahary aşpeziň taýýarlanyny bilýär. Biziň hemmämiz täsin ýaradylyşlardan doly bu dünýä şagalaňa çagyryldyk we şol şagalaňy biziň üçin hut Hudaýyň taýýarlandygyny bilýäris!

Zampolit hümledi-de, ýaňsyly ýylgyryp, gapyny gaty ýapyp çykyp gitdi. Ertesi gün Sabina goşlaryny ýygnamaklyk buýruk berildi. Ony “Ferma Rozi” kolhozyna gaýtaryp äkitdiler.

# 37

“Gije Gün dogmazynyň öň ýanynda hemmesinden-de garaňky bolýandyr” — diýip, Riçard uly seržant Bukara duýgudaşlyk bilen seredip aýtdy.

Seržant geçmişdäki jenaýatlary sebäpli wyždan gynamasyndan gaty azar çekip, ysytma tutup ýatyrdy. Bukar hatda buýruk boýunça hereket etmezden, köp sanly ýewreýleri, şol sanda aýallar bilen çagalary-da öldüripdir.

— Men siziň hemmäňiziň ýanyňyzda boýun almak isleýärin — diýip, ol kynlyk bilen gürledi. Men şeýle köp günä etdim. Men öz günälerim bilen ýüzbe-ýüz bolup ölüp biljek däl.

— Indi sen şol ganhor däl — diýip, Riçard ony ynandyrdy — Adam ýokardan doglup biler!

Ertir daňdana çenli Bukaryň ýagdaýy erbetleşdi. Ölmezinden birnäçe minut öň, ol: “Men agşam hemmesini aýtmadym. Men gorkdum” — diýdi. Seržant ejeleriniň ellerindäki çagalary-da atandygyny boýun aldy. Patrony gutaranynda bolsa, ol tüpeňiniň agaç tarapy bilen çagalary urup öldürendigini aýtdy. Ol özüniň gana suwsandygyna şaýatlyk edýän başga-da ganyňy doňduryan wakalary gürrüň berdi we bagyşlanma mätäçdigini aýtdy. Soň ol boýnunda asylgy duran haça ýapyşyp huşundan gitdi.

Riçard seržantyň dem almasynyň gitdigiçe yzygiderli däldigine we kynlaşýandygyna seredip durdy. Onuň zalymlygyna şaýatlyk edýän agzynyň daşyndaky gazaply çyzyklary gowşady. Ol Isa Mesihi öz Halasgäri hökmünde kabul etdi-de, parahatlyk bilen gitdi.

Popp atly professor Bukaryň jesedinden gözüni aýyrdy-da, oýlanyşykly gürledi:

— Şeýle köp barypýatan ateistleriň ahyrsoňunda imanly adam bolýanyna haýran galyaryn.

Riçard başyny atdy.

— Birwagtlar men demir ýoluň ýanynda ýaşaýardym, ýöne gündizlerine otlularyň geçenini bilmeýärdim, sebäbi şäheriň içi seslidi. Gije welin, men onuň tigirleriniň seslerini gaty gowy eşidýärdim. — Ruhy çopan krowatda oturdy-da, sözüni dowam etdi: — Durmuşyň sesi hem, bizdäki wyždanyň sesini basyp ýatyryp biler. Türme kamerasynyň ümsümliginde, ünsüňi sowujy zatlar ýok ýerde, ölüm ýakynlaşanda, adam ozal hiç haçan eşitmedik zadyny eşidýär.

Popp Riçardyň iň ýakyn dosty boldy. Agşamlaryna olar tükeniksiz degişmeleri aýdýardylar we biri-birine wakalary gürrüň berýärdiler. Edebiýata, medeniýete we filosofiýa bolan söýgi olary birikdirýärdi. Popp Riçarda ýuwunmaga we geýinmäge kömek edýärdi.

— Hawa, Hudaý nirede? — diýip, ol sorady. — Näme üçin Ol bize kömek etmeýär?

Riçard oňa, kakasy ölenden soň, ruhy çopana şu soragy beren bir gyz hakdaky wakany gürrüň berdi.

— Gyz şeýle sorag berdi: “Ruhy çopan, seniň wagyz edýän Hudaýyňyň goraýan eli nirede?!”

— Ýeri, ruhy çopan oňa näme jogap berdi? — diýip, Popp gyzyklandy.

— Ruhy çopan “Ol — ejeň eli görnüşinde seniň egniňde” — diýip jogap berdi.

Riçard hatda türmede-de özüni Mesihiň terk etmändigini düşündirdi. Ol ýerde mesihi lukmanlar Ony görkezdiler. Olar gynalma howpy üstlerine abansa-da, tussaglaryň ýanlaryna gizlinlikde derman geçirdiler. Syrkawlara hem ölüm haldakylara Injili janaýamazlyk bilen ýetiren ruhy çopanlar Mesihi

görkezdiler. Hatda biri-birine dürli wakalary gürrüň berenler hem, töweregindäkileri ruhlandyrmak we umydy saklamak üçin Hudaýyň ulanan guraly boldy.

*****

Pesahyň gelmegi dördünji belgili kameradaky ölüm halynda ýatanlara täze güýç getirdi. Riçardyň gullugy bolsa, ateistleri mesihä, ganhorlary gullukçylara, tussaglary wagyzçylara öwürdi. Şol gün ertir bilen kamera gizlin usulda "Demir gwardiýanyň" esgeri Waleriu Gafenku üçin bukja getirildi.

— Çaltrajyk aç! — diýip, kameradaşlarynyň biri gygyrdy.

Gafenku kagyzy açanda, iki sany kiçijik gant bölejigini gördi. Tussaglar öz gözlerine ynanmadylar! Olar bu ajaýyp ak zady soňky gezek göreli bäri ýyllar geçipdi. Olaryň güýçden gaçan tenleri gandyň süýji tagamynyň, iň bolmanda, azajyk ýatlatmasyny duýmaga teşnediler. Pesah sowgadyny näme etmelidigini Gafenkunyň nähili çözýändigine hemmeler ünsli seredip durdular. Ol gandy yzyna kagyza dolady-da, krowadyň ýanynda goýdy.

— Häzirlikçe iýjek däl, belki, kimdir biri meniň şu wagtky ýagdaýymdan has agyr bolar — diýip, ol aýtdy.

Birnäçe günden soň Riçardyň bedeni ysytmadan ýaňa titräp ugrady. Ol şeýle ejizdi welin, hatda oturyp hem bilmeýärdi. Tussaglar gandy Wurmbranda baryp ýetýänçe, krowatdan krowada geçirdiler.

— Bu sowgat — diýip, Gafenku aýtdy.

Riçard bir pursatlyk pikirlenip oturdy. Onuň bütin bedeni bu arzyly bölejiklere teşnedi, şeýle-de bolsa, ol ony iýmekden boýun towlady. Birnäçe günden soň ol ony ölüm halynda ýatan garry grek kommunisti Soterise geçirdi. Soteris Gresiýadaky raýatlyk urşunyň ahyrlarynda Rumyniýa gaçyp gelipdi, ol gaçgaklygy üçin tussag edilen bolsa-da, öz gahrymançylyklaryny aýdyp öwünme mümkinçiligini deňinden geçirmeýärdi. Aýratynam, ol Afona, ýagny iki müň ýylyň dowamynda aýal barmadyk ýere,

ýaş aýallary alyp baranyny gürrüň bermegi gowy görýärdi. “Siz ol garry oglanjyklaryň ylgaýyşlaryny bir görsediňiz!” — diýip, ol buýsanç bilen ýüzlenýärdi.

Ölümi golaýlaşanda Soteris özüni halas etmegini Hudaýdan ýalbaryp sorady. Hudaýyň söýgüsi we bagyşlamasy hakda pyşyrdap gürrüň bermek bilen Riçard barypýatan ateisti imana getirdi.

Iki ýylyň dowamynda tussaglar gant bölejiklerini biri-birine geçirdiler. Olaryň her biri özünden-de agyr ýagdaýda bolana kömek etmek isledi. Olaryň hijisi-de, gymmatly ak bölejikleri iýer ýaly derejede egoist däldiler.

*****

Riçard 4-nji belgili kamerada birazajyk dynç aldy. Ýöne Tirgul-Oknada täzeden terbiýelemäniň täze programmasy girizilende, gynamalar öňküsinden-de uly gazaplylyk bilen ýene täzeden başlandy. Ady belli Piteşt türmesinden kommunist Formažiunyň gysga wagtlyk gelip gitmesi tussaglaryň arasynda gorky döretdi. Formažiu öz usullaryny asuda dag şypahanasynda hem ulanmagy niýet edinýärdi, şonuň üçin indi bu ýerde hiç kimem howpsuzlykda däldi.

Türmä özleriniň aýratyn zalymlygy bilen şöhratlanan syýasy ýolbaşçylaryň bir topary geldi. Birwagtlar özleriniň türmedeş doganlaryny gynamak bilen kommunizme wepalydyklaryny subut etmezinden ozal olaryň özleri-de tussagdylar. Türmäniň başlygy inçekesel syrkawlygy bolan syrkawlary gije-gündiziň islendik wagtynda gynamaga olara rugsat berdi. Indi hiç kimde gynamadan gaça durmaga umyt ýokdy. Her elli tussaga ondan ýigrimä çenli täze gelen ýörite gynaýjy düşýärdi.

Has agyr gynamalara lukmanlar ünsli seredýärdiler-de, olaryň agyra bolan çydamlylygyny ýokarlandyrmak we jellatlara olary has gazaply gynamaga mümkinçilik bermek üçin ýörite syworotka goýberýärdiler. Türmede akylsyzlyk höküm sürýärdi. Riçardy we

beýleki tussaglary ýalaňaçlap, sowuk daş poluň üstünde aýakýalaňaç edip goýdular-da, üstlerinden buz ýaly suwy guýdular. Şok olaryň ýüreklerini saklan ýaly bolup, syrkawlyklaryny has agraltdy.

Azyk paýlarynyň azalmagy bilen açlyk adaty hadysa bolupdy. Riçardyň ellerini arkasyna daňyp, doňuzlara berilýän zaýalanan bulamagy iýmäge mejbur etdiler.

Dördünji belgili kamera öňräk geçirilen tussaglaryň biri, katolik ruhanysy, özüniň öňki türmede, Pişetide bolşy hakynda gürrüň berdi. Ol ýerde ony kanalizasiýa taşladylar-da, mesihilere mukaddes çörek döwmäni geçirmäge mejbur etdiier.

— Senem tabyn bolduňmy? — diýip, Riçard duýgudaşlyk bilen sorady.

Ruhany aglady.

— Men Mesihden-de köp görgi gördüm.

Täzeden terbiýeleme sistemasy güýçlendi-de, tussaglar öňki aňtaýjylardan gizlän syrlaryny açdylar. Şeýdip, aýallar, dostlar, ene-atalar, ruhy çopanlar satyldy. Tussaglardan üstünlik bilen urup alnan boýun almalaryň netijesinde müňlerçe täze pidalar tussag edildi.

Tussaglaryň arasynda özüne kast etmeleriň sany köpeldi. Goňşy Gerla türmesindäki tussaglar, özlerini öldürmek üçin, döredijilikli usullara ýüz urmaly bolupdyrlar. Käbirleri özleriniň aşagyndaky beýik basgançaklardan özlerini oklapdyrlar. Beýlekileri tikenli sim ýa-da aýna döwügi bilen bokurdagyny kesipdirler. Eger tussagyň ýeterlik güýji bar bolsa, onda ol sement diwara kellesini ýaryp bilipdir, eger güýji ýok bolsa, onda arassalaýjy serişdäni içipdir. Başga usullar elýeter bolmadyk prawoslaw ruhanysy iki gatly krowatdan böküp, özüni öldüripdir. Ýöne gutarnykly netijäni almak üçin ol birnäçe gezek bökmeli bolupdyr.

Dördünji belgili kamera ýerleşdirilen bir tussag, garry fermer Badaras, şaýady bolan wagşylygyny gürrüň berdi. Soňky sorag etme wagtynda Badarasy zalymlyk bilen urdylar. Ol kommunistlere gargap, olardan ar almaga kasam etdi. Ol has zalym jellat bolan öz

aňtaýjysy hakda aýylganç gürrüňi berdi. “Eger ol haçan hem bolsa bir wagt elime düşse, diriligine men onuň hamyny sypyraryn” — diýip, Badaras aýtdy. Badaras her gün: “Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň ady bilen, kommunistleri gyr, ol doňuzlary görgi görmäge mejbur et!” — diýip doga edýärdi.

— Siz näme üçin beýle diýýärsiňiz? — diýip, Riçard sorady. — Mesihiler beýle diýmeli däl!

Badaras dowzahyň bardygyna ynanýardy, şonuň üçin kommunistleriň bakyýetde otda gowrulmaklaryny isleýärdi.

— Beýle diýýänimiň sebäbi, Hudaýyň ýigrenjilere gargamadyklaryň hiç birini jennete salmaýandygyndadyr!

— Biziň ýigrenje özümizi aldyrmaga hakymyz ýokdur. Boris ýaly adamlar, aýylganç basyşyň astynda döwüldiler.

Boris türmedäki iň ýigrenilýän adamlaryň biri bolup, iň rehimsiz aňtaýjydy. Ol öz wagşyçylykly usullaryna garşy bolany üçin lukman Aldeany tas öldüripdi. Lukmanyň eginleri we arkasy Borisiň salan ýaralaryndan dolup durdy.

Täzeden terbiýeleme programmasynyň durmuşa ornaşdyrylmagynyň tussaglary pelteklige alyp barmasy, olaryň Hudaý bilen ýaraşmagynda has kyn mesele boldy. Her gün ölüm jezalaryny ýerine ýetirýärdiler. Garşy çykmalar we gozgalaňlar baradaky myş-myşlar, aýratynam, tussaglykdan öň ýokary wezipäni eýelänleriň arasynda, has güýçli aýlandy. Guramaçylykly gozgalaň azatlygy getirip bilermikä? Dördünji belgili kamerada jedeller turdy. Karantine salnan inçekeselli syrkawlara gozgalaňa gatnaşmak bolýarmy ýa-da, Isanyň aýdyşy ýaly, beýleki ýaňagyňy-da tutmalymy (Matta 5:39)?

“Isany adatça pes göwünli hem asuda edip görkezýärler, ýöne Ol esger hem bolupdyr. Ol gamçy bilen ybadathanadaky söwdagärleri kowupdyr ahyry!” — diýip, Riçard pikir etdi. Uzak wagtlap pikirlenip oturanyndan soň, Riçard gozgalaňçylara kömek etmek we beýlekilere-de şuny öwretmek kararyna geldi.

## 37-NJI BAP

Mümkinçilik 1-nji maý güni, öýlän sagat bäşlerde boldy. Zähmetkeşleriň raýdaşlyk güni köp tussaglary Tirgul-Oknanyň merkezindäki stadiona futbol görmäge alyp gitdiler. Olaryň käbirleri üçin bu türmäniň diwarlaryndan birinji gezek çykma bolupdy.

Futbolyň başlananyna köp wagt geçmänkä, gozgalaňyň turanyny alamatlandyrýan döwlen aýna sesleri ýaňlandy. Birden tussaglar garawullara hüjüm etdiler. Uruşmaga güýji ýetýänleri bolsa, özleriniň aňtaýjylaryna hüjüm etdiler. Urşuň gidişinde ýaragly garawullar tussaglaryň köpüsini öldürdiler.

Oýun bes edildi. Şäher ýaşaýjylary stadiondan gaçyp gitdiler. Keselhanada galan tussaglaryň käbirleri, garawullaryň ünslerini böleninden peýdalanyp, ýiti predmetler bilen goşarlaryny kesdiler.

Türmäniň üstünden doly gözegçilik ele alnanyndan soň, administrasiýa bulagaýlyga ýolbaşçylyk edenler bilen ýowuz düşnüşmeler geçirdi. Lukmanlara tussaglara medisina kömegini bermeklik gadagan edildi. Gozgalaň başa barmady, şeýle-de bolsa, ol baradaky myş-myşlar bütin Rumyniýa ýaýrady-da, türme işgärlerinde gorky, tussaglarda umyt döretdi.

# 38

Içi boş iňňe Riçardyň döşüni deşip, gapyrgalaryň arasyndan geçdi-de, ýygrylyp duran öýkenine ýetdi. Onçakly agyryly bolmadyk pnewmotoraksy[1] bejeriş işi bary-ýogy iki minut dowam etdi. Ol suwuklykdan doly dem alyş organyna kislorod eltme maksady bilen edildi. Ertesi gün irden oýananynda Riçard aňsatlyk bilen dem alýanyna haýran galdy.

Soňky ýüz ýylyň dowamynda iň sowuk gelen gyş Tirgul-Okna güýçli syrgynlary alyp geldi. Dördünji belgili kameranyň gyrawdan ýaňa tutuksy bolup duran äpişgesiniň aňyrsyndaky bakja meýdanyny iki metr gar örtüp durdy. Goşmaça geými, ýorgany bolmadyk Riçard düşekde titreýärdi. Onuň ýadyna gaýta-gaýta "sowadyjyda" gynama parçalary gelýärdi. Aýazyň düşmegi azyk önümlerini getirmäge päsgelçilik döredipdi, şonuň üçin tussaglara berilýän iýmit paýy esli azaldylypdy. Çörek bireýýäm ýatdan çykarylan baýlykdy, şoňa görä-de, Riçard çorbanyň ýüzünde ýüzüp ýören çüýrük käşiri güýjünde baryny edip iýmäge synanyşýardy.

Roždestwonyň öň ýanyndaky baýramçylykda (soçelnikde) adaty sögüşmeler, paýyş sözlemeler we degişmeler işsiz gussa öwrüldi. Riçard gysgajyk wagza başlady, ýöne sowukdan ýaňa şakyrdap duran dişleri onuň sözlerini düşnüksiz etdi. Onuň üşan we ysgyny gaçan elleri hem aýaklary indi düýbünden işlemän durdy. Ýüreginiň öňküsi ýaly, syrkaw bedenine gan berip duranyna ol haýran galdy.

---

1 Pnewmotoraks — plewra boşlugynda howanyň ýa-da gazyň ýygnanyp, öýkene agram salyp, kollaps döredýän ýagdaýy.

# 38-NJI BAP

Riçardyň gürläp bilmän saklanan roždestwo wagzyny Aristar atly ýaş oglan dowam etdirdi. Uniwersitet bilimi bolmadyk bu fermer Roždestwo hakda, edil Mesih öz mal ýatagynda doglan ýaly gürrüň berdi!

Birnäçe hepdeden soň Aristar öldi. Roždestwonyň öň ýanyndaky onuň aýdan — joşgunly hem ynandyryjy sözleri ony diňlänleriň hemmesiniň gözlerine ýaş aýlady. Tizara kimdir biri roždestwo aýdymyny aýdyp başlady. Başda aýdym ýuwaşja eşdildi, ýöne başgalaryň alyp götermesi bilen aýdym inçekesel syrkawlarynyň krowatlarynyň üstünde ýaňlandy. Aýdym diýseň ajaýypdy. Aýdym Riçarda birwagtlar Sabina hem Mihaý bilen oduň başynda geçiren bagtly gyş agşamlaryny ýatlatdy. Aýdym sesi bütin koridora ýaňlandy, şonuň üçin hemmeler ümsüm bolup diňlediler. Hatda özleriniň ýerinde pejiň ýanynda oturan garawullaram aýdymy bozmadylar.

*****

Fewral aýynda Riçard bilen dostlary polat ýaly gaty, doňan ýerde çuň bolmadyk gabyr gazdylar. Olar dördünji belgili kamera gaýdyp gelenlerinde Aristaryň ýerini eýýäm Awram Radinowiçi atly bir sazandanyň eýelänini gördüler.

Tussag edilmezinden öň Awram Buharestde saz tankytçysy bolup işläpdir. Indi bolsa, “ölüm kamerasynda” mydama Bahyň, Bethoweniň we Mosartyň ajaýyp eserleri onuň ýerine ýetirmeginde ýaňlanyp durýardy. Inçekeseliň Awrama doly güýjünde aýdym aýtmagyna mümkinçilik bermeýändigine garamazdan, ajaýyp aýdymlar diwarlarda ýaňlanyp, tussaglaryň göwünlerini göterýärdi.

Bir gün sazanda niredendir bir ýerde könelip giden kiçijik kitapçany alanda, ol ýerdäkileri örän haýran galdyrdy.

— Sen muny nireden aldyň? — diýip, Riçard sorady. Ol ony köp ýyllaryň dowamynda görmändi, diňe gallýusinasiýa wagtynda görüpdi.

— Bu Ýohannanyň Hoş Habary — diýip, Awram syrly aýtdy. — Yzymdan almaga gelenlerinde, maňa ony gizlemek başartdy. Okasyňyz gelýärmi?

Riçard Hoş Habary edil ganaty döwlen guşy tutýan ýaly tutdy. Onuň çalaja duran sahypalary onuň üçin inçekeseliň dermanyndan-da gymmatdy. Ol kitabyň sözlerine haýran galyp we ganatlanyp, sahypalaryny agdaryşdyrdy. Onuň gözi tutulaly bäri görmedik parçasyna tötänden düşdi. Mukaddes Kitap bilen tutulanda beriljek jeza ony birnäçe minut okanyňa degýärdi. Riçard hatda ölüm jezasyna-da taýýardy, sebäbi ol elinde ýaşaýyş çeşmesini tutup durdy ahyry! Öz kalbyny dolduran Sözüň ýaşaýyş beriji güýjünden lezzet alan Riçard ony kameradaşyna geçirdi.

Indiki hepdeler Injili ara alyp maslahatlaşmalara bagyş edildi. Tussaglar tekstiň ýönekeýligine haýran galyp, ony ýat tutdular. Gaýta-gaýta jedeller turýardy, şol sanda professor Popp bilenem, onuň mydama öz delilleri bardy.

— Men Hudaýa doga etmäge synanyşdym, — diýip, bir gezek Popp aýtdy. — Ýöne meniň çagalykda öwrenen, Hudaýdan özümiň mynasyp bolmadyk rehimdarlygymy soraýan prawoslaw dogalarymyň arasynda, mende Hudaýa aýdar ýaly zadymam ýok.

— Men Isa ýanymda dur we Onuň bilen, edil siz bilen gürleşýän ýaly, gürleşip bilýärin diýip pikirlenmegi gowy görýärin — diýip, Riçard professora jogap berdi.

Popp Hudaý bilen şeýle aňsat gürleşip bilme mümkinçiliginiň bardygy hakda hiç haçan eşitmändi, şol sebäpden hem, Riçardy bilesigelijilik bilen diňledi.

— Isa Nasyrada we Beýtullahamda duş gelen adamlar Oňa doga okamadylar. Olar Oňa ýüreklerinde bar zatlary gürrüň berdiler. Bizem şonuň ýaly etmeli.

Şeýdip, Riçard Poppy iman etmekden bir ädim aralykda saklaýan soňky böwet hem böwsüldi. Ol bütin ýüregi bilen Mesihe tarap öwrüldi. Soň ol Riçarda: “Men seni ilkinji gezek görenimde, sen

maňa nämedir bir zat berip bilersiň diýen duýgy boldy!” — diýdi. Indi professor ýagşylygy üçin Riçarda töleme kararyna geldi.

— Men Tirgul-Okna geçenimden soň senden bir zat gizledim — diýip, ol pyşyrdy bilen aýtdy. — Lukman Aleda seniň ýagdaýyňda bu habar heläk ediji bolar diýip hasap edýär... — Riçard sabyrsyzlyk bilen professora seredip, krowadynyň gyrasynda oturdy. — Seniň aýalyň häzir türmede. Ol kanalda.

# 39

Riçardyň ýüregi jigläp gitdi. Dunaý kanalyndaky lagerleriň aýallara zorluk etmekde bellidiklerini ol bilýärdi. Ol otuz sany tussag aýaly zorlan Kormos atly ofiser hakda eşidipdi. Soňy bilen onuň özem "režimiň abraýyny düşürmekde" aýyplanylyp türme tussaglygyna höküm edilýär.

— Ol örän syrkaw eken, ýöne ölmän galypdyr — diýip, ptofessor Popp Riçardy köşeşdirmäge çalyşdy. — Seniň howpsuzlykdadygyňy ol bilýär.

Täzeligi eşideninde Riçard özüne erk etmesini ýitirdi. Riçardyň ýekelikde oturan ýeri bolan Wakareştidäki türme keselhanasyndan getirilen kameradaşy keselhanada Sabina bilen gürleşipdir.

— Aýalyňa seniň 1950-nji ýylda ölendigiňi aýdypdyrlar — diýip, Popp sözüni dowam etdirdi. — Ýöne ol ynanmandyr, subutnamalaryň görkezilendigine garamazdan, ol seniň diridigiňe ynanýar.

Riçard birnäçe günüň dowamynda hiç zat iýip bilmedi. Sabina hemmeleriň gorkýan adamy, Dunaýdaky zähmet lagerleriniň biriniň, "Poarta Albanyň" ýolbaşçysy polkownik Albonyň elindedi. Riçard Sabinanyň näderejede gorkuzylan bolmagynyň mümkindigini göz öňüne getirdi, Şeýdip, onuň pikirleri tizara özüni ýazgarmalara öwrüldi. Oňa öýleneni, ony Mesihe getireni, ruhy çopan bolup, gizlin ýygnakda gulluk edeni üçin *ol* günäkär. Eger ol başga işi saýlan bolsa, gymmatly durmuş hemrasy howpsuzlykda bolardy. *Onuň ogly näme?* Riçard ýyllar boýy düşmedik sustupesligine düşdi.

Riçardyň ezýet çekýänini bilen Suroýan ata:

# 39-NJY BAP

— Ýylgyrmak üçin ýüzüň on ýedi muskuly hereket edýär, ýüzüňi çytmak üçin bolsa — kyrk üç! — diýdi.

Riçard Suroýany onuň bilen türme howlujygynda tanşaly bäri, gaty sylaýardy. Onuň ýeliň ugruna owsun atýan ak sakaly bardy. Ondaky mukaddeslik hem ygtyýarlylyk ruhy giren her bir jaýyny dolduryardy. Ol hiç haçan beýleki tussaglar bilen “Salam” ýa-da “Ertiriň haýyrly” — diýip salamlaşmaýardy-da, Mukaddes Kitapdaky “Şatlan!” diýen çagyryş bilen salamlaşýardy.

Suroýanda gaýgylanmak üçin Riçardyňka ýa-da beýleki islendik tussagyňka garanda, köp sebäp bardy. Onuň gyzy maýyp edilipdi, onuň adamsy bolsa türmededi. Beýleki gyzy ýigrimi ýyllyk gynama höküm edilipdi, mesihi ogly türmede ölüpdi. Mesihi ýigrenen başga bir ogly bütin ömrüne dine garşy göreşdi. Agtyklary ýetim galdy.

— Sen şeýle agyr günleri gördüň — diýip, Riçard jogap berdi. — Sen nädip şatlanyp bilýärsiň?!

— Şatlanmak üçin mydama bir hili sebäp bolýar — diýip, Suroýan Riçarda söýgi bilen seredip aýtdy. — Hudaý diňe bir göklerde däl-de, eýsem, Ol ýüreklerdede bar. Şonuň üçin seniň şatlanmaýan her bir günüň ýitirilýändir, oglum! Sen şol güni hiç haçan yzyna gaýtaryp bilmeýärsiň.

Riçard akyldaryň mamladygyny bilýärdi. Onuň özi-de tussaglary şeýle sözler bilen ruhlandyrýardy. Ýöne Sabinanyň tussag edilendigi baradaky habar ony şatlykdan mahrum etdi. Özi Çopanyň gujagyndan şeýle uzakdaka, ol nädip başgalara öwüt berip bildikä?

Suroýan atanyň ündewlerini ýada salyp, birnäçe günüň içinde Riçard birinji gezek doga etdi. Ol Sabinanyň janyny halas edeni we ony şu durmuşda bolsa-da, ebedi ýaşaýyşda bolsa-da, ýene görüp biljekdigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi. Ol Hudaýyň öz imany hakda töweregindäkilere şaýatlyk etmek mümkinçiligini berenine begendi.

Ozal adamlar ybadathana jaňlary çagyranda, ybadathana wagyz diňlemäge gelýärdiler, indi bolsa, beýle bir uzakda bolmadyk ýerde Riçardyň auditoriýasy mydama ýanyndady. Şeýle hem, hepdede bir

ýa-da iki gezek wagyz etmegiň deregine ol Injili her gün islendik minutda yglan edip bilýärdi — özi hem diňe bir sözi bilenem däl. Riçardyň durmuşy hem, edil Suroýanu atanyň durmuşy ýaly, wagza öwrülipdi, şol wagzy olar täze alan göçgünliligi hem ýygylygy bilen yglan ederler...

*****

1953-nji ýylda Tirgul-Okna türmesindekä, Riçard öz üstüne tolkun bolup inýän ýiti diş agyrysyndan ejir çekdi. Kameranyň içinde ýöremeklik ýeňillik getirýärdi, ýöne aýagyňa geýdirilen ýigrimi bäş kilogramlyk demri yzyň bilen süýräp ýöremek aňsat däldi. Yzygiderli urulmalar, mydamalyk açlyk, agramyň ýitirilmegi, üşütdirip ýörmeklik we ganly üsgülewük öz işini edipdi. Medisina kömegi tussaglara az berilýärdi, gozgalaňdan soň bolsa, ýolbaşçylar diş lukmany ýaly lukmanlary işden çykardy.

Wagtyň geçmegi bilen Tirgul-Oknadaky tussaglara öýünden her aýda zat almaga rugsat edildi. Riçard özüniň Buharestdäki öňki lukmany lukman Filona türmede berlen otkrytkany özüne iýmit hem çilim goýbermegini sorap ýazyp goýberdi. Riçardyň özi çilim çekmegi halamaýan bolsa-da, bu beýleki tussaglar üçin uly şatlyk boljakdy.

Bir gezek Riçard Filona täsin haýyş bilen ýüzlendi we lukmanyň hatdaky “doktor Filonyň köne geými” hakdaky habara düşünmegi üçin doga etdi.

Maşgala lukmany Riçard ýaly uzyn däldi, şonuň üçin onuň eşigi Riçarda bolmaýardy. Ýöne lukman Filon ABŞ-dan gelen, inçekeseli bejermekde köp zady wada berýän täze streptomisini tapyp bilýärdi.

Riçard bu kesel bilen eýýäm iki ýarym ýyldan bäri göreşip gelýärdi. Ol dördünji belgili kameradaky ýeke-täk ölmän galan tussagdy. Onuň onlarça kameradaşlary bu keselden ýeňlipdiler.

# 39-NJY BAP

Riçardyň gizlin haýyş bilen otkrytka ugradanyna bir aý geçenden soň, ol içinde ýüz gram streptomisin gizlenilen sowgady aldy. Ol derman bir syrkawy bejermek üçin ýeterlik dozady. Ýöne gant bölejiklerinde bolşy ýaly, Riçard ony özi içmegiň deregine, agyr kesel adama bermegini mesihi tussaglaryň biri, öňki rumyn goşunynyň harby gullukçysy Strawratdan haýyş etdi.

Sultanýuk atly "Demir gwardiýadan" bolan bir faşist ölüme hemmelerden-de ýakyn ýatyrdy. Stawrat Riçarda gaharly nazaryny aýlady. "Ony, gowusy, özüň iç" — diýip, ol aýtdy. Ýöne hiç zat Riçardyň pikirini üýtgetdirip bilmedi.

Dermany ýewreý mesihiniň berenini bileni üçin Sultanýuk ony içmekden ýüz öwürdi. Ony dermany içmäge yrmak üçin Riçard soňy täze dostluga alyp barjak taktikany ulanmaly boldy...

# 40

Sabinanyň “Ferma Rozi” kolhozyň doňuz fermasynda geçiren wagty bolupdy. Iýmit aýallara ölmän galmaga zordan ýetýärdi. Her gün daňdan sagat bäşde olar düşekden agşamky ýatan hapa geýimlerinde zordan çykýardylar. Palçykly läbikde topuk süňküň üstünden ylgap geçýärdiler, bütin fermada bolsa, ýürek bulandyrýan nejis porsy ys bardy. Sabina bilen beýleki aýallar aşgazanlaryny doňuzlara berilýän şugundyr lötünden dolduryardylar.

“Ferma Roziden” Sabinany, iki ýyldan gowrak wagt mundan ozal kanala ugradylan ýeri bolan üstaşyr lagere, Gençu diýen ýere geçirdiler.

— Bu ýerde birgiden aýallar bar! Lager hyryn-dykyn, ozal hiç haçan beýle bolmandy — diýip, tussaglar öz aralarynda pyşyrdaşdylar. — Näme bolýarka?

Gençunyň kepbelerinde bütin Rumyniýadan ýüzlerçe aýallary ýygnapdylar. Ýa-da döwlet ýöne bir täze, has giň masştably gulçulyk zähmetiniň shemasyny meýilleşdirýändir, ýa-da... Hiç kim umyt bildirmäge, hatda, hetem edip bilmedi. Olaryň hemmesi juda köp zatlary gördüler we juda köp aldandylar...

Ertesi gün myş-myşlar ýaýrady: howpsuzlyk müdirliginden on sany adam tussaglar hakdaky maglumatlary öwrenýärler. Maglumatlar! Belki, bu aslynda azatlygy aňladýandyr?!

Aýallary soraga çagyryp başladylar. Sorag etmeler tussaglaryň öňki duçar edilen sorag etmelerine meňzeşdi, ýöne bu gezek soraglar mylakatlyrak berilýärdi. Aýyň ahyryna aýallaryň kiçiräk toparlary Gençudan gidip başladylar.

# 40-NJY BAP

Ahyrsoňy Sabinanyň gezegi geldi. Ol ýerde, ýüzi edil bäbegiňki ýaly gülgüne reňkli semiz maýor ýolbaşçylyk edýärdi. Onuň elleri kiçijik ýogyn şöhlady ýada salýardy. Ol adam gürleşip otyrka, elleri bilen stoluň üstünde duran zatlary yzygiderli dörüşdirýärdi.

Dini tussaglar üçin birnäçe aýratyn soraglar taýýarlanylypdy.

— Bu ýerde meniň Hudaýdan güýçlüräkdigimi siz bilmelisiňiz, hanym Wurmbrand. Ol şu wagta çenli bu ýerde hiç hili gudrat görkezmedi — diýende, onuň ýiti akyllydygyna guwanýan iki kömekçisi ýylgydry. — Ýöne siz şuňa düşünýärsiňizmi? Siz diniň, dogrudanam, jögüsiremedigine düşündiňizmi? Kommunistik jemgyýetde Hudaýyň artykmaçdygyna, indi özüňiziň Oňa mätäç däldigiňize düşündiňizmi? Eger sizi haçan hem bolsa bir wagt bu ýerden goýberseler, siz soňky ýyllarda ýetilen zatlara haýran galarsyňyz. Bu bolsa, entek başlangyjydyr!

Ol dokumentleri agdaryşdyryp otyrka, pogonlaryndaky täze altyn jähekler Günüň ýagtysyna ýalpyldady.

Sabina uludan demini aldy-da, şeýle jogap berdi:

— Siziň bu ýerde ygtyýara eýedigiňizi görýärin. Elbetde, sizde meniň özüme-de belli bolmadyk we ykbalymy çözüp biljek men baradaky dokumentler bar. Ýöne Hudaý hem, Öz kitabyny ýöredýär, ýöne, eger şol kitaby bize bermedik bolsa, sizem, menem ýaşaýşa eýe bolup bilmezdik. Şonuň üçin Ol meni bu ýerde galdyrsa-da, boşatsa-da, şonuň öz bähbidime hereket etjekdigini bilýärin.

Maýor iki ýumrugy bilenem stoly urup güpürdetdi.

— Siz gadyrbilmez, hanym Wurmbrand, gadyrbilmez! Siziň sapak alyp bilmändigiňize men gaty gynanýaryn, ýöne men muny ýolbaşçylara aýtmalydyryn.

Maýor birnäçe minudyň dowamynda gaty gaharlanyp gygyrdy.

Ýöne üç günden soň, Sabinanyň ady ýene okaldy. Onuň ykbalyny maýordan has ýokarky derejeliler çözdi...

Tizara Sabina eýýäm administrasiýanyň binasynyň öňündäki garly howluda eli garypja düwünçekli garaşyp durdy. Başgalaram garaşyp durdular. Hatda şu wagtam aýallar özlerini boşatjakdyklaryna

ynanmaýardylar. Olary tikenli sim aýlanan derwezäniň aňyrsyna geçirip, garawul nähilidir bir kagyzlary paýlamanyň dowamly prosesini geçirýänçä garaşmak buýruk berlende, ilkinji ynam peýda boldy.

Şemal onuň gyryk sesini nirädir bir ekin meýdanyna alyp gidýärdi.

— Wurmbrand Sabina, doglan ýeri — Çernowsy, 1913 ýyl...

Sabina dokumenti aldy. Onuň ýüzüne uly harplar bilen "Azatlyga çykma hakyndaky şahadatnama" diýlip ýazylandy. Galan zatlary okamak oňa kyndy, sebäbi eýýäm garaňky düşüpdi. Sabinany we beýleki boşadylanlary ýük maşynyna mündürip, Gençiden Buharestiň çetine alyp gitdiler.

Sabina maşyndan düşüp, ýagly porsy düwünçegi bilen haýatdan geçdi. Üç ýyla golaý wagtdan soň ol ilkinji gezek işden soň öýlerine howlugyp barýan, maşgalasy üçin bir zatlar satyn alýan adamlary gördi. Eger onuň öýi entegem bar bolsa, umuman nämedir bir zat bar bolsa, onda ol tizara ol ýerde bolar. Häzir Mihaý on dört ýaşynda. Ýyllar ony näme etdikä?

Daş-töwerekde çyralar ýanyp durdy, hemme tarapdan dürli yslar gelýärdi. Sabina ýedinji belgili tramwaýyň duralgasy tarapa seretdi. "Kimdir biri rehim edip, meniň ýol kireýimi tölärmikä?" — diýip, Sabina sorady. Onlarça adam oňa pul teklip etdiler. Her kimiň türmede ýakyny ýa-da dosty bar ýalydy.

Tramwaý Pobeda köçesinden geçende, Sabinanyň hakydasynda, özüni tutanlarynda baran milisiýa bölümi hakdaky gaýgyly pursatlar janlandy. Şondan bäri bu ýerde hiç zat üýtgemändir. Adamzadyň dört "genisiniň" — Marksyň, Engelsiň, Leniniň we Staliniň — äpet portreti öňküsi ýaly, ýokardan deňinden geçýän adamlaryň hemmesine seredip durdy.

Sabina özüne gaty gowy tanyş bolan köp gatly jaýyň deňinde tramwaýdan düşdi-de, basgançakdan ýokary galdy. Gapyny onuň jorasy açdy.

## 40-NJY BAP

— Sabina! — diýip, ol duýdansyzlykdan ýaňa şatlykly gygyrdyda, derrew agzyny tutdy, soň hem yza bir ädim ädip: — Bu dogrudanam senmi?! — diýdi.

Olar gujaklaşdylar, Sabinanyň gözlerine ýaş aýlandy.

Kimdir biri Mihaýyň yzyndan ylgap gitdi. Mihaý gapydan giren wagtynda Sabina ony görende, ýüregi durup galan ýaly boldy. Ol uzyndy, ak ýüzlüdi we şeýle hordy! Indi ol ýaş ýigitdi.

Ejesi bilen ogly gujaklaşanda, gözýaşlar Sabinanyň ýaňagyndan akdy. Mihaý olary elleri bilen süpürdi.

— Beýle güýçli aglama, eje — diýip, ol ýuwaşjadan aýtdy.

Şol pursatda Sabina betbagtçylyklarynyň hemmesi yzda galan ýaly we indi hiç haçan aglamaly bolmajak ýaly bolup göründi...

# 41

1953-nji ýylda, Sabina azatlygyna çykan gününiň ertesi Mihaý bilen Buharestdäki ullakan Çişmijiu seýilgähine gitdi. Adaty ýaz günüdi. Hoşboý ysly güller gyş ukusyndan oýanypdylar. Köp ýyllyk tussaglykdan we dogalardan soň Sabina bilen onuň ogly, ahyrsoňy, ýene bilediler. Sabina on dört ýaşan Mihaýy eýýäm tanamaýardy. Indi ol ýigit çykypdy!

Sabina ogluny, Mihaý entek kiçijikkä bile ýörän ýodalaryna alyp bardy. "Ol entegem Hudaýa ynanýarmyka?" — diýip, ýene özüne sorag berdi. Ol oglunyň ýaşyna garamazdan, bäş ýaşda, eýýäm aňy ösen yhlasly hoşhabarçy bolanyny, ýedi ýaşda bolsa, bir professory Mesihe getirenini, professoryň hem soňy bilen olaryň ýygnagynyň agzasy bolanyny ýatlady. Ondan bäri Mihaýyň durmuşy şikeslerden doly bolupdy. Riçard bilen Sabinanyň elinden ogluny köp ýyllyk alan kommunistlere ony imandan dändermek başartdymyka? Mesihilige garşy propoganda mekdeplerde gazap bilen ornaşdyrylýardy we mesihi maşgalalardan bolan çagalary özüne çekmekde köplenç üstünlik gazanýardy.

Sabina azatlykdan mahrum bolan ýyllary hakda, Dunaý kanalynyň kenarynda işlemäge mejbur bolandygy we ony gaty güýçli küýsändigi, onuň üçin her gün Hudaýa doga edendigi hakda ogluna gürrüň berdi.

Soň Mihaý şu sözler bilen ejesini aňk etdi:

— Gije-gündiziň gijeden hem gündizden, ýagtydan hem garaňkydan ybaratdygy üçin biz tebigaty tankytlamaýarys. Men

adamlarda erbetligiň ýaşaýandygy hakdaky faktyny kabul edýärin. Gel, olary haýwan diýip atlandyrmajak bolaly.

Sabina Mihaýyň bu sözlerine nähili begendi! Mihaý imanda yraň atmady. Tersine, ol ýalan kommunistik taglymaty we terbiýäni inkär etdi. Ol mamlady. Güni hem aýy Hudaý ýaratdy: birinjisini gündizi, ikinjisini bolsa, gijäni dolandyrmak üçin ýaratdy. Hudaý hatda gijäniň gowudygyny-da aýtdy. Ýöne şunuň ýaly kämil bolan ýetginjek nädip ýigrenje jogap berip biler? Köp uly adamlar duşmanlaryny bagyşlap ýa-da olara rehim edip bilmeýärler. Başgalaryň şowsuzlyga uçran ýerinde oglunyň üstünlik gazananyna Sabina guwandy. Ol oglunyň çydamlylygyna haýran galdy, onuň sözlerinde bolsa, söýgi hem ýagşylyk eşitdi.

Gülläp duran miweli agaçlaryň astynda gezelenç edip ýörkäler Mihaý şeýle diýdi:

— Sen, eje, kakamam, Hudaýa gulluk etmäniň iň gowy ýoly hökmünde haçly ýoly saýladyňyz. Men bilemok, ony saýlarmydym ýa ýok. Men owadan, ejirler hem utanç ýok ýerde özümi Hudaýa has golaý duýýaryn.

Kiçijik çagalar kiçi şatlyklara begenýärler, Mihaý hem, kadadan çykma däldi. Hudaý onuň kiçijik durmuşyna kiçijik şatlyklary goýberýärdi. “Hudaýyň liliýalaryna seretmek, pula durmaýar” — diýip, ogly Sabina ýatlatdy.

Mihaý şeýle sorag berdi:

— Näme üçin bagda bolup, gülleriň we Hudaýyň ysyndan dem almaly dälmişin?

Sabina şeýle jogap berdi:

— Sen bilýärsiňmi, Isa haça çüýlenilende, Ol bagdan uzakda däldi. Eger sen bagda wagtyň, bigünä haça çüýlenilýän adamyň nalasyny eşitseň näme ederdiň? Wakareştiniň we Jilawanyň diwarlarynyň içi bu ýerden uzakda däl. Biz güllere guwanyp ýörkäk, ol ýerde adamlar gynamalara duçar edilýärler. Hawa, içeri işler ministrligi-de, şujagaz ýerde, şu köçede.

— Sen gaty kynçylyk çekdiň gerek, eje? — diýip, Mihaý sorady.

Sabina ogluna şeýle jogap teklip etdi, ýöne onuň ýaşynda bolan bolsa, onuň özem muňa ynanmazdy:

— Mihaý, biz ýewreý we Hudaýyň çagalary. Köplenç bize fiziki gynamalar däl-de, bizi hyýaly dünýäniň gullary edendikleri we ruhy zatlardan aýyrjak bolandyklary agyr degdi. Kanalyň taryhy, eger zähmetiň aňyrsynda Hudaý durmadyk bolsa, onuň näderejede peýdasyz bolýandygyny görkezýär. — Mihaý ylalaşýan äheňde başyny atdy, Sabina bolsa, sözüni dowam etdirdi. Rim imperiýasynyňam, grek däl respublikalaryňam, ilkinji ýewreý döwletiniňem, müsür hem hytaý siwilizasiýalarynyňam, Britan imperiýasynyňam hiç zat gazanyp bilmeýişleri ýaly, kanalyň gurluşygy bilenem barybir hiç zat gazanyp bilmediler. Olaryň hemmesi hyýaly dünýä degişlidir.

Ýöne indi sözleriň hiç hili ähmiýeti ýokdy. Ejesi bilen ogly, ýene bile bolma umydyny ýitirenlerinden soň birigendiklerine begenip, gezelenjiň galan bölegini ümsümlikde geçirip lezzet aldylar.

*****

Şol gün agşam gijiräk Mihaý Sabinanyň otagyna eline Plutarhyň "Deňeşdirme durmuşy beýan etmeler" atly kitabyny alyp geldi. Ol ejesine Katonyň durmuşy hakda okanda, zalym Katonyň köşgüniň jeza berilýän zatdan başga zat bolmandygyny, sebäbi ol ýerde adamlaryň gynanylandygyny, köp adamlaryň hem ölendiklerini gürrüň berdi. Şol wagt Katon on dört ýaşynda, Mihaýyň şu wagtky ýaşynda, eken.

Meşhur adamlaryň kelleleriniň alnyşyny görende we munuň ýaly gorkunç zady görenlerinde, gizlinlikde agyr dem alýandyklaryny bilip, Katon näme üçin kimdir biriniň Sullany öldürmeýändigi bilen gyzyklanypdyr. Onuň mugallymy adamlaryň zalymdan ýigrenişlerinden artyk gorkýandyklaryny aýdypdyr.

Şonda Katon: "Men bu adamy öldürip, öz ýurdumy halas edip bilerim ýaly, maňa gylyjy beriň!" — diýip teklip etdi.

# 41-NJI BAP

Mihaý kitaby ýapyp, Sabina şeýle diýdi:

— Katon mamla. Men hem özümi edil onuň ýaly duýýaryn. Men durmuşdan ýöne bir lezzet almak isleýärin, ýöne käwagt şeýle köp ýaş ýigitleriň hiç zat etmeýänine haýran galýaryn, men ýaly ýekeje oglan ýurdy zalymdan halas edip bilýän eken-ä! Tutuş Köne Äht bu hakda gürrüň berýär. Eýsem, şunuň ýaly pikirler Hudaýdan dälmi?!

Sabina bir pursatlyk pikirlendi.

— Häzirki şertlerde bu kömek etmezdi. Zorluk etmeklik — iň gowy usul däldir. Biz zalymy öldürmeli däl-de, *zalymlygy* köki bilen ýok etmäge synanyşmalydyrys. Biz günäni ýigrenmeli, ýöne günäkäri söýmelidiris.

— Eje, ýöne bu hemmesinden-de kyn ahyry — diýip, Mihaý jogap berdi.

Sabina başyny atdy-da, ýatmazynyň öň ýanynda ogluny ogşady. *Hawa, bu hemmesinden-de kyn*!

# 42

Sabinanyň azatlyga çykanyna bir hepdä golaý wagt geçende, ony buharest jaňlarynyň sesi oýardy. Başda ses Mukaddes Spiridon soborynyň minarasyndan geldi, soň hem oňa töweregindäki ybadathanalar we orta asyr monastyrlary goşuldy-da, jaň sesleri ajaýyp arz ediji saza öwrüldi. Iosif Stalin öldi. Bu 1953-nji ýylyň 5-nji martynda boldy.

Sabina köçä çykdy-da, ýüzüni ýyly Gün şöhlesiniň aşagyna tutdy. Bu gyzyň soňky otuz ýylyň dowamyndaky iň gazaply gyş bolandygyna garamazdan, täze umydyň habarçylary ganat ýaýyp ýören ýaly boldy. Tramwaý wagonlary, adatdakysy ýaly, relsleriň üstlerinde jygyldady we öwrümlerde, edil göwün açma seýilgählerindäki attraksionda ýaly ses etdiler. Köpçülikleýin ýygnanyşmalaryň gadagandygyna garamazdan, adamlar kimiň ölendigini bilmek üçin, bazar meýdançasyna ýygnanyşdylar.

Sabina öz ýanynda ýöräp barýan adamlara seredip, Pobeda köçesinden ýöräp gitdi. Ähli dükanlar, mekdepler we fabrikler, adatça ulanylman ýatan ses gataldyjylarda birden ýaňlandyrylyp aýdylan wajyp bildiriş üçin işlerini saklapdylar.

“Gadyrly ýoldaşlar! Rumyn halk respublikasynyň zähmetkeşleri! SSSR-iň Ýokary prezidiumy çuň hasrat bilen partiýa we bütin rumyn zähmetkeşlerine, SSSR ministrler Sowetiniň başlygy we Kommunistik partiýanyň merkezi komitetiniň sekretary Iosif Wissarionowiç Staliniň agyr keselden soň aradan çykandygyny habar berýär. — Mähelle ýeňillik bilen dem aldy. — Akyldar

serdaryň we halkyň mugallymynyň, ýoldaşynyň, beýik Leniniň wepaly şägirdiginiň hem egindeşiniň ömri kesildi".

Dinamikalarda ýas sazy ýaňlandy. Ýöne Sabina we beýleki adamlaryň köpüsi üçin jaňlaryň sesi ölümi däl-de, täze umyt şapagyny habar berýärdi. Köp ýyllardan bäri Sabina birinji gezek ýeňillik duýdy. Gepleşikler özüni mesihiligi ýok etmäge bagyş eden adamyň ölenini ilata habar bermegini dowam etdirdi.

Ýyllar geçenden soň, Staliniň gyzy Swetlana kakasynyň soňky gününiň jikme-jikliklerini açyk gürrüň berýär[1]. Onuň sözlerine görä, Stalin eýmenç ölüm bilen ölýär. Onda beýnisine gan inme başlananda, ol beýniniň dem almasyna jogap berýän bölegini zaýalaýar. Şonda Stalin haýaljakdan gynanyp demigip başlaýar. Ömrüniň soňky on iki sagadynyň dowamynda onuň dem almagy gitdigiçe agyrlaşýar-da, dodaklary garalýar we ýuwaş-ýuwaşdan demigýär. Jany çykmazyndan birnäçe minut öň onuň gözleri aýlanýar-da, ölüm ýassygynyň ýanyna ýygnanyşan döwlet ýolbaşçylaryna, maşgala agzalaryna, dostlaryna we lukmanlara haýbatly, gorkuzyjy nazary bilen seredýär. Soň ol otagda duranlaryň hemmesini näletleýän ýaly, ýokardaky bir zady görkezjek bolýan ýaly edip, duýdansyzlykda çep elini haýbat atyjy äheňde galdyrýar. Şondan soň onuň jany çykýar.

Eger Stalin ömrüni öz öldürilen mesihileriniň atlaryny ýazmaga bagyş eden bolsa, onda bu ateist barybir sanawyny ýazyp gutaryp bilmezdi.

Mihaý mekdepden gaýdyp gelende, Sabinany jaýyň üçeginden tapdy, ol bu ýerde Staliniň ölümi hakdaky daşary ýurt radiogepleşigi diňläp otyrdy. Mihaý öýe gelýärkä alan ýörite çykarylan gazetini alyp geldi. Buharestdäki ýeke-täk gazet "*Skinteýa*" uzynlygy tutuş sahypany eýeleýän öwüp arşa çykarmany we ýoldaş Staliniň şöhratly mirasy wasp edilýän göçgünli makalany çap edipdir.

---

[1] Swetlana Aliluýewa, "Dostuma ýigrimi hat: Ýatlamalar" Nýu-Ýork: "Harper Perennial", 2016), s. 10.

Kommunizmiň ölen bu serdary baradaky plakatlar Mihaý nirä barsa, şol ýerleriň hemmesinde bardy.

Radiostansiýalaryň birindäki alyp baryjy Işaýa pygamberiň kitabynyň 14-nji babyna salgylandy. Bu bapda birwagtlar ýewreýleri gul eden Babyl imperiýasynyň ýykylyşy suratlandyrylyp, şeýle diýilýärdi: “Sen babyl patyşasyna ýeňiş aýdymyny aýdyp şeýle diýersiň: “Ine, zulumkeşiň soňy geldi! Onuň tekepbirligi tamam boldy!” (Işaýa 14:4).

— Sen bu hakda näme pikir edýärsiň? — diýip, Mihaý, gepleşik gutaranyndan soň sorady.

— Men ar alma teşneligini duýamok — diýip, Sabina jogap berdi. — Ömrüniň soňky minudynda, ölümiň gözüne seredip duran adamyň ýüreginde çürt-kesik üýtgeşme bolup biler.

Ýöne, gynansak-da, dirikä Stalinde beýle üýtgeşmeler bolmadyga meňzeýär...

Sabina gynanmady. Rumyniýa täze era geçer, gulçulykly zähmet lagerleriniň, gynamalaryň we kommunistik režimiň döreden başga-da köp erbetlikleriň soňy geler. Stalin öleninden soň tiz wagtdan, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmanyň ýiti zerurlygy sebäpli, Rumyniýanyň döwleti uly jemgyýetçilik obýektlerini gurma meýilnamasyny aýyrdy-da, ony halkyň ulanýan harytlaryny öndürmeklige öwürdi.

Sabina gulçulykdan Iýerusalime gaýdyp gelen ýewreýlere duýgudaşlyk bildirdi. “Skinyeýada” çap edilen makalanyň soňky setirlerini okap bolandan soň ol pesah dogasyndaky setirleri pyşyrdap aýtdy: “Biz Müsürde faraonyň gullarydyk, Reb bolsa, bizi kuwwatly elleri bilen halas etdi”.

*****

1953-nji ýylyň 18-nji iýulynda, gurluşygyň başlananyna ejirli dört ýyl geçeninden soň, işiň diňe ýedinji bölegininiň ýerine ýetirilendigine garamazdan, Dunaý kanalynyň proýekti saklanyldy.

# 42-NJI BAP

Sabinanyň Tirgusorda eşiden zady hakykat bolup çykdy. Proýekt kommunizmiň güýjüni görkezmeli eken, ýöne kanalyň gurluşygynda gyrlan adamlaryň sany aklyňy haýran ediji boldy. Sabina tanyş bolan kepbeler hemişelik ýapyldy. Kepbelere barýan betonlaryň arasyndan otlar we haşal otlar çykyp dur, ýerde bolsa, birwagtlar açlygyny gandyrmak üçin tussaglaryň awlan ýylanlary gezip ýör. Kanalyň kenarlarynda gul edilen on müňlerçe erkekleriň we aýallaryň güýç ýeterden agyr bolsa-da çeken zähmetleri biderek boldy. Sansyz-sajaksyz adamlar bu ýerde öldi, müňlerçe maşgalalar çekip bolmajak zalymlykdan ejir çekdiler.

Rumyn inženerleri kanaly barybir ulanyşa bermek mümkin bolmazdy diýip hasap etdiler. Olar munuň üçin we beýleki irrigasion proýektler üçin suwuň barybir ýeterlik bolmajakdygyny duýdurypdyrlar. Bu proýektiň baş inženeri bilen meýilnamany düzüjiler tussag edilipdirler. Olaryň ikisi atylypdyr. Ýene otuz sanysy ýigrimi bäş ýyl möhlet alyp gitdi. Kanalyň gurluşygy diňe ýigrimi bäş ýyl geçenden soň dikeldilýär, ýöne bu gezek gulçulykly iş güýji bilen däl-de, iň döwrebap gurallaryň kömegi bilen edilýär.

Babyl hem, birwagtlar, meşhur asma baglaryny suwarýan irrigasion sistemalary bilen öwnüpdi. Ýewreýler birwagtlar bu gudratyň beýikliginiň şaýatlary bolupdylar. Ýöne Babyly parslaryň weýran edişi ýaly, Gara deňiz indi kanaly ýok etdi, ondan hatda yzam galdyrmady.

# 43

Sabina özüni ölümden direlen ýaly duýdy.

“Eger maňa bu ýerden çykmak başartsa, men galan ömrüme çörek bilen suw içip ýaşasamam bagtly bolaryn” — diýip, entek türmedekä arzuw edipdi.

Üç ýyla golaý dowam eden kemsitmelerden, açlykdan we güýçýetmez zähmetden soň, Sabinanyň arzuwy amala aşdy. Indi ol azatlykdan köpräk lezzet alýar. Döwlen gapyrgalar we ganan barmaklar bitdi. Hiç hili Pýotrlar indi ony buz ýaly suwa oklamady. Geljek ýene nurly bolup göründi, ýöne ol gözýetimde asylyp duran kölegeleri görüp bilmedi.

— Siziň zähmet depderçäňiz nirede? — diýip, döwlet edarasynyň ýolbaşçysy gygyrdy.

— Men öňki tussag — diýip, nobatda dört sagatdan gowrak durmaly bolan Sabina aýtdy.

— Hiç hili kömek edip biljek däl. Işem ýok, zähmet depderçesem — azyk kartjagazy-da ýok.

Sabina indi azygy nireden almalydygyny bilmän, daşary çykdy. Kanalyň kenaryndan gaýdyp geleni bilen, onuň görgüleri gutarmady. Kommunistler Riçard ikisiniň Buharest taryhy etrabynyň Olteni köçesindäki, Wakareştidäki jaýyny alypdylar. Birnäçe günläp nobatlarda duranlaryndan we ençeme kagyzlary dolduranlaryndan soň, Sabina bilen Mihaýa öňki ýaşan jaýlarynyň üçeginde ýerleşýän, gowy ýyladylmadyk ýerde ýaşamaga rugsat etdiler. Ol ýerde suwam ýokdy, hajathana-da. Gyşyna ol ýer juda

sowuk bolýardy, tomsuna bolsa — dymyk. Potolok kömelegiň tegmillerinden doludy. Pružinleri ýolnan yrgyldaýan krowatlarda ýatmak mümkin däldi. Onuň äpişgesi kerpiç diwara bakyp durdy.

Sabina ýaly öňki tussaglar aşa köp adamly bolan, şertler we ýyladyş ulgamy bolmadyk, ýaşamaga ýaramsyz ýerlerde ýaşamaly bolýardylar. Iýmit diýseň ýetmezçilik edýärdi, elektrik togunyda seýrek berýärdiler. Ilkinji zerur bolan zatlary satyn almak üçin maşgala üçin gymmat bolan zatlary satdylar. Sabinanyň joralarynyň biri, syrkaw kakasyna derman satyn almak üçin bar emlägini — aşhana enjamlaryny, prostynlaryny, halyçalaryny we kitaplaryny satdy.

Sabinanyň ýanyna özleriniň garyndaşlary hem ýakynlary hakda näme-de bolsa bir zat aýtmagyny haýyş edip, dostlarynyň giden akymy geldi.

— Sabina sözleriňde örän seresap bol. Bu ýerde maglumatçylar *her ädimde* bar! — diýip, ýakyn dostlary oňa ýalbardylar.

Tiz wagtdan Sabina hem Mihaý bilen ýaşamak üçin gizlin ýygnagyň işçisi Janetta geldi. Soň olaryň şonsuzam doly üçegine, epilepsiýadan ejir çekýän ýaş aýal Marietta geldi. Ajaýyp günleriň birinde ol olaryň öýüne gözleriniň daşyndaky garamtyl gök bilen, könelip giden gara paltoly geldi. Ol Sabina bilen Mihaýa ýüp bilen daňlan kiçiräk dolangy kagyzy — satyn almak üçin iki sagatlap durup alan fransuz bulkasyny berdi.

— Bu ýer nähili gowy! — diýip, Marietta, gowrulyp duran ýer almanyň ysyny alyp ýüzlendi.

Olar azajyk iýmiti-de bölüşip iýdiler.

— Hawa, Marietta, görşüň ýaly bu jaý däl-de, ýöne bir köne üçek. Biz ony birwagtlar aşakda ýaşaýarkak, köne zatlarymyzy goýmak üçin ulanýardyk — diýip, Sabina söze başlady. — Ýöne, eger isleseň, biz bu ýere ýene bir krowady goýar ýaly ýer taparys. Bir ýerde düşegem tapyp bileris diýip pikir edýärin.

Otuz ýyldan soň Olteni köçesiniň jaýlary ýykylýar, ýüzlerçe ýyllar duran medeni hem dini ýadygärlikler — köp gatly ýaşaýyş jaýlaryny we döwlet edaralaryny gurmak üçin ýeriň ýüzünden süpürilip aýryldy. Häzirlikçe Sabina, ogly we joralary kiçijek üçekde ýaşaýarlar...

# 44

Riçard Sabinanyň boşadylanyny eşidende, onuň keýpi göterildi. Ol Sultanýuka nädip kömek etmelidiginiň üstünde pikirlenip başlady. Ol oňa öz streptomisinini berip, özüniň saglygyny pida etmäge taýýardy. Ruhy çopan Germaniýadaky gyz doganyna jaň etjek bolany üçin tussag edilen on sekiz ýaşly açyk ýürekli Ýosif atly oglan bilen gürrüňe başlady. Syýasy oýnuň pidasy bolan Ýosif gazaply gynamalara duçar edilip, Sabinanyň tussaglykda bolan ýeriniň golaýyndaky ýerde, Dunaý kanalyndaky düzediş işlerine höküm edilipdi. Tizara Ýosif inçekesel bilen syrkawlady. Onuň ýaşajyk ýüzi ýaralar bilen zaýalandy.

— Hudaýy ýigrenýärin! — diýip, Ýosif tüýkürdi. — Eger maňa azar bermegiňizi dowam etdirseňiz, garawullary çagyraryn. Meni günüme goýuň!

Ýosifiň, dogrudanam, gizlin maglumatçymydygy Riçarda gyzykly boldy. Eger aňtaýjylaryň özleri tussagdan zerur maglumaty alyp bilmeseler, onda onuň kamerasyna “adam satýanlary” oturdýarlar. Belki, Ýosifem şolaryň biridir. Sultanýuk agyr ýagdaýdady, onuň islendik minutda ölmegi mümkindi, oňa kömek etme mümkinçiligi töwekgelçilik edeniňe degýärdi.

Riçard Ýosife streptomisini oňa faşistlere duýgudaş bolan syrkawyň berendigini aýtmagyny, soň hem, dermanyň onuňky däldigine kasam etmegini haýyş etdi. Ölüm ýassygynda ýatan faşist, ahyrsoňy, poroşogy içdi, şeýdip, birnäçe günden soň, onuň saglygy doly dikeldi.

“Streptomisin dogrudanam meniňki däldi, ol Hudaýyňkydy. Men ony alan wagtymda Hudaýa berdim” — diýip, Riçard soňrak düşündirýär.

Bu gürrüňi tussag katolik ýepiskopy eşidýär.

— Jenap Wurmbrand, sorag edilen wagty hakykaty aýtmaly diýip pikir etmeýärsiňizmi?

— Elbetde, ýok! — diýip, Riçard jogap berdi. — Men kelläme gelen ilkinji zady aýdanymda wyždanyň gynamasyny duýamok, onda-da, bu dostlarymy duzaga düşürjek bolýanlary ýalňyşdyrmaga kömek edýän bolsa. Men näme üçin Hudaýyň Ýygnagynyň garşysyna ulanyljak maglumaty olara bermelimişim? Men — Hudaýyň gullukçysy! Bu “ýalan” diýen eýmenç sözüň, bize instinktiň aýdyşy ýaly, dogry bolýan ýagdaýydyr. Men hakykaty gowy görýärin, ýöne dostumy halas etmek üçin aldamaga taýýar.

— Beýle bolsa siz nämäni “ýalan” diýip atlandyrýarsyňyz? — diýip, Ýosif gyzyklandy.

— Sen menden kesgitlemesini eşitmek isleýärsiňmi? Mukaddes Ruha esaslanýan wyždan, durmuşyň islendik ýagdaýlarynda, nämäni aýtmalydygyny we nämäni doly aýtman goýmalydygyny aýdýandyr. Sen streptomisin babatda Sultanýuka beren wadaň ýalan diýip pikir edýärsiň, şeýle dälmi?

— Ýok-la, bu söýgiňi görkezmek bolupdy — diýip, Ýosif uludan ýylgyrdy.

Riçard Ýosifiň ýüreginiň ýumşandygyny aňdy-da, ondan:

— Beýle bolsa, sen näme üçin Hudaýy ýigrenýäniňi aýdýarsyň?

— Näme üçin?! — diýip, Ýosif ýüzlendi. — Ilki maňa Hudaýyň näme üçin inçekeseli ýaradanyny aýdyň.

— Eger sen asuda bolup, meni diňleseň, men düşündirip biljek — diýip, Riçard teklip etdi.

Ýosif elini kellesine diräp oturdy.

— Eger siz düşündirip bilseňiz, onda men uzak gije diňlemäge taýýar.

— Bir taýajyk ýaşaýar-da, hamyry ajadýar — diýip, Riçard aýtdy. — Beýlekisi ýaşaýar-da, çaganyň öýkenini zaýalaýar. Olaryň ikisem näme edýänini bilmeýär, ýöne men olaryň birini goldaýaryn, beýlekisini ýazgarýaryn. Özbaşlaryna olar gowam däl, erbedem. Biz olaryň peýdalylygyny özümize oňaýlylygy boýunça kesgitleýäris. Biz bütin dünýäniň özümize oňaýly bolmagyny isleýäris, ýöne biz — onuň diýseň ujypsyzja bölegi. Biziň erbet diýýän zadymyz, köplenç tükenmezek gowulyk bolup çykýar.

— Muny meniň düşen ýagdaýymda subut etmek üçin zähmet çekmeli bolar — diýip, Ýosif aýtdy.

— Dört müň ýyl mundan ozal Ýusup atly bir adam ýaşapdyr. Ony öz doganlary gul edip satyp goýberýärler, şonuň üçin Müsürde köp adalatsyzlyklara duçar bolýar. Soň ol premýer ministr bolup, öz ýurduny hem gadyrbilmezek doganlaryny açlykdan halas edýär. Şonuň üçin, Ýusup ýaly, taryhyň soňuny bilýänçäň, özüňde bolup geçýän zatlaryň ýamanlykdygyny ýa ýagşylykdygyny bilmersiň.

— Azatlygy ýene görýänçä ýaşamadyklary näme etmeli? — diýip, Ýosif gyzyklandy.

— Lazar garyplykda hem syrkawlykda öldi, ýöne Isa tymsalynda ony "perişdeleriň ebedi eşrete alyp barandygyny" bize aýdýar (Luka16:20-22). Ölenimizden soň her birimiz öz baýragymyzy alýarys, şonuň üçin diňe soňuny görenimizde, hemme zada düşünip bilýäris.

Birnäçe günden soň Ýosif özüniň tizara boşadylýandygy hakdaky habary alýar. Onuň Amerikada geçirmegi umyt edýän geljegi iňlis dilini bilşine baglydy, şonuň üçin Riçard ony oňa öwretmäge söz berdi. Ýosif inçekesel zerarly zaýalanan ýüzüniň işe ýerleşmäge päsgel bermeginiň mümkindigi sebäpli alada edýärdi.

Piçard özüniň ýaşajyk dostuny ruhlandyrýar: "Rus ýazyjysy Nikolaý Ostrowskiý kör, ysmaz we şeýle garyp bolupdyr, hatda ol öz romanyny zatlar dolanýan kagyza ýazmaly bolupdyr. Şiller, Şopen we Kits dagy hem, edil biz ýaly, inçekeselden ejir çekipdir. Beýik adamlaryň syrkaw bolan gezekleri az bolmandyr.

— Ruhy çopan, — diýip, bir gün Ýosif uzak pikirlenip oturanyndan soň aýdýar. — Eger Isa-da, edil siz ýaly bolsa, onda men Ony söýýärin.

*****

Riçardyň kamerasyna giren garawul ondan geýinmegini talap edýär, soň hem gandallap ony koridoryň içi bilen uly zala alyp gidýär, ol ýerde oňa yzyndan gelen adam garaşýardy.

Äpişgäniň demir gözeneginiň arasyndan ol tanyş hor birini çalaja görýär. *“Meniň oglum! Bu dogrudanam şolmyka?!”*

Riçard köp ýyllaryň dowamynda, Mihaýy ýene görse, onda oňa näme diýjekdigini göz öňüne getiripdi. Sabinanyň özüniň göwrelidigini aýdyşyny we ýaş är-aýalyň tizara özleriniň birinji çagalarynyň dünýä injegine begenip tans edişlerini ol ýada saldy. Mihaý kakasy hakda näme pikir edýärkä? Ol ony tanarmyka?

Duşuşyk otagynyň her bir burçunda garawullar durup, olaryň her bir sözüne ýiti üns bermek bilen synlaýardylar. Şeýle-de bolsa, şol pursatda Riçard üçin hemme zat — diwarlar, äpişgeler, maglumat alma maksady bilen olary diňleýän şaýatlar ýok boldy. Bu ýerde diňe iki adam — saçy-sakaly ösüp giden hor ata bilen onuň söýgüli ogly bardy.

Riçard Mihaýyň gözlerine haýran galma bilen seretdi. Kakasy tussag edileninde, oglanjyk ýaňy dokuz ýaşapdy. Indi bolsa, alty ýyl geçenden soň, ol eýýäm uly erkek kişi bolupdy diýen ýalydy. Munuň subutnamasy hökmünde onuň, hatda, murtjagazlary-da çykyp başlapdy.

— Ejem, eger sen hatda türmede ölseňem, gynanmaly däldigiňi, sebäbi biziň ýene jennetde duşuşjakdygymyzy aýtdy.

— Onuň ýagdaýlary nähili? — diýip, Riçard sorady. — Öýde iýmit ýeterlikmi?

— Onuň hemme zady gowy diýen ýaly — diýip, ogly kakasyna aýtdy. — Biziň iýmitimiz bar. Biziň *Atamyz* örän baý.

# 44-NJI BAP

Mihaý garawullara Sabina hakda az maglumat berip, gürrüňini Mukaddes Kitap aýatlaryndan doldurdy. Riçard maşgalasyny Hudaýyň goraýşyny eşidende tolgundy. Beýleki ýüzlerçe tussaglaryň aýallaryndan tapawutlylykda, Sabina aýrylyşmaga arza bermändi.

Şatlykly habarlar streptomisinden-de has güýçli täsir ediji bolup çykdy. Riçard aýaly bilen oglunyň howpsuzlykdadygyny bilenden soň, özüne garaňkylygyň ýene näçe ýylynyň garaşýandygyna garamazdan, kommunizmiň demir gysajyna indi döz gelip biljekdi.

# 45

Sabinanyň saglygy kem-kemden gowulaşdy. Şeýle-de bolsa, her gezek çuň dem almaklyk entegem döwlen gapyrgasynyň aşagynda güýçli agyry döredýärdi. Sabinanyň tussaglykda wagtynda şeýle gynamalara duçar bolandygyna haýran galan lukmanlar agyrynyň wagtlaýyn häsiýetiniň bardygyna we birnäçe aýdan onuň aýryljakdygyna ynandyrýardylar.

Bir gün Olteni köçesinden gidip barýarka, Sabina selçeň saçly köneje eşikli bir adamy gördi. Ol Sabinany egni bilen kakmazyndan öň, oňa çiňerilip seretdi. Sabina birnäçe minutdan soň jübüsine elini sokup, onda gowuja eplenilen ýazgyly kagyzy tapýança, oňa üýtgeşik üns berip durmady.

“*Meniň jübime muny şol salan bolsa gerek!*” — diýip, Sabina pikir etdi. Ol haty çyranyň ýanyna getirip okady: “Rebbiň sizi yzaňyzdan, gaýgyňyzdan we çeken agyr gulçulygyňyzdan azat eden güni geler... (Işaýa 14:3).

“*Belki-de, ol adam perişdedir?*” Sabina muny bilmeýärdi, şeýle-de bolsa, ýazgydan çykýan söýgini duýdy. Ol nirä seretse-de, hemme ýerde Hudaýyň rehimini görýärdi. Buharest onuň üçin ozal bilinmedik ak pata boldy! Köçede duş gelýän adamlaryny görende, onuň ýüregi şatlykdan dolýardy. Hudaýyň oňa beren gizlin ýygnagynyň agzalaryndan gelýän goldawyň gutarmaýşy ýaly, göreşem entek gutarmandy...

Sabina diňe ýyllar geçenden soň, mesihilige garşylyk görkezen hereketiň adyny, özüniň hem onuň bir bölegi bolandygyny bilýär. Kommunizmiň edil demir ýumrugyň içinde hereket eden gizlin

ýygnagyň resmi ady ýokdy. Ol beýik soborlarynyň, gümmezli ýygnak binasynyň barlygy bilen öwünip bilmeýärdi. Onuň ruhy çopanlary nepis nagyşly mantileri geýenokdy. Olary derejesi ýa-da alan alymlyk derejesi bilen hem tapawutlandyryp bolmaýardy. Gizlin ýygnagyň agzalary kommunistleriň kanunlaryny ýerine ýetirmeýärdi, bu hem olary tapawutlandyrýan ýeke-täk zatdy. Olar öz borçlaryny Hudaýdan gorkma we Mukaddes Ýazga tabynlyk bilen ýerine ýetirýän Mesihiň yzyna eýerijidiler. Mundan başga hiç kimem däldiler.

Gizlin ýygnak mydama-da bardy. Ýygnagyň bütin taryhynyň dowamynda köp sanly mesihiler, jezalaryň howp salýandygy sebäpli, arkaýyn sežde edip bilmediler. Ýüzýyllyklaryň dowamynda tutuş ýygnaklar, ýeke-täk hakyky hem diri Hudaýa sežde etmek üçin gizlinlikde ýygnanyşyp, janlaryna töwekgelçilik etdiler.

Mesihileri kowýan döwlet barka, gizlin ýygnagyň hem boljakdygyny Sabina bilýärdi. Azatlyga çykanyndan soň ol töweregindäkilere öz durmuşynda Hudaýyň eden zatlary hakda gürrüň berdi. Gorky duýýanlara bolsa, ol aslynda mesihileriň azatdyklaryny, olaryň gurluşykçysy hem arhitektory Hudaý bolan şäheriň raýatlarydyklaryny düşündirdi. Adamlara şu hakykaty öwretmeklik hem, Sabinanyň esasy gullugy boldy, tussaglyk ýyllary bolsa, diňe onuň aýdýan zatlaryna ynam goşdy.

Sabinanyň öňki dostlarynyň köpüsi ondan gaça durýardylar, işini ýitirmekden gorkup, hatda onuň öýüne golaý gelip bilmeýärdiler. Käbirleri-de, ýolbaşçylar özlerinden Sabina bilen tanyşmydyklaryny soranda, hatda, şoňa-da garşy çykýardylar.

Bir gezek Sabina özüniň ýaşlykda okan uniwersitetiniň deňinden geçip barýarka, gaty gowy tanaýan mugallymyna duş geldi. Ol oňa salam berjek bolup, adyny tutup çagyrdy. Edil şol wagt mugallymyň ýanyndan başga bir işdeşi geçip barýardy.

— Siz ýalňyşdyňyz, men sizi tanamok! — diýip, professor Sabina jogap berdi-de, onuň ýüzüne seretmekden hem utanyp, aňyrsyna öwrüldi.

Wurmbrandlaryň ýygnagyna indi iki sany lýuteran ruhy çopany ýolbaşçylyk edýärdi. Olar ukybynyň ýetdigiçe ýygnaga ýolbaşçylyk etmäge çalyşdylar, ýöne olaryň taglymaty türmedäki görgülere däl-de, kitaplara esaslanýardy. Olarda öňki döwürleriň taryhlary hakda juda giň bilimleri bardy, ýöne şol bilimleri kommunistik Rumyniýanyň şertlerinde ulanmaly bolanda, olara bu işe hötde gelmek kyn bolýardy.

Olardan tapawutlylykda doganlaryny goldamak we ruhlandyrmak Sabina başardýardy. Şeýle köp mesihileriň maslahat sorap, hut *öz* gapysyny kakýandygy ony käwagt haýran galdyrýardy. Şeýle-de bolsa, maslahata, teselli berilmegine we doga edilmegine mätäç bimaza ýürekleri ruhlandyrmak üçin ol gapysyny giňden açýardy.

Imany üçin görgi gören mesihilere Rumyniýada aýratyn hormat bilen seredýärdiler. Irki ýygnak döwründäki ýaly, yzarlanylýan atalary we eneleri ýokary çykarýardylar-da, iman gahrymanlary, mukaddesler hökmünde olara tagzym edýärdiler. Sabinanyň agzyndan çykýan her bir söz Injiliň hakykaty hökmünde kabul edilýärdi. Ýöne ol şöhratlandyrylma we butparazlyga garşy çykyp, adamlara özüniň bary-ýogy Mesihiň hyzmatkäridigini ýatladyp, özüne ulaldylan hormat bilen garamagy gadagan edýärdi. Ejir çekenleriň hakykaty emele getirmän, hakykatyň adamy ejir çeken edýändigini Sabina bilýärdi.

*****

— Eje, besdir. Men indi mekdebe gitmeýärin! — Şol gün Mihaý öýüne, hiç haçan gaýdyp gelmezlik üçin berk karara gelip gaýdan ýerinden, ir gaýdyp geldi.

— “Besdir” diýmäň nämäni aňladýar? — diýip, Sabina haýran galyp sorady.

— Men indi ol ýere gitmeýärin!

— Ýöne sen bilim almaly ahyry! — diýip, Sabina ogluna düşünmän aýtdy.

## 45-NJI BAP

— Ýöne şol ýerde däl! — diýip, Mihaý jogap berdi.

Mihaý mekdepde özüni pionerlige geçmäge dalaşgär edendiklerini Sabina düşündirdi. Bu hormata diňe gowy okuwçylar mynasyp bolýardy. Ýöne ol pioner bolandan soň, gyzyl galstuk dakmaly bolýardy. Mihaý çürt-kesik garşy boldy. “Men gyzyl galstuk dakmaýaryn. Ol meniň kakamy türmede saklaýan partiýanyň nyşany” — diýip, ol pert jogap berdi.

Özi-de ýewreý bolan mugallym, işini ýitirmekden gorkup, Mihaýa käýedi-de, ony öýüne goýberdi. Sabina ogluna bilim almagyň zerur gerekdigini bilýärdi, şonuň üçin ertesi ony mekdebe gitmäge yrdy.

Mugallymlaryň köpüsi, aýratynam, ýewreýler, özleriniň işlerini ýigrenýärdiler, sebäbi özleriniň predmetlerini arkaýyn okadyp bilmeýärdiler. Olary sapagyň meýilnamasyna kommunistik wagzy hem goşmaga mejbur edýärdiler. Aslynda Rumyniýanyň hiç haçan kommunistik ýurt bolmandygyny, onuň kommunistler tarapyndan ezilendigini Sabina bilýärdi.

Ertesi gün mugallymy Mihaýy gujaklap, onuň synp otagyna girmegine rugsat etdi. Ol munuň netijelerini çekmäge taýýardy. Şol günden başlap, ol mydama Mihaýy gorady.

Mihaýyň syýasy tussagyň ogludygyny beýleki mugallymlaram bilýärdiler, şol sebäpden hem, batyrlygy üçin ony sylaýardylar. Käwagt ol, hatda, ateistik wagyzlara garşy çykmaga-da het edip bilýärdi. Käwagt ol jedellerde ýeňilýärdi, sebäbi, entek uly adam ýaly, mugallymlaryň pikirleriniň we esaslarynyň öwrümlerine düşünip bilmeýärdi. Ýöne ol gaýta-gaýta öz ynamyny goramaga aýaga galýardy.

*****

Sabina türmede bolan wagtynda Mihaý “Alisa daýzasynyň”, ýekşenbe mekdebiniň mugallymynyň, howandarlygy astynda boldy. Mihaý oňa: “Häzirlikçe sen meniň ejem bolarsyň” — diýipdi.

Alisa Mihaýyň aladasyny on bir ýaşaýança etdi. Birwagtlar ol bilim bölüminiň ýolbaşçysy bolupdy, ýöne kommunistik partiýa girmekden boýun towlandan soň, ony işden çykardylar. Alisa fransuz dili boýunça repetitorlyk edip we Mihaý ýalylary synaglara taýýarlamak bilen güzeranyny dolandyrdy.

Alisanyň garyp ýagdaýa düşendigini bilende, bir garry är-aýal, gelenini bildirmejek bolup, gizlin ýollar bilen iki günlük ýoly geçip, Buhareste geldiler-de, ýygnan pulunyň köp bolegini oňa berdiler. Hanym Mihaýlowiçi janyna töwekgelçilik edip, özünde baryny Alisa bermek, şeýtmek bilen hem, oňa Mihaýy iýmitlendirmäge kömek etmek üçin, bir halta ýer alma alyp, obasyndan Buhareste çenli onlarça kilometri pyýada geçip geldi. Onuň geleni milisiýa belli boldy-da, ony şeýle bir ýençdiler welin, şondan soň ol şol şikesden özüne gelip bilmändir.

Alisanyň garypdygyna, garry kakasyna ýekelikde seretmeli bolýandygyna garamazdan, Mihaýy maşgalasyna kabul etmäge päsgel bermedi. Olaryň üçüsem bir otagda ýaşaýardylar. Alisa gazananja ujypsyzja şaýlaryny öz eklenjindäkilere söýgi bilen sarp edýärdi.

Alisa ene-atasy türmede bolan ýa-da öldürilen başga-da çagalaryň aladalaryny edýärdi. Bu aýalyň batyrlygy hem edermenligi köçelerde ýaşan, aç ýören, hatda ölmekleri-de mümkin bolan köp çagalary halas etdi.

Alisanyň kömegi bilen Mihaý Sabinani azatlyga çykanyndan soň: “Eje, men kakam ikiňiziň tarapyňyzda. Men Rebbi söýýärin!” — diýen sözler bilen garşy alyp bildi.

Mekdebe gatnamaklyk Mihaý üçin kyn synag bolýardy. Predmetleriň — takyk ylymlardan başlap, edebiýata çenli hemmesine ateistik wagyzlar girizilendi. Köp sanly filmleri görkezip, çagalaryň “beýnilerini ýuwýardylar”. Terbiýeleýji wagyz ediş sapaklarynyň hemmesinde mesihiligiň üstünden gülünýärdi. Her bir mekdepde “hudaýsyzlar burçy” bardy. Onda ruhanylaryň,

ruhy çopanlaryň we ahlaksyz durmuşda ýaşaýanlaryň üstlerinden gülýän suratlar we reňkli illýustrasiýaly kitaplar goýulýardy.

Sabina Mihaýa mekdepde duçar edilýän wagyzlaryna garşy durmaga kömek etmäge synanyşýardy. Birwagtlar özi ateist bolany üçin “beýni ýuwmalar” bilen nähili göreşmelidigini bilýärdi. Birwagtlar Riçard Sabina öz şübhelerini ýeňip geçmäge kömek edipdi. Ol tebigatyň bardygyna subutnama berilmegini hiç kimiň talap etmeýändigini aýdypdy. Ruhy zatlar, dünýädäki bolup geçýän beýleki zatlaryň hemmesi ýaly, hakyky, çyn we subut edip bolýan zatlar ýaly, hakykatdan bar bolan gizlin zatlaryň bardygyna düşünýärler.

Mysal üçin, Mukaddes Ruhy gözüň bilen görüp bolmaýar. Mukaddes Ruhdan dolan islendik mesihi Onuň bardygyna şübhelenmeýär. Isa Ruhy öwüsýän şemala deňeýär: “Ýel islän ýerinde öwüsýär, sen onuň şuwwuldysyny eşidýärsiň-de, nireden gelip, nirä barýanyny bilmeýärsiň. Mukaddes Ruhdan doglanlaryň ählisi hem şeýledir” (Ýohanna 3:8). Sabina ýeli görüp bilmeýändigine garşy çykmaýşy ýaly, onuň öwüsýänine-de garşy çykyp bilmeýärdi. Edil şonuň ýaly, ol Mihaýda-da görünmeýän zatlara ynam dörederin we ony öwrederin diýip umyt edýärdi. Ol synaglar wagtynda şemal ýaly ýüze çykyp, oňa berk durmaga kömek edip biler ýaly, Mihaýyň imanyna güýç bermek isleýärdi.

“Ýygnakda ten islegli, ynsanlyk tarapynyň bolşy ýaly, mukaddes, Hudaýlyk tarapy hem bar. Her bir mesihide-de şonuň ýaly ikitaraply tebigaty bardyr. Hudaýyň güýji bolsa onda toba gelmek we bagyşlamak arkaly ýüze çykýar” — diýip, Sabina ogluna ýadaman, onda-da onuň üçin aýratyn kyn bolan günlerde gaýtalaýardy.

Wurmbrandlar agyr günälere ýüz uran köp ruhy çopanlary tanaýardylar, ýöne Sabina Mihaýa mekdep edebiýatynda şol dini gullukçylaryň toba gelşi hakda hiç haçan gürrüň berilmeýändigini ýatladýardy. “Olar diňe olaryň günäli taraplaryny görkezýärler, položitel tarapyny bolsa görkezmeýärler. Islendik adam hem

ýalňyşlyk goýberip biler, ýöne edenimize ökünip, toba edenimizde, bizde Hudaýyň merhemeti öwşün atýar” — diýip, ol belleýärdi.

Bir gün mekdepde mugallym Dawut patyşanyň adam öldüren hem zynahor bolandygyny aýtdy. Ol öýüne gelende: “Näme üçin Dawut patyşa Uriýanyň aýalyna öýlenmek isledi?” — diýip sorady. — “Mukaddes Kitap hakykaty gizlemeýär. Ol adamlaryň günä edip we ýalňyş goýberip bilýändigini gürrüň berýär. Ýöne gowuja pikir edeniňde, hut kommunistleriň aldaýandyklaryna we hakykaty ýoýýandyklaryna düşünýärsiň” —diýip, Sabina jogap berdi.

Her bir mesihi enäniň durmuşy söweş meýdanydy. Her gün agşam olar öz çagalarynyň ýüreklerinde gündiz kommunistleriň eýelän ýerlerini basyp almaly bolýardylar. Duşmanlarda ýaraglaryň hemmesi bardy: olar mekdeplerde, edebiýatda, radiolarda we telewideniýede ateizmi wagyz edýärdiler. Emma Mihaýda bu zatlaryň hemmesinden-de güýçli ýarag — mesihiligiň hereketdäki göreldesi bardy, ony onuň ejesi görkezýärdi. Teoriýany we filosofiýany inkär edip bolýardy, emma enäniň dogasynyň güýjüni hiç kim inkär edip bilmez.

Sabina we beýleki mesihi aýallar söweş meýdanyndaky esger ýaly, gazaply bolmagy öwrendiler. Şonuň üçin, eger olar frontdaky duşman bilen söweş alyp baryp bilmeýän bolsalar, onda hökman öý şertlerinde ony ýeňmelidiler.

*****

Özleri yzarlanmalara duçar edilýän bolsalar-da, gizlin ýygnagyň agzalary ýetim galan çagalara kömek etmegi hiç haçan ýatdan çykarmaýardylar.

Mesihileriň käbirleri özlerini maglumat berijiler etmäge mejbur ederler diýen gorky bilen Buharestden gitdiler. Ýöne beýlekileri basyşlara ýan berdiler. Beýleki mesihileri satmaklyk Buharestde şeýle çydap bolmaýan zat boldy. Şol wagt Sabinanyň ýanyna

mesihiler özleriniň eden erbet işlerini boýun almak we ötünç soramak üçin ýygy-ýygydan gelýärdiler.

— Biz duzakda — diýip, bir aýal aýtdy. — Biz Rebbi söýýäris. Biz seni hem Mihaýy söýýäris, ýöne abanýan howplara we ýalan haýbatlara garşy durup bilmeýäris.

Sabina onuň boýun almasyny diňledi:

— Meniň adamymyň işini ýitirmegi ýa-da, ondan beteri hem, tussag edilmegi mümkin. Bizi ýygnaga barýanlaryň hemmesi hakda aýtmaga, şeýle hem gelenleriň näme hakda gürrüň edýänlerini aýtmaga mejbur edýärler. Biz diňe size zyýan ýetirmejek zatlary aýtmaga çalyşýarys, ýöne size gaty seresap bolmak gerek!

Kommunistler maşgala agzalaryny biri-birine garşy goýup, maşgalalary ikä böldüler. Eger olar çaganyň öz ene-atasyny satmagyny gazanyp bilmeseler, onda ýakynyny satmaga taýýar bolan bilesigeliji goňşusyny, işdeşini ýa-da dostuny tapýardylar. Howpsuzlygyňkylar Sabinanyň durmuşyndaky her bir jikme-jiklikler hakda — satyn alýan iýmiti, näme bişirendigi, nirä gidendigi, haýsy köçeden ýöreýändigi, hepdäniň dowamynda duşuşan hem gürleşen adamlary hakda köp sanly maglumatlary toplady. Şol maglumatlaryň hemmesi tutmak we tussag etmek üçin esas bolup gulluk eder ýaly, gowuja dokumentleşdirilýärdi.

Ýygnagyň esasy hereketi onuň gizlin işlemegidi. Şonuň üçin kommunistik sistema döwründe köp müňlerçe gizlin mesihiler gyzyl galstuk dakýardylar. Ruhy çopanyň nikalaşdyrma ýa-da çagalary suwda çokundyrma çäresini geçirmegi üçin olar özlerini hiç kimiň tanamaýan uzakdaky şäherine gidýärdiler.

Olar her bir ädimi öňünden meýilleşdirýärdiler. Sabinanyň üçekdäki öýüne olaryň ýüzlerçesi gelýärdi. Ol mydama olara: “Öz tobaňyzyň ýürekdendigini subut ediň we bizi nähili synlaýandyklaryny gürrüň beriň. Maglumat beren ofiserleriňiziň atlaryny aýdyň. Olar bilen nirede we haçan duşuşýandygyňyzy gürrüň beriň” — diýýärdi.

Sabinanyň toba edenlerden alan maglumatlary köp mesihileriň janlaryny halas etdi we ýüzlerçe tussag edilmeleriň öňüni aldy.

Sabina kommunistleriň mesihileri yzarlamagyna ýol bermezligi maksat edinen gizlin topar döretdi. Gizlin ýygnagyň beýleki agzalary bilen birlikde Sabina howpsuzlyk guramalarynyň wekilleriniň hereketlerini synlady we juda giç bolmazdan öň, mesihileriň maşgalalaryna duýdurdy. Ol howpsuzlygyň işgärlerini köçelerde yzarlamalara ýolbaşçylyk etdi, surata düşürdi we olaryň gatnaşýanlaryny öwrendi.

Polkownik Şirkanuny yzarlamak juda töwekgelçilikli işdi, şeýle-de bolsa, Sabina edil onuň özüni yzarlaýşy ýaly, ony tutanýerlilik bilen yzarlady. Ahyrsoňunda Sabina onuň duşuşýan adamlarynyň giňişleýin yoluny guranda, onuň adaty bolmadyk usuly başa bardy-da, soraga çekiljek ruhy çopanlary we olaryň maşgalalaryny halas etmek başartdy. Eger maglumatçylary ýeke-ýekeden yzarlamaly bolsa-da, islendik tagallalar bilen ýygnagy goramak gerek diýip, Sabina hasap edýärdi.

Mihaý hem gaty gowy içaly boldy. Ol ýetginjek bolany sebäpli, milisiýa üçin onçakly gyzykly däldi, ýöne ol gulaklaryny sak saklaýardy, gözlerini giňden açyk saklaýardy. Mihaý maglumatçylary synlaýardy we eşiden hem gören zatlaryny ejesine aýdýardy. Ýetginjek üçin adaty bolan kynçylyklary başdan geçirip, ol gizlin ýygnagy berkitmäge kömek edýärdi we köpleri ruhlandyrýardy. Olaryň ikisem — Mihaýam, Sabina-da — islendik ýalňyşyň — uly bolsa-da, kiçi bolsa-da türme tussaglygyna ýa-da ondan-da beterräk zada alyp baryp biljekdigini bilýärdiler...

# 46

Bir gezek Mihaý mekdepden uludan ýylgyryp geldi. Sabina munuň sebäbi bilen gyzyklananda, ol ejesine bir degişmäni gürrüň berdi: “Gitler, Napoleon we Aleksandr Makedonskiý, Moskwanyň Gyzyl meýdanynda geçjek parady görmek üçin, dowzahdan rugsat alýarlar. Gitleriň deňinden tanklaryň kolonnasy geçende, ol: “Eger men Sowet goşunynyň beýle güýçlüdigini bilen bolsam, Sowetleriň üstüne çozmazdym” — diýýär. Aleksandr Makedonskiý: “Eger mende şunuň ýaly goşun bolan bolsa, onda bütin dünýäni basyp alardym” — diýýär. Napoleon bolsa, okap oturan sowet gazetinden gözüni aýryp: “Eger gazetleriň hemmesi “Prawda” ýaly diýenediji bolan bolsa, onda dünýä Waterloonyň eteginde bolan zady hiç haçan bilmezdi!” — diýýär.

Sabina Mihaýyň bu degişmäni mugallymlardan eşitmändigini bilýär-de ýylgyrýar. Başlangyç mekdepdäki okuwyny gutaranyndan soň onuň on bäş ýaşly ogly bilim almagyny dowam etdirip bilmeýär. Syýasy tussaglaryň çagalarynyň ýokary okuw mekdeplerinde okamaga hukugy ýokdy. Şonuň üçin indi Mihaýda birgiden boş wagty bardy.

Bir gün Riçardyň köne dosty Mihaýyň fortepiano çalýanyny eşidip, oňa guraly düzüji işini teklip etdi.

— Men Döwlet opera teatrynda gurallary düzýärin. Maňa inçe barmakly we saza düşünýän adam gerek — diýip, ol aýtdy.

Mihaýda olaryň ikisem bardy. Bu işe ýerleşmek üçin ol on alty sahypadan ybarat bolan anketany doldurmaly boldy. Ondan soňky

ýigrimi ýylyň dowamynda ýaşan her şäherindäki iki goňşynyň salgysyny görkezmek talap edilýärdi.

— Howpsuzlyk müdirliginden baranlarynda näme aýtmalydygyny aýdyp, goňşularyňyzy taýýarlap goýuň — diýip, gural düzüji duýdurdy.

Soraglaryň birinde şeýle diýilýärdi: “Siziň kakaňyz tussag edildimi?” Mihaý bir pursatlyk dymyp durdy-da: “Ýok” diýip ýazdy we: “Ol köçeden ogurlanyldy. Bu asla tussag etme däl” — diýip pyşyrdady.

Mihaý saz gurallaryny düzüji bolup işledi. Onuň aýlygy garyp düşen maşgalasy üçin ullakan möçberdäki puldy. Ol, şeýle hem, çörek we beýleki harytlary satyn almaga mümkinçilik berýän azyk kartyny hem aldy. Birnäçe aýdan soň kakasynyň dosty Mihaýyň saza gaty gowy düşünýändigini we notany hem tonallygy aňsatlyk bilen kesgitleýändigini gördi. “Meniň bu ýerde kyrk ýyldan bäri işleýändigime garamazdan, ol işini menden gowy edýär!” — diýip, ol bir gezek Sabina aýtdy.

Emma on sekiz aý geçenden soň, Mihaý işini ýitirdi. Kimdir biri onuň syýasy tussagyň ogludygyny häkimiýete habar berdi, şonuň üçin fortepiano düzüjide ony işden çykarmakdan başga alaç galmady. Şeýle-de bolsa, bu wagta çenli oglan eýýäm dürli görnüşli saz gurallaryny bejermek boýunça hünärmen bolupdy-da, Buharestiň sazandalarynyň arasynda müşderi ýygnapdy, şol sebäpden hem, maşgalasy üçin pul gazanmagyny dowam etdirýärdi.

Maşgalasyny eklemek üçin Sabina tötänden duş gelýän her dürli işleri gözleýärdi. Başda bu ýüpek gurçugyna seretmek boýunça arteldi. Bu barada Marietta žurnalda okapdy: “Ýüpek gurçugyny öý şertlerinde ösdürip ýetişdirmek girdejiňize goşmaça bolar-da, sosializmiň gurluşygyna ýardam berer”.

Mihaý gülküsini saklap bilmedi.

— Marietta uklap, özüni düýşünde öýde ýetişdirilen ýüpekden edilen toý köýneginde görýän bolsa gerek!

## 46-NJY BAP

— Ýok, dogrym. Ýüpek gymmat zat! — diýip, Marietta onuň sözlerini eşideninde aýtdy.

Mihaý žurnala elini uzadyp şeýle diýdi:

— Hawa, ýöne siz öndürýän zatlaryňyzyň hemmesini barybir döwlet arteline tabşyrmaly bolýarsyňyz. Siz nähili pikir edýärsiňiz, size näçe tölärler? Biz ol gurçuklary nirede saklarys? Eger siz üstünde hapa köne gurçuklar duran gutular duran stoluň üstünde nahar iýmäge razy bolaryn diýip pikir edýän bolsaňyz, onda ýalňyşýarsyňyz.

Hemmeler güldi.

— Biz olary seniň krowadyň aşagynda saklap bileris — diýip, Sabina teklip etdi.

— Belki, seniň krowadyň aşagynda saklarys — diýip, Mihaý gaharly jogap berdi.

Şeýle-de bolsa, Wurmbrandlar ýüpek gurçugyny aşhana stolunyň üstünde idetme kararyna geldiler. Mihaý düzgünnamany okady. "Ýüpek gurçugy kebelege öwrülmezinden öň, öz daşyna ýüpek aýlaýar-da, bedeniniň daşyna saraýar". Ol dymdy-da, Sabina seretdi.

— Ýüpek gurçugy kebelege öwrüler diýip pikirem etmändim. Eje, olara seresap seret! Ýogsam, günleriň birinde gapagy aýyrsaň, olar uçup giderler.

Ol okamagyny dowam etdirdi: "Pile saralanda, uzynlygy ýüzlerçe metre ýetýän ýüpek sapak emele gelýär".

— Bu ýerde ony yzyna sökmek kyn bolar, şeýle dälmi?

Sabina ýüpek gurçugynyň liçinkalaryny ýokarsy deşilen karton gutularda saklady. Takmynan ýedi sm. ýetýän çalymtyl kül reňkli gurçuklar Mihaýyň golaýdaky gonamçylykdan ýygyp gelen tudundan iýmitlendiler. Iýip doýanlaryndan soň gurçuklar öz sapagyndan pile sarap başladylar. Sabina ýüz piläniň ýüpegini sapak edip, ony artele tabşyrdy.

Ol eden bar işi üçin ol bary-ýogy iki güne ýetjek azyk almaga ýetjek möçberde pul aldy.

# 47

Piläni tabşyranyndan soň Sabina başga iş — tikin we örülen harytlar bilen meşgullanyp başlady. Mihaýyň saz gurallaryny düzmek bilen gazanýan puly maşgala býujetiniň üstüni ýetirdi, şeýlelikde, Wurmbrandlar jaýdan çykarylmanyň möhletini uzaldyp bildiler.

Şol ýyl Buhareste Halkara ýaşlar festiwalyna komsomol ýaşlar gelip başladylar. Festiwalyň başlanmagyna üç aý galanda, dükanyň tekjelerinden azyk önümleri ýitdi. Köçelerde aç adamlaryň tükeniksiz nobatlary uzalyp gitdi. Diňe köp gözleglerden we nobatlara durmalardan soň Sabina birje bölek mesge bilen azajyk un tapmak başartdy.

Festiwal başlananda bolsa, dükanlaryň tekjeleri birden harytlaryň giň assortimentinden doldy. Üç günüň içinde delikatesler, ekzotiki etler we gök önümler her bir stolda peýda boldy.

"Men azyk dükanynda gutudaky hurmalary we altyn kagyzlara dolanan süýjüleri gördüm!" — diýip, Mihaý begenip aýtdy.

Sabina Mihaýa iň gowy iýmiti satyn almaga çalyşýardy, sebäbi bolçulygyň uzak dowam etmejekdigini bilmeýärdi. Festiwal gutaranyndan soňky gytçylyk, öňküsinden-de beter boldy. Buharetsiň ýolbaşçylary daşary ýurtly myhmanlary rumynlar her gün şeýle bolçulykda iýmitlenýärler diýip pikir etmäge mejbur etjek bolup, ätiýaçlyklaryň hemmesini ýok etdiler. Hiç zat hakykatdan uzakda däldi...

Asylly maşgalalar çagalaryny açlykdan öldürmejek bolup, iýmit ogurlama derejesine çenli baryp ýetdiler. Fabrika işgärleriniň

aýlyklaryny aýlap saklaýardylar. Buharest adaty ýagdaýyna gaýdyp geldi — ol ýene ýalandan we adam satýanlardan doly şähere öwrüldi.

Gitdigiçe köp ruhy çopanlary tussag edýändikleri sebäpli, ýygnagy abatlamakdaky köp işler olaryň aýallarynyň eginlerine düşýärdi. Sabina ýaly onlarça aýallar, öz ärleriniň işini dowam etmek üçin, edil wagyz edýän wagtlarynda wagyz etmegi özbaşdak öwrenýän gullukçylar boldular. Ýurduň ähli künjeklerinden maslahat hem kömek soramak üçin, Buhareste aýallar geldiler. Geýimleriniň aşagynda olar mesihi edebiýatyny äkidýärdiler. Soň olary del gözlerden gizläp, onuň mazmunyny ýatda saklaýardylar-da, wagyz eden wagtlarynda ony gürrüň berýärdiler.

Kommunizmiň ýykylmagy üçin her bir mesihi esger hasapdady — aýal ýa erkek tapawudy ýokdy. Hakykat fakelini götermäge erkek ýetmezçilik edende olaryň ýerini aýallar eýeledi, şeýdip, Injiliň nury ýagty saçmagyny dowam etdi.

Mesihileriň öz signaly bardy. Gije äpişgäniň öňünde şem ýanyp durýardy. Mesihiler basgançakdan ýokary galanlarynda, çalaja eşdilýän ses çykarýardylar. Olar kiçijik otagjyga girýärdiler. Gizlin ýygnak sežde etmek, aýdym aýtmak we wagyz diňlemek üçin ýerzeminlerde we dymyk üçeklerde ýygnanyşýardy. Ol ýerde, hatda çyranyň ýanmagy üçinem ýeterlik howa bolmaýardy. Çyra Hudaýyň çagalarynyň ýarym garaňkyda sežde edýän otagyna çalaja yşyk berýärdi. Ýekeje ýerem, hatda iň garaňky we iň ýürekbulandyryjy ýerem, juda oňaýsyz bolmaýardy. Dünýäniň Nury Isa iň garaňky üçekleri-de, ýerzeminleri-de ýagtyldyp bilýär.

*****

Ýygnaga azar berilmegi konfessional ara serhetleri we tapawutlary gitdigiçe köp aýryp başlady. Gynama howpy astynda adamyň haýsy — katolik, prawoslaw, lýuteran ýa-da metodik ýygnaga (ybadathana) degişlidiginiň tapawudy bolmady.

Hudaýyň adamlaryna, birwagtlar özlerini aýra salan diwarlara garanda, has berk köpri gurmak başartdy. Kommunizm döwründe mesihilik Rumyniýa, edil Mesihiň ölüminden soňky birinji birnäçe asyrlardakysy ýaly boldy.

Sabina ruhy çopan Greku bilen duşuşanyndan soň, onuň ýygnagyň kommunistik häkimiýeti şertlerinde ösüşi taktikasyna düşünişi üýtgedi. Greku döwlet tarapyndan rugsat berlen we gözegçilik edilýän ybadathananyň gullukçysydy. Oňa ýygnanyşyklary geçirmäge lisenziýa beripdiler, sebäbi ol alkogoly aşa köp içýändigi bilen bellidi.

Alkogol içýän ruhanylar kommunistleriň nazarynda mesihiligiň zaýalygynyň ajaýyp mysaly bolýardy. Olaryň keşpleri şekillendirilen plakatlary hemmeleriň gözleriniň öňünde goýýardylar, okuw jaýlarynda bolsa, şonuň ýaly suratlary kitaplarda görkezýärdiler. Ýöne Grekunyň alkogoly kommunistleriň gözlerine tüsse goýbermek üçin ulanýandygy häkimiýete belli däldi. Onuň kemçiligi gowy işdi. Bu bolsa oňa şübhe döretmezlige we hakyky, gizlin gullugyny dowam etmäge kömek edýärdi.

Ruhy çopan Greku Sabinanyň esasy ruhlandyryjysy hem goldawy boldy. Ol döwlet tarapyndan goýlan çäklerden uzaklara gidýän gullugy alyp barýardy. Greku Riçardyň aýalyna kommunistleriň ulanýan taktikasyny, ýagny bäsdeşlik edýän guramalaryň içine aralaşma taktikasyny, nädip edip görmelidigini öwretdi. Şu wagta çenli kommunistler ýygnaklara, seminariýalara, ruhanylaryň hatarlaryna girdiler, indi ýygnagyň wagty geldi.

— Mattanyň Hoş Habary 21:13-de Mesih ybadathanany "garakçylaryň mekany" diýip atlandyrdy — diýip, Greku düşündirdi. — Ýöne Ol ölenden we ölümden direleninden soň, resullar ol ýerde bilgeşleýin gulluk alyp barmagy dowam etdirdiler. Standart bolmadyk ýagdaýlar adaty bolmadyk hereketleri talap edýär.

Şeýle-de bolsa, Sabina ikirjiňlendi we hiç belli karara gelip bilmedi.

# 47-NJI BAP

— Biziň doganlarymyzyň köpüsi ahlak saýlawyň arasynda galýar. Olar kommunistik partiýanyň agzasy bolmak bilen, mesihiniň etmeli däl zatlaryny etmäge mejbur bolýarlar. Imanly adamlar hökman özlerini bildirip, bir aýyň döwamynda aýan bolarlar.

Ruhy çopan ylalaşýan äheňde başyny atdy.

— Olaryň käbirleri gowuja aktýor bolup çykarlar. Ýaşlara şeýle etmek has aňsat bolar. Olar üçin komsomola girmek mesele bolmaýar. Soň olar milisiýa işe girerler. Ol ýerden hem, howpsuzlyk müdirligine we partiýa girerler — diýip, ruhy çopan Greku Sabina düşündirdi.

Sabina ruhy çopanyň sözlerinde akyldarlyk gördi-de, öz pikirlerini ýygnagyň has ynamdar agzalary bilen paýlaşdy. Kellesinde bolup biläýjek her bir meýletini saýlanda, olary iki topara böldi. Olaryň köpüsi munuň ýaly ýalan roly oýnamaga razy bolmaz. Aldaw juda uly, ýumuş bolsa — juda agyr.

Sabina ynanyp bolar ýaly we sistema aralaşmaga het edip biläýjek birnäçe adamy saýlamak başartdy. Olaryň missiýasy özlerini azatlykdan, hatda, janyndan hem jyda salyp bilýärdi. Eger olar bu pikiri kabul etseler, onda duşmanyň territoriýasynyň çuň ýerinde bolýardylar, ýöne gizlin ýygnak olary gorap bilmeýärdi. Bu ýerde dönüklige ýol bermek bolmaýardy, sebäbi köp adamlaryň janlary orta goýlandy. Sabinanyň gizlin meýilnamasy hakda ýygnagyň ýüz agzasyndan diňe ýekejesi bilýärdi.

Bir gün agşam Sabinanyň öýünde gürleşip otyrka, Greku şübhelenip, ene-atanyň öz çagasynyň beýle howply wezipäni öz üstüne almagyna garşy bolmajakmydygyny aýtdy. Sabina oňa şeýle jogap berdi: “Biz mekdepde okaýarkak, Beýik Stefan hakda gürrüň berdiler. Ol söweş meýdanynda ýaralananyndan soň, oňa öz galasynyň derwezesine çenli baryp ýetmek başardýar. Ol gapyny kakanda ejesi ondan: “Sen kim?” — diýip soranda ol: „Bu siziň ogluňyz, Stefan!” — diýip, korol jogap berýär. “Sen meniň oglum bolup bilmersiň. Meniň oglum hiç haçan öz goşunyny söweş

meýdanynda taşlap gaçyp gaýtmaz. Men seni tanamak islämok" — diýip ejesi jogap berýär.

Sabina Hudaýyň Patyşalygyna gulluk etmek üçin, hatda öz çagalaryny-da pida etmäge taýýar bolan ene-atalaryň bardygyny bilýärdi.

—Olaryň nämelerden geçmeli boljakdyklaryny men bilýärin. Eger kommunistler maňa Riçardyň türmede ölenini aýtsalar, men diňe gynanyp goýmazdym-da, begenerdimem. Eger ene öz ýurdy üçin ölen ogluna guwanýan bolsa, onda ol Isa Mesih ugrunda görgi gören adam bolan ogluna has köp guwanmazmy?! — diýip, Sabina jogap berdi.

Bu batyrgaý sözler Grekuny ruhlandyrdy.

— Ölmek, her neneň bolanda-da, çalt proses, ýöne ejir çekmäniň başga görnüşlerem bar — diýip, ol aýtdy.

— Hawa, olar gaty kän — diýip, gürrüňe Janetta goşuldy. — Öz içki bitewiligiňi we mesihilik abraýyňy pida etmek, azatlygyňy, belki-de, janyňy pida edenden has agyrdyr.

Ruhy çopan Greku gitmekçi bolup ýerinden turdy, ýöne bu edermen aýallara ýene bir gezek seretdi:

— Imany üçin adama ýokary bahany tölemeli bolmajak dünýäde ýaşamak birgeňsi bolýan bolsa gerek!

# 48

Bir gün Sabinanyň ýanyna Mariettanyň on sekiz ýaşly jorasy Trudi görmäge geldi. Ol ýuwaşja, akylly hem buýra gara saçly we töweregindäkileriň hemmesiniň ünsüni çekýän uçganaklap duran gözli gyzdy.

— Türmede — diýip, Sabina oňa gürrüň berdi, — garawul bizi urup başlamazyndan öň: "Siz görgi gören bolmak isleýärdiňiz, şonuň üçin indi görgi görüň!" — diýýärdiler. Bizem görgi gördük. Ýöne hatda iň erbet wagtlarda-da ýüreklerimiz şatlykdan doludy, sebäbi, ilkinji mesihiler ýaly, Isa üçin görgi görýändigimizi bilýärdik.

Trudi ünsli diňledi.

— Şeýle-de bolsa, indi ondan-da köpräk zat etmäge biziň güýjümiz ýetýär. Senem, Trudi, bu meselede bize kömek edip bilersiň.

Trudi Hudaý üçin janyna töwekgelçilik etmekden gorkmaýardy. Onuň uzyn boýy we berk saglygy bardy. Gyzyň özüni alyp barşy, onuň aňsatlyk bilen boýun boljak adam däldigine Sabinany ynandyrdy. Uly maşgaladaky uly gyz bolany üçin ol köp ýyllaryň dowamynda ýygy-ýygydan syrkawlan jigilerine seredýärdi, ol özüniň batyrlygy hem duýgudaşlygy bilen meşhurdy.

Sabina Trudä gizlin ýygnaga komsomola girer ýaly gyzlaryň gerekdigini düşündirdi.

— Gaty gowy mümkinçilik peýda boldy. Ondan peýdalanmak zerur gerek — diýip, ol aýtdy.

Tolgunmadan ýaňa gyzyň gözleri uçganaklady.

— Howpsuzlyk müdirliginde gulluk edýän Şirkanu öz seržantyndan öý işlerine kömek eder ýaly gyz tapmagy haýyş etdi.

Olaryň şäheriň iň gowy bölekleriniň birinde ullakan öýi bardy. Onuň aýaly diýseň hondanbärsi we akmajyk, şeýle-de bolsa, gowuja. Eger zähmet iş üpjünçiliginiň üsti bilen sen şol ýere ýerleşseň, onda biziň üçin peýdaly maglumat getirip bilerdiň.

Trudi hiç hili jogap bermedi. Ol uly gyzyklanma bilen diňledi.

— Olar hiç zat aňmazlar — diýip, Sabina soňunda aýtdy. — Seržant aýalyndan joralaryndan sorap görmegi haýyş edipdir. Aýaly hem bize aýtdy. Onuň mesihidigini hiç kim bilmeýär.

— Ýöne men näme etmeli bolýaryn?

— Başda hiç zat. Ýerleşersiň, öwrenişersiň. Öýdäkileriň hemmesi bilen tanşarsyň. Men adamlaryň öz kynçylyklary hakda gürrüň bermegi gowy görýändiklerini gördüm. Düýn hanym Tomaziunyň bize özüniň warikoz giňelmesini görkezeni ýadyňdamy?

Gyz Sabinanyň sözleri hakda bir minutjyk pikirlenip oturdy-da, öňünde goýlan wezipäni batyrgaýlyk bilen öz üstüne aldy.

*****

Polkownik Şirkanunyň öýüne işe ýerleşmek Trudä başartdy. Gyzyň öý işçisi bolup işe başlanyna aýlar geçdi, Sabina hem onuň howpsuzlygyny alada edip başlady. Tiz wagtdan Trudi mugallym hanym Landaueriň üsti bilen Sabina gyssagly habar iberdi.

Trudi Şirkanunyň telefonda gürleşende maglumatçy ruhy çopanyň adyny aýtdy we onuň duşuşmak üçin ýygy-ýygydan gelýändigini aýtdy.

"*Bizi şol sataýdymyka?!*" — diýip, Sabina özüne sorag berdi.

Köp wagt geçmänkä şol ruhy çopan Sabinanyň ýanyna gelip, özüniň dowamly türme tussaglygyna gitme howpunyň astyndadygyny, saglygynyň erbetleşýändigini, munuň hem özüni Şirkanu bilen işleşmäge mejbur edendigini gürrüň berdi. Gaty erbet utanan ol ruhy çopan Buharestden gitdi we gaýdyp ol ýere dolanyp gelmedi.

## 48-NJI BAP

Ondan soň Trudi, maglumatçy bolmagy mümkin bolan talyp gyzyň adyny habar berdi. Sabina ol gyzdan bu hakda soranda, gyz ilki hemme zada garşy çykdy. Sabina onuň egnine elini goýup:

— Haýyş edýärin, dogryňy aýt. Olaryň nähili basyş edýändiklerini biz gowy bilýäris. Köp adamlar özlerini maglumat bermäge mejbur edýändiklerini öz islegleri bilen aýdýarlar. Sen bize, öz dostlaryňa, bolan zatlaryň hemmesi hakda gürrüň berip bilersiň — diýdi.

Talyp gyz saklanyp bilmän. Sabinanyň ýanynda dyza çökdi.

— Men köçede gidip barýarkam, — diýip, gyz düşündirdi, — deňimde bir maşyn gelip saklandy-da, ondan iki adam düşüp: "Biz milisiýadan. Maşyna mün" — diýdiler. Olar meni hiç ýere alyp gitmediler-de, birnäçe sagatlap şäheriň içinde ýöne bir aýladylar. Olar maňa her hepdede siziň öýüňizde we ýygnagyňyzda näme hakda gürleşýändiklerini, ol ýerde näme bolýandygyny habar bermelidigimi aýtdylar. Eger men etmesem, onda maşgalamda düzedip bolmajak zatlaryň boljakdygyny aýtdylar.

Ol gizlin ýygnaga zyýan ýetirer ýaly hiç zady aýtmandygyna kasam içdi, ýöne Sabina muňa diňe umyt edip bilýärdi...

Trudi gaýta-gaýta iň gymmat maglumatlary berip durdy. Şeýle-de bolsa, onuň iň güýçli zehini polkownigiň öýüni onuň yzarlamaga çalyşýan adamlarynyň gizlin gaçybatalgasyna öwürme ukyby boldy.

Kommunistik basgançakda Şirkanunyň ýokary galany sebäpli, indi maşgalasynyň ullakan artykmaçlyklardan peýdalanýandygyny Trudi Sabina habar berdi. Ol aýalyny hem çagalaryny daga we deňze dynç almaga alyp gitdi. Öýde bolsa, garawul hökmünde Trudini galdyrdy, ol Trudä ynanýardy. Hanym Şirkanu Trudini "meniň kiçijik hazynam" diýip atlandyrýardy.

"Duşuşygy bu ýerde, Şirkanunyň öýünde geçirsek nädýär? — diýip, bir gün Trudi Sabina hat ýazdy. — Olar uzakda, birnäçe günläp gelmeýärler, öý bolsa uly, birnäçe çykalgasam bar, hiç kim hiç zat bilmez".

Trudiniň teklibi Sabinany haýran galdyrdy. Dogrudanam, mesihiler özleriniň gizlin duşuşygyny özlerine garşy göreşilmegine

ýolbaşçylyk edýän adamyň öýünde geçirer diýip, kimiň kellesine geler?

Bellenilen agşam tolgunýany görnüp duran Sabina bilen gizlin ýygnagyň ýene birnäçe ýolbaşçysy, belli bir wagt aralygy ara salyp, biri-biriniň yzyndan geldiler. Ýylgyryp duran Trudi myhmanlary, edil öz öýünde ýaly garşy aldy. Gizlin ýygnagyň ýolbaşçylary munuň ýaly üýtgeşik kaşaňlyga öwrenişmändi, şonuň üçin öý, olaryň adatça duşuşýan ýeri bolan çygly ýerzeminlerden arzyly tapawutlanma boldy.

Her gezek Şirkanu dynç alşa gidende, Trudi ýygnagyň duşmanynyň öýünde, Buharestde iň köp adamly bolan ýygnanyşygy geçirýärdi.

# 49

Sabina özüne Riçardyň 1938-nji ýylda, özüniň Rebbe iman eden ýylynda, sowgat beren Mukaddes Kitabyny gymmat saýýardy. Bu Mukaddes Kitabyň her bir ikinji sahypasy, bellikler etmek üçin, arassa galdyrylypdy, şonuň üçin Sabina köp ýyllaryň dowamynda ol ýerlere öz pikirlerini, düşündirişlerini we ruhy açyşlaryny ýazypdy. Bu öz bolşuna bir gündelikdi, onuň ruhy durmuşyndaky esasy döwürlere bagyşlanan kitapdy. Bellikleriň köpüsi, Mukaddes Kitap elinden alnan ýagdaýynda, häkimiýet wekilleri okap bilmez ýaly şifrlenendi.

Mesihiler bilen bolan dürli duşuşyklar wagtynda Sabinadan türmede we kanalda geçiren wagty hakda soraýardylar. Başga ýatlamalar olar hakda aýdardan juda agyr bolýardy. Gerek sözleri tapmaga onuň güýji ýetmeýärdi. Ýöne Mihaý kem-kemden duýgulary hakda täzeden pikirlenmäge we olar hakda gürrüň bermäge ejesine kömek etdi. Sabina ogluna özüni uruşlary, Dunaýa oklaýyşlary we agyr daşlary daşamaga mejbur edişleri hem-de ölmän galmak üçin ot hem ýylan iýmeli bolandygy hakda gürrüň berdi.

“Bu zatlaryň hemmesine nädip döz gelip we Mesihden ýüz öwürmän bildiň?” — diýip, bir gezek Mihaý ondan sorady.

Sabina oňa iwritdäki käbir geljekde boljak wakalaryň hazirki zamanda, ýagny adatça hereketiň eýýäm bolup geçenini, gürrüň berlip duran wagtynda gutaranyny aňladýandygyny aýtmak bilen jogap berdi. Işaýa pygamberiň kitabynda Mesihiň geljegi we görgi görjegi, şonuň ýaly edilip öňünden aýdylýar. Pygamberlikler Mesih gelmezinden sekiz ýüz ýyl öňünden edilen bolsa-da, wakalar barada,

geljek zamanda däl-de, edil bolup geçen ýaly gürrüň berilýär. Isa Özüniň ýerdäki gullugy wagtynda görjek agyr görgüleri hakdaky pygamberligi okanda, işligiň wagtyny belläp geçýär. Ol wakalar hakda, edil olar bolup geçen ýaly edip okaýar, ýöne hemme zat entek geljekde bolmalydy.

“Men özümi görgüler wagtynda hut şonuň ýaly duýdum — diýip, Sabina ýatlaýar. — Men Mukaddes Ruhuň müdimi barlygyndan şatlyk duýýardym. Men özümi hiç kimiň ogurlap bilmejek ýeri bolan jenneti mekanda boldum. Meniň başdan geçirmeli bolan görgülerim nirededi? Meniň aklymyň has çuň ýerdäki bölegi olaryň eýýäm geçmişdedigini nygtaýardy. Men görgüleri bireýýäm başdan geçiripdim, Rebbe ýakynlykdan gelýän şatlyk bolsa, şol wagtky hakykatdy”.

Bir gün Sabina geçmişi ýatlap, Mukaddes Kitabynyň sahypalaryny agdaryp, birwagtlar Riçard hakda eden belliklerini gaýgyly okap otyrka, göwnüne Riçardyň edýän dogasyny eşidýän we onuň otagda barlygyny duýýan ýaly boldy. Ol onuň uzyn göwresiniň öz üstüne eglenini göz öňüne getireninde, dodaklarynyň degenini duýan diýen ýaly, goldaw beriji sözlerini eşiden diýen ýaly boldy. Sabina galan ömrüniň dowamynda özüne gymmat bolan, könelip giden, özüne Hudaýyň öwreden zatlarynyň göze görnüp duran konspekti Mukaddes Kitabyny saklady.

Gizlin ýygnakda Mukaddes Kitap seýrek zatdy, şonuň üçin köp mesihiler Sabinanyň Hudaýyň Sözüni okaýşyny diňlemek üçin Wurmbrandlaryň üçegine gelýärdiler. Sabinanyň meşhurlygynyň artýandygy sebäpli, gizlin duşuşyklara we gizlin ýygnagyň ýygnanyşyklaryna barmaklyk onuň üçin gitdigiçe howply bolýardy. Ol yzyny yzarlamazlar ýaly, daş-toweregini seyrek terk edip bilýärdi.

Şeýle-de bolsa, ejesiniň meşhurlygy Mihaýa täsirini ýetirmedi. Ol gizlin ýygnaklara-da, baýramçylyklar görnüşinde geçirilýän açyk duşuşyklaryň köpüsine gatnaşyp bilýärdi. Otuza golaý ýaş oglan öýlerde ýa-da uly otaglarda duşuşardylar. Olar içeri girmezinden öň, öýüň eýesini haýsydyr bir baýramçylyk bilen sesli gutlaýardylar.

# 49-NJY BAP

Olar aýdym goýýardylar, öýde tans sazy ýaňlanýardy, köçeden geçenler hem, ýaşlaryň tans edýänini görýärdiler.

Birazrak wagtdan soň, oglanlaryň biri Injili wagyz edýärdi. Soň tussaglar üçin doga edilýärdi. Ondan soň goňşular üçin ýene birnäçe aýdym goýberilýärdi-de, ýene doga edilýärdi.

Şunuň ýaly ýygnanyşyklar käwagt doglan günlere, ýubileý dabaralaryna gabatlap, hatda tebigatda dynç almalar bahanasy bilen hem geçirilýärdi. Ýanyň bilen magnitofony islendik ýere, hatda soňy doga etme ýygnanyşyklaryna öwrülýän oba gezelençlerine-de alyp gitmek mümkindi. Ýygnanyşylýan ýerleriň hemmesine alyp barýan ýollaryň ähli ýerlerinde garawullar goýulýardy. Eger gözýetimde kimdir biri görünse, olar duýduryjy alamatlary görkezýärdiler.

Her bir ulanyljak zatlary — wagty, ýeri, paroly öňünden jikme-jik meýilleşdirýärdiler. Bu zatlaryň hemmesi ýygnanyşyklary örän dartgynly edýärdi. Ýygnanyşyklara gidýänler özleriniň gaýdyp gelmezlikleriniň mümkindigini bilýärdiler. Edermen ýetginjekler gorksalaram, töwekgelçilik etselerem ol ýerlere barýardylar. Olaryň köpüsi üçin bu özleriniň maşgalalaryny soňky gezek gördügi bolýardy. Her bir senanyň sazy gaty uly göz ýetirijilik bilen ýerine ýetirilýärdi. Iman sözleri türmäni-de, ölümi-de aňladyp bilýärdi, şonuň üçin olar aýratyn täsirli bolýardy.

# 50

Sabinanyň azatlyga çykanyna birnäçe aý geçenden soň, garaňky basgançakdan içeri işler ministrliginden bolan bir wezipeli adam — gaty sesli semiz, saçy göni açylan biri onuň ýaşaýan üçegine galdy. Ol elinde ýarylaýjak ýaly edilip kagyzdan doldurylan portfeli saklap durdy.

— Sen ejemi? — diýip, ol öz soragyna jogap talap etdi.

— Hawa — diýip, Sabina jogap berdi.

— Eger öz çagaňyň aladasyny etmeýän bolsaň, onda sen nähili eje bolýarmyşyň? Eýsem, sen çagaňyň bilim almagyny, işe girmegini we gowy gazanç etmegini islemeýärsiňmi?

Elbetde, Sabina bu zatlary diýseň isleýärdi.

— Beýle bolsa, sen familiýaňy üýtgetseň bolmaýarmy?! Sen nädip özüňi eje diýip atlandyryp bilýärsiň?

Ol adam birnäçe minudyň dowamynda gürledi. Bu wagtyň dowamynda Sabina sesini çykarman, oňa seredip oturdy. Ol näçe gürlemän otursa, şonça-da, gelen adam basym gürläp bolar-da, näme üçin gelenini aýdar...

— Kontrrewolýusioner äriňe daňylgy oturmagyň näme peýdasy bar, sen barybir ony indi hiç haçan görmeýärsiň! — diýip, ol adam dynman gürledi.

Sabina onuň sözüni bölme islegine güýjünde baryny edip garşy durmak bilen, ol adama öz pikirini aýdyp gutarmaga mümkinçilik berdi. Ol adam Sabina ýaly akylly ýaş aýal üçin halkyň duşmanyndan aýrylyşmagyň sagdyn pikir boljakdygyny aýtdy. Eger Sabina häzir

şeýle etmese, onda geljekde etmäge barybir gürrüňsiz mejbur boljakdygyny ol aýtdy.

— Sen nähili pikir edýärsiň, öz körlügiň, akmak kejirligiň bilen döwlete näçe wagtlap garşy durup bilersiň? — diýip, ol gygyrmaga başlady. — Saňa başga är we çagaň üçin başga kaka gerek!

Sabina: “Maňa öz öýümde sen beýle diýmäge nädip het edip bilýärsiň?!” — diýip gygyrmak isledi. Emma edil şu ýagdaýda dymmaklygyň özüniň iň gowy goranmasy boljagyna ol düşündi.

— Men adamyma diňe bagtly günlerde bile ýaşamak üçin durmuşa çykmadym. Biz ömürlik birikdirildik, şonuň üçin nähili ýagdaý bolanda-da, men ondan aýrylyşmaýaryn! — diýip, Sabina asuda jogap berdi.

Gelen wezipeli adam ýene ýarym sagat dawalaşdy we düşündirjek boldy, bu wagtda Sabina hiç hili jogap bermedi. Ahyrsoňy ol özüniň ullakan togalak kellesini nägilelik bilen ýaýkap yza çekildi-de gitdi, soň onuň basgançakdan aşak gidýän aýak sesleri eşdildi.

— Irde-giçde sen biziň ýanymyza gelersiň — diýip, ol sözüniň soňunda haýbat atdy. — Hemmelerem gelýärler, şony bilip goý!

Bu adam mamlady, basyşlar astynda ärlerinden köp aýallaryň aýrylyşandyklaryny Sabina bilýärdi. Tussaglaryň aýallaryny aýrylyşmaga arza bermäge mejbur etmek üçin kommunistler ellerinden gelenini edýärdiler. Bu tussagyň ruhuny syndyrmak, oňa garşy durmagy bes etmäge mejbur etdirmek ýa-da, has gowusy, ýaşamagy bes etmegi üçin edilýärdi. Aýrylyşma baradaky habar adamyň ruhuny syndyrýar ahyry. Tussaglardan aýallarynyň ýüz öwrendigi baradaky habarlar köp sanly boýun almalaryň we dönükçilik etmeleriň sebäbi boldy.

Aýrylyşma, şeýle hem, aýallary kommunistik durmuş ýörelgesine goşmaga kömek edýärdi. Aýrylyşan aýallary hakykat ýolundan çykarmak aňsat bolýardy. Köp aýallar ärlerini, käbirleri hatda çagalaryny-da taşladylar.

Aýrylyşma almak üçin aýalyň diňe *razylygyny* almak ýeterlikdi. Galan zatlaryň hemmesi ýolbaşçylaryň işidi. Olar nikany bozma

prosesi we indi eýýäm doly bolmadyk maşgala material kömek bellemek bilen meşgullanýardylar. Birnäçe günden soň bolsa, onuň türmedäki ärine: “Aýalyň seni taşlady!” — diýip habar berýärdiler.

“*Indi men kime gerek?* — diýip, tussag pikir edýärdi. — *Men nähili akmak, hemme zada tüýkürip, azatlyga çykmak , özümden islenilýän zada gol çekmändirin!*”

Ýöne şol aýalyň äri meýletin boýun alma gol çeken bolsa-da, ony ýene birnäçe ýyllap azatlyga çykarmandyrlar. Bu wagtyň dowamynda bolsa, onuň aýalynyň başga ärden ýene çagasy bolýarda, olar kommunizm ruhunda terbiýelenýärdi. Sabina şeýle ýol bilen köp mesihi maşgalalaryň weýran edilendigini bilýärdi.

Türmede Sabina aýallaryň: “Bolgusyz zatlar üçin adamym bilen urşup, nähili akmak bolupdyryn. Eger haçan hem bolsa bir wagt bu ýerden çykaýsam, onda dünýädäki iň söýýän we wepaly aýal bolaryn!” — diýenlerini az eşitmändi.

Ýöne azatlyga çykanlaryndan soň, aýallar düýbünden başgaça hereket edýärdiler. “*Eger aýrylyşsam gowy boljagyny aýdýan bolsalar, onda näme üçin aýrylyşmaly dälmişim? Adamymyň galan ömrüni türmede geçirmegi mümkin. Men azyk kartsyz çagalarymy nädip ekläýin, nädip işe ýerleşeýin?!*”

Şeýdip, olar özlerini häkimiýet bilen ylalaşmaga yrýardylar. Ýöne Sabina bir gezek “hawa” diýipdi, şonuň üçin bu sözi hiç haçan başga erkege aýtmaýar!

*****

Sabina kyrk üç ýaşyndady. Ol ýetginjek ogly bilen ýeke galdy. Onuň ogluna durmuşyndaky iň kyn etapy, kakasyna aýratyn mätäç bolan döwrüni, ýeňip geçmäge kömek etmek gerekdi. Sabinanyň saglygy esli gowulaşdy, onuň birwagtlarky aýnadan görýän gözelligi kem-kemden gaýdyp geldi. Riçarddan ýekeje söz, habar hem ýokdy. “Ol dirimi ýa-da öli!” Ýyllar gorkuzyjy tizlik bilen geçýärdi, şonuň üçin Sabina özüni synagyň öňünde ejiz duýýardy.

## 50-NJI BAP

Onuň ejizligi takmynan kyrk ýaşlaryndaky Pawel atly sallah, atletleriň syraty ýaly syratly bolan gelşikli adam bilen baglanyşyklydy. Ol bir otagda özüniň garry ene-atasy bilen ýaşaýardy. Pawel gowy hem ýumşak adamdy, ol Sabinany gülmäge nädip mejbur etmelidigini bilýärdi, ýagny edil Riçard ýalydy. Mihaý Paweli gaty gowy görýärdi. Käwagt ol Mihaýy kino alyp gidýärdi we öý işlerine kömek edýärdi.

"*Ine, aýalyň söýgüde hem ynam içinde ýaşap biläýjek erkegi*" — diýip, Sabina pikir etdi. Ol bu pikir bilen göreşmäge çalyşýardy, ýöne Pawel onuň elinden tutup, gözlerine seredeninde, ol elini çekip alyp bilmeýärdi. Onda isleg döräp, birden jynsy gatnaşyga bolan öňki meýil peýda bolýardy.

Bagtyna ruhy çopan Greku Sabina näme bolýanyny duýýar-da, bu hakda onuň bilen gürleşýär.

— Seni nähili gowy görýänimi we gymmat hasaplaýanymy sen bilýärsiň. Şonuň üçin nähili ýagdaý bolanda-da, meniň saňa bolan garaýşym üýtgemeýär — diýip, ol aýtdy.

Ruhy çopan özüne mahsus bolmadyk emosiýa bilen gürledi:

— Men Riçard ikiňizi eýýäm köp ýyllardan bäri tanaýaryn. Sen günä edeniňe ýa-da synagy ýeňip geçeniňe garamazdan, imanyňy ýitireniňe ýa-da ony saklanyňa garamazdan, barybir seniň aladaňy etjegimi bilýänsiň diýip umyt edýärin, sebäbi men seniň näme edeniňi däl-de, kimdigiňi bilýärin. — Sabina Grekunyň näme diýjek bolýanyny bilýärdi. — Şol sebäpden hem, soraýanym üçin meni bagyşla: Pawel ikiňiziň araňyzda nämeler bolýar?

Sabina dymdy, ol bolsa, dowam etdirdi:

— Meniň durmuşymda munuň ýaly synaglar bolan däldir diýip pikir etme. Haýyş edýärin, meniň soragyma jogap ber.

— Ol maňa aşyk bolupdyr.

— Senem oňa aşyk bolduňmy?

— Men bilemok. Belki.

Sabina utançdan ýaňa özüniň şeýle gyzarýanyny duýdy.

Ruhy çopan dymyp oturanyndan soň şeýle diýdi:

— Riçard adatça şeýle diýýärdi: “Hiç hili güýçli isleg aklyň päsgelçiligini ýeňip geçmäge ukyply däldir”. Öz äriňe we Mihaýa nähili zyýan ýetirjegiň hakda pikir etmäge özüňe wagt ber.

Adamsynyň bu sözleri Sabinanyň ýadyna gowy düşýärdi.

— Men gazaply karara — ähli kararlaryň iň kynyna gelmegiňi senden haýyş edýärin: indi şol adam bilen görüşme.

Ruhy çopanyň mamladygyny Sabina bilýärdi. Ol birnäçe hepdäniň dowamynda Pawel bilen duşuşmakdan gaça durup ýöredi, ahyrsoňy onuň özi-de, Sabina bilen duşuşmaga çalyşmagy bes etdi. Ruhy çopan Grekunyň Pawel bilen hem gürleşip, Riçardyň türmede ejir çekýänini oňa ýatladanyny Sabina soňrak bildi. Sabina öz otagynda toba edip doga etmek üçin dyza çökdi.

Riçard on dört ýyllap tussaglykda bolanda, başga-da synaga düşmeler boldy. Olara döz gelmek bilen Sabina Riçardyň şol wagtda duçar edilen synaglaryny onuň bilen bilelikde has gowy çekip bildi. Özüniň ahlaksyz geçmişi öňki durmuş ýörelgesine dolanmaga isleg döredeninde, Sabina özüne aşyk bolan erkeklere boýun bolmaga ýakyn bolupdy.

Ýöne ol Riçarda “hawa” diýipdi, şol sebäpden hem, özlerini ölüm aýra salýança, öz sözüne wepaly bolar. Beýleki erkekleriň hemmesine “ýok” diýmek üçin ol Hudaýyň kömegine bil baglar...

# 51

1955-nji ýylyň iýun aýynda özüni başga türmä geçirýändikleri Riçarda belli boldy. Dördünji belgili kamera onuň janyny alyp bilmedi, onuň krowady bolsa, inçekeselden ölüp barýan tussaglara gerekdi. “Biz hiç zat edip bilmeýäris. Özüňizi goraň. Eger eliňize ýene streptomisin düşäýse, ony hiç kime beräýmäň!” — diýip lukman Aldea oňa aýtdy.

Riçard professor Popp bilen gözlerine ýaş aýlap hoşlaşdy. “Biz ýene duşuşarys. Men anyk bilýärin” — diýip, ol söz berdi.

Garawul Riçardyň adyny gygyryp aýdanda, ony daşary alyp çykdylar, ol ýerde oňa tussaglaryň bir topary — ýamaly köýnekli we saçlary syrylan birgeňsi topar garaşyp durdy. Çalajan adamlar çalt hereket edip bilmeýärdiler we göni nyzama düzülme buýrugyny ýerine ýetirmäge güýçlerinde baryny edip ýerine ýetirmäge çalyşýardylar. Soň demirçi ussa uzyn zynjyry olaryň aýaklaryna birikdirip dakyp başlady.

Demir ussasynyň arkasynda türme administrasiýasynyň bir ofiseri durdy. Riçardyň gezegi gelende, ol it ýylgyrşyny edip:

— O, Wasile Georgesku! Seni demir bilen gandallaýandyklary barada, elbetde, aýdara zat bardyr? — diýdi.

— Hawa, leýtenant, men size aýdym bilen jogap berip biljek — diýip, Riçard jogap berdi.

Ofiser ellerini arkasyna tutup ýylgyrdy.

— Haýyş edýärin, haýyş edýärin! Biziň hemmämiziň aýdym diňlemek isleýändigimize men ynanýaryn.

Riçard gaty ses bilen: “Döwlen zynjyrlary taşlalyň...” diýip, Rumyniýanyň senasynyň ilkinji setirlerini aýtdy. Riçardyň batyrlygyna haýran galan beýleki tussaglar, leýtenantyň hereketini synlap, oňa ünsli seretdiler.

Demir ussasy zynjyrlary kakyp çykmagyny gutaranyndan soň, Riçard ofisere:

— Siz kommunistler döwlen zynjyrlaryň yzda galanyny aýdýarsyňyz, ýöne bu režim olary beýleki islendik režimden-de köp adamy gandallady. Entek Rumyniýanyň taryhynda beýle köp adam zynjyrlanmady.

Ofiser jogap berip ýetişmänkä, ulag gelip ýetişdi. Riçardy we beýleki tussaglary otla mündürdiler. Bu ýerde olar otly ýerinden gozganýança birnäçe sagatlap oturdylar.

Sowuk ýaz ýeli äpişgelerdäki deşiklerden geçip, wagonyň içine geçdi. 320 kilometrlik ýoluň bütin dowamynda Riçard tokaýlary we daglary söýgi bilen synlady. Tussaglaryň arasynda her hili myş-myşlar ýaýrady. “Bizi nirä alyp barýarlar?” — diýip, tussaglar özlerine sorag berdiler.

Äpişgäniň aňyrsynda gaýgyly meşhurlygy bolan Kraýow türmesiniň diwarlary görnende, hemme zat derrew düşnükli boldy. Otly saklandy-da, wagonlaryň gapylary giňden açyldy, soň tussaglary howla kowup saldylar. Garawul olaryň gandallaryny döwüp aýyrdy-da, kiçiräk toparlara bölüp başlady. Diwaryň aňyrsyndaky kameralardan: “Bärde ýer ýok! Biziň özümizem demigip otyrys!” — diýen sesler eşdildi.

Riçardy öçügsi çyrasy bolan bir kamera itip goýberdiler. Ol ýapyşdy-da, ýerde ýatan ýarymýalaňaç bir tussagyň üstüne ýykyldy. Gapy ýapylyp, Riçardyň gözleri garaňka öwrenişip başlanda, ol onlarça porsap duran skeletleri gördi. Olaryň käbirleri hatar edilip goýlan iki gatly krowatlarda ýatyrdy. Beýlekileri diwara ýaplanyp, polda otyrdylar. Hemmeleriň demleri tutulýardy. Porsudan ýaňa Riçard tasdanam huşunden gidipdi. Ol diňe özüniň ruhy çopandygyny aýtmaga ýetişdi.

# 51-NJI BAP

Riçard bu eýmenç kamerada gynaýjy iki aýyň dowamynda oturdy. Oňa golaýda, tokaýyň içinde ýerleşýän hapa dökülýän çukura diňe täretli bedräni dökmek üçin çykmaga rugsat berýärdiler. Ol musulman gullukçysy, 1945-nji ýyldaky kultlaryň Kongresinde eden çykyşyny diňlän Nassim bilen krowadyny paýlaşýardy. “Seniň sesiňi garaňkyda eşidenim gowy boldy, ýüzüňden seni tanamazdymam” — diýip, Nassim aýtdy.

Nassim bilen Riçard hakyky dostlar boldular. Olar dini hem syýasy gürrüňleri edip, dymyk gijelerini bile geçirýärdiler. Riçard özüniň horlanyp süňki çykan täze dostuny, kelemiň ýürekbulandyryjy çüýrük ysynyň bardygyna garamazdan, özlerine berilýän her bir çemçe çorbany iýmäge ýygy-ýygydan yrýardy.

— Sen nädip muny iýip bilýärsiň? — diýip, Nassim haýran galdy.

Riçard ýürekbulandyryjy suwuklykdan bir gezek owurtlap, şeýle diýdi:

— Men Amerikadaky dostlarymyň şu wagt oda tutulyp bişirilen towugy iýýändiklerini ýatlap, birinji gezek çorbany owurtlanymda olar üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirýärin. Soň Angliýadaky duhowkada bişirilen et iýýän dostlarym üçin şatlanýaryn-da, ýene bir gezek owurtlaýaryn. Şeýle etmek bilen men dürli ýurtlarda ýaşaýan dostlarym bilen bile şatlanyp, olaryň kömegi bilen diri galýaryn.

Nassim ýaly tussaglar geldiler we gitdiler, kameradaky bogup barýan porsy ys welin gitmedi. Käwagt iýmit hakdaky gürrüňler uzak gije dowam edýärdi. Täze gelen tussag, harby ýustisiýanyň öňki başlygy general Kalaseku ajaýyp ýatlamalaryny paýlaşdy: şafran sousy üstüne guýlan balyk, trýufeli, täzeje normand ýagy çalnan ýyljajyk gatadylan çörek. Ol burgund we hokk ekzotiki şeraplar, şampanskileriň tükeniksiz derýalary we dünýädäki iň gowy çilimler hakda gürrüň berdi. Her gezek ol şonuň ýaly bolçulygy suratlandyranda, tussaglar gyllyklaryny ýuwudýardylar.

Bir gezek Kalesku Riçarda ýüzlendi. “Siz, ruhy çopan, ördegi ýa-da nähilidir bir *kokteýli* gowy görýärsiňiz, şeýle dälmi?”

Riçard, dogrudanam, duhowkada bişirilen ördegi gowy görýärdi. Şeýle-de bolsa, ony has ýönekeý nahar — towuk eti, ýeralma we ýer tudanasynyň mürepbesi kanagatlandyrjakdy. Kamerada iýmit baradaky gaýgyly ýatlamalaryň akylsyz çekeleşmeleri başlananda, tussaglara çüýrük çorbanyň ýene bir çelegini getirýärdiler. Riçard şondan beter ýürekbulandyryjy iýmiti hiç haçan iýip gömändi.

Ýeke-täk kadadan çykma tussaglary gürpbasdy etdi. Bir gün olara bir gazan soganly çorba, buglanan hakyky etli we terje käşirli ýeralma pýuresini getirdiler. Her bir tussag iki sany bulka we almaly sebetjik aldy. Şol gün olar bagtdan ýaňa göklerde gaýdylar. Şonda türmä gezelenç etmek üçin Beýik Britaniýadan, Fransiýadan we ABŞ-dan aýallar delegasiýasynyň gelendigini Riçard soňrak bildi. Şol delegasiýa ýurduna gaýdyp baranda, Kraýowa türmesindäki tussaglary gowy naharlaýandyklaryny haýran galyp aýdypdyrlar.

*****

Kommunizmiň ýa Günbatary ýok etjegini, ýa-da Günbataryň ony ýok etjegini Riçard bilýärdi. Prezident Eýzenhaueranyň: “Men eşigimiň soňky düwmesini ildirýänçäm, Gündogar Ýewropadaky ýesirler azat bolarlar” diýen sözleri adamlarda umyt döredýärdi.

Riçardy derwaýys sorag bimaza edýärdi: *günbatarly mesihiler “demir tutynyň” aňyrsyndaky türmelerde çüýreýän doganlary üçin doga edýärmikäler*? Riçard doga edýändirler diýip çaklady...

Bir gün Riçard Nassime şeýle diýdi:

— Eger men biziň bile ýüzüp barýan gaýygymyzyň düýbüni deşip başlap: “Goşulma. Bu gaýykdaky meniň bölegim” — diýsem, sen ylalaşarmyň?

Nassim kellesini ýaýkady.

— Dogry! Sebäbi gaýygyň men tarapky deşigi sebäpli, ahyr netijesinde ikimizem gark bolýarys! — diýip, Riçard netije çykardy.

Bütindünýä ýygnagy babatda-da, işler şeýledir. Resul Pawlus 1 Korintoslylar 12:26-da: “Bir agza horluk çekse, ähli agzalar

bilelikde horluk çeker. Bir agza şöhratlansa, ähli agzalar bilelikde şatlanar” — diýýär. Günbatardaky ruhy çopanlar, missionerler we ýygnaklar Hudaýyň mukaddesleriniň kommunistik “demir tutusynyň” aňyrsyndaky ýagdaýyny yglan edýändirler we olaryň görýän görgülerini şaýatlyk edýändirler diýip umyt etdi. “Men Günbatarda ýaşaýanlar üçin, olarda oňaýlykly öýleriniň, kitaphanalarynyň bardygyna, olaryň zähmet rugsadyna gidip bilýändiklerine, aýdym diňläp bilýändiklerine, aýallaryny we çagalaryny söýüp bilýändiklerine begenýärin. Ýöne Rimlilere hatyň 12-nji babynyň 15-nji aýadyndaky “Aglaýanlar bilen bile aglaň” diýen sözler hem ýadyma düşýär. Men Günbatardaky müňlerçe adamlaryň bizi ýatda saklaýandyklaryna we biziň üçin joşgunly dogalary edýändiklerine ynanýaryn”.

*****

Riçard Kraýowa türmesinden gideninden soňky iki aýyň dowamynda bütin Rumyniýadaky türmeleriň birgideninde bolup çykdy. Demir ýol bilen göçmeler tükeniksiz ýaly bolup görünýärdi. Wagonyň içine tötänden düşýän Gün şöhlesi dowzahy görnüşiň — ýigrimi kilogramlyk zynjyrlaryň, ýaňaklary içine giden we öňe çykyp duran alkymly çalajan, tapdan düşen skeletleriň üstüne düşýärdi. Riçardy wagona täze mündürilen tussagyň sesi özüne getirýärdi, şeýle-de bolsa, ol köp wagtyň dowamynda ýarym akyl ýetirme ýagdaýynda bolup, bir türmäni beýlekisinden tapawutlandyrmaga ukypsyz bolýardy.

Otly Poarta-Alba baryp ýetende, Kalapod atly garakçy Riçardyň arkasyndan urup:

— Ine, ogrulary hem talaňçylary gowy görýän mukaddes ruhany şu! — diýip gygyrdy.

— Jenap Kalapod, Isa Özüniň gaýdyp geljegi hakda gürrüň edende, Özüni ogry bilen deňeşdirmäge garşy bolmady (Matta 24:43-44) — diýip, Riçard jogap berdi.

Kalapod gaşlaryny çytdy.

— Talan adamlaryňyzyň siziň geljegiňizi bilmeýişleri ýaly, Isa-da bir gije janyňyzy almaga geler, siz bolsa, muňa taýýar bolmaýarsyňyz — diýip, Riçard sözüni dowam etdirdi.

Otly Sabinanyň işlemäge mejbur bolan, indi hem taşlanylan zähmet lageriniň deňinden geçdi. Riçard indi onuň howpsuzlykdadygyny, Buharestiň niresindedir bir ýerinde ýaşaýandygyny bilýärdi. Ol indi sekiz ýyldan bäri aýalyny görenokdy. Riçardyň ony ýatlamadyk we pikiriniň onuň ajaýyp keşbini suratlandyrmadyk ýekeje güni-de bolmandy.

Poarta-Albada taşlanylan kazarmalaryň we ýabany ösümlikleriň arasynda ýerleşen ýönekeýje külbelerde elli sany tussagy ýerleşdirdiler. "Sabina muny bir görsedi" — diýip, Riçard pikir etdi. Ýöne onuň ýaly geçip gidýän melanholiki pikirlerini garawullar böldiler, sebäbi olar tussaglary, başga türmä gitmek üçin, yzlaryna otla tarap sürüp başlapdylar.

Soň gorkunç Gerla türmesine bardylar. Ol Transilwanynyň daglarynyň jümmüşiniň arasynda ýerleşýän dowzahy çukurdy. Riçardda inçekeseliň güýjeýändigi sebäpli, ony keselhana hasaplanylýan tarapda ýerleşdirdiler. Marina atly uzyn boýly ejizjek lukman aýal medisina mekdebini ýaňy tamamlapdy. Gerla onuň ilkinji iş ýeridi, şonuň üçin ol gaty gorkunç ýagdaýa — syrkawlaryň köpçülikleýin ölmesine taýýar däl eken. Okuw jaýy Marinany şaýady bolan zalymlygyna taýýarlamandy.

— Size gowuja iýmit bilen arassa howa gerek — diýip, Marina Riçarda seredip durşuna aýtdy.

Riçard ýüzünden gözýaşyň syrygýandygyna garamazdan güldi.

— Eýsem, siz biziň nirededigimizi bilmeýärsiňizmi, lukman Marina?

Marina haýran galyp jogap berdi:

— Leksiýalarda bize şuny öwretdiler.

Birnäçe günden soň Marina ýokary wezipeli ofiserlere duşdy.

# 51-NJI BAP

— Ýoldaşlar, — diýip, ol olara batyrlyk bilen ýüzlendi, — bu adamlar ölüm jezasyna höküm edilen däl. Olaryň howpsuzlykda bolmaklary üçin size aýlyk töleýşi ýaly, olaryň janlarynyň aladasyny etmegim üçin döwlet maňa aýlyk töleýär. Men diňe öz işimi etmäge mümkinçilik berýän şertleriň berilmegini soraýaryn.

— Diýmek, siz tussag edilenleriň tarapynda-da! — diýip, ofiserleriň biri onuň üstüne hüjüm etdi.

— Siziň üçin olaryň jenaýatçy bolmagy mümkin, ýöne meniň üçin olar syrkawlar! — diýip, Marina aljyraman jogap berdi.

Birnäçe ýyllap agyr işde işlän bu ýaş lukman syrkawlap öldi.

*****

1956-njy ýylda Riçardy gorag astynda uly zala alyp geldiler, ol ýerde oňa yzyndan gelen biri garaşýardy. Ol köp ýyllar mundan ozal Tirgul-Oknadaky türmäniň şuňa meňzeş zalynda Mihaý bilen bolan duşuşygy ýada saldy. Ýokary derejede geçirilen Ženewa konferensiýasynda öňe sürlen talaplaryň täsiri astynda Rumyniýa döwleti tussaglara ýakynlary bilen görüşmäge rugsat etmäge mejbur boldy. Ýöne olaryň köpüsinde indi yzyndan duşuşyga geler ýaly maşgalasy ýokdy...

Riçard örän güýçli tolgundy, minut geçdigisaýy onuň tolgunmasy güýçlendi. Birden onuň ýüzi ýagtylyp gitdi-de, uludan ýylgyrdy. Sabina! Dünýädäki ähli dermanlaryň hemmesi-de, aýalynyň barlygy ýaly oňa kömek edip bilmedi. Är-aýaly ine diýmän agaç stoluň başynda başlanjak bolup duran gürrüňdeşligi diňlemäge taýýarlanan ýigrimi sany türme işgäri derrew gurşap aldy.

Türme Sabinany gaty garradypdy. Ýöne onuň Riçardyň ýadynda galan ajaýyp ýylgyrşy has-da gözelleşipdi. Onuň aýaly asuda görünýärdi.

— Öýde hemme zat gowumy? — diýip, Ryçard stoluň gyrasyndan tutup durşuna sorady.

— Hawa, biziň hemme zadymyz gowy. Hudaýa şükür! — diýip, Sabina jogap berdi.

Garawul derrew onuň sözüni bölüp gygyrdy:

— Hudaýyň adyny agzamaga rugsat edilmeýär!

— Meniň ejem entek dirimi? — diýip, Riçard sorady.

Sabina başyny atdy.

— Hudaýa şükür, diri.

Garawul hasda gaty gygyrdy.

— Hudaýyň adyny agzamagyň gadagandygyny men aýtdym-a.

— Seniň saglygyň nähili? — diýip, Sabina duýgudaşlyk bilen sorady.

Riçard özüni gynaýan üsgülewügi gizlemäge çalyşdy.

— Meni türme keselhanasynda saklaýarlar...

Garawul ýene olaryň sözüni böldi:

— Saklanylýan ýeriň hakda aýtmak gadagan!

— Sud barada näme habar? Täzeden garama umyt barmy? — diýip, Riçard gyzyklandy.

— Sud prosesi hakda gürleşmek gadagan! — diýip, garawul ýene gygyrdy.

Tükeniksiz gadagan edilmelerden soň Riçard ahyrsoňy ýuwaşjadan:

— Öýe git, Sabina ezizim. Bizi barybir gürleşmäge goýmaýarlar.

Sabina ýylgyrdy-da, ýerinden turdy, Riçardy bolsa, yzyna kamera alyp gitdiler. Egniniň üstünden soňky gezek aýalyna seredip, ol onuň keşbini mümkin boldugyça uzak wagtlap ýatda saklamaga güýjünde baryny edip çalyşdy.

# 52

1956-njy ýylyň iýun aýynda Riçardy Gerladaky türmeden Wakareştä — birwagtlar tussag edilende saklanylan ýeri bolan Buharestiň golaýyndaky türmä geçirdiler. Indi inçekesel — sowuk der basmasy we ganly üsgülewük — Riçardy gijelerine hemişekilerinden-de beter horlady. Agramyny ýitirmesi we sekiz ýarym ýyllyk azatlykdan mehrum edilmede salnan ýaralar onuň saglygyna zyýan ýetiripdi. Ony ýençdiler, depdiler, kesdiler, ýakdylar we ýadaýança gynadylar, ýöne ol dostlarynam, maşgalasynam, Halasgärinem satmady.

Buharest türmesinde Riçard iki gezek wagyz etmäge ýetişdi. Ol: "Sabyr, sabyr we ýene bir gezek sabyr" — diýip aýtdy.

Garawullar muny bilenlerinde ony derrew soraga çekdiler. "Diýmek, sen olara amerikalylar gelip, özlerini halas edýänçäler sabyrly bolmalydygyny öwredýärsiň-dä! Sen olary kommunizmiň agdaryljakdygyna ynandyrýarsyň-da! Bu kontrrewolýusion ýalandyr!" — diýip, howpsuzlyk gullugynyň ofiseri gygyrdy.

Bir hepde geçenden soň, Riçardyň kamerasyna garawul ylgap geldi-de: "Soraga gitmeli, derrewjik! Gymylda, çaltrajyk bol! Bol, bol! Maşyn garaşýar!" — diýdi.

*Maşyna?* Riçard tanyş koridor bilen türmäniň howlusyna çykdy. Ýöne maşyn ýokdy. Ol ýerde hat gatnadyjy durdy, ol onuň eline bir kagyz berdi. Riçard ony alyp, oňa göz aýlanda, tas huşundan gidipdi. Bu suduň ony azatlyga çykarmak baradaky kararydy.

— Ýöne men sekiz ýarym ýyl oturdym ahyry, men ýigrimi ýyla höküm edilipdim ahyry — diýip, Riçard haýran galdy...

— Sen basymjak territoriýadan gitmeli. Bu suduň karary.

— Ýöne meniň entek ýene on iki ýyla golaý wagtym bar ahyry! — diýip, Riçard hiç zada düşünmedi.

Onuň çekişmeleri garawulyň gaharyny getirdi.

— Dawalaşmagyňy bes et, bar git-dä!

— Ýöne maňa bir serediň-ä! Meni ilkinji ýol polisiýasy tutar — diýip, özüniň ýyrtyk çal geýmini we edil şonuň ýaly balagyny görkezdi.

— Bizde azatlyga çykýan tussaglar üçin eşik berilmeýär! — diýip, garawul has-da gaharlanyp gygyrdy. — Hany bol, ýok bol!

Riçard polat derwezeden çykan badyna, derweze derrew ýapyldy. Ol kameradaşlaryndan aýrylmak islemeýärdi, ýöne indi *ol azatdy*. "Eý Hudaý, azatlyga çykanyma däl-de, türmede meniň bilen bolanyň üçin köpräk begenmegime kömek et!" — diýip, ol gaty ses bilen doga etdi.

Ol ýaşyl atyzlaryň üstünden geçip ýaýylyp ýatan uzyn boş ýol bilen ýeke gidip barýardy. Töwerekde mör-möjekler jyrlaşýardylar we deňlerinden geçip barýan skeleti görmeýän ýaly bolup ýören sygyrlar otlaşyp ýördüler.

Riçard özüniň halys bolan göwresini uzyn meýdan otunyň içi bilen bäş kilometre golaý aralykdan alyp geçdi. Ol ýandaklar bilen garyşyp ösüp oturan gülleri synlamak üçin saklandy. "*Maňa hemmesinden-de şular ýaraýar!*" Riçardyň geými, hapa esgi, onuň derli tenine ýapyşyp durdy. Şeýle-de bolsa, ol zeýrenmeýärdi, sebäbi bu geçim köp ýyllyk haýran galdyryjy merhmetiň we Hudaýyň öňdengörüjiliginiň şaýady bolupdy ahyry.

Riçardy gören bir garry är-aýal onuň ýanyna geldi.

— *Siz ol ýerdenmi?* — diýip, erkek adam duýgudaşlyk bilen gyzyklandy.

Riçard başyny atdy, soň ol adam oňa teňňe berdi.

— Bergimi gaýtaryp bererim ýaly, maňa salgyňyzy beriň — diýip, Riçard haýyş etdi.

— Ýok, ýok. Gerek däl! — diýip, ol adam aýtdy.

# 52-NJI BAP

Soň Riçardyň deňinde bir mesihi aýal saklandy. Riçard oňa özüniň ruhy çopan bolandygyny aýtdy. Olar Mesihiň rehimi hem gözelligi hakda gürrüň edip, bile ýoluň gyrasynda esli wagtlap oturdylar. Soň aýal jübüsine elini sokdy-da, ondan teňňe çykardy.

— Bu siziň ýol kireýiňiz üçin — diýip, ol aýtdy.

— Edýäniňiz näme? Gerek däl! Mende eýýäm teňňäm bar! — diýip, Riçard garşy çykdy.

— Beýle bolsa, Rebbimiziň hatyrasyna alyň!

Riçard Buharestiň bir gyrasyna baryp ýetende, töweregine adamlar ýygnanyşyp, özleriniň tussaglykdaky maşgala agzalary hakda soradylar. Riçard tramwaýda tölejek bolanda, sürüji ondan töleg almakdan ýüz öwürdi. Ol tramwaýa münende, bir wagtyň özünde ýolagçylaryň birnäçesi oňa ýer bermek üçin ýerlerinden turdular.

Riçardyň ýanynda dyzynyň üstünde içi ýer tudanaly sebetli bir aýal oturdy

— Siz entek bu ýyl iýen däl bolsaňyz gerek? — diýip, ol gyzyklandy.

— Sekiz ýyllap iýmedim — diýip, Riçard jogap berdi.

— Ine, alyň birazajyk! — diýip, aýal oňa bişen suwluja ýer tudanasyny berdi. Ol ýumşajyk miwäni, çaga ýaly bolup, yzly yzyna iýdi.

Tramwaý Riçardyň öýüniň deňine baranda, ol ondan düşdi-de, girelge tarapa ýöredi. Gapynyň öňünde garawulsyz hem aňtaýjysyz, depilmän we arkaňdan iteklenmän durmak nähili täsin! “*Meni beýle görnüşde görende, maşgalam men hakda näme pikir eder?*” — diýip, Riçard çuň dem alyp, elini tutawaja uzatdy we on ýyla golaý wagtyň dowamynda ilkinji gezek gapyny özi açdy.

“Kaka!” — Riçard gaty sesi eşitdi, Mihaý onuň gujagyna doldy. Ol eýýäm on ýedi ýaşyndady. Ol Riçarddan has güýçlüdi, şonuň üçin begenip ylgap baranda, ony tasdanam ýykypdy.

Sabina Riçardyň boýnundan gujaklady. Geçen ýyllaryň dowamynda Riçard onuň ellerini ýatdan çykarmaga ýetişipdi. Maşgala begenip, birigendiklerini baýramçylyk edip belledi.

— Biz ogşaşmazymyzdan öňürti, men saňa bir zat aýtmaly — diýip, Riçard aýtdy.

Sabina Riçarda has güýçli gysyldy.

— Men betbagtlykdan bagta geçendirin öýtme! Men türmede Mesih bilen şatlykda bolmadan, Onuň bilen maşgalamda şatlykda bolmaga geçdi. Men keseki adamlaryň ýanyndan gelmedim-de, türmedäki özümiňkilerden, öýdäki özümiňkileriň ýanyna geldim.

Sabina horkuldap aglady, Riçard bolsa, onuň hor ýüzüni özüne gysdy.

— Indi, eger isleseň, meni ogşap bilersiň — diýip, ol ýylgyryp aýtdy.

*****

Riçardyň azatlyga çykandygy hakdaky şatlykly täzeligi öz gulaklary bilen eşitmek üçin Buharestiň ähli künjeklerinden Sabina mesihiler jaň etdiler. Myhmanlar akym bolup, olaryň kiçijik iki otagly üçekdäki otagyna akyp geldiler. Riçard dükana gidende ýa-da ýöne bir köçede ýörende, oňa duş gelenler kömek etjek bolýardylar. Olar Sabina bilen şähere gezelenç etdiler we özleriniň durmuşyna goşulandygy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdiler.

Lukmanlar Riçardyň sekiz ýarym ýyllap almaly medisina kömegini alman ýaşanyna ynanyp bilmediler. Onuň öýkeni inçekeseliň galdyran ýara yzlaryndan ýaňa zaýalanyp durdy. Keselhanalarda oňa güneşli tarapda gowy ýel çalýan ýerdäki iň gowy krowady berdiler. Ýurduň ähli ýerlerinden Riçardyň ýanyna doganlar geldiler, şonuň üçin ol häkimiýet wekilleriniň ünsüni çekmezlik üçin keselhanadan keselhana geçmeli bolýardy. Onuň saglygy gitdigiçe gowulaşdy.

## 52-NJI BAP

Toý eden gününiň ýigriminji ýylyna aýalyna sowgat alyp berer ýaly, Riçardda ýekeje teňňesi-de ýokdy. Şeýle-de bolsa, oňa owadan daşly ýazgy kitapçasyny almak oňa başartdy. Ol bu kitapça her agşam söýgi goşgularyny ýazdy. Sabina adamsynyň sowgadyny minnetdarlyk bilen kabul etdi. Adamsyny ýene gujaklap bilmegi onuň üçin ýeterlikdi.

— Kaka — diýip, bir gün Mihaý aýtdy. — Sen şunça zady başdan geçirdiň. Görgüleriň saňa näme öwredendigini men bilmek isleýärin.

Riçard oglunyň eginlerinden gujaklady-da:

— Mihaý, men türmede geçiren döwrümiň dowamynda öz Mukaddes Kitabymy ýatdan çykardym diýen ýaly. Ýöne men dört sany wajyp hakykaty ýadymda sakladym. Birinjisi — bu Hudaýyň barlygy. Ikinjisi — bu Mesin biziň Halasgärimiz. Üçünjisi — ebedi ýaşaýyş bar. Dördünjisi bolsa — söýgi —bu iň beýik ýoldur — diýip jogap berdi.

— Men hut şuny hem eşitmek isledim — diýip, Mihaý kanagatlanma bilen jogap berdi.

Ene-atasy tussaglykda bolan wagtynda ajy kine bilen ýekelikde bolmaklyk Mihaýyň hemrasy bolupdy. Ol güýjünde baryny edip, aman galmak üçin göreşdi. Ol on üç ýaşyndaka, kanaldaky düzediş-zähmet lagerine ejesiniň ýanyna gidip gelmek üçin pul karzyna almaly boldy. Ol şol gezek gidende ejesiniň nähili hapa geýimde bolandygyny we ýüzüniň aglan görnüşde bolandygyny Riçarda gürrüň berdi. Iki hatar demir germewiň aňyrsyndan Sabinanyň:

— Mihaý, Reb Isa bütin ýüregiň bilen iman et! — diýip gygyryp aýdany onuň gowuja ýadyndady.

— Eje, eger sen türmede-de iman edip bilýän bolsaň, onda menem iman etmelidirin! — diýip, Mihaý jogap berip gygyrypdy.

Riçardyň azatlyga çykanyna dört aý geçenden soň, Mihaý Sibiudaky kiçiräk ylahyýet seminariýasyna okuwa girdi, ol Hindistanda missioner bolaryn diýip umyt edýärdi. Ol wagtyny ajaýyp kitaphanany öwrenip, öz mugallymlarynyň bilimlerini almak

we “Gutulyş goşunyny” esaslandyryjy Uilýam But we wiktorian döwrüniň iň meşhur baptist wagyzçysy Çarlz Sperjen baradaky kurs işiniň üstünde işläp geçirýärdi...

Riçard Sabinanyň goňşularyndan alan agaç krowadynyň üstünde ýatdy. Sabina ony ogşap, oňa parahat agşamy arzuw etdi-de, üstüne arassaja ýumşak ýorgany ýapdy. Riçard asudalyga hem ümsümlige teşnedi, emma uky ondan gaçýardy. Öňki tussag pikirsiz potologa gözüni dikip ýatdy. Agyrynyň ýoklugy duýulýardy. Tussaglary gynaýan gykylyklaram, çüýrük käşir çorba-da, aňtaýjylaryň haýbatlary-da, gynamalaram ýokdy. Riçard çyrany öz islegine görä ýakyp hem söndürip bilýärdi, ol muňa diýseň haýran galýardy we begenýärdi. Mundan başga-da, adatça otagyň burçunda durýan bedräniň deregine ol indi häzirkizaman hajathanasyndan peýdalanyp bilýärdi, ýerzeminde bolsa, hatda akyp duran sowuk suwuň aşagynda elinem ýuwup bilýärdi.

Riçard uklap bilmäni sebäpli, Mukaddes Kitaby açdy. Indi onda *doly* Mukaddes Kitap bardy! Ýohannanyň Hoş Habary oňa türmede ölmän galmaga kömek etdi, ýöne indi ol Köne Ähti täzeden ýada salmaga teşnedi. Ol hatda ondaky kitaplaryň tertibinem ýatdan çykarypdy. Danyýeliň kitabyny tapjak bolup, şowsuz synanyşanyndan soň ol Ýohannanyň 3-nji hatynyň 4-nji aýadyna geçdi: “Meniň çagalarymyň hakykatda gezýändiklerini eşitmekden uly şatlygym ýokdur”. Riçard ýerinden turdy-da, Mihaýyň otagy tarapa ýöredi. Ol türmede näçe gezek şeýle etmegi arzuw edipdi! Indi onuň arzuwy ahyrsoňy amala aşdy.

*****

1956-njy ýylda Stalin döwrüniň aýrylýandygynyň alamatlary görnüp başlady. Onuň ýerine gelen Nikita Hruşýow KPSS-iň XX gurultaýynda özüniň meşhur çykyşyny edip, öňki sowet serdaryny we onuň eden işini ýazgardy. Rumyniýanyň ummasyz mukdardaky milisiýa we howpsuzlyk gullugynyň işgärleriniň sany esli azaldy.

# 52-NJI BAP

Günbatar ýurtlary bilen gepleşikler geçirilip, söwda ylalaşyklaryna gol çekildi. Şeýle-de bolsa, Riçard ýaly, syýasy tussaglaryň ýüzlerçesiniň azatlyga çykarylmagy has meşhur waka boldy. Ýöne imandaşlaryň hem-de Hudaýa ýalandan iman edenler tarapyndan satylmakdan gorkmaklyk entegem bardy. Şonuň üçin dostlaryň ynamdar toparlary iň gowy goragdy.

Iki ýarym ýylyň dowamynda Wurmbrand gizlin ýygnakda gulluk etdi. Onda wagyz etmäge resmi rugsatnama ýokdy, şonuň üçin gizlin dini işi alyp barmagyň netijesi juda pajygaly bolup biljekdi. Ol tutulaýan ýagdaýynda täzeden tussag edilme howpy abanýardy.

Şeýle-de bolsa, Riçardyň pikirini üýtgetmek mümkin däldi. Döwletiň onuň işini oňlaýandygyna ýa oňlamaýandygyna garamazdan, Hudaý ony ruhy çopançylyk gullugyna çagyrypdy. Riçard täze gazanan azatlygyndan doly derejede peýdalandy. Ýygnanyşyga gidende ol Sabina-da, Mihaýa-da nirä gidýänini hiç haçan aýtmaýardy. Şeýlelikde, eger olaryň haýsy hem bolsa birini tutaýsalar, onda olarda gizlin iş hakda hiç hili maglumat bolmaýardy.

Mydama howpuň we gorkynyň bar bolýandygyna garamazdan Riçard aýalynyň goldaw etmesi bilen Hudaýa gulluk etdi. Onuň gullugy gizlindi, duşuşyklaram köplenç üçeklerde, ýerzeminlerde we şäher merkezinden uzakda mal ýataklarynda gizlinlikde geçýärdi. Mesihiler onuň batyrlyk, edermenlik we dözümlilik hakdaky şaýatlygyny eşitmek üçin ýygnanyşýardylar. Öz aýdýan sözleriniň hakykylygynyň subutnamasy hökmünde Riçard ýara yzlaryny görkezýärdi we gizlin ýygnaklary Hudaýa wepalylygy üçin minnetdarlyk bildirmäge we Ony şöhratlandyrmaga çagyrýardy. Goňşularda şübhe döremez ýaly, mesihiler köplenç “doglan günleri” belleýärdiler. Käwagt üç ýa-da dört adamdan ybarat bolan maşgala ýylda otuz bäş gezek “doglan gün” belleýärdiler.

Gizlin ýygnagyň ýygnanyşyklary Riçarda irki ýygnaklar Neron, Diokletin we beýleki rim imperatorlary tarapyndan yzarlanylan döwründe mesihileriň ýerzeminlerde, gowaklarda gizlenip, şol ýerde Hudaýa sežde edişlerini ýatladýardy. Yzarlamalar dürli konfessiýalaryň mesihilerini güýçli ýakynlaşdyrdy. Indi olaryň duşmany olary birwagtlar aýra salan tapawutlardan güýçlüdi. Eger irki ýygnagyň atasy Tertullian ejir çekenleriň ganynyň ýygnagyň tohumy bolýandygyny aýdanda mamla bolan bolsa, onda Rumyniýa, edil birwagtlarky Rim imperiýasy ýaly, täze imana gelen mesihiler gögerip çykan ägirt uly ekin meýdany boldy.

Gizlin ýygnakda jaýlarda ýygnanyşmaga mümkinçiligi bolmandygy sebäpli, Riçard köplenç Buharestiň töweregindäki meýdanlarda ýygnanyşyklar geçirýärdi. Ol arassa howada wagyz etmegi gowy görýärdi. Asman mesihiler üçin ybadathanady, guşlaryň saýraýan sesleri— iň gowy organ saz guralydy, gülleriň atyr yslary — ladandy, Aý bilen ýyldyzlar bolsa — ýakylan şemlerdi. Ýygnanyşyk gutaranyndan soň, ruhy çopan, öz dostlarynyň goragyna bil baglap, edil ruh ýaly bolup, garaňkynyň içinde gaýyp bolup gidýärdi. Mihaý degşip, öz kakasyna “wagyzçy ruh” diýýärdi.

# 53

Kommunizm döwründe talyplara mesihi awtorlaryň kitaplaryny okamaga rugsat edilmeýärdi, Platon, Aristotel, Immanuil Kant ýaly filosoflaryň kitaplaryny, hatda, Albert Eýnşteýniň ajaýyp işlerini tapmak mümkin däldi. Uniwersitetiň köp talyplary okuwda kömek etmegini sorap, Riçarda ýüz tutýardylar. Bir gezek Kluž şäherindäki uniwersitetiniň ylahyýetçi-talyby kurs işini ýazmaga kömek etmegini ondan haýyş etdi.

— Seniň işiň temasy näme? — diýip, Riçard gyzyklandy.

— “Lýuteran ybadathanasyndaky liturgiýanyň taryhy” — diýip, ol jogap berdi.

Özi lýuteranin bolan Riçard sözüni ylahyýetçi-talyby, özüne uzak bolmadyk geljekde garaşýan yzarlamalara bolmalysy ýaly taýýarlanmaýandygy üçin ýazgarmakdan başlady.

— Işe ideýadan başlamak gerek — diýip, ol sözüni dowam etdirdi, — eger ertirki gün ýaşlar imany üçin gynamalara duçar ediljek bolsa, onda olaryň kellesini bu gün taryhy derňewlerden doldurmak gerek däl.

— Beýle bolsa biz nämäni öwrenmeli? — diýip, ýaş ýigit haýran galdy.

— Pida bolmaklyga we gynalan imanly bolmaga taýýarlanmak gerek.

Riçard talyba özüniň ýara yzlaryny görkezdi we gözenegiň aňyrsynda başdan geçiren aýylganççlyklary hakda gürrüň berdi. Kommunizm döwründe gulluk alyp barýan ruhy çopanlar ölüme taýýar bolmalydyrlar. Liturgiýanyň ikinji derejeli meselelerine

geçmezinden öň Riçard has wajyp sapaklary bermekde ünsüni jemledi.

— Biziň mugallymymyz Hudaýyň üç aýanlygy berendigini aýdýar — diýip, bir gezek başga bir ylahyýetçi-talyp Riçarda aýtdy. — Birinjisini — Musanyň üsti bilen. Ikinjisini — Isanyň üsti bilen. Üçünjisini — Karl Marksyň üsti bilen.

Riçard bu bolgusyz gürrüňi eýýäm birnäçe gezek eşidipdi, şonuň üçin ol Kluža uniwersitetine gidip, onuň köne soborynda wagyz etme kararyna geldi. Ruhy çopan Wurmbrandyň geljekdigi baradaky täzelik adaty bolmadyk tizlik bilen talyplaryň arasyna ýaýrady. Riçardyň hat ýüzündäki işlerini ýaýratmak mümkin däldi, sebäbi kommunistik Rumyniýada ol işler gadagan edilendi. Şonuň üçin gadagan edilen materialy okaýarka tutulan islendik adam tussag edilip bilinýärdi.

*****

Köp ýyllar mundan ozal Riçard bir tussaga “Rebbiň goşunynyň” — döwlet tarapyndan yzarlanylan prawoslawiýanyň bir akymynyň — agzalaryna goldaw bermeklige söz beripdi. Bu meseläni çözmäge ýardam eder diýip çaklan Riçard patriarh Ýustinin Marinanyň ýanyna baryp görme kararyna geldi.

Marina duşuşyk ýerine örän seresaplyk bilen geldi. Ol Riçard bilen köpçülik ýerinde salamlaşdy-da, mikrofonlardan we eşidiş çäklerinden aňyrraga, bagyň içine alyp gitdi.

— Siz patriarh — diýip, Riçard gürrüňe başlady. — Size wezipe we aýlyk sorap ýüzlenýärler hem-de siz nirä gitseňizem, wagyz etmeli we aýdym aýtmaly bolýarsyňyz. Şonuň üçin men size özüm aýdym aýdyp bermeli diýip pikir etdim.

Riçard Marinanyň ýüzünde haýran galma gördi.

— Bu “Rebbiň goşunynyň” agzalarynyň aýdymy — diýip, ol sözüni dowam etdirdi. — Men ony türmede öwrendim.

Soň ol ony aýdyp berdi.

# 53-NJI BAP

Riçard “Rebbiň goşunynyň” agzalaryna kömek etmegini Marinadan sorap ýalbardy.

— Olar ýygnagyň belli bir şahasyna degişlidikleri sebäpli, türmede çüýremeli däldirler.

Marina kömek etmäge söz berdi, ýöne Riçardy patriarhyň Hudaýdan daşlaşandygyny ýiti duýma duýgusy yzarlady ýördi. Marina öz elleriniň baglydygyny, şonuň üçin az kömek edip biljekdigini, sebäbi özüniňem Ýass mitropoliti Iustin Moiseskunyň güýçli synlamasy astyndadygyny aýtdy. Eger Marina wezipeden gitse, Moisesku täze patriarh bolýar, bu bolsa, ýygnaga güýçli zyýan ýetirýär.

Marinanyň kätibiniň özleriniň gürrüňini diňländigini we muny Mouseskua habar berendigini Riçard soňrak bildi.

“Diýmek, Wurmbrand eýýäm seniň ýanyňa-da gelip ýetipdir. Onuň türmä gaýdyp gitmeli wagty geldi” — diýip, Moisesku Marina aýtdy.

*****

Riçard Kluž uniwersitetine wagyz etmäge gitdi. Onuň geljekdigi baradaky myş-myşlar özünden öň ýaýrady, şonuň üçin Riçardyň marksizmi ýazgarjakdygy we mesihilik filosofiýasy boýunça leksiýa berensirän bolup, talyplaryň arasynda gozgalaň turuzjakdygy baradaky duýduryşlar haýal etmän milisiýa gelip başlady. Riçard ol ýere baran badyna, bir baptist ruhy çopany onuň ýanyna gelip, ol hakda milisiýa aýdan habarçynyň özüdigini buýsanç bilen aýtdy.

Şeýle-de bolsa, bu täzelik Riçardy şok ýagdaýyna salmady. Ol oňa meňzeş köp dönükleri tanaýardy. Kommunistik Rumyniýada gullukçylaryň dört görnüşi bardy. Birinjisi — bu gynamalar astynda mesihileriň atlaryny aýtmaga mejbur edilenlerdi. Ikinjisi — bu häkimiýete passiw tabyn bolup, özleri türmä düşmez ýaly, olara maglumat berýänlerdi. Üçünji görnüşi bolsa, Mesihiň Tenine zyýan ýetirmekden lezzet alýan ýa-da häkimiýet bilen hyzmatdaşlyk edip,

munuň üçin sylag alýan gullukçylardy. Iň soňunda hem, dördünji görnüşi — bu Riçard ýaly, wagşyçylykly gynamalary başdan geçirseler-de, dini işe rugsatnama alma hukugyny ýitirseler-de, tabyn bolmakdan ýüz öwren gullukçylardy.

Dönük —baptist Rugojan atly barypýatan maglumatça hem Riçard hakda habar berdiler, ol hem bu ýagdaýdan şobada peýdalandy. Ol Riçard ýaly "kontrrewolýusionerleri" yzarlaýandygyna guwanýardy. Häzir bolsa ol, elbetde, soborda wagza garaşyp, öňki hatarda otyrdy.

Agşamky ýygnanyşyga elli talyp bilen birnäçe professorlar hem geldi. Riçard Darwiniň teoriýasynyň deliline olaryň ünsüni çekdi. Eger kommunistik Rumyniýa günbatar ideýalarynyň hemmesini ret edýän bolsa, onda näme üçin Kluž uniwersiteti entegem iňlis adamsynyň teklip edýän ewolýusiýa teoriýasyny öwredýär?!

Rugojanu Riçardyň pikiriniň gidişini gyzyklanma bilen yzarlap, öňe egildi. "Eger siz Hudaý tarapyndan ýaradylandygyňyza ynanýan bolsaňyz, onda Oňa meňzeş bolmaga çalşarsyňyz, eger maýmynlar taýpasyndan gelip çykandygyňyza ynananyňyzy gowy görseňiz, onda haýwana öwrülmeklige töwekgelçilik edersiňiz!"

Duşenbe we sişenbe günleri sobora öňküden-de köp talyp ýygnandy, anna güni bolsa, Riçardyň wagzyny diňlemäge eýýäm müňlerçe adam — bütin uniwersitet ýygnandy. Ol bu ýerdäkileriň köpüsiniň öz pikiri bilen ylalaşýandyklaryny, ýöne munuň soňky netijesinden gorkýandyklaryny bilýärdi. Şonuň üçin ol olara birwagtlar: "Bizi urmak we üstümizden gülmek isleýänlere tenimizi bermek bilen özümizi Hudaýa gurbanlyk berýäris. Isa Özüniň haça çüýlenilmeli wagtynyň gelendigini bilip: "Meniň wagtym golaýlady" (Matta 26:18) diýdi. Biz görgülere Hudaý tarapyndan berlen artykmaçlyk hökmünde garamalydyrys" — diýen we faşistleriň elinden ejir çekip ölen ruhy çopan hakda gürrüň berdi.

Şol pursatda jaýyň içi şeýle ümsümlik boldy, siňek uçsa eşidiljekdi. Riçard ýygnananlara gözüni aýlady. Ol Rugojanunyň höwes bilen ýazyp oturanyny gördi. "Ejirleriň seni gürpbasdy

etmegine ýol berme! Bu hakda ýygy-ýygydan pikirlen. Mesihiň we Onuň mukaddesleriniň gymmatlyklaryna laýyklykda ýaşa!” — diýip, ol sözüni dowam etdirdi.

Soň ol irki ýygnakdan bolup, rim yzarlamalary döwründe güýçli ezýet çeken bir mesihi hakda gürrüň berdi. Bir gezek şol mesihi aýalyna agyrynyň peýda beriji dermanyny tapandygyny aýtdy. Riçard sözüni dowam etdirdi: Ol: “Men ezýetlere we hasratlara garşy gowy peýdasy bolan çaýyň reseptini düzdüm. Ol ýedi otdan ybarat, men olary sanap geçerin” — diýdi. Ýygnanyşanlar ünsli diňlediler, Riçard hem gürrüňiniň yzyny dowam etdirdi: “Birinji otuň ady “kaýyllyk”: baryňyza kaýyl boluň. Men jul geýip, gaty çörek iýýän bomagym mümkin, ýöne imperator meni asla iýer ýaly zat bolmadyk zyndana ýalaňaç taşlasa, bu has erbet bolar! Ikinji ot — bu sagdyn many. Men şatlansam-da, sustupeslige hem gorka düşsem-de, barybir, türmä düşýärin, beýle bolsa, özüňi gynamak nämä gerek? Üçünji ot — bu öz günäleriňi ýatlamakdyr. Olary sanaň we günäleriň her biriniň bir günlük türmede bolmakdygyna esaslanyp, ömrüňiziň näçeräk bölegini türmede geçirmeli boljakdygyňyzy sanaň. Şonuň üçin şeýle aňsatlyk bilen sypanyňyza begeniň! Dördünjisi — bu biziň üçin Mesihiň şatlyk bilen başdan geçiren ezýetlerini ýatlamakdyr. Eger ýer ýüzünde Öz ykbalyny saýlap bilen ýeketäk Adam agyryny saýlan bolsa, onda Ol şol agyryda nähili beýik gymmatlygy görendir! Geliň, asuda ýürek hem şatlyk bilen başdan geçirilen görgüleriň bize halas bermäni getireni hakda pikirleneliň. Bäşinji ot — bu görgüleri bize Ata Hudaýyň zyýan ýetirmek üçin däl-de, eýsem, bizi arassalamak we mukaddes etmek üçin berendigine düşünmekdir. Biziň başdan geçirýän görgülerimiziň maksady — bizi arassalamakdyr we göklere taýýarlamakdyr. Altynjy ot — bu hiç hili görgüleriň mesihilik durmuşyna zyýan ýetirip bilmejekdigine düşünmekdir. Eger adam üçin iň esasy zat — tendäki lezzetleri almak bolsa, onda agyry hem türme onuň durmuşynyň soňuna çykar. Ýöne eger onuň durmuşynyň ýadrosy hakykat bolsa, onda

ony ýekeje kamera hem üýtgedip bilmez. Türme maňa söýmäge päsgel berip bilmez, demir haýatlar meniň imanymy döwüp bilmez. Şoňa görä-de, eger durmuşym şu ideallardan ybarat bolsa, onda men islendik ýerde rahatlykda bolup bilerin. Reseptdäki soňky ot — bu umytdyr. Durmuş çarhy aýlanyp dur, hatda patyşanyň birinji emeldary-da türmä düşüp biler, edil şonuň ýaly hem, meniňem köşge gaýdyp baryp, tagty eýelemegimem mümkin".

Riçard bir pursatlyk dymdy-da, oturanlara gözüni aýlady. Soň ol: "Şondan bäri men şu çaýy çelekläp içýärin we siziňem hemmäňize ony içmegi teklip edýärin. Bu örän peýdaly reseptdir!" — diýdi.

Riçardyň wagzy ahyrlanda, Rugojanu ýerinden turup, töweregine seretmän, soboryň çykalgasyna tarap ýöredi. Riçard münberden düşdi, ol ýere ýygnananlar bolsa, tolgunma bilen ses etdiler. Talyplar el çarpdylar we ruhy çopanyň elini gysmak üçin, adamdan doly oturgyçlaryň arasyndan geçip, onuň ýanyna bardylar. Ýygnanyşykdan soň Riçard wagzyň üstünlikli geçendigini Sabina jaň edip aýtdy. Sabina adamsynyň gullugyna begendi, ýöne onuň gutulgysyz netijelerinden howatyr etdi...

*****

Ertesi gün ýepiskop Riçardy ýanyna çagyrdy. Birdenem içeri Rugojanu girdi-de, ýepiskopa ýüzlenip we Riçardy barmagy bilen görkezip:

— Bu şol! Sen özüňi aklamak üçin näme diýersiň? Seniň agzyňdan dönükligiň akymy akýar, özüm eşitdim! — diýip gygyrdy.

Riçard öz wagzynyň haýsy böleginden özüniň nägiledigini adam satýandan asudalyk bilen gyzyklanyp sorady. Rugojanu ähli wagyzlardan nägiledi, aýratynam, "görgülere garşy çaýdan".

— Meniň çaýymyň nämesi bar? — diýip, Riçard sorady. — Otlaryň haýsysy size ýaramady?

Rugojanu gahardan ýaňa gyzardy.

# 53-NJI BAP

— Sen çarhyň aýlanýandygyny aýtdyň — diýip, ol gaharly gürledi. — Bu kontrrewolýusion ýalan! Sen kommunizm agdarylar diýip pikir etmek bilen ýalňyşýarsyň! Indi çarh aýlanmaz. Kommunizm bu ýere hemişelik geldi!

— Ýöne men kommunizm hakda hiç zadam diýmedim. Men diňe durmuş çarhynyň aýlanyp duranyny aýtdym — diýip, Riçard jogap berdi.

— Ýok! Sen hut kommunizmiň ýykylmagyny göz öňünde tutduň, seniň näme diýjek bolýanyňa hemmeler gaty gowy düşündiler.

Rugojanu Riçardy häkimiýete hüjüm etmesi bilen ýaşlaryň aňyny zäherlemekde aýyplamagyny dowam etdirdi. Ol otagdan ylgap çykmazynyň öň ýanynda ýepiskopa tarap öwrülip: “Onuň indi hiç haçan wagyz etmejekdigine ynamly bolup bilersiňiz! Wurmbrandyň soňy geldi! Onuň soňy geldi!” — diýip gygyrdy.

Rugojanu binadan çykanda, onuň deňinden geçip barýan bir maşyn, iti kakdyrmajak bolup, trotuara çykýar-da, göni baryp Rugojanuny kakyp, ony diwara eltip gysýar. Adam satýan şol ýerde ölýär...

# 54

Rugojanunyň soňky sözleri we maşyn kakan badyna ölendigi baradaky gürrüňler bütin Rumyniýada dilden-dile geçdi. Indi Riçard göze ilmezek bolup galyp bilmedi. 1959-njy ýylyň ýanwarynda ýygnakdan bolan bir aýal Riçardyň wagyzlarynyň ýüzlerçe ekzemplýarynyň çap edilip, bütin Rumyniýa ýaýradylandygyny Sabina aýtdy. Polisiýa onuň öýüni döküp, gizlin getirilen edebiýaty elinden aldy.

Sabina ýygnagyň üstüne injek bolup duran täze terror tolkunyny öňünden duýýardy. Öten ýylyň iýul aýynda dine garşy göreş täze güýç bilen täzelendi-de, öňküleriň hemmesine garanda, has gazaply kanunlaryň birgideni kabul edildi. Hatda ujypsyzja jenaýatlary üçin hem iň ýokary jezany berýärdiler. Müňlerçe mesihiler, şol sanda kämillik ýaşyna ýetmediklerem, tussag edilip, Dunaýy gurşap alan batgalygy arassalamak üçin "kamyşa" goýberilýärdi. Hruşýowyň buýrugy bilen "dine ynanmanyň galyndylaryny köki bilen aýyrma" baradaky ýedi ýyllyk meýilnamanyň çäklerinde bütin Günorta Ýewropada ruhanylary tussag etdiler, ýygnaklary ýapdylar-da, olary klublara, muzeýlere we galla saklanylýan ýerlere öwürdiler.

Riçard bilen Sabinanyň kiçijik üçegi gizlin ýygnagyň merkezi boldy. Her gije Riçard: "Hudaý, eger meniň gulluk edip biljek tussagym bar bolsa, onda meni yzyma türmä iber" — diýip doga etdi.

Sabina göwünsiz: "Omyn" — diýdi.

Çarşenbe güni, 15-nji ýanwarda Hudaý Riçardyň dogasyna jogap berdi. Gije sagat birde howpsuzlyk gullugynyň işgärleri gapyny

döwüp, Wurmbrandlaryň üçegina okdurylyp girdiler-de, duýdansyz çyrany ýakdylar.

— Riçard Wurmbrandmy? Başga otaga gidiň-de, şol ýerde garaşyň.

Riçard bilen Sabina howpsuzlyk gullugynyň geýmindäki bir topar adamyň şkaflary açyşlaryny, çekmeleri çekişlerini, kagyzlary ýere zyňyşlaryny synlap oturdylar. Riçardyň stolunyň üstünde olar bellikli kagyzlary, maşynda çap edilen wagyzlaryny, Mukaddes Kitaby tapdylar. Bu zatlaryň hemmesi onuň aýalyna toýunyň ýigrimi ýyllyk ýubileýine sowgat beren ýazgy kitapçasy bilen bile alyndy.

— Haýyş edýärin, meniň bu ýazgy kitapçamy almaň. Bu meniň şahsy zadym. Onuň siziň üçin hiç hili gymmaty ýok — diýip, Sabina ýalbardy.

Ýöne Sabinanyň haýyşyna hiç hili üns bermän, ýazgy kitapçasyny-da aldylar. Tussag edilmä ýolbaşçylyk eden kapitan Riçardyň eline gandal dakyp, ony alyp gitmekçi bolanda, Sabina ofiseri ýazgardy:

— Size utanç dälmidir? Bigünä adamlary beýle edýärsiňiz!

Riçard aýalyna elini uzatdy, ýöne milisiýanyň işgärleri onuň elini tutdular.

— Eger aýalymy gujaklamaga maňa rugsat etmeseňiz, onda bu öýden garşylyk görkezmän çykmaryn! — diýip, Riçard haýbat atdy.

— Goýber ony — diýip, kapitan buýruk berdi.

Riçard bilen aýaly milisionerleriň gurşap duran ýerinde dyza çöküp doga etdiler, soň hem, “Isa Mesih — ýygnagyň esasydyr, onuň Rebbidir” diýen senany aýtdylar.

Riçardyň egnine agyr el goýuldy, soň gözüne ýaş aýlama ýagdaýyna ýeten kapitan ýuwaşlyk bilen:

— Gitmäge çen boldy. Eýýäm bäş bolup barýar — diýdi.

— Mihaýa meniň ony gowy görýändigimi aýt... Şeýle hem, meni satan ruhy çopana-da gowy görýänimi aýt! — diýip, Riçard basgançakdan aşaklygyna alyp barýarkalar, Sabinadan haýyş etdi. Soň ony tirkegli maşyna itip saldylar.

Maşynyň motory ses edende, Sabina: “Riçard! Riçard!” — diýip gygyryp, tirkegli maşyn jaýyň burçunyň aňyrsynda gaýyp bolýança,

doňan köçede yzyndan ylgady. Soň ol demi-demine ýetişmän saklandy we hasratdan ýaňa öli ýaly bolup durşuna ýürekden doga etdi: “Rebbim, men adamymy Seniň elleriňe berýärin. Men hiç zat edip bilmeýärin, ýöne Sen ýapyk gapylardan geçip bilýärsiň. Sen onuň daşyna perişdeleriňi goýup bilýärsiň. Sen ony gaýtaryp getirip bilýärsiň!”

Bäş ýarym ýyldan soň Hudaý Sabinanyň dogasyna jogap berýär...

# 55

Alisa Sibiu seminariýasynyň ýanyndaky kiçiräjik seýilgähde Mihaýa garaşyp durdy. Ol Mihaýyň kakasynyň ýene tutulanyny bilende gaty erbet boljagyna düşünýärdi. Üstesine-de, bu onuň okuwyny howp astyna salýardy... Ýöne beýle zat birinji gezek bolmaýardy. Mihaýy mekdepden kowupdylar we okuw ýerini köp gezek çalyşmaga mejbur edipdiler, bu hem onuň okuwyny gaty kynlaşdyrypdy. Howa juda sowukdy. Alisa titräp durşuna, Mihaý seýilgähiň içinden geler diýip umyt edýärdi. Garaňky düşdi. Mihaý geldi, soň ol oňa eýmenç täzeligi habar berdi.

— Men muňa garaşýardym — diýip, ol ýuwaşja aýtdy. — Ejeme aýdyň, men basym öýe barjak, ony-da tutmaklary mümkin.

— Seniň okuwyň näme? — diýip, Alisa alada galdy. — Sen üç ýyla golaý okadyň ahyry...

— Indi munuň näme tapawudy bar? Hut diplomly ruhy çopanlar ýygy-ýygydan adam satýarlar-da, hakyky ruhy çopanlaryň guran zatlaryny ýok edýärler. Gowusy diplomsyz bolaýyn. Barybir tizara hemmeler kakam hakda bilerler, meni-de okuwdan çykararlar.

Alisa Buhareste gaýdyp gelende, gaty giç bolupdy. Ol Sabinanyň ruhdan düşen we şok ýagdaýynda oturanyny gördi. Ol Mihaý bilen bolan gürrüňi oňa aýdyp berdi.

Birnäçe günden soň gapy kakyldy. Sabina gapyny açanda, ýadap halys bolan poçtaçyny gördi. Ol Sabina bir kagyz berdi. Oňa: “Wurmbrand R., 1909 ýylda doglan, ýigrimi bäş ýyl türme tussaglygyna höküm edildi” diýen ýazgy bardy.

*****

Sabina gapyny ýapdy-da aglady. Ertesi gün Wurmbrandlaryň jaýynyň gapysyny iki sany ýolbaşçy ýumruklady. Olar konfiskasiýa etmek üçin mebelleriň we nähili hem bolsa bir gymmaty bolan öý goşlarynyň sanawyny almaga gelipdiler. Olar diňe krowady, stoly we iki oturgyjy galdyrdylar. Indiki birnäçe ýylyň dowamynda ýolbaşçylar birnäçe gezek geldiler-de, her gezegem Sabinadan özünde ýok bolan, gazanyp hem bilmejek puluny talap etdiler. Ol gizlin ýygnagyň gullugy bilen ýokary jerimäni ýatyrmaklaryny haýyş etmek üçin döwlet guramalarynyň arasynda bölünere gelýärdi. Şol jerime Riçardyň işi boýunça türme tussaglygynyň üstüne suduň karary boýunça goýlupdy. Eger Sabina jerimäni tölemese, onda ol jaýyny ýitirýärdi.

Sabina ejizjek iňňesi gaýta-gaýta döwülýän köneje tikin maşynyny tapdy. Gara bazarda jorap hem güpbi satyp, üçegini elinden gidermezlige ýeterlik puly ýygnamak Sabina başartdy. Sanksiýalaşdyrylmadyk önümçilik we onuň harytlaryny satmaklyga kanun esasynda çäre görülýärdi, ýöne dostlary Sabina eşikleri fabrikleriň gapylarynyň öňünde, büreli bazarlarda, awtobus duralgalarynda we adamlar ýygnanyşýan ýerleriň hemmesinde satmaga kömek etdiler.

Bir gün Sabina tikin maşynynyň başynda otyrka, gapynyň erbet kakylýan sesi eşidildi. Ol gapyny açanda, gapynyň öňünde gara plaşly adamyň duranyny gördi.

— Raýat Wurmbrandmy?

— Hawa, men Sabina Wurmbrand — diýip, ol jogap berdi.

— Ertir irden sagat dokuzda size içeri işler Ministrligine barmak zerurdyr. Şu çakylygy nobatça görkezersiňiz-de, bu ýerde görkezilen otaga nädip barmalydygyny sorarsyňyz.

Ol sowuk nazaryny Sabina aýlady-da gitdi.

Kimdir biriniň özüni satanyna ynamly bolan Sabina ertir bilen gerek zatlaryny we ýyly geýimlerini kiçiräk bir torba salyp,

hemmeler bilen hoşlaşdy-da, görkezilen salga gitdi. Ol ýakynlaryny soňky gezek görýän bolmagynyň mümkindigini bilýärdi.

Onuň giren iş otagy ullakandy, halylydy we tutulydy. Kabulhanada owadan kätip gyz otyrdy. Gymmat çarçuwanyň içinde Leniniň suraty asylgydy. Roýalyň ölçegindäki stoluň başynda kyrk ýaşlaryndaky semiz bir adam ştat geýminde otyrdy.

— Oturyň, raýat Wurmbrand — diýip, ol oturgyjy görkezdi. — Sizi bu ýere siziň işiňizi gowuja anyklamak üçin çagyrdylar. Maňa özüňiz we maşgalaňyz hakda gürrüň beriň.

Sabina ikirjiňlendi.

— Gaýgy etmäň, siziň aýtjak zatlaryňyzyň hemmesi şu diwarlaryň içinde galýar. — Ol stoluň üstünde ýatan kagyzlara seretdi. — Siziň ogluňyz bar... Mihaý... Onuň okuwy nähili?

Ahyrsoňy Sabina munuň Riçard bilen aýrylyşmak üçin arza bermäge yrmaga edilýän nobatdaky synanyşykdygyna düşündi. Basyşlaryň şowly bolmadyk ýerinde kommunistler mylakatlylygy ulanýarlar. Ol adam kürsä arkasyny berip oturdy.

Sabina jogap berdi:

— Men adamymy gowy görýärin, şonuň üçin nähili ýagdaý bolsa-da, men nikamyzy saklajak. Biz hemişelik birikdirildik.

— Bolýar, — diýip, ol aýtdy, — ýöne maňa size kiçiräk bir teklip etmäge rugsat ediň. Siz öz çagaňyzyň okuwyny gutarmagyny isleýärsiňizmi? Siz zähmet çekmäge hukugyňyzyň bolmagyny we öz şahsy durmuşyňyz bilen ýaşamaga mümkinçiligiň bolmagyny isleýärsiňizmi? Siz bu zatlaryň hemmesini alyp bilersiňiz, özem örän aňsatlyk bilen. Ýöne maňa pasportyňyzy galdyryň, kyrk sekiz sagatdan soň biz ony size möhürli gaýtaryp berýäris. "*Aýrylyşma*" sözüni ýatdan çykaryň. Bu bary-ýogy döwletiň sizden talap edýän ýönekeý formallygy. Eýsem, bu ýagdaýdan pähimli çykalga dälmidir?

Sabina yrjak bolmalara tabyn bolmady.

Ol adam sägindi.

— Elbetde, eger siz biziň bilen hyzmatdaşlyk etmeseňiz, biz täsir etmäniň başga usulyny taparys. Biz bir zat etmek islesek, onda hökman şoňa ýetýändiris.

Sabina onuň gözlerine seretdi.

— Aýdaly, biziň döwrümizde köp resmi adamlarda bolşy ýaly, ajaýyp günleriň birinde siz türmä düşýärsiňiz. Şol wagt aýalyňyzyň siz bilen aýrylyşmagyny islärdiňizmi?

Ol partlan ýaly boldy:

— Siz özüňiziň nirededigiňize we meniň kimdigime düşünýärsiňizmi? Siz nädip maňa sorag bermäge het edip bilýärsiňiz? — Ol elindäki galamy pejiň içine oklady. — Indi bolsa, ýok boluň. Iş otagyndan güm boluň! Hem-de meniň size aýdan zadymy ýatdan çykarmaň! Düşnüklimi?

Sabina özüniň kiçijik torbasyny aldy-da, sesini çykarman gapa tarap ýöredi. Ol gaty gowy düşünýärdi... Ýöne indi Sabina ol adamyň hem, Sabinanyň pozisiýasyna düşünenini-de bilýärdi, sebäbi bu ony Riçarddan aýrylmaga mejbur etmegiň soňky synanyşygy bolupdy. Kommunizm döwründe ýolbaşçylar hem, edil mesihiler ýaly, türmeden gorkýardylar.

Şondan soň Sabina adamsynyň ölendigini habar berdiler.

*****

Bir gün gije üçege birnäçe sany ýaş oglan köneje geýimli gelip, özleriniň öňki tussaglardyklaryny aýtdylar. Ýöne olar Sabinanyň gözüne göni seretmekden gaça durýardylar-da, gözlerini başga tarapa sowýardylar. Riçardy türmede görendikleri hakda gürrüň berip başlanlarynda bolsa, Sabina özüniň galp adamlar bilen iş salyşýandygyna derrew düşündi.

— Görgüli ruhy çopan Wurmbrand — diýip, olaryň biri gaýgyly aýtdy. — Oňa näme bolanyny biz anyk bilemzok. Ölmeziniň öň ýanynda ol örän gussaly boldy we hiç kim bilen gürleşmedi.

# 55-NJI BAP

— Siz näme diýjek bolýarsyňyz? — diýip, Sabina anyklajak boldy. — Ol öz janyna kast etdimi?

— Bu belli däl. Biz diňe ony Gerlydan aýaklaryny öňe edip alyp gidenlerini bilýäris. Eger bu şeýle bolaýanda-da, ony kim ýazgaryp biler?

Sabina özüni aldajak bolýandyklaryny gördi.

— Haýyş edýärin, gidiň! — Sabina başga söz tapyp bilmedi.

— Görgüli ruhy çopan Wurmbrand — diýip, gelenleriň biri gaýtalady. — Ol hakyky mukaddesdi. Hemmelerem şeýle diýýärler. Biziň gynanjymyzy kabul ediň, hanym Wurmbrand...

— Haýyş edýärin, gidiň! Häziriň özünde! — diýip, Sabina olaryň sözüni böldi.

*****

Mihaýyň garaşyşy ýaly, ol kakasy tussag edileninden soň, kommunistik taglymaty kabul etmekden çürt-kesik boýun towlany üçin Sibiusdaky uniwersitetden okuwdan çykaryldy. Şeýle hem ol howpsuzlyk gullugyna özi hakdaky hemme zadyň — öz gün tertibiniň, giden ýerleriniň, dostlarynyň salgylarynyň mälimdigini-de bildi. Mihaý öz ýygnagyna adam satýanlar girendir diýip gaýgy etdi.

Bir gün Mihaý ejesine:

— Eje, men muny saňa aýtmak islämokdym welin, ýöne sen juda ýüregiýuka adam — diýdi.

Sabina aljyraňňy göründi.

— Sen gelýän adamlaryň hemmesini öýümize salýarsyň. Olar: “Rebbe şöhrat!” diýdikleri bes, sen olaryň öňlerinde gapyny giňden açýarsyň. Bu adam satýanlar bilen seresap bolmak gerek.

Ol garşylyk görkezjek bolan badyna, Mihaý sözüni dowam etdirdi:

— Eje, seni ýene tussag ederler diýip gorkýaryn. Meni-de. Meniň bokurdagyma çenli gizlin gullugymyzyň işine batandygym olara belli. Olar diňe biziň üçin howply däl. Men Siniudaky tanşan oglanlarymy alada edýärin, olary hepdede iki gezek alyp

gidip, maglumat getirýänçi bolmaga söz berýänçäler ýenjipdirler. Häzir olaryň hemmesi türmede, belki, ölüm halyna çenli olary gynandyrlar.

Sabina özüniň pes göwünli jorasy Alisany ýatlady. Ol ömrüni syýasy tussaglaryň çagalarynyň aladasyny etmeklige bagyş edipdi. Ol gizlin ýygnak bilen gatnaşygynyň barlygy sebäpli tutulypdy. Ondan maglumat almaga synanyşdylar, emma alyp bilmänlerinde, ujy demirli ädik bilen dişlerine ol huşundan gidýänçä we süňklerini döwýänçäler depdiler. Indiki sekiz ýylyň dowamynda Alisa söz bilen aýdyp bolmajak ezýetleri çekdi, emma Sabinany-da, Mihaýy-da, başgalary-da satmady. Sabina Alisanyň agzyndan gan akyp duran jansyz jesedini göz öňüne getirdi.

Häkimiýetiň ýygnaga bolan gatnaşygy gitdigiçe gazaplandy. Olar gizlin ýygnaklary dargatdylar, olaryň ýolbaşçylaryny tussag etdiler. Mihaý mamlady. Maglumatçylardan mydama seresap bolmak gerekdi...

# 56

Sorag edenlerinden soň Riçardy ýük maşynynyň kuzowyna taşlap, näbelli ugra alyp gitdiler. Maşyn ahyrsoňy saklananda Riçardyň ýüregi jigläp gitdi. Bu gorkunç Jilawa türmesidi.

“Tussaglary düşürmeli!” diýen buýruk boldy, şonda üstlerinden alkogolyň ýigrenji ysy gelip duran birnäçe garawul dubinkalaryny aýlap, tussaglary ýük maşynyndan “kakyp düşürip” başladylar. Soň olara çal eşik berdiler we saçlaryny syrdylar. Ýarym ýalaňaç we gana bulanan Riçardy ullakan kamera itip saldylar. Ol doňan poluň üstüne ýykyldy.

Birnäçe sagat geçenden soň: “Poplaryň hemmesini alyp çykmaly!” diýen buýruk boldy. Riçardy, beýleki ruhy çopanlary we ruhanylaryň hemmesini kameradan alyp çykanlarynda, olar töwereklerinde kikirdileri we pyşgyrmalary eşitdiler. Tussaglary rehimsizlik bilen depdiler we büdräp ýykylanlaryň üstlerine tüýkürdiler.

Otuz minutdan soň ruhanylary ýene çagyrdylar, ýöne bu gezek hiç kim ýerindenem gozganmady. Şonda kamera garawullar ylgap geldiler-de, hemmeleri ýene dubinkalar bilen urup başladylar. Riçard ýerinden turmaga ýagdaýy bolmadyklara kömek etmäge synanyşdy. Kameranyň burçunda Miron Kristesku atly prawoslaw ruhanysy ýatyrdy. Riçard onuň bilen birnäçe ýyl mundan ozal prawoslaw patriarhy bilen duşuşmaga garaşyp otyrka tanşypdy we öz duýgularyny onuň bilen paýlaşypdy.

“Doganym, — diýip, Kristesku Riçardyň egnine elini goýup jogap beripdi. — Mesih ýene gaýdyp gelýär, biz hut şoňa umyt

baglaýarys”. Kristesku prawoslaw ybadathanasynyň döwletiň kiçijik oýunçysyna öwrülmegine ýol bermejek bolup, ýadaman zähmet çekipdi, ýöne oňa bu barybir başartmady.

Indi Kristeskunyň agzyndan gan akyp durdy. Agyr ädikli aýaklary bilen onuň agzyna depipdiler. Ol dişleri içine düşen agzyny aýalary bilen tutup gygyrdy. Çişen ýüzi we saçy syrylan kellesi ony tanar ýaly etmedi.

— Menem beýlekiler ýaly bu ýere geldim, sebäbi ýalňyşlyk goýberip, ilkibaşdan garşylyk görkezmedim. Soň hem ýeterlik däl derejede tutanýerli garşylyk gökezmegim — diýip, bir gezek Kristesku Riçarda aýtdy.

Riçard ony köşeşdirmäge synanyşdy:

— Munuň ýaly pikirleriň özüňizi sustupeslige düşürmegine ýol bermäň.

— Wurmbrand dogan, men diňe bir gaýgyny — goýberen ýalňyşymyň gaýgysyny bilýärin — diýip, Kristesku jogap berdi.

Eger Kristesku bu sözleri wagyz eden wagtynda aýdan bolsa, olar ajaýyp sözler bolardy, ýöne indi kamerada gana bulaşyp hem dişsiz otyrka, bu sözler onuň güýçlüdigine şaýatlyk edýärdi.

*****

Riçardyň ikinji tussaglygy birinjisinden has gazaply boldy. Kameradaşlaryna wagyz etmekligiň gadagan edilendigi sebäpli, kimdir birini Hudaýyň Sözüni wagyz edip otyrka tutsalar, onda şony ýowuz ýençjekdiklerini hemmelerem bilýärdi. Riçard bilen başga-da birnäçe gullukçy wagyz etme artykmaçlygynyň bahasyny tölemäge taýýar bolma kararyna geldiler: olar wagyz etdiler — olary ýençdiler.

Köplenç doganlaryň biri kameradaşlaryna wagyz edip başlanda, duýdansyz gapy açylýardy-da, garawullar ylgap gelýärdiler we ýaňy söze başlanda, onuň sözüni bölýärdiler. Soň olar şol dogany süýräp, gynanylýan kamera alyp gidýärdiler. Birazrajyk wagtdan soň ony

ýenjilen hem maýyp edilen ýagdaýda getirýärdiler-de, poluň üstüne taşlaýardylar. Ol haýaljakdan özüne gelip başyny galdyrýardy-da: ”Hawa, doganlar, nirede biziň sözümizi bölüpdiler?” diýýärdi.

Gerla türmesinde Riçard Greku atly mesihi hakda eşitdi. Ony ölüm halyna çenli ýençmeklige höküm edilipdi. Bu proses hepdeläp dowam etdi. Rezin taýak bilen onuň jyns organyna urýardylar-da, ýatyryp goýýardylar. Birnäçe minutdan soň ony ýene urýardylar, soň ýene, ýene... Ol agyry şokundan ölmez ýaly, lukman oňa sanjym edýärdi. Greku özüne gelende, ony ýene urýardylar, şeýdip, ol ahyrsoňy çydap bolmajak yzygiderli üstünden gülmelerden ýaňa ölýänçä urdular.

Gynamalara kommunistik partiýanyň Merkezi komitetiniň agzasy Rek ýolbaşçylyk etdi. Gynamalar wagtynda Rek Grekua kommunistleriň mesihilere gygyryp aýdýan zadyny aýdyp: “Men — *hudaý*. Indi ýaşaýyş hem ölüm *meniň* ygtyýarymda. Gökdäki saňa ýaşaýyş sowgat berip bilmeýär. Hemme zat maňa bagly. Eger men islesem, sen ýaşarsyň, eger islemesem, seni öldürerler. Men — *hudaý*!” — diýýärdi.

Greku dogan şunuň ýaly akla sygmajak agyr ýagdaýdaka-da Reke juda çuň manyly jogap berdi. Ol: “Siz Hudaýa has meňzeş bolmak üçin ýaradyldyňyz, siziň ýüregiňize Onuň keşbi salnan” — diýdi. Grekunyň ölenine köp wagt geçmänkä, Rek Mesihiň yzyna eýeriji boldy.

Riçard kommunistleriň synamalarynyň, ýençmeleriniň we kemsitmeleriniň hemmesinden bir sapak aldy: *ruh — teniň hökümdary*. Onuň bedeni gynamalary başdan geçirdi, ýöne olar Mesihiň şöhratyndan we mydamalyk barlygynda bolýan ruhdan aýra bir zat ýaly bolup görünýärdi. Jellatlar teni parçalap bilýärdiler, ýöne ruhy döwüp bilmeýärdiler.

*****

Hatda Riçarda we beýleki tussaglara hepdede birje bölek çörek bilen her gün çorbanyň ýerine hapa bulamak berýän bolsalar-da, olar bu iýmiti, özleriniň Rebbe berýän "ondan biri" hökmünde, iň ejiz dogana berýärdiler.

Mesihileri ölüm jezasyna höküm edenlerinde, ölümiň öň ýanynda olara aýallary bilen duşuşmaga rugsat edýärdiler. Olar özleriniň söýgülilerine köplenç: "Meniň özümi öldürenlere bolan söýgi bilen ölýändigimi sen bilmelisiň. Olar näme edýändiklerini bilenoklar, şonuň üçin meniň soňky haýyşym — senem olary gowy gör. Söýgüliňi öldürýändikleri üçin ýüregiňde olara garşy bolan ajy kine saklama. Biz göklerde duşuşýarys ahyry" diýýärdiler.

Munuň ýaly sözler gürrüňleri diňleýän howpsuzlyk gullugynyň ofiserlerini we türme işgärlerini çendenaşa haýran galdyrýardy. Soňy bilen olaryň özleriniňem mesihi bolan ýagdaýlary az bolmandy.

Riçard onlarça gaýduwsyz ruhy çopanlaryň gynanylyp öldürilmeginiň şaýady boldy. Özleriniň ilkinji söýgüsine dönüklik etmedik gizlin ýygnakdan bolan mesihiler üçin adatdan daşary batyrlyk adaty zat boldy. Olaryň ömürleriniň soňky minutlarynyň gözelligi çal sement diwarlarynyň we türme geýimleriniň fonunda ýagty öwşün atýardy.

Türmä düşmezinden öň Riçard Mesihi örän güýçli söýýärdi. Indi bolsa, ikinji tussaglyk wagtynda, gizlin ýygnagyň gözelligini görende, ony-da söýdi.

*****

Riçardy otlynyň wagonyna beýleki tussaglar bilen bile oklap, Transilwanyň Gerla şäherine, ýagny ozal üç ýyllap tussaglykda bolan ýerine alyp gidenlerinde, özüniň täze kamerasynyň äpişgesinden XVIII asyrda tussaglaryň asylýan dar agajyny görüp bildi. Kommunistler bolsa, jezanyň has netijeli görnüşini — ýeňsäňden atmany oňladylar...

## 56-NJY BAP

On müň tussagy wagşyçylykly şertlerde, iki müň adama niýetlenilen jaýlarda sakladylar. Geçen tomsuň bütin dowamynda administrasiýa äpişgeleri ýapyp saklamagy buýruk berdi. Ýagtysyz we howasyz diýen ýaly ýaşamak mümkin däldi. Şeýdip, gozgalaň başlandy. Türmäniň bir ganatyndaky tussaglar barrikadalar edip başladylar. Goragçylara kömek etmek üçin milisiýa çagyryldy. Barrikadalary aýyrdylar, gapylary berkitdiler. Ýüzlerçe tussaglar ýaralandylar, onlarçasy öldürildi. Riçard Gerla türmesine gelende, tussaglardan gozgalaň turzandyklary üçin rehimsizlik bilen öç alýardylar — olary açlyk bilen gynaýardylar. Ahyr netijesinde köpler başga türmelere geçirildi.

Gerlada Riçardy uzyn çala ýagtyldylan kamera ýerleşdirdiler, onda ýüz adama elli sany krowat bardy. Krowatlar umumydy, olarda birnäçe adam bolup ýatýardylar. Hor çekilýändigi zerarly uklamak mümkin däldi, dolup duran unitazlardan gelýän porsy bolsa, ýüregiňi bulandyrýardy.

Ýöne Riçardyň almak başardan gysgajyk dynç almasyny hem, köplenç howpsuzlyk gullugynyň işgärleri duýdansyz gelip bozýardylar. Tikenli ädik bilen urlan tussaglar sanalanda, olary bir hatar bolup ýatmaga mejbur edýärdiler. Garawul biriniň adyny ýazanda, ol onuň arkasyna münýärdi.

Türme režimini çalaja bozmaklygam az bolanda ýigrimi bäş gamçy urgusy berilýärdi. Hatda lukman bar bolsa-da, syrkawlaryň köpüsi ölýärdi. Yzygiderli gamçylanmanyň nämedigini her bir tussag bilýärdi, olaryň käbirleri bolsa, hepdede birnäçe gezek ýigrimi bäş urgy alýardylar. Özlerinde dürli gynama gurallaryny synap gören Riçard bilen onuň kameradaşlary gamçynyň taýaga ýa-da dubinka seredende köp agyryly bolýar diýen karara geldiler. Gapyrgaňa we oňurgaňa degýän her bir urgy kesip barýan agyryny döredýär. Nerw sistema köplenç oňa döz gelmeýär-de, tussaglar huşlaryndan gidýär. Gynamalaryň garawullara täsir ýetirýäni göze görnüp durdy. Gan bilen ygtyýarlylygyň garyndysyndan serhoş bolan olar aklyndan azaşma ýagdaýyna düşýärdiler.

Her gün Riçard kameradaky täretli bedräni meýdançadaky ýeke-täk unitaza alyp gitmäge mejbur bolýardy. Ol bedräniň içindäkini kanalizasiýa dökmek üçin uzyn nobata durýardy. Ol mümkin boldugyça seresap bolmaga çalyşýardy, ýöne ol ellerini we geýmini köplenç hapalaýardy.

Her bir tussagyň hakydasyna Rossa Şandordaky türme gonamçylygy okdurylyp girýärdi. Äpişgeden görünýän mazaryň üstündäki çal ýazgylar Riçarda özüniň gojalyp barýandygyny ýatladýardy. Ol ölümden gaçyp bilmeýärdi, diňe onuň gelmegini yzraga çekip bolýardy. Onlarça ýyllaryň dowamynda tussaglaryň köpüsi wagtyň hasabyny ýitirýärdiler. Gerla türmesiniň esasy girelgesindäki sagadyň dilleri eýýäm alty ýyldan bäri durdy. Ýüz görülýän aýnanyň ýoklugy sebäpli, tussaglaryň göwünlerine özleri tussag edilen günlerindäki ýalylygyna galan ýaly bolýardy. Olaryň aýallarynyň keşpleri hem, hakydalarynda azatlykda wagtynda görendäkisi ýaly galýardy. Şonuň üçin olar azatlyga çykanlarynda özlerini garşy alýan aýallarynyň küýkeren mama ýaly bolanyny görenlerinde haýran galýardylar.

*****

Semiz, gyzyl ýüzli maýor Dorabantu Gerla türmesiniň komendanty wezipesinde işleýärdi, ol elmydama jübüsinde sarymsak ýa-da alma bilen kolbasa rulonyny göterýärdi, kämahal ol käýinip ýaňrap ýörkä, elini şol ýere sokup, garbanmaga indiki porsiýasyny alýardy.

Riçard komendantyň öňünde durup, dabaraly meýlisine höwes bilen seredýärdi. Dorabantunyň ýigrenmeýän ýeke-täk iki zady bardy, olar iýmit we öz sesiniň owazydy.

— Diýmek Wurmbrand! — diýip, ol bu gezek agzyny bir bölek pirog bilen doldurdy. — Monah, şeýlemi?

— Men ruhy çopan, — diýip, Riçard ony düzetdi.

— Çopanlar, ruhanylar, monahlar! Siziň hemmäňiz bir. Baý bolmak üçin garyplary talaýaňyz. Bilýärin, bilýärin!

Dorabantu janlandy we çagalygynda monastyre nädip örän golaý barandygyny, monahlaryň bolsa ony ýenjendiklerini ýada saldy. Komendantyň gözlerinde ýigrenç uçguny ýalpyldady.

— Wurmbrand, sen haçan hem bolsa bir wagt ruhanynyň aç çagany goşa zynjyrly tüpeň bilen atandygyny gördüňmi?

Riçard ýüreginiň çalt urýandygyny duýdy.

— Mukaddes görnüş! — diýip, Dorabantu gygyrdy.

Komendant Riçardyň duş gelen ýeke-täk zalym adamy däldi. Onuň kameradaşlary ömürlik azatlykdan mahrum edilen ganhorlar, ogrylar we jenaýatçylardy. Öň ýewreýleri öldürenler Riçard bilen aşa duşmandylar we bir gezek tas onuň ömür tanapyny kesipdiler.

— Saňa agzyňy ýum diýildi! — diýip, olardan biri gygyrdy.

Kimdir biri Riçardy itekledi we ol ýüzin ýykyldy. Derrew ony aýaklary bilen depip başladylar. Onuň bagtyna, şol pursatda gapy açyldy, garawullar kameranyň içine ylgadylar we hemmesini düşeklerine dargatdylar.

Soňrak kameralary barlagdan geçirip ýören Dorabantu bu edilen hüjüm hakda eşitdi. Garawullaryň biri pidanyň Riçarddygyny tanady, sebäbi ol tussaglaryň iň beýigidi, ýöne garaňkyda hüjümçileri tanap bilmedi.

— Wurmbrand, muny kim etdi?! — diýip, Dorabantu jogap bermegini talap etdi.

Riçard jogap bermedi.

— Näme üçin aýtmak islemeýärsiň? — serkerde gaharlandy.

Döwülen aşaky dodagyny ýapýan Riçard:

— Men mesihi. Duşmanlarymy söýýärin we bagyşlaýaryn. Men olary günäkärlemeýärin.

— Onda sen samsyk! — diýip, Dorabantu gaharlanyp gygyrdy.

Riçard razylaşdy.

— Dogry aýdýarsyňyz. Bütin ýüregi bilen mesihi bolmadyk adam samsykdyr.

— Sen *meni* samsyk diýip atlandyrýarsyňmy?

— Men beýle diýmedim — diýip, Riçard aýtdy. — Men özümi bolmalysy ýaly gowy mesihi däldigimi göz öňünde tutdum.

— Ony äkidiň! — diýip, Dorabantu buýruk berdi. — Otuz urgy! Samsyk monahlar...

Riçard özüni tutup, gamçylamaga alyp barýarkalar dişlerini gysdy.

# 57

Kamerada Floresku atly ogry sygan Riçardyň krowadynyň ýanyna agaç oturgyjy goýup, onuň bilen gürleşip başlady.

— Men görýän, duýýan we elläp bilýän zatlaryma ynanýaryn — diýip, Floresku gürrüňe başlady. — Biziň hemmämizem üstünde oturan agaç bölegimden artyk wajyp däldiris. Biziň ölümimizem — bu hemme zadyň soňudyr.

Riçarda öz pikirini subut etmek zerurdy. Ol ýerinden turdy-da, Floreskunyň aşagyndaky agaç oturgyjy depip goýberdi welin, oturgyç diwara baryp uruldy, Floresku hem, güpürdäp, poluň üstüne ýykyldy.

— Bu näme etdigiň boldy?! — diýip, ol gaharlanyp ýerinden turanda sorady.

— Sen özüň agaç oturgyç ýaly materiýadygyňy aýtdyň. Ýöne men oturgyjyň menden arz edenini näme üçindir eşidemok! — diýip, Riçard asuda jogap berdi.

Olaryň kameradaşlary güldüler.

— Bagyşla, Floresku. Men diňe materiýanyň söýgä-de, ýigrenjede baş galdyrmaýandygyny saňa görkezmek isledim, ol bizden tapawutlanýar — diýip, Riçard aýtdy.

Floresku birnäçe minutlap çişip oturdy, soň hem jogap berip:

— Men muňa ölüler biziň bilen gürleşmek üçin gaýdyp gelse ynanyp biljek.

— Ynanaý, adamlaryň ölüler bilen baglanyşygy bar. Isaak Nýutondan başlap, Oliwer Lodža çenli beýik alymlaryň köpüsi

spiritizme ynanypdyrlar. Hatda Mukaddes Kitap hem öli pygamber Şamuwel bilen gürleşigi suratlandyrýar (1Şamuwel 28).

Riçard ölümden soňky ýaşaýşy wagyz edip başlady. Onuň sözleri kameradaşlarynyň ünslerini özüne çekdi, şonuň üçin olar onuň daşyna üýşüp başladylar.

— Eger Hudaý bizi diňe şu ýaşaýyş üçin ýaradan bolsa, onda Ol ilki paýhasly ýaşy bererdi, diňe şondan soň, gujurly ýaşlygy bererdi. Bilimi hem akyldarlygy diňe özüň bilen gabra alyp gitmek üçin almaklyk manysyz ahyry! Martin Lýuter biziň ýerdäki durmuşymyzy geljekki çaganyň durmuşy bilen deňeşdirýär. Ol, eger embrion ejesiniň göwresinde pikirlenip bilýän bolsa, onda ol näme üçin elleriniň hem aýaklarynyň ösüp çykýanyna geň galardy, elbetde, ol özüniň oýnajak, ylgajak we işlejek başga bir dünýäsiniň bardygy baradaky netijä gelip biljekdigini aýdýardy. Düwünçegiň geljekki ýaşaýşa taýýarlanyşy ýaly, bizem taýýarlanýarys.

Riçard, krowatda ýatan tussaglaram eşidip biler ýaly, edip bildiginden gaty gürledi. Öçügsi çyraly kameradakylaryň hemmesiniň gözleri ruhy çopana gönükdi.

— Eger men ýarym litrlik gaba bäş litr süýdüň sygýanyny aýtsam, meniň akylsyzdygymy aýdardyňyz. Şeýle-de bolsa, meniň beýnim müňlerçe ýyllar mundan ozal bolup geçen suw almasy ýaly pikirleri-de, tutulan günüm aýalym hem oglum bilen hoşlaşyşym hakdaky ýatlamany-da, Hudaý we şeýtan hakdaky pikirleri-de özünde saklap bilýär. Meniň kellämiň ebedi ýaşaýyş hakda bolşy ýaly, gündelik durmuş hakdaky pikirleri hem özünde saklamagy nädip mümkin bolup biler? Siziň wagtda we giňişlikde syýahat edip bilýän azat ruhuňyzyň “ten” diýilýän gabygyňyzyň ykbalyna dahyllydygyna siz ynanýarsyňyzmy?

Buharestdäki ruhy çopançylyk gullugynyň bütin dowamyndaky ýyllarda Riçardyň wagzyndan soň hiç haçan onuň şu wagtky kamerasynda höküm sürýän ümsümlik hiç haçan bolmandy. Bu wagt adamlaryň dem almasam, pyşyrdaşmalaram, degişmelerem eşdilenokdy. Mesih hakdaky wagzyny dowam etdireninde, garaňky

kameranyň içine göz aýlaýar. Onuň kameradaşlary ýygnanyşygy emele getiripdi, ol munuň ýaly ýygnagyň öňünde hiç haçan wagyz etmeli bolmandy. Olaryň geýimleri könedi hem kirlidi, äňleri dişsizdi, ýaňaklary içine çökendi, haýran galmadan we umydyň bardygyny duýmadan ýaňa giňden açylan gözleri olaryň Riçardyň gürrüňini edýän hakykatyna teşnediklerine şaýatlyk edýärdi.

*****

Ikinji gezek türme tussaglygynda bolmasynyň dördünji ýylynda Riçard ýene gaty güýçli syrkawlady-da, türme keselhanasyna geçirildi. Ol keselhanada bir hepde bolandan soň, oňa beýleki tussaglar bilen bile howla çykmak buýruk berildi. Olaryň käbirleri özbaşdak ýöräp hem bilmeýärdiler, şonuň üçin Riçard başardygyça olara kömek etdi. Türme keselhanasynyň syrkawlary bir sagadyň dowamynda daşarda durup, beýleki tussaglaryň ýerine ýetirmegindäki teatrlaşdyrylan ýasama tomaşa seretmäge mejbur bolýardylar. Bu tomaşa wagtynda aktýorlar mesihiligiň üstünden gülýärdiler-de, şol wagt nahar symyşlap oturan komendanty el çarpmaga we gülmäge mejbur edýärdiler.

Tussaglary biri-biriniň yzyndan ýasama sahna çykmaga we Mesihi ýaňsylaýan, masgaralaýan şygarlary gaýtalamaga mejbur edýärdiler. “Bu zatlaryň hemmesi gutarýança, biz bu bolgusyz zatlary *gaýtalamaly bolýarys*” — diýip, tussaglaryň biri Riçardyň egnine elini goýup aglap aýtdy.

Täze bellenilen komendant Aleksandresku Riçardy sahna çagyranynda, ýüzlerçe gözler garaşma bilen ruhy çopana seretdi. “Ol kommunizmi şöhratlandyrarmyka?” — diýip, tussaglar pyşyrdaşdylar.

Riçard Sabinanyň kultlaryň Kongresindäki: “Mesihiň ýüzünden bu masgaraçylygy süpürip aýyr” diýen sözlerini ýada saldy.

— Bol, gürle! — diýip, Aleksandresku buýruk berdi.

Riçard ýuwaşja gürledi:

— Bu gün, bu ýekşenbe ertirinde aýallarymyz, enelerimiz we çagalarymyz ýygnaklarda we öz öýlerinde biziň üçin doga edýärler. Bizem olar üçin doga etmek isleýäris. Munuň deregine biz bu tomaşa seretmeli bolýarys. — Riçard tussaglara maşgalalaryny ýatladanynda olaryň ýüzlerinden gözýaşlaryň syrygýanyny gördi. — Şu wagtjyk biz bu ýerde Isany ýaňsylaýandyklarynyň şaýatlary bolduk, ýöne sizde Oňa garşy näme bar? Siz zähmetkeşler hakda gürrüň edýärsiňiz, eýsem, Isa agaç ussasy dälmidi? Siz işlemedik adamyň iýmeli hem däldigini aýdýarsyňyz, ýöne ol sizden öň Pawlusyň Saloniklilere ýazan ikinji hatynda (3:10) aýdylýar. Siz baýlara garşy çykyş edýärsiňiz, ýöne Isanyň Özi pul çalyşýanlary ybadathanadan gamçy bilen kowdy" (Ýohanna 2:14-15).

Aleksandresku gaşlaryny çytdy, ýöne onuň Riçard ölüm jezasyna mynasyp bolar ýaly derejede köpräk gürlär diýen umyt bilen diňleýändigi görnüp durdy. "Siz kommunizm gurýarsyňyz — diýip, ol sözüni dowam etdirdi, — ýöne ilkinji mesihileriň bar zatlarynyň hemmesini deň paýlaşyp, umumylykda ýaşandyklaryny ýatdan çykarmaň" (Resullaryň işler 2:44). Siz garyplary beýgeltmek isleýärsiňiz, ýöne Isa dogulmazyndan öňki Merýeme aýdylan sözlerde Hudaýyň garyplary baýlardan beýgeltjekdigi aýdylýar (Luka1:52-53). Kommunistik taglymatdaky gowy zatlaryň hemmesi mesihilikden alnypdyr!

Soň Riçard özüniň "Kapitalyna" girişde mesihiligiň diniň iň oňaýly görnüşidigini aýdan Karl Marksyň sözlerine salgylandy. Ol birazajyk wagtlyk nazaryny türme işgärlerinde saklap, soň ol ýere gatnaşyjylara göz aýlady-da, sorag berdi:

— Bu ýerde günäsiz adam, hatda kommunistem barmy?!

Mundan soň Riçard göni Isa Mesihi, Onuň haçda her bir adam üçin eden zadyny we hatda Onuň kommunistleri-de şeýle güýçli söýýändigini wagyz edip başlady. *Aýratynam* kommunistleri! Her bir adam, uniwersitetiň talybyndan başlap, fabrigiň işçisine çenli hemmeler Hudaýyň sudunyň öňünde durar. Riçard komendanta tarap öwrülip:

# 57-NJI BAP

— Sizi-de sud ederler, maýor Aleksandresku! — diýdi.

Tussaglar gorkup, biri-biriniň ýüzlerine seretdiler. Riçard özüniň ölümden bir ädim aralykda duran bolmagynyň mümkindigini bilýärdi, şeýle-de bolsa, Isanyň Öz ýanyna toba bilen gelýän her bir adama ebedi ýaşaýşy berýändigini wagyz etmegini dowam etdirdi.

Riçard wagzyny gutaryp ýetişmänkä, türmäniň howlusy el çarpyşmalaryň sesinden doldy. Dürli maddalar boýunça hököm edilen tussaglar, indi soňunda näme boljakdygynyň aladasyny etmän, ruhy çopany goldap el çarpdylar we gygyrdylar. Riçard nyzama gaýdyp gelende, Miron atly tussag onuň gulagyna:

— Sen olaryň ähli eden zatlarynyň üstüne atanak çekdiň! — diýip pyşyrdady.

Gaston bolsa, onuň beýleki gulagyna:

— Sen eşidýärsiňmi, hemmeler saňa "ura!" diýip gygyrýarlar! — diýip pyşyrdady.

Riçard:

— Olar maňa däl-de, özleriniň ýüreklerine aralaşan Hoş Habara gygyryşýarlar — diýip jogap berdi.

Riçardyň eden çykyşy ony türme keselhanasyndaky krowadyndan mahrum etdi. Bu wakadan soň ony "poplaryň otagyna" geçirdiler.

Birnäçe gün geçenden soň Konýa atly leýtenant Riçarda iki täzelik aýtdy. Ol Sabinanyň türmededigini, şeýle hem, çykyş wagtynda birnäçe gezek tabyn bolmandygy üçin agşam sagat onda gamçylajakdyklaryny aýtdy. Riçard urulma nädip hem bolsa bir ýol bilen döz gelip bilýärdi, ýöne Sabina hakdaky habar onuň üçin gaty erbet urgy boldy.

Urulma garaşmaklyk adamy aklyndan azaşdyryp biler, emma aýalynyň urulýandygyna akyl ýetirmeklik Riçard üçin asla çekip bolmajak synag boldy. Ol kä golaýlaşýan, käte daşlaşýan aýak seslerini wagtal-wagtal eşidip, kameranyň gapysynyň agzynda garaşyp durdy. Nirededir bir ýerde urulýandygy sebäpli bir tussag gygyrýardy. Ýöne Riçardyň yzyndan hiç kimem gelmedi...

Indiki alty günüň dowamynda Riçardy gaýta-gaýta gamçylanma bilen gorkuzdylar. Bir hepdä golaý wagt geçenden soň, ahyrsoňy, ony gynanylýan kamera süýräp saldylar-da, diri galmaga umyt galmaz ýaly edip ýençdiler. Ýaralaryň her biri, edil ot ýaly ýanýardy.

Urup duranlar saklananlaryndan soň, leýtenant Konýa: "Oňa ýene birazajyk sepiň! On sany!" diýip buýruk berdi.

Kamera Riçardy huşsuz ýagdaýda alyp geldiler. Uzakly gün ses gataldyjy enjamlarda: "Mesihilik — bu akylsyzlykdyr! Mesihilik — bu akylsyzlykdyr! Mesihilik — bu akylsyzlykdyr! Ýüz öwür! Ýüz öwür! Ýüz öwür!" — diýip ýaňlanyp durýardy.

Riçard ondan ýüz öwrüp bilmedi, sebäbi Isa ýüz öwürmändi. Gynamalara sezewar edilýän wagtynda Isa perişdeleri çagyryp, Özüni halas etmeklerini aýdyp bilerdi, emma Ol Özüni haça çüýleýänlere bolan söýgüsiniň kömegi bilen agyra hem kemsitmelere döz geldi.

Indiki birnäçe hepdäniň dowamynda gynamalar güýçlendi. Riçarda we beýleki ruhy çopanlara balaklaryny çykarmagy buýurýardylar. Jellatlaryň käbirleri "Garnyň üstüne ýat!" diýip gygyrýardy. Beýlekileri: "Arkaňa öwrül-de, aýagyňy ýokary galdyr!" diýip talap edýärdiler. Olara içgysgynç bolanda, olar iki tussagy alyp, birine:

— Ýüzüne ur! — diýýärdiler.

Eger ol beýle etmekden ýüz öwürse, onda oňa:

— Sen öz mümkinçiligiňi ýitirdiň! — diýýärdiler.

Soň ikinjä birinjini urmagy buýurýardylar.

— Oňa gaýtargysyny ber! — diýip, gülüp arlaýardylar.

Köplenç tussaglar biri-birlerini ýüzleri çişip, garamtyl gyzyl bolýança urýardylar.

Riçard babatda bolsa, gynamalar peýdasyz ýaly bolup görünýärdi. Ol Mesih üçin gynalmadan şeýle şatlyk tapýardy, şonuň üçin leýtenant Konýa başga usula ýüz urmaly boldy. Bir gün ol kamera gelip, Riçardyň zatlaryny ýygnamagyny talap etdi.

Konýa ony howlynyň içinden geçirip, ak diwarly kameralary bolan bina alyp bardy. Riçard ozal hiç haçan munuň ýaly ýerde bolup görmändi. Burçlarda çyralar asylgy durdy we ony ýiti ýagtydan

dolduryýardy. Bir minutdan soň ses gataldyjy enjamda şeýle sözler ýaňlanyp başlady: "Biziň döwrümizde hiç kim Mesihe ynanmaýar. Hiç kim Mesihe ynanmaýar. Hiç kim Mesihe ynanmaýar. Hiç kim ýygnaga barmaýar. Hiç kim ýygnaga barmaýar. Ondan el çek. Ony taşla. Taşla. Biziň döwrümizde hiç kim Mesihe ynanmaýar...". Riçard gulaklaryny dykjak boldy, ýöne elleri arkasynda gandallanandy.

Ertesi gün ertir bilen Konýa kamera girip, Riçardyň elindäki gandallary aýyrdy-da, koridor bilen öz yzyna düşmäge çagyrdy. Ruhy çopan özüniň täze kamerasyny görende, demi tutulan ýaly boldy. Arassa düşekler ýazylan krowadyň üstünde arassaja geýimler durdy. Saçak ýazylan stoluň üstünde wazada güller bardy. Bu haýran galdyryjy görnüş sebäpli Riçardyň aýaklary gyşaryp gitdi, ol krowadyň üstünde oturyp aglady. Konýa özünden göwnühoş boldy...

Riçard stoluň üstünde ýatan gazetiň — türmede geçiren ýyllaryndaky ilkinji gazetiň sahypalaryny agdaryşdyrdy. Ol okan zatlaryndan mümkin boldugyça köpräk zat almak üçin sahypalary haýallyk bilen okady. ABŞ Gara deňze eýýäm giripdirmi? Bu hakda gazetde ýekeje sözem aýdylmaýardy, ýöne Amerika garşy çykýan Kubadaky kommunistik diktatura hakda makala bardy.

Bezelgi otaga Aleksandresku girdi we tussaglygyň galan böleginde bu otagy oňa bermäge söz berdi. Soň ol Isa Mesihiň resullaryň oýlap tapan toslamasydygy, olaryň muny gullara gowy durmuşa ýalan umyt bermek üçin edendikleri hakdaky gürrüňe başlady.

Riçard oňa gazeti uzatdy-da, şeýle diýdi:

— Siziň kommunsitik gazetiňiz Isanyň toslama däldiginiň subutnamasy bolup durýar. Onda gazetiň çykan senesi ýazylgy dur — 1963-nji ýylyň iýuly. Bu siziň hiç haçan bolmandyr diýýän Kişiňiziň doglanyna 1963 ýyl geçendigini aňladýar. Siz Mesihe ynanmaýarsyňyz, ýöne Ony biziň siwilizasiýamyzyň esaslandyryjysy hökmünde kabul edýärsiňiz, Onuň doglan wagtyndan wagty sanap başlaýarsyňyz.

— Bu hiç zady-da aňlatmaýar — diýip, Aleksandresku eginlerini gysdy. — Ýöne bir şeýle sanamak kabul edilipdir.

— Ýöne, eger Mesih hiç haçan ýere gelmedik bolsa, onda bu däp nireden peýda bolupdyr?

— Ony ýalançylar oýlap tapypdyrlar.

— Aýdaly, siz maňa ruslaryň Marsa baryp gonandyklaryny aýdýarsyňyz — diýip, Riçard aýtdy. — Men size ynanmaga borçly däl. Ýöne men radiony işledenimde, ýeten derejeleri bilen olary amerikalylaryň gutlaýanyny eşitdim, onda onuň hakykat bolmagynyň mümkindigi hakda pikir ederdim. Eger Isanyň ganym duşmanlary bolan fariseýler muny Talmudda ykrar eden bolsalar, şeýle hem, Onuň ejesiniň we şägirtleriniň käbirleriniň atlaryny ýazan bolsalar, onda biz Mesihiň ýaşanyny taryhy fakt hökmünde ykrar etmelidiris. Mundan başga-da, fariseýleriň Mesihiň gudratlar görkezenini aýdýarlar we onuň ýaly gudratlary gara jadynyň kömegi bilen edip bolýandygyny aýtmak bilen olara garşy çykýandyklary bizde täsir galdyrmalydyr. Butparaz ýazyjylaryň köpüsi-de Isany ykrar edýärler. Diňe kommunistler göze görnüp duran bu taryha, özleriniň teoriýasyna gabat gelmeýändigi sebäpli garşy çykýarlar.

Aleksandreskunyň jedelleşmezligi Riçardy diýseň güýçli haýran galdyrdy. Mununň deregine ol Riçarda okamak üçin kitap "*Ateistiň sorag-jogap kitabyny*" uzatdy. Bu berk daşly hem owadan illýustrasiýaly kitapdy. Riçard induizm, buddizm, konfusianlyk we yslam ýaly dinleriň taryhy hakda okapdy. Kitapda katolisizmiň ýoýulandygy, lýuteranlygyň has gowudygy, sebäbi Lýuteriň papa garşy çykandygy ýazylypdy. Şu ýere ýetende Riçard ýylgyrdy. Ol ýerde: "Şeýle-de bolsa, mesihilik däpleriniň hemmesi aldawçy bolup, ýalan çaklamalara esaslanýar" diýip ýazylypdy. Riçard mesihilik däpleriniň hamana butparaz däplerden gelip çykandygy baradaky bölümi gyzyklanma bilen okady. Soňky babyň sözbaşysy onuň ünsüni özüne çekdi: "Ateistik wagyzlaryň görnüşleri". Ony okap bolandan soň ol ony ýapdy-da, bu kitaby elinde tutma mümkinçiliginiň bolandygy üçin Rebbe minnetdarlyk bildirip, arassa ýorganyň aşagyna girdi.

# 57-NJI BAP

*****

Katolik ybadathana Gündogarda we Günbatarda ýaşap, aýra düşürilen doganlaryň arasynda ýaraşygyň bolmagyna çagyrdy. Mesihilik birliginiň bolmagy mümkinmikä? Riçard Mesihi hakykatdan söýýänleriň biri-birini hem söýmelidigini bilýäni üçin bu soragyň üstünde pikirlendi. Ol Isanyň Özüniň bütin dünýädäki çagalaryna: “Men siziň hemmäňize dürli ýollar bilen şypa berdim, indi sögüşmek gerek däl, şatlanmak gerek!” diýýänini göz öňüne getirdi.

Riçard meşhur nemes şahyry Gýotanyň: “Reňk — bu ýagtylygyň agyrysydyr” diýen sözlerini ýada saldy we bu pikire haýran galdy. Prizmanyň içinden geçende, ýagtylyk duran zatlaryň üstüne düşýärde, dürli reňkdäki şöhleler dürli taraplara ýaýraýar. Her bir şöhle şol bir ýagtydan ybarat bolýar, ýöne daşky görnüşleri we ugurlary boýunça tapawutlanýar.

Edil şonuň ýaly ýagdaýda Günbatarda ýaşaýan mesihiler Gündogarda ýaşaýan mesihilerden tapawutlanýarlar. Olaryň milli baýdaklarynyň dürli boluşlary ýaly, medeniýetleri-de, däpleri bilen dessurlary-da dürli. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň çagalary Mesihiň Gany bilen satyn alnandyr. Hudaýda meňzeşlik ýok; Ol birligi — gurbanlygy bizi täze ýaradylyş eden Hudaýyň Oglundaky birligi isleýär.

Şeýdip, ýygnagyň bölünişmeginiň şol bir hakykaty dürli nukdaýnazarlarda agyryly gözlemeklik bolandygy hakda pikirlenip, Riçard uka gitdi. Isanyň onuň aňynda ýaňlanan: “Men ýol, hakykat hem ýaşaýyşdyryn, Mensiz hiç kim Atama baryp bilmez” (Ýohanna 1:6) diýen sözleri onuň üçin hüwdi boldy.

# 58

— Alisa gelipdir! — diýip, Marietta begenip gygyrdy. — Ahyrsoňy geläýdi!

Sabina ajaýyp täzelige ynanyp bilmedi. Ol Mihaý hem Marietta bilen paltolaryny alyp, tramwaýa böküp mündüler.

Alisa örän garrapdyr. Ol ýamaly geýimde durdy, onuň inçejik saçy, ýüzündäki aýylganç kommunistik gynamalaryň salan gasynlarynyň üstüne düşüp durdy. Ol hemişekisi ýaly ýylgyrýardy.

— Ertir biz saňa näme-de bolsa bir zat getireris — diýip, Sabina söz berdi.

— Ýöne siziň özüňizde-de hiç zat ýok ahyry — diýip, Alisa jogap berdi, ol gaty mamlady.

— Ýok-la, biz kaşaň durmuşda ýaşaýarys — diýip, Mihaý güldi. — Siz bir biziň ajaýyp öýümizi görsediňiz!

— Diwarlarda halylar asylgy, — diýip, Marietta söze goşuldy. — Penjirelerde-de! Akyp duran suwam bar... Göni potolokdan akýar!

Olar Alisany indi ýaşajak ýeri bolan doganoglanynyň öýüne çenli ugratdylar-da, öýlerine gaýdyp geldiler. Şol gije Sabina uklamaga synanyşdy, ýöne her gezek gözlerini ýumjak bolanda, Riçardyň ýüzüni gördi.

Kommunistik baýramçylyklar wagtynda Buharestde tizara azatlyga çykaryljak syýasy tussaglaryň atlaryny okaýardylar. Sabina, Riçardyň adyny eşitme umydy bilen baýramçylyklaryň hemmesine-de gidýärdi.

1964-nji ýylyň yssy tomus günleriniň birinde Sabina öýüne gelende, jorasynyň işden gelşine getirip giden gazetini tapdy.

## 58-NJI BAP

Onuň birinji sahypasynda has gara harplar bilen ýazylan sözbaşyny okanda, ol sandyrady. GÜNÄ GEÇIŞLIK!

*****

Bu gezek günä geçişlige kimiň düşjekdigini Sabina bilmeýärdi, ýöne, Riçard ýaly, syýasy tussaglar düşer diýip, bütin ýüreginden umyt etdi we munuň üçin doga etdi. Ol makalany birnäçe gezek okandan soň, jorasynyň otagyna ylgap bardy. Ol ýerde birnäçe aýal eýýäm uzak garaşylan täzelik hakda gürrüň edip otyrdylar.

— Olar edil öten ýyldaky ýaly etseler gerek. Diňe jenaýatçylary goýbererler! — diýip, hanym Landauer zeýrendi.

— Ýok-la! — diýip, Sabina garşy çykdy. — Size diýýärin! Doga ederis we Hudaýa minnetdarlyk bildireris. Ine, görersiňiz!

Bäş minut geçenden soň, goňşusy ylgap geldi. Irden Gerladan boşadylan köne dosty jaň edipdir.

*Gerla?!* Bu türmäniň ady tutulanda Sabinanyň gözleri ulaldy, goňşusy bolsa, gürlemegini dowam etdirdi:

— Dostum siziň adamyňyzyň şu günki sanawda duranyny aýtdy! Ol onuň howluda garaşyp duranyny aýtdy! Ol, belki, şu wagt öýüňize gelýändir!

Şol agşam Sabina ýeralma arassalamaga synanyşanda, şatlykdan ýaňa ýüregi tas gursagyndan çykypdy. Ol oturdy. Birnäçe sagat geçenden soň, gapy kakyldy.

Gapyda ýylgyryp, jenap Ionesku durdy. Ol Wurmbrandlaryň dostudy, özem bir gat aşakda ýaşaýardy we öýünde telefony hem bardy. Ol Sabinanyň elinden tutup:

— Size halkara belgiden jaň geldi! — diýip aýtdy.

Sabina onuň yzyna düşüp, basgançakdan aşaklygyna ylgady we ylgap baryp trubkany aldy. Bu Riçardyň sesidi! Sabinanyň gulaklary seslenip gitdi, gözleri garaňkyrady, ol aýaklarynyň diýen etmeýänini duýdy. Ol ýene gözlerini açanda, özüne ýokardan aşaklygyna seredip duran gözleri gördi.

— Onuň ýagdaýy gowy!

— Ol huşundan gitdi!

Mihaý eýýäm telefonda gürleşip durdy we gülýärdi. Ogly ejesine ýeňillik duýma bilen seretdi-de, oňa kakasynyň Kluždaky dostunyň öýündedigini, hemme zadynyň gowudygyny, janynyň sagdygyny we azatlyga çykandygyny, öýe gelýändigini habar berdi. Ol otluda gelýär, ýöne ol otla ertir münýär.

Günüň ikinji ýarymynda ýurduň dürli böleklerindäki türmelerden tussaglar gaýdyp gelip başlady. Agşam bolsa Sabina telegramma aldy-da, şatlykly habary dostlary bilen paýlaşdy.

— Riçard agşamky otla münýär, ol ertir bilen 8:30-da bu ýere gelýär!

Şol gije Sabina uklajak hem bolmady. Ol ärleriniň azatlyga çykanyny baýramçylyk edýän beýleki aýallar bilen bile şatlandy. Aýallaryň käbirleri ärleri eýýäm on bäş ýyldan bäri görenokdylar. Edil gabyr ölüleri dirileriň gujagyna gaýtaryp berýän ýaly duýgy bardy.

Her sagatda diýen ýaly, täze azatlyga çykanlar hakdaky täzelikler gelýärdi. Özleri gelip bilmedik dostlardan ullakan gül desseleri gelýärdi.

*****

Ertirki daň basym atdy. Gün al asmanda ir säheriň ajaýyp ýagtysynyň serginligi bilen dogdy. Gözýetimde güwwüldäp gelýän ullakan dizel otlusy göründi. Onuň golaýlap gelmesini aladaly hem tolgunýan adamlaryň mähelleleri garşy alýardy. Olaryň her biri öz ýakynlarynyň gelerine umyt baglaýardy. Atalar, ogullar, ärler we doganlar üçin edilýän dogalar asmana galýardy. Ýöne şol haýyşlaryň köpüsi şol gün jogapsyz galdy.

Sabinanyň gözleri, ahyrsoňy tanyş ýüze düşýänçä, deňinden geçip barýan wagonlaryň äpişgelerine aýlandy. Äpişgeleriň birinden Riçard çykyp durdy. Ol hordy, saçy-da gelşiksiz syrylandy, ýüzi-de solgun hem içine çökendi. “Ony maňa Hudaý gaýtaryp berdi!” —

diýip, Sabina pikir etdi-de, adamsyna tarap ylgady. Onuň eşikleri könelip gidendi, ölçegi boýunça uly bolan köwşüniň bagy-da ýokdy. Mihaý hem olaryň gujaklaşmasyna goşuldy, bütin wokzal şatlykly seslerden we salamlaşmalardan doldy. Hemmeler ruhy çopany gutlamak we beýleki tussaglaryň ykballary hakda bilmek islediler. Kimdir biri suratapparaty bilen surata aldy.

— Hiç zat diýmäň — diýip, Riçard ýuwaşja gürledi — Meni size ýöne bir seretmäge goýuň.

*****

Eger komendant Aleksandresku Gerlanyň tussaglaryna: “Ertir siziň hemmäňizi atýarlar” diýen bolsa, türme binasy: “*Ura! Ahyrsoňy azatlyk geljek! Görgüleriň soňy geljek!*” — diýen şatlykly seslerden ýaňa ýarylara gelerdi. Ýöne munuň deregine komendant syýasy tussaglara günä geçmäniň yglan edilendigini, şonuň üçin ertir olary türmeden goýberjekdiklerini yglan etdi. Tussaglar hiç zada düşünmän durdular. Birden bu nobatdaky aldaw bolsa näme?

Riçard türmeden çykan soňky toparlaryň biriniň içindedi. Ozal oňa gazaply daraýan garawullar indi eşik berdiler, ol hem ony minnetdarlyk bilen geýdi.

— Wurmbrand dogan! — diýip, ruhy çopanyň ýanyna bir adam geldi-de, özüniň Sibiu şäherindendigini aýtdy. — Men siz hakda ogluňyzdan kän eşitdim. Biz bir kamerada oturdyk.

— Meniň oglum türmedemi?! — diýip, Riçard ýüzlendi. — Ýok-ýok. Siz ýalňyşýarsyňyz!

Ol adam duýgudaşlyk bilen jogap berdi:

— Siz näme bilmeýärdiňizmi? Ol eýýäm alty ýyldan bäri türmede.

Riçardyň bedenini, her gezek ýigrimi bäş gamçy alandakysy ýaly, ýiti agyry kesip geçdi. Ýöne bu gezekki agyry has agyryly boldy. Mihaýyň saglygy şeýle gowşakdy. Ol türmede gün görüp bilmeýär!

Riçard eýmenç täzelikden soň özüne gelip ýetişmänkä, onuň ýanyna Aleksandresku geldi.

— Ýeri näme, Wurmbrand? Indi azatlyga çykanyňdan soň näme bilen meşgullanjak? — diýip, ol gyzyklandy.

Riçard bir pursat pikirlenip durdy.

— Men bilemok. Maňa aýalymyň türmededigini aýtdylar, indi bolsa, görüp otursam, ýekeje oglumam türmede eken. Başga meniň hiç kimim ýok.

— Ýigidem şol ýerde-dä! — diýip, Aleksandresku ýylgyryp aýtdy. — Indi ogluň hem tussagdygyny bilmek nähili eken?

— Onuň türmede ogurlyk ýa-da başga bir islendik jenaýat üçin oturmandygyna men ynanýaryn. Eger ol Mesihe bolan imany üçin oturan bolsa, onda men oňa guwanýaryn — diýip, Riçard jogap berdi.

— Näme?! — diýip, Aleksandresku ýigrenç bilen ýüzlendi. — Biz seni bu ýerde saklamak üçin pul sarp edýäris, sen bolsa, öz maşgala agzaň türmede oturanyna guwanýarsyňmy?!

Riçard türmeden kesekiniň geýminde çykdy. Ol birwagtlar, edil häzirkisi ýaly azatlyga çykypdy, ýöne indi aýalynyň hem oglunyň türmedediklerini bilenden soň, ýolda gamgyn hem betbagt bolup, zordan ýöräp barýardy.

Riçardyň deňinden ýokary tizlikdäki maşynlar geçdi. Aýallaryň açyk reňkli eşikleri, äpişgeleriň öňünde duran owadan güller, radioda ýaňlanýan aýdym sesleri onuň ünsüni özüne çekdi. Bu şäher nähili owadan! Sergin şemal öwüsýärdi. Howa arassady we onuň öýkeni üçin adaty däldi.

Riçard awtobusda Kluža, birwagtlarky dostlarynyň ýaşan goňşy şäherine ugrady. Riçardyň dostlary birnäçe gezek göçmeli bolupdylar, şonuň üçin ol olary gözläp gaty kän aýlandy. Awtobus öwrümden öwrüleninde, öňki gezek türmeden azatlyga çykanda özüne ýertudanasyny hödür eden aýal onuň ýadyna düşdi. Bu yssy tomus gününde birnäçe ýertudanasy üçin ol näçe köp zat bererdi!

# 58-NJI BAP

Ahyrsoňy Riçardyň gözlegleri üstünlik getirdi. Dostlaryny azatlykda görenine begenen dostlary oňa miwe bilen tort hödür etdiler. Ýöne Riçard stoluň üstünde goňur sogany gördi. Türmedäki tagamsyz iýmit onda ýitiräk bir zat iýme islegini döretdi.

Riçard garbananyndan soň, Buharestdäki goňşusyna jaň etmäge rugsat sorady we birnäçe minutdan soň, Sabinanyň sesini eşitdi.

— Bu Riçard! — diýip, ol şatlykly ýüzlendi. — Men-ä sen türmedesiň öýdüpdim...

Trubkada gaty tutuksy bir ses eşidildi, soň alawagyrdy eşdildi. Ondan soň Riçard Mihaýyň sesini eşitdi.

— Ejem özünden gitdi. Trubkany goýma! — Bir minutdan soň ol telefonyň ýanyna gaýdyp geldi. — Onuň ýagdaýy gowulaşaýdy öýdýärin. Bize seniň ölendigiňizi aýtdylar!

Mihaý türmede däl! Görüp otursa, komendant Riçardyň hereketini görjek bolup, oňa bu ýalan habary aýtmagy buýruk beripdir.

Riçard Buhareste gidýän otla münende, perronda ol elleri gülli birgiden erkeklere, aýallara we çagalara duş geldi. "*Olar beýle hormat bilen kimi garşy alýarkalar?*" — diýip, Riçard pikir etdi. Ol wagonyň äpişgesinden kellesini çykaryp, Sabinany görýänçä, mähellä gözüni aýlady. Şol wagt ol özüni garşy almak üçin bütin ýygnagyň gelendigini gördi. Riçard mähelläniň içinden geçip, Sabina bilen Mihaý tarapa, olary mümkin boldugyça basym gujaklamak üçin çalt ýöredi.

*****

Şondan soňky günlerde Riçard özüniň on dört ýyllyk tussaglygy hakda kän pikirlendi. Bu wagtyň dowamynda ol açlyk we neşeler sebäpli ýazmagy we Mukaddes Ýazgydan ýat tutan parçalaryny unudypdy. Ýöne ol bir parçany gaty gowy ýatda saklapdy: "Şeýdip, Ýakup Rahel üçin ýedi ýyl işledi, bu ýyllar oňa birnäçe gün ýaly bolup göründi, sebäbi ol ony söýýärdi" (Gelip çykyş 29:20).

Riçard bilen Sabina kynçylyklardan hem garyplykdan doly durmuş garaşýardy, ýöne munuň olar üçin hiç hili ähmiýeti ýokdy, sebäbi olar indi bilediler we azatlykdadylar...

# 59

Sabina gije hem gündiz özüniň üçeginde, bütin ýurtdan Riçardy görmäge gelýän myhmanlary kabul etdi. Gelenleriň her biri oňa özüniň goldawyny hem minnetdarlygyny bildirmek isleýärdi. Hatda howpsuzlyk gullugynyň işgärleri-de, Wurmbrandlaryň öýüne uly akym bolup gelýän mähelläni gözegçilik astynda saklamaga çalyşmaýardy. Olar göze ilmän galmaklyga çalşyp, Riçardyň meşhurlygyna haýran galýardylar we onuň şahsy jiltine täzeden-täze dokladlary goşýardylar. Hatda Riçardyň ýatan keselhanasy hem gelip gidýänlerden doludy.

Keselhanalar Riçard üçin zerur bolan şertler bilen üpjün edip bilmeýärdi, şonuň üçin ol, ahyrsoňunda, Sinaýa obasyndaky şypahana gitdi. Ol ýerde birwagtlar dagyň ýokarsynda korolyň köşgi gurlupdy. Ýöne ol ýere-de, Riçardyň nirededigini bilmek başardan ruhy çopanlar hem-de dürli ýygnaklaryň adaty agzalaryda barmagyny dowam etdirdiler. Adamlar ol ýere pyýada, motosikllerde, welosipedlerde we awtobuslarda bardylar.

Saglygyny dikeltmek üçin Riçarda ýyllar gerek boldy. Ol gamyş ýaly hordy, agramy-da kyrk kilograma golaýdy. Ol ýyllar boýy ýenjilmeleri we "beýniniň ýuwulmasyny" başdan geçiripdi. Riçardyň arkasynda gynamalardan galan deşikler we ýara yzlary garalyp durdy, ýöne gözleri şol mawylygyna durdy, şol kalbyň äpişgeleriniň üsti bilen Sabina onuň hakyky tebigatyny görüpdi we ony söýüpdi.

*****

Riçardyň türmeden azatlyga çykarylan şol ýylynda, döwlet başga-da syýasy tussaglaryň on müňlerçesini boşatdy. Olaryň köpüsine Riçard gözenegiň aňyrsynda duş gelipdi. Azatlyga çykyp, aýallaryny we çagalaryny eklemek üçin iş gözleýän adamlaryň munuň ýaly güýçli akymyna hötde gelmek Buhareste kyn düşýärdi. Adamlaryň ýürekleri, öýleri we köçeler agyr durmuşdan doludy.

Munuň ýaly tertipsizlige gözegçilik etmäge milisiýanyň güýji ýetmeýärdi, şonuň üçin Riçard — özüne rugsat edilen islendik ýygnakda gizlinlikde wagyz etmek üçin islendik mümkinçilikden peýdalanýardy. Riçard, hatda, özüne wagyz etmäge hukuk berýän dini iş üçin gerek bolan rugsatnamany hem alyp bildi. Mesih hakda gürlemek üçin oňa rugsatnama gerek däldi, ýöne dokumentiň bar bolmagy köp gapylary açýardy.

Sabina bilen Riçard durmuşdaky iň dartgynly döwri başdan geçirdiler. Olar gizlin ýygnanyşyklary ýygy-ýygydan geçirip, ýüzlerçe adamlary Mesihe getirdiler. Şeýledigine garamazdan, Riçardyň göwnüne özi ýeterlik derejede işlemeýän ýaly boldy durdy. Türmedekä ol azatlyk hakda köp arzuw edýärdi.

— Sende nähili meýilnamalar bar? — diýip, bir gezek Sabina gyzyklandy.

— Aslynda men terkidünýä bolup, adamsyz ýerlere gidip, ömrümiň galan bölegini Hudaýy görüp we onuň Sözüniň üstünde oýlanmak bilen geçirmek isleýärin.

Munuň gaty gowy boljakdygy bilen Sabina ylalaşdy. Öňler är-aýal baýlyga, şöhrata we keýpe dyrjaşýardy, ýöne Hudaý tussaglyk we garyplyk ýyllaryny, olary diňe Mesihiň barlygyndan kanagatlanma tapjak adamlara öwürmek üçin ulandy.

Kameralaryň çal diwarlary Hudaýyň barlygy üçin päsgelçilik bolmady. Mukaddes Ruh, hatda, şol eýmenç jaýlary-da ajaýyp etdi. Arassalanmadyk kömür bolan bolsalar-da, Riçard bilen Sabina türmeden edil arassalanan almaz ýaly bolup çykdylar-da, galan ömürlerini Hudaýyň nurunyň garaňkylykda öwşün atmagyna bagyş etdiler.

# 59-NJY BAP

Ýekelikdäki tussaglykda bolmaklyk Riçarda Halasgäriň barlygyndan has köp lezzet almagy öwretdi. Ol çuň pikirlere gitdi, ýüreginde möwç urýan tupanlara we ýigrenje hötde gelmegi öwrendi. Ol indi hiç kim bilen söweşmegiň gerek däldigine, sebäbi söýginiň zorlukdan güýçlüdigine, onuň, hatda, iň birehim aňtaýjynyň hem ýüregini tabyn edip bilýändigine akyl ýetirdi. Ümsümlik hem asudalyk ýyllary ýetip geldi, ýöne Riçard olary biderek geçirmekçi däldi. Ol Hudaýyň Sözüni wagyz etmek, Onuň söýgüsine, rehimine we goragyna şaýatlyk etmek bilen adamlaryň ýüreklerinde Mesihiň ybadathanasyny döreder. Bu zatlary ol şahsy tejribesinde duýup görüpdi, şonuň üçin olary öz kitaplarynda suratlandyrar.

Riçard özleriniň howpsuzlyk gullugynyň maglumatçysy bolandyklaryny we öz ýygnagynyň maglumatlaryny ýetirendiklerini uly hasrat bilen boýun almaga mejbur bolan ruhy çopanlara göwünlik berdi. Rumyniýany gorky gurşap alanda, köp ruhy çopanlar özleriniň öňki Mesihe getiren adamlaryna özleri dönüklik etdiler.

Birwagtlar Lenin şeýle ýazypdy: "Islendik dini ideýa, hudaý baradaky islendik ideýa, hatda, hudaýlykaň bolýan islendik aýnama söz bilen beýan edip bolmajak ýigrenji zatdyr... iň nejis ýokançdyr. Millionlarça günäler, ýamanlyklar, fiziki zorluklar we ýokançlar... hudaýyň ruhy ideýasyndan az derejede howpludyr"[1].

Sowet Soýuzynyň kommunistik partiýasy Leniniň pikirine eýerýärdi. Onuň üçin din rak keselinden, inçekeselden we sifilisden beterdi, sebäbi din partiýanyň özüniň üstüne abanýan howpdy, şonuň üçin dini mümkin boldugyça basym hem düýpli ýok etmek zerurdy.

Riçard türmeden çykandan soň, Buharestde kommunistleriň ýaşlar ýygnaklaryny we çagalar ýekşenbe mekdebini gadagan edendiklerini eşitdi, sebäbi ösüp gelýän nesli "Injiliň mesihiligi bilen zäherlemek" bolmaýardy. Ol mydama kommunistleri gowy gören bolsa-da, indi onda kommunizme bolan has güýçli ýigrenç

---

[1] Wladimir Lenin, Piter Uotsonyň "Ateistleriň döwri: biziň Hudaýyň ölüminden soň ýaşamaga synanyşymyz" kitabyndan parça (Nýu-Ýork: Simon & Schuster, 2014), s. 216.

döredi, şonuň üçin ol bar güýji bilen bu ýamanlyga garşy çykmaga kasam etdi. Milliardlarça erkekler, aýallar we çagalar entegem demir ýumrugyň içindedi, şol sebäpden hem, Riçard ömrüniň galan bölegini olary gyzyl terrordan azat etmäge bagyş etme kararyna gutarnykly geldi.

Ýekelikde bolmanyň diňe belli bir wagtlyk dowam edip biljekdigini Riçard bilýärdi. Ol ömrüniň otuz ýylyny müsür çölünde geçiren mukaddes Beýik Antoniýi ýatlady. Ol mydama agyz bekläp we Hudaýa doga edip ýörmek üçin, synagyň hem günäniň üstünden ýeňiş gazanmak üçin dünýäni terk etdi. Ýöne Afanasiý bilen Ariýanyň arasyndaky Mesihiň hudaýlygy baradaky jedel hakda eşideninde, Antoniý terkidünýäligini goýup, ýalan taglymaty ýeňmäge kömek bermek üçin Aleksandriýa gitdi.

Rumyniýada garşysyna göreşmek gerek bolan erbetlikler näçe diýseň bardy. Professorlar we akyldar adamlar özleriniň garaýyşlaryndan ýüz öwrüp, ateizmi öwretmeli bolýardylar. Komsomol guramasynyň ýolbaşçylary ýaşlaryň gatnaşyklaryna gözegçilik edýärdiler komsomol ýygnaklaryny geçirýärdiler, käýinçler berýärdiler we mesihi oglanlar bilen gatnaşýan gyzlara haýbat atýardylar hem-de kim bilen dostlaşsa boljakdygyny olara görkezýärdiler.

Riçard gizlin ýygnagyň agzalary — gynamalara garşy durup, azatlyga çykanlaryndan soň hem tussag edilmelerden gizlenip, özleriniň gullugyna goşulan geçen ýyllardaky ýoldaşlary bilen ýene duşuşyp başlady. Ol gizlin duşuşyklara gatnap başlady. Bu duşuşyklarda Riçardyň türmede ýazan aýdymlar ýygyndysyndaky aýdymlary elde ýazyp alyp aýdýardylar.

Ýaşlykda Hudaý Riçardyň meýilnamalaryny üýtgedipdi, şol sebäpden hem, indi ulalanyndan soň Hudaýyň ýene şeýle edip biljekdigini ol bilýärdi. Asuda durmuşa gaýdyp barma baradaky pikirler kem-kemden aýrylyp gitdi-de, Mesih ugrundaky göreşi dowam etme islegine öwrüldi. Birwagtlar Hudaý Öz halkyny azat etmek üçin Müsüre on sany betbagtçylyk goýberipdi. Ilkinji doglan

çagalaryň ölmegi bolsa, şol betbagtçylyklaryň kulminasiýasy bolupdy. Ýamanlyga garşy göreşmek üçin Hudaýyň Rumyniýa täsirli ýarag — Öz Oglunyň ölümini berendigini Riçard bilýärdi. Diňe ölümden direlen Mesih ölüm jülgesine, Riçardyň boşap galan watanyna, täze durmuşy getirip bilýärdi.

Beýleki ruhy çopanlar döwletdäki korrupsiýa gönükdirilen wagyzlary edýändigi üçin Riçardy tankytlaýardylar we ony arassa Injili wagyz etmäge çagyrýardylar. Ýöne Ýahýa Çokundyryjynyň wagzy şonuň ýaly "arassa" bolmanmydy? Ýahýa diňe: "Toba ediň, çünki Hudaýyň Patyşalygy geldi" (Matta 3:2) diýmedi. Ol, şeýle hem, eden erbetlikleriniň hemmesi üçin Hirodes patyşany ýazgarypdy (Luka 3:19). Isa Ýahýanyň adamlaryň iň beýigidigini aýdypdy, hatda ol zyndandaka, oňa göwünlik beriji sözleri aýdyp goýberipdi (Matta 11:2-6, 11). Mesihiň Özem Öz günlerindäki erbetlikleri ýazgarypdy. Ol diňe bir Dagdaky wagzyny aýtman, esýem, dini ýolbaşçylara: "Waý, günüňize, kanunçylar hem fariseýler, ikiýüzlüler!" (Matta 23:27) — diýip hem käýäpdi.

Kommunizm günädi, şoňa görä-de, ýüzlerçe, hatda, ýurduň dürli künjeklerindäki müňlerçe mesihileriň hem ruhy çopany bolan Riçard olary goramaga borçludy. Sosializmiň her bir ýurdy çökmeklige, halky pes durmuşda ýaşamaga alyp barýanyny ol bilýärdi. Ýokarky gatlagyň çüýremesi we aşakky gatlagyň ezilmesi onuň üýtgewsiz alamatydy.

*****

Birwagtlar işden çykarylan ruhanylara we ruhy çopanlara döwlet kiçiräjik ýygnaklara ýolbaşçylyk etmäge ýene rugsat edende, Riçard Orsowa şäherindäki ýygnaga bellenildi. Kommunistik döwletiň kult işleri boýunça bölüminde bu ýygnagyň otuz bäş agzadan ybaratdygyny, onuň hiç hili ýagdaýda otuz alty bolmaly däldigini oňa aýtdylar. Ondan, şeýle hem, hukuk goraýjy edaralaryň agenti bolup, ýygnagyň her bir agzasy hakda hasabat bermegi we

ýygnanyşyga ýaşlary salmazlygy talap etdiler. Ine, şunuň ýaly usul bilen ýygnagy adamlara gözegçilik etme we onuň ösmegine päsgel berýän gural hökmünde ulanmak kommunistlere başartdy.

Hudaýyň Sözüniň wagyz edilmesiniň ýygnaga ýüzlerçe adamy getirjekdigini Riçard bilýärdi. Şonuň üçin ol hasaba alnan, resmi ýygnakda işlemek islemedi. Munuň deregine ol gizlin ýygnakdaky gullugyna gaýdyp geldi-de, Hoş Habary wagyz etdi we şaýatlygyny tenindäki ýara yzlary bilen tassyklady. Faşizm we kommunizm döwründäki uzaga çeken tussaglyk ýyllarynyň dowamynda Hudaý Rumyniýada gudrat bilen hereket etdi. Ol Özüniň saýlan, ýöne gul edilen çagalaryny terk etmedi, olaryň nalalaryny eşitdi. Indi bolsa, Günbatardaky mesihiler olara kömek edip we olar üçin doga edip başladylar.

Bir gün Riçarda öz ýüregini ýyladan bir habary aýtdylar: “Daşary ýurtdan doganlar geldi”. Günbatarda ejir çeken mesihileriň maşgalalaryna kömek etmek bilen howply işleri edýän mesihiler bardy. Olar rumyn serhetlerinden mesihilik edebiýatyny kontrabanda arkaly geçirip, kanuny bozýardylar.

Günbatar ýurtlaryndaky mesihilerden bolan alty sany adam on dört ýylyny türmede geçiren ruhy çopany gözläp tapmak üçin Buhareste geldi.

— Şol adam men — diýip, Riçard olara duşanda aýtdy.

Olar aňk boldular. “Biz bir biperwaý adamy görmäge garaşýardyk. Siz, belki, bize gerek adam dälsiňiz, sebäbi siz şeýle şatlykdan doly!”

Özüniň hakykatdan hem şol adamdygyna Riçard olary ynandyrdy hem-de eden dogalary we kömekleri üçin olara minnetdarlyk bildirdi. Dogumly hem ýiti akylly Riçard myhmanlary özlerini oňaýly duýmaga, ýakymly ýatlamalary paýlaşmaga we gülmäge mejbur etmegi başarýardy. Gelen adamlaryň biri-de 1964-nji ýylyň noýabrynda Riçardyň ýanyna gelen W. Stýuart Harrisdi. Köp seresaplylyk çärelerini görenden soň, giç agşam Wurmbrandlaryň öýüne gelende ol olara günbatarly mesihilerden söýgi hem

göwünlik beriji sözleri getiripdi. Riçard özi üçin şeýle ähmiýetli bolan duşuşyklary hiç haçan ýatdan çykarmaýar.

Bu saparyň yzyndan bolan dostlukly gatnaşyklar täze kontrabanda ýoly bilen gizlin ýygnak üçin ynsanperwerlik kömeginiň, Mukaddes Kitaplaryň we beýleki mesihilik edebiýatynyň getirilmegine ýardam etdi. Günbatarly mesihiler özleriniň imandaky doganlaryny diňe bir Hudaýyň Sözi bilen üpjün etmän, eýsem, özleriniň doganlyk söýgüsini-de subut etdiler. Riçard köp ýyllaryň dowamynda günbatarly mesihiler üçin doga etdi. Indi bolsa, olaryň hem özi üçin doga edendiklerine düşünmeklik ony gözüne ýaş aýlamaga mejbur etdi. “Beýni arassalama” ýyllarynda yzarlanylýanlar mydama: “Hiç kim sizi gowy görmeýär, siz hiç kime gerek däl, sizi hiç kim gowy görmeýär, siz hiç kime gerek däl!” diýen sözleri eşidýärdiler. Indi bolsa olar amerikaly doganlary ýaly, angliýaly doganlarynyň hem, özleriniň söýgüsini subut etmek üçin öz janlaryny orta goýýandyklaryny gördüler. Riçarda, maşgalasyna we bütin gizlin ýygnaga göwünlik bermek üçin Hudaý tarapyndan iberilen perişdeler boldular. Munuň deregine Riçard günbatarly mesihilere gizlin işiň gowy taktikalaryny öwretdi. Bu taktikalar milisiýa işgärleriniň we howpsuzlyk gullugynyň işgärleriniň gurşap duran öýlerine bildirmän girmäge mümkinçilik berýärdi.

Riçardyň günbatar dünýäsi bilen hyzmatdaşlyk etmesi ony indiki tussaglygyň öňünde hemişekilerinden has gowşak etdi. Iki mesihilik guramasy, “Norwegiýanyň ýewreýlere kömek beriji missiýasy” bilen “Ýewreý mesihilik birleşmesi”, Riçard üçin kommunistik döwlete on müň dollar tölegi bardy, bu bolsa, syýasy tussag üçin tölenilýän tölegden bäş esse köpdi.

Isa Mesih Riçardy Öz ölümi bilen satyn aldy. Indi bolsa, Mesihiň ýerdäki Teni, Onuň Ýygnagy, ony “demir tutydan” satyn aldy. Näbellilikde, gynamalarda we sorag etmelerde geçen ençe ýyllardan soň, Wurmbrandlaryň maşgalasynyň Rumyniýany terk etmeli wagty-da geldi...

# 60

Wurmbrandlaryň çykyş wizasy üçin Rumyniýa döwletine on müň dollar gelenden soň, howpsuzlyk gullugy Riçard bilen soňky gezek duşuşmagy talap etdi.

— Günbatara git-de, ol ýerde islediginçe wagyz et, ýöne biz hakda ýekeje söz hem aýdaýma! Men saňa duýduryaryn, biz, hatda, şol ýerde hem, seni dymmaga mejbur edip bilýäris — diýip, bir başlyk aýtdy.

Ertesi gün irden, 1965-nji ýylyň 6-njy dekabrynda, Riçard, Sabina we Mihaý aetoporta gitdiler. Uçuş-gonuş ýoly uzaga çekilip gitdi-de, ümüriň içinde gaýyp boldy. Wurmbrandlaryň geljegi-de, edil gözýetim ýaly ümürlidi. Maşgala başga-da rumyn döwletinden satyn alnan alty sany maşgala, esasy bölegi ýewreý bolanlar bilen bile DC-7 uçaryna mündi. Aeroportyň howpsuzlyk gullugynyň işgärleri Wurmbrandlary ugratmaga gelenlere aeroportyň binasyna girmäge päsgel bermäge synanyşdylar, ýöne olaryň tagallalary başa barmady. Goragda duranlar Günbatara gidip barýanlara gözigidijilik bilen seretdiler we olary trapa çenli ugratdylar.

Tiz wagtdan uçaryň tekerleri çal çyzykdan ýokary galdy. Käbirleri begenip gygyrdylar, käbirleri-de joşup gelýän ajyly-süýjüli emosiýalara hötde gelmäge çalyşýardylar. Adamlar azatlyk alanyna begenýärdiler, ýöne illýuminatoryň aýnasynyň aňyrsyndaky entegem görgi görýänler üçin hasrat çekýärdiler.

Birnäçe sagatdan soň uçar Rime gondy. Wurmbrandlar Rimden Oslo gitdiler. Riçard Rumyniýadaky mesihileriň yzarlanyşlary hakda gürrüň bermek üçin Ženewada saklanmak isledi, ýöne

# 60-NJY BAP

Bütindünýä lýuteran federasiýasynyň kätibi telefon üsti bilen ondan ol ýere gelmezligi ýalbaryp sorady, sebäbi ol muny ruslar biler diýip gorkýardy.

Norwegiýada Wurmbrandlary “Ysraýyla ýygnak gullugynyň” agzalary — satyn alma töleginiň bir bölegini tölän missiýa, şeýle hem, dürli ýygnaklaryň ýolbaşçylary garşy aldylar. Garşy alanlaryň arasynda şu günüň, ahyrsoňy, gelmegi üçin gol gowşuryp oturman, on bäş ýyllap zähmet çeken Anusa-da bardy. Riçard “Ysraýyla şwed missiýasynyň” ýolbaşçysy bolan, köp ýyllaryň dowamynda onuň üçin doga eden Gote Hedenkwist bilen duşuşdy. Satyn alma töleginiň beýleki bölegini tölän “Ýewreý mesihilik birleşmesiniň” wekilleri derrew maşgalanyň mätäçlikleri bilen gyzyklandylar.

Wurmbrandlar Norwegiýadan Beýik Britaniýa ugradylar. Ol ýerde olary Stýuart Harris garşy aldy we maşgalanyň öňünde uniwersitetleriň hem-de ähli konfessiýalardan bolan ýygnaklaryň köp sanly gapylaryny açdy. Britaniýaly mesihilere özleriniň ýeriň üçünji böleginde kommunistik hökümdarlygy şertlerinde ýaşaýan mesihi doganlarynyň yzarlanylýandygy barada hiç zat mälim däl eken diýen ýalydy. Indi günbatarly mesihilerde, ahyrsoňy, ejir çekýän mesihiler we şu wagta çenli-de dünýä aýan bolman galan gizlin ýygnagyň ýeňişleri hakda eşitmäge mümkinçilik boldy.

Riçard bilen Sabina özleriniň täze britaniýaly dostlarynyň aňrybaş myhmansöýerliginden lezzet aldylar. Beýik Britaniýada, hatda, soňy bilen kommunistik dünýäde ýaşaýan we yzarlanylýan mesihilere gulluk etmäge gönükdirilen täze birleşme hem döredildi. Şeýle-de bolsa, Riçard özüne amerikalylaryň kömegine daýanmagyň zerurdygyna düşünýärdi...

# 61

Wurmbrandlar Birleşen Ştatlarda ýerleşen wagtynda, Rumyniýanyň howpsuzlyk gullugy tarapyndan kommunistik döwletiň ýaramaz işleriniň şaýatlary hökmünde olary ýok etme buýrugy berildi. Riçarda dymmalydygy barada duýduryş berlendigine garamazdan, ol kommunizme garşy çykyş etmek üçin islendik mümkinçilikden peýdalanýardy. Hudaýyň eli ýoluň her bir etapynda onuň maşgalasyny goraýardy.

Riçardy görkezme bermek üçin Senata, soň hem ABŞ-nyň Waşingtondaky Kongresine çagyrdylar. Ol ýerde diňe bir senatorlar däl-de, eýsem, gazetleriň we dünýäniň ähli ýurtlaryndan bolan radiostansiýalaryň wekilleri-de bardy. Ol gizlin ýygnagyň çekýän jepalary hakda gürrüň berende, köp sanly telekameralaryň obýektiwleri oňa tarap gönükdirildi.

— Dünýäniň üçünji bölegininiň siziň dogalaryňyzy, goldawyňyzy, material kömegiňizi almaga hukugy bardyr... Men türmede aýaklaryna ýigrimi kilogramlyk zynjyrlar dakylan bolsa-da, Amerika üçin doga edýän adamlary gördüm. ABŞ-da bolsa, biz kommunistik türmelerde ejir çekýänler üçin ýygnaklaryň doga edýänini az eşidýäris.

Senatorlaryň onda gynamadan galan yzlaryň barmydygyny sorap beren soragyna jogap berende, Riçard köýnegini çykardy-da, tenindäki on sekiz sany ýara yzyny görkezdi.

— Men bu ýara yzlary bilen öwünemok. Men öz ýurdumyň gynanylan tenini görkezýärin. Häzir men özleri hakda gürrüň berip bilmeýän, Hudaýa iman edendikleri üçin gynanylyp öldürilen

gahrymanlaryň we ejir çekenleriň — protestantlaryň, katolikleriň, prawoslawlaryň we iudeýleriň atlaryndan gürleýärin.

Riçardyň ýanynda oturan ýerinde Sabina Rumyniýada gulçulyga sezewar edilen daýhan aýallar, monah aýallar, şäherli ýaş gyzlar, protestant we katolik, ýewreý aýallar hakda berilýän gürrüňleri eşideninde, Senatyň agzalarynyň köpüsi ýaly, aç-açan horkuldap aglady.

Riçard Sabinanyň nähili ajy gözýaşlar bilen aglaýandygyny gördi we soňrak ol oňa:

— Seniň gözýaşlaryň meniň ähli sözlerimden-de köpräk täsir galdyrdy. Gözýaşlar iň berk diwarlary-da weýran etmäge ukyplydyr! — diýdi!

*****

Riçard bütin ömrüniň dowamynda ruçkanyň gylyçdan güýçlüräkdigini bilýärdi. Ol Britaniýadaka, tussaglyk baradaky ýatlamalar hakydasynda entek köneleşmänkä, ol "*Häzirki zaman ejir çekýän ýygnak. Mesih ugrunda gynalanlar*" atly kitaby aýdyp durmak bilen ýazdyrdy. Sabina diwanda oturyp, adamsynyň hakydasyndan görgi gören mesihiler, akla sygmajak ýowuz sorag etmeler baradaky taryh yzyna taryh çykaryşyny hem-de olary köşeşmezek agylar bilen sazlaşdyryşyny diňledi. Bu syýa bilen dälde, ejir çekenleriň gözýaşlary hem gany bilen ýazylan örän ýönekeý kitapdy — olaryň nesilleri üçin kagyz ýüzüne geçen taryhdy.

"*Mesih ugrunda gynalanlar*" garaşylmadyk ýagdaýda meşhur kitap boldy. Ol onlarça dillere terjime edildi we Riçard bilen Sabina üçin dürli ýurtlara we kontinentlere syýahat etmäge, Injiliň güýji hakda wagyz etmäge hem-de yzarlanylýan mesihileriň edermenligi hakda şaýatlyk etmäge mümkinçilik açdy. Bu kitap we Wurmbrandlaryň saparlary Ýewropanyň, Aziýanyň, Awstraliýanyň we Amerikanyň azat ýurtlarynda on iki sany missiýanyň döremegine ýardam etdi. Olar şu wagta çenli-de gizlin ýygnagy edebiýat, ene

dilindäki radiogepleşikler bilen üpjün etmegiň, şeýle hem, ejir çekenleriň maşgalalaryna ynsanperwerlik kömegini bermegiň üstünde bir bolup zähmet çekýärler.

Riçardyň galamynyň astyndan kitap yzyna kitap çykdy. Ol wagyzlarynda ýadamazakdy, ýöne ol diňe bir gürlemän, eýsem, kommunistik lageriň ýurtlarynda gizlin gulluklary alyp barýan netije beriji guramalary hem döretdi. Käbirleri onuň ulanýan usullaryny şübhe astyna saldy, emma Riçard tankyta hiç hili üns bermedi. Ol opponentlerine öz güýjüni sarp etmek üçin "ölümden direlmedi". Onuň ünsi has ýowuz hem garaňky duşmana gönükdirilendi.

Wurmbrandlar nirä barsalar-da, olar mesihilik birligine ymtylýardylar. Olar Awstraliýadaky, Hindistandaky we Täze Zelandiýadaky doganlara, Afrikadaky ak hem gara doganlara şypa beriş we hakykat habaryny ýetirýändiklerine begenýärdiler. Günorta Afrikada aparteid syýasatynyň bardygyna garamazdan, olar duşuşyklar geçirdiler. Şol duşuşyklar wagtynda Mesihiň habary we gizlin ýygnagyň birlikdäki batyrlygy hakda dürli reňkdäki mesihiler gözlerini ýaşlap diňlediler. Afrikan gazetleriniň biri: "Biziň üstümize Riçard atly harasat geldi" — diýip ýazypdyr.

"Kommunizmi ýigreniň, ýöne kommunistleri söýüň we olary Mesih üçin gazanyň!" — diýip, Riçard aýtdy. Millionlarça adamlar Riçardyň çagyryşyna eýerdi, sebäbi olar Hudaýyň kömegi bolmasa, adamyň özbaşyna beýle söýgini görkezip bilmeýändigini bilýärdiler. Hudaý bilen bolsa, hemme zat, hatda, hemme zady öz içine alýan bagyşlama-da mümkindir.

Sabina adamsyna garanda ýumşagrakdy, ýöne gürrüň Injil hakda gidende güýçlüdi we şadyýandy. Wurmbrandlar bilelikde yzarlanylýan mesihileriň kuwwatly sesidi. Olar batyrlyk we gynamalaryň, türme tussaglygynyň hem-de ölümiň öňündäki iman baradaky ruhlandyryjy taryhlar bilen diňleýjilerini Mesihe çäksiz wepalylyga ruhlandyrmak we Hoş Habary wagyz etmek bilen Günbatara nägilelik bildirdiler.

## 61-NJI BAP

Kommunistik ýurtlara gulluk edýän missiýalara ýolbaşçylyk etmekdäki aňsat bolmadyk işi ýerine ýetirenlerinde, Riçard bilen Sabina her dürli usullar bilen biri-biriniň kemini doldurdylar. Olar şol ýurtlara poçta äkidiji bolup gidýän adamlaryň aladasyny etdiler, ýygnagyň ýagdaýy hakdaky zerur maglumaty nähili ýygnamalydygy hakda olara düşündiriş geçdiler, olary Mukaddes Kitaplar, ruhy edebiýat, audioýazgylar we yzarlanylýan doganlaryň derdini ýeňledýän serişdeler bilen üpjün etmäge kömek berdiler. Wurmbrandlaryň şaýatlyklaryny eşidip ruhlanma alan täze adamlar gitdigiçe missiýa köp birigip başlady. Sabina gulluk işi boýunça öýüne gelýän adamlary, edil Mesihiň Özüni garşy alýan ýaly garşy aldy.

Türmelerde äsgermezliklere, kemsidilmelere we üstünden gülünmelere endik eden Riçard indi, islendik başga adamyň başyny aýlap biläýjek ýaranjaňlykly sözleri az eşitmeýärdi. Ýöne Sabina adamsynyň ýüreginde hiç haçan tekepbirligiň kölegesini-de görmändi. Mesih bilen bolmak üçin Riçard, Danyýel pygamberiň kitabynda ýazylan, gadym döwürlerde üç sany adamda bolup geçişi ýaly, güýçli gyzdyrylan pejiň içinden geçdi. Mesih ugrunda güýçden gaçan we ýaralanan teninde tekepbirlige orun ýokdy. Riçard şöhraty-da, kemsitmeleri kabul edişi ýaly, pesgöwünlilik bilen kabul etdi. Ol el çarpyşmalaryň özüne degişli däldigini we şöhratyň diňe Hudaýyň paýydygyny bilýärdi. Meşhurlygy-da edil utanç ýaly, pespällik bilen götermek zerurdyr.

Rumyniýada Wurmbrandlar aňrybaş garyplykda ýaşadylar, ýöne indi är-aýalyň öňünde täze howp peýda bolupdy. ABŞ-da ýaşanda Sabina serişde ýygnamakdan seresap bolýardy. Ol emlägiň öz eýesini tabyn etme häsiýetiniň bardygyny bilýärdi. Şonuň üçin Riçard bilen Sabinanyň öýi-de, maşyny-da, hatda welosipedi-de ýokdy.

Sabina Riçarda durmuşa çykanda, baý bolmak isleýärdi. Birwagtlar ol kaşaň durmuşda ýaşamak isleýärdi, emma indi kaşaň durmuşyň zyýan ýetirip, özleriniň ünsüni Mesih hakdaky şaýatlykdan sowup bilýändigini bilýärdi. Tagamly iýmitiň her bir

bölejigi olara türmede aç oturanlary ýatladýardy. Riçard ömrüniň ahyryna çenli çüýrük käşirden bişirilen çorbanyň tagamyny ýatdan çykarmady we her gezek sowadyjyny açanda, özüni sowadyjy kamera gabap goýandyklaryny ýada saldy.

Riçard bilen Sabina köp şatlyklary we biynjalyklary başdan geçirdiler. Ýöne, hatda ABŞ-da hem tussag edilme howpy aýrylyp gidibermedi. Hudaý üçin işlemegiň howpludygyny, ýöne ony ýerine ýetirmän galdyrmagyň has-da howplydygyny Sabina mydama özüne ýatlatdy ýördi.

Ol çagalara Mesih üçin dünýäni üýtgetmäge uly adam bolmagyň hökman däldigini ýygy-ýygydan aýdýardy we deňziň kenarynda durup, açyk deňizde ýüzüp barýan äpet gämä elini bulaýan oglanjyk hakda gürrüň berýärdi. Oglanjygyň ýanynda duran adam gülüp, oňa:

— Akmak bolma. Seniň eliňi bulaýanyň üçin gämi öz ugruny üýtgetmez! — diýdi.

Ýöne gämi öwrüldi-de, kenara tarap ugrady. Soňra oglanjyk gämä mündi-de:

— Ýok, men akmak däl. Ýöne onuň kapitany — meniň kakam! — diýip gygyrdy!

# EPILOG

Ýewreýlerde şeýle rowaýat bar, olaryň atalary müsür ýesirliginden çykanlarynda, müsürliler hem Gyzyl deňizde gark bolanlarynda, ysraýyllaryň şatlykly aýdymlaryna perişdelerem goşulýar. Ýöne Hudaý perişdelere: "Ysraýyllar — adamlar, olar özleriniň azat bolanyna begenip bilerler. Ýöne Men sizden gowrak zada garaşypdym. Näme, müsürliler Meniň ýaradanlarym dälmi? Eýsem, Men olary söýmeýärinmi?" — diýýär.[1]

Riçardyň on dört ýyllap içinde oturyp geçiren garaňkylygy oňa gözüniň açylmagyna getirdi: Hudaý kommunistleri-de, edil olaryň gynaýan mesihilerini söýşi ýaly güýçli söýýärdi. Hudaýyň halas etmesi hemmeler üçin elýeterdir. Hudaý gozgalaňçylary adam tutujylar etmekde, işi ugruna bolmaýanlary — missionerler, jenaýatçylary — adamzat taryhyndaky iň gowy mesihiler etmekde ussatdyr.

Bir gezek Riçarddan kommunistlere näme diýip biljekdigini soraýarlar. Ol şonda göni kamera seredip: "Men sizi bütin ýüregim bilen gowy görýärin, beýleki mesihilerem sizi gowy görýärler. Isa siziň jennete düşmegiňizi siziň özüňizden-de köpräk isleýär. Ol sizi, özüňiziň bagyşlanmak isleýşiňizden-de köpräk bagyşlamak isleýär. Ol siziň halas bolmagyňyzy özüňizden-de köp isleýär". Özüni gul edip satan doganlaryna: "Siz maňa ýamanlyk islediňiz, ýöne Hudaý sansyz-sajaksyz adamlaryň janlaryny halas etmek üçin ony ýagşylyga öwürdi" (Gelip çykyş 50:20) — diýen Ýusup

[1] "Sanhedrin 39", Babyl Talmudy: Sanhedrin trakty.

ýaly, Riçard hem, Öz halkyny halas etmek üçin Hudaýyň eliniň göze görünmän hereket edenini gördi.

Riçard bilen Sabinanyň taryhy — bu adamlara umyt hem şypa bermäni getirmek üçin Hudaýyň islendik birimizi ulanyp biljekdigini ýatlatmadyr. Birwagtlarky barypýatan ateist bolan Riçard kommunizmi — Mesihiň Tenini gazaply yzarlamalara sezewar edýän jemgyýetçilik gurluşyny ýazgarýan gaty sesli wagyzçy boldy. Riçarddan duşmanlaryny bagyşlamagy nädip öwrenendigini soranlarynda, ol: "Biz özümizi yzarlaýanlara we bizde agyry döredýänlere hemişe duýgudaşlyk duýup bilmeýäris, ýöne ony duýýançak, duýgudaşlyk görkezmäge borçludyrys" — diýip jogap berdi. Soň Riçard biziň her birimizde — bagyşlama we söýme ýa-da ýigrenme saýlawyň bardygyny aýdyp, sözüniň üstüni ýetirdi.

On dört ýylyň dowamynda gynamalara duçar edilmegine Hudaýyň näme sebäpden ýol berendigine Riçard düşünýärdi: şol gynamalar ony gynanlary ebedi gynanmalardan halas etdi. Hut türmede ol kommunistleriň gutuljagyna umyt tapyp bildi. Hut şol ýerde olar üçin jogapkärçilik duýgusy peýda boldy. Olaryň gynamalaryna duçar edilmek bilen ol olary söýmegi öwrendi.

Riçardyň aňtaýjylarynyň hem garawullarynyň köpüsi Isa Mesihiň şägirtleri boldular. Olaryň käbirleri ruhy çopan boldular. Riçardyň sorag edilmelerini Hudaýyň aňtaýjylaryň dilinden ykrar edilmäni almak üçin ulanandygy nähili täsin zat. Rebbiň haçda çüý deşen mukaddes elleri özlerine degende, hatda kommunistleriňem polat ýaly ýürekleri güller kimin açyldy.

Riçard öz wagyzlarynda bagyşlamany we duşmanyňy söýmelidigini öwredýärkä, Sabina imanlylary gatnaşmaklyga, aýratynam, yzarlanylýan Mesihdäki doganlar bilen gatnaşmaklyga çagyrdy. Sabinada görgüler babatda özüniň nukdaýnazary bardy: "Hudaýyň erki bilen görkezilen görgüler söýgä garşy çykmaýar. Bu söýginiň usullarynyň biridir".

# EPILOG

*****

Yzarlamalar Isa gaýdyp gelýänçä dowam eder. Biziň Mesihdäki doganlarymyzyň her bir nesli öz yzarlanylmalaryny başdan geçirer. Mesihiler kommunistleriň we beýleki diktatorlaryň, şeýle hem, bütin dünýäde yslam we induist ekstremistleriniň ellerinden ejir çekmegi dowam etdirýärler. Biziň döwrümizde-de, mesihiler imany ugrunda türme tussaglygynda bolup, ýekelikde, açlykda we ejirler içinde bolýarlar. Olar gynamalara, kemsidilmelere we urulmalara taýýar, sebäbi Hudaýy has köp söýýärler, ýöne ölümden gorkmaýarlar.

Bir gezek Riçard: "Gizlin ýygnakda ýigrimi ýyldan-da gowrak wagtlap — ilki faşistler döwründe, soň hem, kommunistler döwründe — gulluk edenimde, men adamlardan gorkmazlygy öwrendim. Men öz tenimi kimdir biriniň öldürmeginden gorkmaýaryn" — diýdi.

Musulman ýurtlarda täze imana gelenler, yslamy terk edendikleri üçin özlerinden ýüz öwren we özlerini yzarlaýan garyndaşlaryndan gizlenmeli bolýarlar. Demirgazyk Koreýada, Hudaýa tagzym etmekden başga zatda aýyplanylmadyk mesihiler zähmet lagerlerinde ölýärler. Olaryň köpüsi hakda indi hiç haçan kitaplarda ýazmazlar. Olar şol atsyzlygyna we şahsyýetsizligine galmaly bolýarlar. Ýöne olary özlerini yzarlanlary bagyşlamaga kömek edýän Hudaý tanaýar.

Hawa, olar biziň kömegimize, söýgimize, goldawymyza hem doga etmämize mätäç, ýöne olaryň ejirleriň, türme tussaglygynyň we ölümiň öňündäki batyrlyk, söýgi we umyt hakdaky şaýatlyklaryda bize az gerek däldir (Ýewreýler 12:1-2). Olaryň bizi Mesihe hem Onuň, her neneň ýagdaý bolanda-da ýerine ýetirmäge çagyran beýik tabşyrygyna wepaly bolmaga ruhlandyrmaklary zerurdyr (Matta 28:18-20).

Riçard Wurmbrand: "Isa: "Gidiň-de, demir ýa-da bambuk tutular aýrylanyndan soň ähli halklara öwrediň" diýmedi-de:"Gidiň-de, ähli halklara öwrediň!" — diýdi. Ilkinji mesihiler Injili wagyz etmek

gadagan edilen ýerde wagyz edip, öz janlaryna töwekgelçilik etdiler. Bizem şonuň ýaly edip, olaryň göreldesine eýermelidiris" — diýip ýazýar.

Yzarlanylýan doganlarymyzyň Hoş Habary wagyz etmekleri bizi-de şonuň ýaly etmeklige ruhlandyrýar. Olaryň Mesihe bolan imany we Onuň beýik tabşyrygyna tabynlygy özlerini hemme zatdan mahrum etdi. Siz öz imanyňyz üçin näçe tölemäge taýýar?

# “EJIR ÇEKENLERIŇ SESI” HAKDA

“Ejir çekenleriň sesi” — bu täjirçilik gurama bolman, eýsem, durmuşy hem ruhy kömekleri bermek arkaly imany üçin yzarlanylýan mesihilere gulluk edýän guramadyr. “Ejir çekenleriň sesi” yslam, induist we kommunistik ýurtlar ýaly, Injile duşmançylykly bolan ýurtlarda ýaşaýan Hudaýyň çagalaryna kömek edýär. Bu gurama 1967-nji ýylda, kommunistik Rumyniýada Mesihe iman edendigi sebäpli on dört ýyllap türme tussaglygynda bolan ruhy çopan Riçard Wurmbrand we üç ýyllap tussaglykda bolan aýaly Sabina tarapyndan döredildi. 1965-nji ýylda Riçard we Sabina günbatarly mesihiler tarapyndan satyn alyndy we yzarlanylýan mesihilere gulluk edýän missiýalaryň bütindünýä zynjyry döredildi. Guramanyň bütin dünýäde halkara edaralar tory bar bolup, yzarlanylýan ýygnagyň agyr ýagdaýy hakda azat ýurtlardaky mesihilik jemgyýetçiligine habar bermek bilen Wurmbrandlaryň gören görnüşlerini durmuşa ornaşdyrýarlar we yzarlanylýan erkek we aýal doganlara kömek edýärler.

Bu kitabyň özüňize, dostlaryňyza, Hudaýa doga edýän toparlaryňyza nähili täsir edendigi, şeýle hem, ony nähili ulanandygyňyz baradaky düşündirişleriňizi, materiallaryňyzy we suratlaryňyzy bize goýbermegiňizi haýyş edýäris. Siziň bilen biziň Hudaýa doga etmek býulletenlerimizi, kitaplarymyzy we beýleki materiallarymyzy okaýanlar bilen baglanyşygymyz

bolmasa, biz olary Rebbiň nähili ulanýandygyny bilmeýäris. Biz siziň seslenmeleriňizi örän gymmatly hasaplaýarys. Olar biziň gullugymyz üçin örän wajypdyr. Bize hat ýazyň!

# WURMBRANDLARYŇ MAŞGALASY HAKDAKY RESURSLAR WE OLARYŇ ÝAZAN KITAPLARY

## “Mesih üçin gynalanlar” kitaby

Bu kitaby Riçard Wurmbrand, ýagny durmuşy mukaddesligi hem ejir çekmäni şöhlelendirýän adam ýazýar. Ol ony on dört ýylyny rumyn türmesinde geçirip, azatlyga çykan badyna ýazýar. Ol diňe bir zalym kommunistik režimiň elinden jepa çeken ruhy çopanyň durmuş ýagdaýlary hakda gürrüň bermän, eýsem, özüni Mesihe doly bagyş eden we töweregindäkilere hakykaty gürrüň bermäge dyrjaşan adamyň imanyny we dözümliligini hem suratlandyrýar. Kitap dürli ýurtlardaky mesihileriň pikirlerini üýtgedip, olara şu wagta çenli-de doganlarymyzyň çekip bolmajak ejirleri çekýändiklerini we Isa Mesihiň ýaşaýyş beriji güýji hakda şaýatlyk edendikleri üçin ölýändiklerini ýatladýar.

## “Ruhy çopanyň aýaly” kitaby

1948-nji ýylda sowet wagyzlary demir tutynyň aňyrsynda mesihilik gulluklarynyň azatlykda geçirilýändigini tassyklanda, Rumyniýada kommunistler ruhy çopan Riçard Wurmbrandy gizlin mesihilik gullugyny alyp barany üçin tussag etdiler. “Ruhy çopanyň aýaly” kitaby — bu Sabina Wurmbrandyň durmuşynyň hakyky taryhy bolup, onuň dünýäniň dürli ýurtlaryndaky gizlin mesihilik ýygnagyny goldamak üçin çeken zähmeti hakda gürrüň berýär. Hakykat biziň döwrümizde-de kommunistleriň hakyky mesihiligiň bolmagy bilen ylalaşyp bilmeýändiginde jemlenendir, şonuň üçin häzire çenli-de olar Mesihe iman edenleri yzarlaýarlar we öldürýärler.

## “Ýalynly ýürekler” kitaby

Sekiz sany gaýduwsyz aýal, iman gahrymanlary baradaky hakyky wakalar bütin dünýädäki agyr ýagdaýlara duş gelýän we olary batyrlyk bilen ýeňip geçýän aýallaryň taryhlaryna diýseň meňzeş. Olaryň iman göreldeleri we ruhy güýçleri sizi, her neneň ýagdaý bolanda-da, Mesihiň yzyna söýgi hem Rebbe wepalylyk ody bilen ýalynlap duran ýürek bilen eýermäge ruhlandyrar. “Ýalynly ýüreklerde” şu wagta çenli-de dünýä Mesihiň ölümden direlendigini, şol beýik wakanyň netijesinde hem, dünýä söýginiň, merhemetiň we bagyşlamanyň gelendigini gürrüň bermegi maksat edinen sekiz aýalyň zähmeti suratlandyrylýar. Bu söýgini inkär etmäň!

## “Adaty bolmadyk bagyş etme”

Imany ugrunda ejir çekme we gynanylan adamlar bolmaklyk geçen asyrlaryň mesihilerine degişli edilýär. Ýöne häzirki dünýäde-de

Mesih üçin görgi görmeli bolýandygyna biz ýene-de göz ýetirýäris. Yzarlanma duçar edilýänleri, dürli ýurtlarda ýaşaýanlary, dürli medeniýetlere we konfessiýalara degişlileri Mesihe adaty bolmadyk bagyş edilme birikdirýär. Siz "Adaty bolmadyk bagyş etme" kitabyndan tanajak Hudaýa wepaly adamlaryňyz — ýeňijilerdirler. Olaryň käbirleri — Isanyň şägirtleri, beýlekiler bolsa — häzirki zamanda azap berlenlerdir. Olara azar berenler — rimliler, rumynlar, kommunistler we musulmanlardyr. Olaryň hemmesi Mesihe adaty bolmadyk bagyş etmäniň mysalydyr.

## "Dabaralanýan Ýygnak"

Bu eser redaktirlenmedi diýen ýaly, şonuň üçin onuň stili iudeý ýaly pikirlenýän, lingwist ýaly okaýan, resul ýaly doga edýän we pygamber ýaly ýazýan adama mahsusdyr. Irde-giçde Ýygnak saýlawyň öňünde durar: antimesihilik güýçlere eglişik etmeli ýa-da syýasatçylaryň gözegçiligi astynda bolan dini iýerarhiýa bolan gahary duýmaly. Dünýäniň käbir böleklerinde eýýäm saýlaw etmeli boldular, şonuň üçin saýlawy biz etmeli bolmarys diýip hasap etmäge esas ýok. Geliň, özümiz taýýar bolalyň we eger gerek bolsa, synaglarda berk durmaga çagalarymyzyň hem taýýar bolmaklary üçin hemme zady edeliň.

## Çagalar üçin "Hudaýyň tussagy. Riçard Wurmbrandyň taryhy" kitaby

Riçard türme tussaglygynda bolan wagtynda Hudaý oňa Öz söýgüsini az görkezmedi. Riçard özüne şeýle köp azarlary beren adamlary bagyşlady, onuň maşgalasy bolsa, kommunistlere tabyn bolmakdan we ähli agyr synaglaryň dowamynda özlerini sag-aman saklan Hudaýdan ýüz öwürmekden boýun towlap, imanda

berk durdy. Riçard Wurmbrand hakdaky dokumental taryh siziň çagalaryňyza, gitdigiçe Mesihe we Onuň yzyna eýerijilere duşmançylykly bolýan bu dünýäde, Isa Mesihe bolan imanyny batyrlyk bilen goramaga kömek eder.

## “Mesih üçin gynalanlar” filmi

Ruhlandyryjy film bolan “Mesih üçin gynalanlar” — bu “Ejir çekenleriň sesini” esaslandyryjy ruhy çopan Riçard Wurmbrandyň adybir kitaby boýunça döredilen şaýatlyklary kinemotografiki gürrüň bermedir. Bu film kitabyň çap bolup çykmagynyň 50 ýyllygyna bagyş edilip goýberildi. Film dolulygyna Rumyniýada, şol sanda ruhy çopan Wurmbrandyň gynanylan we birnäçe ýyllaryň dowamynda ýekelikde oturmaga sezewar edilen türmesi bolan Jilawa türmesinde, köp sanly mesihileriň ölen ýeri bolan taşlanylan psihiatrik türmesinde, Wurmbrandlaryň ýaşan we işlän ýerlerinde, ýagny Buharestiň töwereklerinde surata düşürildi.

## “Gizlin ruhy çopan we onuň aýaly”

Köp ýyllaryny kommunistk türmelerde geçiren Riçard bilen Sabina Wurmbrandlar azaplaryň möwç urýan wagtynda imanyň hem öçmejek söýginiň akla sygmajak taryhyny döretdiler. Siz Wurmbrandlaryň juda üýtgeşik syýahatlary we olaryň durmuşynda Hudaýyň eden hereketleri hakda öz sözlerinden bilip bilersiňiz. Filmde yzarlamalaryň mesihiniň imanyny nädip kämilleşdirýändigine düşünmäge kömek edýän arhiw kadrlary hem berlendir. Riçard bilen Sabinanyň taryhy — batyrlygyň, çäksiz imanyň we akla sygmajak çydamlylygyň adaty mysalydyr. Bu Rumyniýadaky geçen asyrdaky gizlin ýygnagyň taryhy bolup, dünýäniň köp ýurtlarynda häzirem dowam edýän göreşi suratlandyrýar.

# “Riçard Wurmbrandyň taryhy” multfilmi

“Ejir çekenleriň sesi” guramasyny döreden Riçard Wurmbrandyň durmuşy hakdaky film... Ýekelikde oturylýan kameralarda geçirilen aýlar, yzygiderli fiziki gynamalar, açlykdan hem sowukdan görgüler görmeler, “beýni ýuwmalar” we ahlak zalymlyk — Riçard Wurmbrand bu zatlaryň hemmesini kommunistik türmelerde geçiren on dört ýylynyň dowamynda başdan geçirmeli boldy.

# MAZMUNY


OKYJA BELLIK . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

GIRIŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9

1-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13

2-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16

3-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 20

4-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22

5-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26

6-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 34

7-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40

8-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47

9-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 58

10-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 65

11-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 68

12-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 73

13-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 79

14-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 83

15-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
16-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95
17-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 102
18-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109
19-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 113
20-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 116
21-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
22-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 127
23-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132
24-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
25-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
26-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 150
27-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157
28-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 160
29-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 163
30-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170
31-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 173
32-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 178
33-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 188
34-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 195

35-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 202
36-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 205
37-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 213
38-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 220
39-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 224
40-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 228
41-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 232
42-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 236
43-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 240
44-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 243
45-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
46-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 257
47-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 260
48-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 265
49-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 269
50-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 272
51-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 277
52-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 285
53-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 293
54-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 300

55-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 303

56-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 309

57-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 317

58-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 326

59-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 333

60-NJY BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 340

61-NJI BAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 342

EPILOG . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 347

"EJIR ÇEKENLERIŇ SESI" HAKDA . . . . . . . . . . . . . 351

WURMBRANDLARYŇ MAŞGALASY HAKDAKY
RESURSLAR WE OLARYŇ ÝAZAN KITAPLARY . . . . 353

# DÜNÝÄNI ÜÝTGEDEN RUHY ÇOPAN WE ONUŇ AÝALY

1948-nji ýylyň 29-njy fewralynda Riçard Wurmbrand Rumyniýanyň howpsuzlyk gullugy tarapyndan tussag edildi. Ol näme jenaýat etdi? Mesihilik ýygnaklaryny geçirmek we Mesihe şaýatlyk etmek — bu işleriň ikisi hem Rumyniýada ateist kommunistik režiminiň dolandyrýan döwründe kanuna garşy bolup durýardy.

Riçard on dört ýyl türmede oturdy. Ony gynadylar, ýençdiler we ýeke saklanýan kamera gabadylar. Sabina Wurmbrand üç ýyl zähmet lagerinde bolup, Dunaý kanalynyň gurluşygynda beýleki tussaglar bilen bile işläp, sowukdan ýaňa tas doňup galypdy. Gözenegiň aňyrsynda adamsynyň ölendigine ony ençeme gezek ynandyrmaga synanyşdylar.

Şeýle-de bolsa, Riçard we Sabina Wurmbrandlaryň Mesihe bolan sarsmaz ynamy bardy, olaryň ikisi-de umydyny ýitirmedi we Isa hakda şaýatlyk etmeklerini bes etmedi.

Bu kitapda ilkinji gezek olaryň durmuşynyň ajaýyp taryhynyň iki tarapy hem bir ýere jemlenen. “Wurmbrandlar” kitaby  Riçard we Sabina Wurmbrandlar barada beýan etmek bilen, “Ruhy çopanyň aýaly”, “Hudaý bilen gizlinlikde” we  “Mesih üçin gynalanlar” atly kitaplarda ýazylyp beýan edilen olaryň terjimehallaryny, şeýle hem dokumental derňewleri birleşdirýär. Biz siziň ýazyjy bilen iň garaňky türme kameralaryna aýlanyp, özüni Oňa bütinleý bagyş edenleriň ýüreginde Mesihiň nurynyň nädip şöhle saçýandygyny görmek üçin imanyňyz güýçlener diýip umyt edýäris.

---

**“Ejir çekenleriň sesi”** — bu girdejisiz konfessionalara missionerçilik guramasy bolup, bütin dünýädäki yzarlanýan mesihilere amaly we ruhy taýdan ýardam bermegi üpjün edýär. 1967-nji ýylda döredilen bu gurama, şeýle hem imanlylary Mesihe has çuňňur ygrarly bolmaga we nähili gymmata düşse-de, Onuň Beýik Tabşyrygyny ýerine ýetirmäge ruhlandyrmagy maksat edinýär.

TM